

Mir Amman

# DÖRT DERWÜŞ


ВГ-12098
82.3

**Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***– Bagtyýar zamanamyzda häzirki esasy wezipämiz dünýä ýazyjylarynyň, döredijilik ussatlarynyň naýbaşy eserlerini türkmen okyjylaryna giňden elýeterli etmekden ybaratdyr.***

Mir AMMAN

# DÖRT DERWÜŞ

Türkmen döwlet neşiriýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 894.361
A 58

**Mir Amman.**
A 58 **Dört derwüş.** – A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

Bütin gündogara meşhur bolan «Dört derwüş» eseri perzende zar bolup ýören patyşa baradaky sadaja hekaýaty, derwüşleriň şowsuz süýgüleri baradaky dört rowaýaty, şonuň ýaly-da bir söwdagär bilen onuň ähtiýalan agalary hakdaky powesti öz içine alýar. Umumy häsiýeti boýunça bu bitewi esere jadyly ertekilere ýakyn bolan gündogar romanynyň özboluşly formasy hökmünde garamak bolar.

TDKP № 198, 2012 KBK 84 Tür 7

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

# Hekaýatyň başlanyşy

Şeýlelik bilen, öz hekaýatyma başlaýaryn. Üns berip diňläň-de, hoşniýetli degşiriň. «Dört derwüşiň başdan geçiren wakalarynda» şeýle diýilýär: Gadym eýýamda Rum diýen bir ýurt bolup, onuň patyşasynyň adyna Azatbagt diýer ekenler. Ol adyllykda Nowşirwança, sahylykda Hatam Taýça şöhrat gazanan eken. Konstantinopol – häzirki Ystambul diýilýän şäher onuň paýtagty bolupdyr. Şol patyşanyň häkimliginde halk eşretde ýaşapdyr, onuň egsilmez hazynasy bolupdyr, leşgerleri bir diýenini ikinji gezek gaýtalatman edipdirler, garyp-gasarlaryň ondan göwni hoş bolupdyr. Adamlar şeýlebir erkinlikde hem şatlykda ýaşapdyrlar welin, her bir öýde gije-gündiz toý-tomaşa bara meňzeýär eken. Azatbagt ogrularyň, talaňçylaryň, jübi kesýänleriň, hilegärleriň, aldawçylaryň hemmesini ýok edipdir, asyl bütin ýurtda olaryň tohum-tijini tükedipdir. Gijelerine öýleriň gapylary gulplanylmandyr, bazardaky dükanlar bolsa açyklygy-na galdyrylypdyr. Syýahatçylar altyn pullaryny şaňňyrdadyşyp, tokaýlaryň, sähralaryň içi bilen geçip gider ekenler, şonda-da olaryň ýüküniň nämedigini, nirä alyp barýandyklaryny soran--idän bolmandyr.

Müňlerçe şäher şol patyşa garaşly bolup, ençeme soltanlar oňa paç beripdir. Ol şeýle uly hökümdar bolsa-da, Hudaýa gulluk etmegi otursa-tursa ýadyndan çykarmaz eken. Onda guşuň süýdünden başga, dünýäde göwnüniň islän zady tapylypdyr, ýöne welin mülkünde durmuşyň miwesi – ogly bolmandyr. Şonuň üçinem ol, köplenç, gaýgy-gama batyp oturar eken hem-de bäş wagt namazdan soň, özüniň medetkäriniň dergähine ýüz tutup:

– Eý, taňrym! Men mynasyp bolmasam hem, sen öz merhemetliligiň bilen maňa hemme zat berdiň, emma meniň



garaňky öýüme şamçyrag bermediň. Meniň mülküme eýe boljak bir arkadaýanjymyň ýoklugyna men gam-gussa çekýärin. Seniň gizlin hazynaňda islän zadyň bar ahyryn. Maňa bir edenli, akylly perzent ber, şonda meniň adym ýitmez hem häkimligimden nyşan galar – diýer eken.

Patyşa şol umydy bilen kyrk ýaşyna ýetipdir. Bir gün ol aýna jaýda namazyny okap, soňra gurhan açyp otyrka, onuň nazary aýna düşüpdir welin, birdenkä öz murtundan misli kümüş sapak ýaly ýylpyldap duran akja gyly görüpdir. Gözüne ýaş aýlap, ol ah çekipdir-de, öz içinden: «Wah, seniň, gör, näçe ömrüň haýp geçdi! Sen ýer ýüzünde şöhrat gazanjak bolup, bütin dünýäni agdar-düňder etdiň, emma seniň alan ýerleriň indi seniň nämäňe gerek, ahyrda bularyň hemmesini bir keseki tozduryp goýberer. Seniň üstüňe bolsa ajal buşlukçysy gelipdir. Sen entek ölmän gezip ýörseň hem gitdikçe gurbatyň gaçar. Täji-tagta eýelik etjek ogly öndürmek seniň kysmatyňda ýokdugy görnüp dur. Ölen günüň baryny galdyryp gidersiň, wessalam. Ähli zadyňy terk edip, galanja ömrüňi ýaradanyň hyzmatynda geçirseň gowy bolaýmasyn» diýip oýlanypdyr.

Ol ýüregini şoňa düwüp, aşaky baga tarap ugrapdyr, ol ýerde adamlaryň arzyny diňläp, olara şu günden beýläk özüne hiç kimiň ýüz tutmazlygyny we öz işlerini umumy kabul ediş jaýynda çözmegi adat edinmeklerini tabşyrypdyr. Şondan soň içki otaglaryň birine sümlüp, namazlyk halyçasyny ýazypdyr-da, namaz okamak bilen boluberipdir. Agy bilen ah çekmekden başga ondan seda çykmandyr. Şeýdip, Azatbagt patyşa gije-gündiz namaz okaýan jaýyndan çykman, birnäçe gününi geçiripdir. Agşam agzaçarda ol bir hurma iýip, yzyndan üç owurt suw içer eken. Bu baradaky gürrüň köşgüň daşyna çykan badyna, patyşa täji-tagtdan ýüz dönderip, ýekelikde bolýarmyş diýen habar bütin ýurda ýaýrapdyr. Ezijiler hem pitneçiler ýerli-ýerden baş göterip, onuň ýurduna giripdirler-de, çem gelen adam halky gysypdyr, topalaň turzupdyrlar, ýerli hökümdarlaryň hemmesiniň işi dolandyryşynda kemçilikler ýüze çykyp başlapdyr. Kanunsyz edilýän işler barada ýurduň hemme ýerinden köşge şikaýat

ýagyp başlapdyr. Şol wagt köşk hyzmatkärleriniň bary ýygnanyp, öz aralarynda maslahat geçirmäge başlapdyrlar.

Olar, wezir paýhasly hem işe ökde, patyşanyň ýakyny hem ynamdar adamsy, galyberse-de, onuň derejesi hemmämiziňkiden ýokary diýşip, oňa ýüzlenmegi maslahat bilipdirler-de, onuň ýanyna baryp, bu işde nämäni makul bilýändigini soramakçy bolupdyrlar.

Weziriň ýanyna gelen emirler:

– Patyşanyň nähili haldadygy, ýurduň nähili ýagdaýa düşendigi size mälimmi? Eger patyşa mundan beýläk hem öz hökümdarlygyny dowam etdirmese, şeýle azap çekilip gurlan döwlet dargajak. Ony gaýtadan dikeltmek bolsa aňsat düşmez – diýşipdirler.

Wezir köp zatlary başyndan geçiren tejribeli adam bolup, ol adalatly hem-de paýhasly eken, şonuň üçinem onuň Hiradmand[1] diýen lakamy hem bolupdyr.

– Patyşa ýanyma gelmäň diýen hem bolsa, siz barjak bolup görüň. Menem siz bilen bile gideýin. Allatagala ýalkasa, belki, patyşa bizi kabul eder – diýip, wezir olara maslahat beripdir.

Ol bularyň hemmesini umumy kabul ediş jaýyna getiripdir, olary şol ýerde goýup, özi maslahat jaýyna barypdyr-da, bu barada habar bermek üçin şol ýerdäki hyzmatkäre:

– Bar-da, şöhraty dünýä ýaýran adama birnäçe gün bäri didaryňyzy görüp bilmedik garry hyzmatçyň geldi diý. Ol sizi görmegi arzuw edýär, siziň gadam tozuňyzdan öpüp, ýüregime tesseli bersem diýýär diý – diýip, ony patyşanyň ýanyna iberipdir.

Patyşa weziriň haýyşyny kabul edipdir, ol Hiradmand weziriň akyl-paýhaslydygyny hem-de wepalydygyny bilýär eken, ol az salym oýlanypdyr-da, weziri öz ýanyna çagyrmagy buýrupdyr. Wezir ygtyýar edilenini eşiden badyna, şanyň öňünde häzir bolupdyr, ol edeplilik bilen tagzym edipdir-de, onuň öňünde gol gowşuryp durupdyr. Ol patyşanyň keşbiniň üýtgänini görüp haýran galypdyr. Gije-gündiz gözýaş etmekden, oraza tutmakdan ýaňa onuň gözleriniň öňi gögerip, ýüzüniň reňki solup gidipdir.

[1] *Hiradmand* – parasatly.

Hiradmand wezir saklanyp bilmän ylgap barypdyr-da, hojaýynyň aýagyna ýykylypdyr. Ol garry weziriniň başyny ýerden galdyryp:

–Ýeri, näme? Meni görüp köşeşdiňmi? Indi ötägit. Maňa başga azar berme, ýurdy öz eliňe al-da, özüň dolandyr – diýipdir.

Hiradmand wezir oňa jogap bermegiň deregine, zar-zar aglap:

– Siziň merhemetli, rehim-şepagatlylygyňyzyň arkasyndan uly hökümdar bolmaga meniň hemişe ýolum açykdyr. Ýöne häzirki wagtda jahan penakäri birdenkä işden elini sowadan pursadyndan, bütin ýurda tolgunma aralaşdy, bu bolsa gowulygyň nyşany däl. Başymyzyň täjiniň kalbyny eýeläp, ezýet, berýän zat nämekä? Öz eliňizde kemala gelen hyzmatkäriňize öz syryňyzy aýan etseňiz örän oňat bolardy. Men özümiň ujypsyzja akylymyň çatan zadyny size aýdardym. Ýurduň aladasyny kän bir patyşa ýetirmezlik üçin hyzmatkärlere emeldarlyk berilýär-de, şeýle belent mertebeli adamynyň başyny agyrdyp durjak bolsak, onda patyşanyň hyzmatkärleriniň nämä geregi bar – diýipdir.

– Wezir, seniň aýdýanlaryň dogry – diýip, patyşa jogap beripdir. – Ýöne kalbymy eýeläp, azar berýän pikirden maňa dynma ýok, Hiradmand, sen bir gulak as! Meniň ömrüm döwleti berkitjek bolup, ony giňeltjek bolup, agyr alada bilen ötdi. Şol haý-haýly döwrüm ötüp, indi maňa diňe ajal garaşýar. Ol eýýäm meniň üstüme çapar iberipdir. «Ertir gün çoýmadygy öýlänem gün çoýmaz» diýen nakyly eşitmänmidiň? Şu wagta çenli meniň ýüregime teselli berer ýaly zürýadym bolmady ahyryn. Ana, şonuň üçin hem gam-gussa ähli zady terk etmäge mejbur etdi. Goý, ýurda, baýlyga kim islese, şol eýe bolsun, ol meniň işim däl. Adama gözüm düşmez ýaly, ähli zadymy taşlap, tokaýlara, dag-derelere başymy alyp gitmegi hem-de özümiň iň soňky günlerimi şol ýerlerde geçirmegi öňräkden bäri ýüregime düwýärdim. Göwnümiň isleýän ýerinde bolup, taňrym üçin gullyk edip, onuň hyzmatynda amanadymy tabşyryn. Belkem, ol maňa ömrümiň ahyrynda rehim eder. Men bu dünýäden doýdum, meniň üçin jahanda gyzyklanar ýaly zat ýok.

Hiradmand onuň atasynyň hem weziri bolupdy. Ol Azatbagty baryp şazada wagtyndan bäri gowy görýärdi. Ol özüniň paýhaslylygy hem-de eserdeňligi bilen tapawutlanýardy.

Wezir patyşa ýüzlenip, şeýle diýipdir:

– Allatagalanyň merhemetinden hiç wagt umyt üzmeli däldir. Bir kün diýende on sekiz müň janly-jandary ýaradan gudratlynyň ýanynda size bir zürýat bermegiň kynlygy bolarmy? Goý, ýagty jahanyň hökümdary ýüregindäki gamgyn pikirleri ýok etsin, ýogsam bütin ýer ýüzüni bidüzgünçilik eýelejek. Siziň we siziň ata-babalaryňyzyň jepa çekip, güýç goýup döreden döwletiňiz nähak eliňizden gider, ugruna seredilmän galan ýurt bolsa tozap, Alla görkezmesin, onuň üstesine-de, abraýdan düşüler! Magşar gününde: «Seni patyşa edip, saňa hyzmatkär berdik, sen bolsa şepagatlylygymyza pitiwa etmän, öz raýatlaryň arasynda başagaýlyk hem howsala döretdiň» diýip, senden dilgir bolarlar. Siz oňa näme jogap berersiňiz? Şonda özüňi her hili aklasaň hem peýdasy bolmaz, sebäbi adamyň ýüregi taňrynyň öýüdir, patyşadan bolsa diňe adyllygy nähili berjaý edendigini sorarlar. Siz meniň günämi ötüň, men siziň ýüregiňize düşdüm, ýöne öz öýüni taşlap, tokaýlarda selpäp ýörmek, gapy gezýänleriň, garyp-gasarlaryň işidir, patyşa bolsa onuň ýaly iş etmek ýaraşmaz. Siz ýüregiňize düweniňizi edip bilersiňiz, ýöne Allatagalanyň hyzmatyny diňe bir daglara, tokaýlara baryp etmeli däl ahyryn. Dogry, siz şeýle gazaly eşiden bolsaňyz gerek:

Alla onuň ýanyndadyr,
Emma uzak tokaýlarda
Gözläp gezýär Allany.
Belkem, çagalary bardyr
Hut özüniň ýakynynda,
Emma gözlemek kysmaty
Ýüreginde belläni.

Eger siz öz wepaly hyzmatkäriňize adalatly pikirini aýtmaga rugsat edip, beren maslahatyny kabul etseňiz, onda, iň gowusy, bütin älemiň penasy Taňra sygnyň, her demiňizde onuň merhe-

metini diňläň, ol öz adalatlylygy bilen hiç kimi gözden salmaýar ahyryn. Allanyň bendeleri siziň hökümdarlygyňyzda parahat saýalar ýaly, siz gündizlerine ýurda ýolbaşçylyk ediň hem-de adyllyk görkeziň, gijelerine bolsa tagat-ybadat ediň. Pygamberlere alkyş ediň-de, sessiz-üýnsüz umyt edip ýören galandar-derwüşlerden kömek soraň. Ýetim-ýesirleri, köp çagaly bilen dul galan aýallary doýruň. Şeýle sogap iş etseňiz, Alla ýalkasa, göwün isleýän arzuwyňyzyň wysal boljagyna men pugta ynanýaryn. Diýeniňiz geler, päk ýüregiňiz bolsa şatlykdan dolar. Ýaradana sygnyň, ol göz açyp-ýumasy salymda islän zadyny edip biler.

Weziriň maslahatlary Azatbagty ruhlandyrdy:

– Bolýa! – diýip, ol aýtdy. – Seniň aýdýan zatlaryň örän oňat. Seniň diýeniňi etjek bolaýyn. Galanynam Allatagalanyň özi goldar-da.

Onuň ýüregi aram tapyp, emirleriň, begleriň näme işleýändiklerini, näme hakda pikir edýändiklerini sorady.

Ol şany hormatlap, şeýle jogap gaýtardy:

– Döwletiň görnükli adamlarynyň hemmesi Allatagaladan kyblaýy älemiň jan saglygyny dileýärler. Olar siz hakda alada edýärler. Eger siz olara merhemetli ýüzüňizi görkezseňiz, onda hemmeler rahatlanjakdyr. Häzir bolsa olar daşky kabul ediş jaýyňyzda size sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar.

Onda patyşa:

– Allatagalanyň halany bolar! Ertir kabul etjek, aýt, olaryň hemmesi gelsinler – diýip buýruk berende, Hiradmand wezir şady-horram bolup, iki elini gowşuryp:

– Dünýä dursun, patyşamyzyň täji-tagty berkarar bolsun! – diýdi.

Wezir keýpikök bolup, şaga baş egip çykyp gitdi-de, bu şatlykly habary emirlere ýetirdi. Hemmeler heşelle kakyşyp, öýli-öýlerine dargapdyrlar. Şatlyk bütin şähere doldy. Şanyň ertir umumy kabul edişlik gurajagyna halk juda begendi.

Ertersi daň bilen uly-kiçi emeldarlaryň, atly-abraýly adamlaryň hemmesi ýygnandy. Olar wezipelerine laýyklykda



hatarlanyşyp durup, şanyň gelmegine garaşýardylar. Jahan ýagtylyp, Gün dogdy, tagtyň öňündäki tuty syryldy, tagtyň üstünde patyşa peýda boldy. Nagara kakyldy. Hemmeler baş egip, hökümdara salam berdiler hem-de onuň eşretli döwran sürmegini Alladan dilediler. Her kim öz gullugyna hem wezipesine laýyk sylag aldy, adamlaryň göwni hoş boldy hem-de olar rahatlandylar. Günortanlar şa ýerinden turup, içki jaýyna ugrady. Ol ýerde lezzetli tagamlardan iýip, dynç almak üçin haremhana bardy. Şol günden başlap, ol şony adat edindi, ertirine umumy kabul edişlik gurady, öýleden soň gurhan açdy, Allatagaladan ýardam isläp, oňa alkyş aýdyp, doga okady hem-de göwün isleginiň berjaý bolmagyny diledi.

Ol bir gün kitap açyp otyrka «Adam gaýgy-gama batyp, bu gaýgydan çykyp bilmeýän bolsa, onda ol adam takdyryna tabyn bolup, öwlüýälere ýüz tutsun, pygamberiň adyna doga okasyn, özüniň ejizligini ýatlap, gaýgy-aladadan el götersin. Ana, şonda ol gorkusyndan gözýaş eder, Allatagalanyň gudratyny görüp pikirlener-de: «Dünýäde menden öň hem, gör, näçe hökümdarlar bolupdyr, emma çarhy pelek olaryň baryny topraga garypdyr. Parasatly aýdylan şeýle bir söz hem bar:

> Degirmen daşyny görüp,
> Kabir[1] agy-gözýaş eder.
> Iki daşyň arasynda
> Duraýmazlar etmän heder.

Indi olardan bir gysym gumdan başga zat galmandyr. Olar dünýäniň ähli baýlygyny unudyp, öýünden, maşgalasyndan, dost-ýaryndan, hyzmatkärlerinden, malyndan-mülkünden aýra düşüp, gara ýeriň astynda ýatyrlar. Indi olara hiç zadyň geregi ýok. Hiç kim olaryň adyny-da tutmaýar. Onsoň hem olar jaýlananlaryndan soň, gör, nämeler bolandyr, olary gurçuklar, ýylanlar, tomzaklar, garynjalar iýip gitdimikä ýa-da olaryň täleýi başgaça boldumyka?! Ine, şu zatlary göwnüne geňeşip göreninden soň, ol bu

---

[1] *Kabir* (1440–1518) – Demirgazyk Hindistanyň meşhur halk şahyry.

dünýäniň humardygyna, boş hyýaldygyna düşüner, şonda onuň ýürek gunçasyna hiç wagt hazan ýeli degmez, hemişe öz terligini saklar» diýen ýazgyny okady.

Patyşa kitapdan bu wesýetleri okandan soň, Hiradmand weziriň aýdan sözlerini ýadyna saldy. Onuň diýenleri kitapdaky aýdylýanlar bilen deň gelýärdi. Patyşa şonuň ýaly edip görmekçi boldy. «Ýöne patyşalaryň edişi ýaly, ata münüp, wezir-wekilleri yzyňa tirkäp gitmegiň geregi ýok. Gowusy, geýimimi üýtgederin-de, ýüzümi garaňka tutup, öwlüýä ýa-da bir terkidünýäniň hüjresine baryp, şol ýerde ertire çenli oturaryn. Belki-de, Hudaýyň bendeleriniň delalaty bilen arzuwlaryma ýeterin» diýip, patyşa pikir etdi.

Şunlukda, ol şony pugta ýüregine düwüp, bir gije köne-küşül geýim geýdi-de, ýany bilen biraz pul alyp, hiç kime duýdurman köşkden çykyp, çöl-beýewana tarap ugrady. Az ýöräp, köp ýöräp, bir öwlüýä ýetdi. Päk ýürek bilen namaz okamaga durdy. Şol wagt güýçli ýel turdy. Birden uzakda daň ýyldyzy ýaly ýylpyldap, bir otjagaz göründi. Azatbagt: «Şeýle tüm gijede, onda-da bu harasadyň içinde ol oduň ýanmagy ýöne ýerden däldir. Munda bir jadyly gudrat bar bolaýmasyn? Hawa, peltäniň daşyna kükürt bilen ýag çalsaň, onuň her hili apy-tupanda hem öçmän ýanýanlygy hakykatdyr. Ýöne bu ody ýakýanlar keramatly adamlar bolaýmasyn? Her näme-de bolsa, baryp görmek gerek. Belki, ol oduň täsiri astynda meniň öýümde şamçyrag ýanyp, mukaddes arzuwyma ýeterin» diýip pikir etdi.

Şu pikir bilen ol oda tarap ugrady, oňa ýakynlaşanda, onuň nazary donlaryny ýasgynjak alşyp oturan dört sany mysapyr gedaýa düşdi. Olar başlaryny dyzlarynyň arasyna salşyp, sessiz-üýnsüz çuň pikire gark bolup otyrdylar. Olaryň gam-gussa boglup oturyşlary ýekirilip, öz mähriban ýurtlaryndan, illerinden jyda düşen awaralara meňzeýärdi. Olar diwaryň ýüzüne çekilen surat dek gozganman, doňan ýaly bolup otyrdylar. Öňlerindäki gabra goýlan daşyň üstünde bolsa otjagaz ýylpyldaýardy. Ýalnyň gyzyl-

ja diljagazyna hiç bir zat päsgel bermän, asuda ýokary göterilýärdi. Ony bu güýçli ýelden asman aýtymy gorap saklaýan ýalydy.

Azatbagt ol mysapyrlary gören badyna: «Hudaýyň şu bendeleriniň kömegi bilen meniň islegim hökman berjaý bolar diýip pikir etdi.

Ol öz-özüne: – Şularyň şepagaty bilen seniň hazan uran umyt agajyň gök öwsüp, miwe getirer. Sen bularyň ýanyna bar-da, öz betbagtlygyň hakda gürrüň ber hem-de olaryň söhbedine goşul. Belki-de, olaryň saňa rehimi inip, Allatagala mynajat ederler, belkem, olaryň dilegi kabul bolar – diýdi.

Ol eýýäm olaryň ýanyna barmakçy boldy. Emma birden: «Eý, bipaýhas! Gyssanma! Akylyňa aýlan. Sen bularyň kimdigini, nireden gelip, nirä barýandyklaryny bilýärmiň berin? Olar döw ýa-da arwah bolup, adam sypatyna girip oturan bolsalar näbilýäň, ätiýajy elden berme, alňasama! Gowusy, ilki şu golaýda bir ýerde gizlen-de, olaryň nähili derwüşdigine bir gözüňi ýetir!» diýen düşünje ony saklady.

Azatbagt edil şonuň ýaly etdi. Ol gelenini duýdurman, ýuwaşlyk bilen aşak otyrdy-da, derwüşleriň gürrüňini eşitmek umydy bilen bütin ünsüni olara berdi.

Derwüşleriň biri asgyrdy-da:

– Şükür alhamdilila! – diýip batly gygyrdy. Onuň sesine beýleki üçüsi hem tisginip oýandy. Olar şemiň ösüntgisini aýyrdylar, ol has şöhlelendi. Şybyklaryny temmäkiden dolduryp, çilim otlandylar. Oturanlaryň biri:

– Eý, garabagt, sergezdan dostlar! Ykballarymyzyň ters gelmegi, bizi öý-öwzarymyzy taşlap, bu dünýäde dyngysyz sergezdançylyk etmäge mejbur etdi. Hudaga şükür, biziň bagt ýyldyzymyz bizi bu gün şu ýerde biri-birimize duşurdy. Erte başymyza näme geljegi belli däl. Belki, dördimiz ýene bile galarys, belki-de, herimiz bir ugra gideris. Gije uzak hem-de tukat, beýle irden ýatmak hem gowy däl. Iň gowusy, geliň, her birimiz özümiziň dünýäde başymyzdan geçiren zatlarymyz hakdaky he-

kaýatymyza başlalyň, ýöne welin ýalan sözleri agza almazlyk, şerti bilen nobatyna gürrüň bereliň. Şeýtsek, biz gijäni gürrüň bilen geçiris, daňa golaý bolsa irkileris – diýdi.

– Eý, hadi![1] Biz siziň aýdýanlaryňyza razy. Siz ilki özüňiz başlaň-da, görüp-eşiden zatlaryňyz hakda aýdyň, biz bolsa üns berip diňläli – diýip, galan üçüsi oňa jogap berdiler.

[1] *Hadi* – dini ýolbaşçy.

## Birinji derwüşiň başyndan geçirenleri

Birinji derwüş aýbogdaşyny gurup oturdy-da, öz başdan geçirenlerini gürrüň bermäge başlady:

– Eý, Hudaýyň halan bendeleri! Öýsüz-öwzarsyz men biçäräniň başymdan geçirenlerimi diňlemegi makul biliň.

Başlaýaryn hekaýata,
Gulak goýuň, gulak goýuň.
Pelek saldy ýanar oda,
Gulak goýuň, gulak goýuň.
Başdan geçen işi doly
Gürrüň berýän bolşy ýaly,
Gulak goýuň, gulak goýuň.

Eý, dostlar! Men biçäre hem ata-babalarym ýaly, Ýemen ýurdunda önüp-ösdüm. Meniň atamyň adyna Hoja Ahmet diýerdiler. Ol söwdagärleriň ýaşulusydy, özi hem uly söwda işlerini alyp barardy. Şol wagtlar ýekeje söwdagärem, birje süýthor hem oňa taý gelmeýärdi. Ol ençeme şäherlerde dükanlar açyp, söwda eder ýaly dükançylar tutupdyr. Öýümizde bolsa hemişe tükeniksiz pul bolardy, dünýäniň dürli ýurtlarynyň mallaryndan müňlerçe rupiýalyk haryt durardy. Kakamyň iki çagasy bardy. Olaryň biri, şu öňüňizde oturan, boýny gymmatbaha daşly, egni kafnili[1] mendim, beýlekisi özümden kiçi uýamdy. Enem-atam heniz barka, ony goňşy şäherdäki bir söwdagäriň ogluna durmuşa çykardylar, uýam adamsynyň öýünde ýaşap ýördi. Elbetde, şeýle gurply, baý öýde ýeke çaga – men hakda edilýän aladanyň çeni-çaky ýokdy. Men atam-enemiň elinde, olaryň mähirli söýgüsine ýugrulyp ös-

[1] *Kafni* – kerpiç-kerpiç bolup duran ýeňsiz keltejik adaty geýim.

düm. Kemala gelenimden soň, men okap-ýazmagy, ata münmegi, tüpeň atmagy, söwda işlerini alyp barmagy hem hasabat ýöretmegi öwrenip başladym. Ömrümiň on dört ýylyny hiç bir hili alada-ünjüsiz, bolelinlikde hem-de şady-horramlykda geçirdim. Emma Hudanyň emri bilen meniň ejemem, kakamam bir ýylyň içinde aradan çykdy.

Şol wagtky meniň çeken gam-gussamy söz bilen beýan eder ýaly däl. Men duýdansyz ýetim galdym. Ugruma sereder ýaly, özümden uly hiç kimim galmady. Men gije-gündiz hesret çekip, gözýaş döküp, iýmek-içmekden kesildim.

Ýas tutup, kyrk güni zordan geçirdim. Kyrk birinji gün diýlende bolsa, uly-kiçi ähli dogan-garyndaşlarymyz, tanyş-bilişlerimiz gelip, aýat-gurhan okadylar, kakamyň sellesini meniň kelläme orap, meni köşeşdirmäge durdular:

– Dünýäde enesi-atasy ölmejek adam ýokdur. Sanaglyň dolanda sen hem ölersiň. Şükür et, sabyr-kanagatly bol. Öýüňize göz-gulak bol! – diýdiler.

Olar meni köşeşdirip gaýtdylar. Olaryň yzy bilen dükançylar, iş dolandyryjylar hem her hili hyzmatkärler geldi. Olar maňa sowgat getirip:

– Siz, pul, haryt hazynalaryna merhemetli nazaryňyzy salyň – diýdiler.

Egsilmez baýlyklara gözüm kaklyşanda, dünýäm ýagtylan ýaly boldy. Men ilkinji, kabul ediş jaýy bezemegi buýurdym. Bezegçiler onuň içine haly düşediler, gapylara kaşaň tutular asdylar. Myhmanhanada hyzmat etmek üçin, meniň buýrugym boýunça, kaşaň geýindirilen oňat hyzmatkärler saýlanyp getirildi. Özüm bolsam ýassygy tirsegimiň aşagyna atyp, körpençäň üstünde gyşardym. Her hili kezzaplar, işsizler, ýal ýagylary, ýalançylar, şugulçy-ýaranjaňlar hyrra meniň daşymy alyp, dostlaşmaga başladylar. Men gije-gündizimi şolar bilen geçirdim, biz bolgusyz zatlar barasynda lakgyldaşýardyk. Olar maňa hemişe: «Ýaşlygyň gözel pursadyndan peýdalanyň. Al şeraplar getirdiň, zyba gözellere şerap süzdüriň, keýp çekiň!» diýýärdiler.

Hawa, adamzadyň adamdan erbet duşmany ýok eken! Men olaryň maslahatyna uýup, ýolumy urdurdym. Şerap içmek,

tans etmek, keýpli oýunlara gyzyklanmak meniň üçin adat bolup galdy. Wagt geçdigiçe men söwda işlerimi unudyp, her tüýsli tomaşalara, keýp çekmelere özümi aldyrdym. Meniň işden elimiň sowandygyny gören gullukçylarym, hatda dostlarym hem eline ilen zatlaryny öýlerine daşap ugradylar. Göz-görtele talanyp ugradym, puluň näçe harçlanýandygyna, nireden gelip, nirä gidýändigine hiç kim üns bermedi. Kişi öz zähmeti bilen mal gazanmasa, gelen döwletiň peýanyny bilmeýär ahyryn. Şeýle talaňa Karunyň hazynasam çydamazdy! Birnäçe ýyl geçenden soň, diňe kellämdäki telpegim bilen bilimdäki guşagymyň galandygyny duýup galdym. Nebsewürlik bilen duzumy iýip, agzynda aş gatyklap, meniň üçin «gan döken dostlarymyň» birisi-de gapymdan garamady. Gaýtam, tötänden duş gelen ýerlerinde ýüzlerini sowup, görmediksirän bolup geçdiler. Köp sanly hyzmatkärim hem meni taşlap gitdiler, şeýlelik bilen, «Başyňa ne iş düşdi?» diýip, halymy sorar ýaly adam galmady. Diňe hesret bilen ýas meniň ýalňyz ýaranym bolup galdy.

Şol wagt meniň ýeke gysym dänäm-de ýokdy. Ençeme wagt mätäçlikde gezdim, ahyrsoňy, beýle elhenç horluga çydamadym. Bir gün ýüzüme gara çekip, uýamyňka gitmekçi boldum. Atamyz öleli bäri uýamy ýekeje gezek hem görmäge barmandym. Asyl birki sözi çyrmapjyk hat hem ýazmandym. Şonuň üçin men bijaý utandym. Serhoşlygyň keýpine düşüp, onuň mähribanlyk, dözümsizlik bilen ýazan hatlaryna hem jogap ýazmandym. Oňa ýüz tutmaklyk namyssyzlyk hem bolsa, şondan başga çykalga ýokdy. Men her ädimde diýen ýaly büdräp, ençeme günlük ýoly pyýada, müň-de bir muşakgat bilen zordan geçdim-de, iki elimi burnuma sokup, uýamyň gapysyndan girdim. Uýam meniň bolup gelşimi görüp, ýüzümden sypap garşy aldy, boýnumdan gujaklap, möňňürip aglady. Meniň sag-aman gelenim üçin, ol hudaýýoly hökmünde gedaýlara ýag, däne, ownuk pul berişdirdi. Soňra:

— Dogan, seniň bize geleniňe men gaty begenýän, ýöne sypatyň nähili bolaýypdyr? – diýdi.

Ýeri, men oňa näme diýip biljekdim. Gözüme ýaş aýlap dymyp durdum.

Uýam meni hammama iberdi, gelýänçäm, ol maňa täze eginbaş tikdirip goýupdyr. Men ony geýdim. Ýaşamak üçin ol öz otagynyň gapdalyndan oňat bezelen bir otagy boşadyp berdi. Iýmek-içmegi özi getirýärdi. Ol ertirine dürli tagamlar bilen şerbet bererdi, soňra bolsa halwa, badam, pisse getirerdi. Öýlänler her hili kişdeler hem-de ter miweler bererdi; günde iki gezek; günortan hem agşam naharynda bolsa diýseň süýji palaw, mele-myssyk çörek, kebap hem gyzgyn nahar bererdi.

Şol başyma düşen jebri-jepalardan soň, şeýle gaýgy-aladasyz rahatlyga ýetenim üçin, Hudaýa ýüz-de müň şükür etdim. Şeýdip men ençeme aýlap uýamyň öýünde işsiz-pişesiz ýatdym.

Şonda meni hut enem dek eziz görýän uýam günleriň birinde maňa şeýle äheňde ýüzlendi:

– Eý, dogan jan! Sen meniň nury didämsiň, ata-enemiziň dogmasysyň. Seniň bize gelmegiň, meniň ýüregime teselli berdi. Men seni görenimde göwnüm açylýar. Sen maňa bahar dek şatlyk getirdiň, ýöne Allatagala erkek adamyny ýaradanda, öz iýjegini-içjegini özi gazanar ýaly edip ýaradypdyr. Olara öýde oturmak gelişmeýär. Öýde bus-bus bolup, wagtyny bisarpa geçirýän adamlar iliň gözünden düşýär, gargyş alýar. Aýratyn hem biziň goňşularymyz, ýerliksiz hem bolsa, uludan-kiçä gürrüňiňi ederler. «Atasynyň tükeniksiz baýlygyny iýip gutarypdyr-da, indi giýewsiniň ýanyna bir döwüm çörek üçin gelipdir» diýerler. Bu bir binamyslyk bolar! Biziň üstümizden gülüp, ata-enemiziň at-abraýyny gaçyrarlar. Şol bolmasa, men öz hamymdan seniň aýagyňa paşmak tikmäge, saňa ömür boýy gözümiň üstünden ýer bermäge taýyndyryn, ýöne indi meniň berjek maslahatym şu: sen bu ýerden git. Hudaý berse, dünýä düzeler-de bu ynjalyksyzlyk, garyplyk ötüp, ýerine bagt hem bolçulyk geler.

Uýamyň sözleri mende namysjaňlyk duýgusyny oýatdy, men onuň maslahaty bilen razylaşdym.

– Bolýar, indi sen meniň ejemiň deregini tutýarsyň, sen näme diýseň, şony ederin – diýdim.

Ol menden soraşyp, öýe girdi-de, elli gapjygy altyndan dolduryp, hyzmatkär aýallar bilen dolanyp geldi we uýam maňa şeýle diýdi:

– Biziň söwdagärlerimiziň kerweni Dimaşga[1] gidýär. Şu pullara dürli haryt al-da, ony şol kerwenden iber. Malyňy bolsa bir ynançly adama tabşyr, özünem ondan dilhaty almagy unutma. Özüň hem Dimaşga git. Ol ýere sag-aman baraňsoň, malyňa, ondan gelýän girdejä göz-gulak bol, ýogsa-da ony özüň sat.

Men puly aldym-da, bazara bardym. Geçäýjek harytlardan alyşdyryp, olaryň ählisini bir baý täjire tabşyrdym-da, ondan dilhaty alyp ynjaldym. Ol täjir mallaryny gämä basyp, deňiz bilen gitdi, men bolsam gury ýer bilen ugramak üçin şaýymy tutdum. Aýrylyşmak pursady gelende, uýam maňa kaşaň lybaslar geýdirip, ähli şaýlary gymmatbaha daşlar bilen bezelen at berdi, eýerine bolsa suwly meşik hem-de içine dürli-dümen tagamlar, kökeler salnan sandyjak asmagy buýurdy. Ýolda her hili belalardan gorar diýip, goşaryma ymam rupiýasyny daňdy. Maňlaýyma süzme bilen tika[2] basdy we gözýaş edip, şeýle diýdi:

– Ýola düş, Alla ýaryň bolsun! Bu gün ýüzüň aňryk, tizräk bärik öwrülsin!

– Allatagala seni hem öz penasynda saklasyn! Men seniň diýşiň ýaly edendirin – diýip, menem doga okap aýtdym.

Howludan çykyp atlandym-da, Hudaýy çagyryp, her günde iki menzil ýol geçip, häh diýmän Dimaşga ýetdim. Emma men şäheriň derwezesiniň agzyna baranymda gijäniň birwagtydy. Derwezebandyr garawullar derwezäni ýapan ekenler. Men özümiň ýolagçydygymy, alys ýoldan gelendigimi hem-de şäherde agşamlyk edinmek, dynç almak, atyma iým gözlemek isleýändigimi aýdyp, olara köp ýalbardym. Emma derwezäniň aňyrsyndan:

– Gijäniň bu mahaly derwezäni açmak gadagan. Näme üçin beýle giç geldiň? – diýip, gödeksi gygyrdylar.

Men şeýle aýgytly jogap alanymdan soň, atymdan düşdüm-de, basyrygyny ýazynyp, galanyň düýbünde oturyberdim. Ukla-

---

[1] *Dimaşk* – Damask, Siriýanyň paýtagty.

[2] *Tika* – başam barmak bilen maňlaýa basylýan tegmil. Ol, köplenç, reňk, süzme ýaly zatlar bilen basylyp, nikalaşmak, ýokary wezipä çekilmek, haja, syýahata gitmek ýaly dabaraly wakalary aňladýar.

mazlyk üçin, wagtal-wagtal iki ýana gezmeledim. Daňyň atmagyna näçe wagtyň galanyny, gijäniň haýsy wagtydygyny aňyp bilmeýärdim. Bir görsem, galanyň diwaryndan ýuwaşlyk bilen bir gapyrjak sallanyp gelýär. Men haýran galdym. «Bu ne bela! Meniň çeken jebir-jepalaryma rehimi inip, Hudaý maňa asman hazynasyndan hak berýän bolaýmasyn?» Gapyrjak onýança ýere düşdi. Men ätiýaç bilen onuň golaýyna bardym. Görsem ol bir ýönekeý agaç sandyk eken. Men sabrymy gaçyryp, onuň agzyny açdym-da, aňk-taňk boldum. Jemaly akylyňy çaşyrýan, deňi-taýy bolmadyk bir gözel zenan parçalanyp, gana bulaşyp ýatyr. Onuň gözleri ýumukdy, bedeni tirpildeýärdi, dodaklary çala müňküldeýärdi. Ondan:

– Ah, bagtyraga dönük! Ah, rehimsiz eziji! Meniň ýagşylyklaryma, söýgime seniň jogabyň şu boldumy? Bolýar, ur ýene! Goý, her kimiň jezasyny Allatagalanyň özi bersin! – diýen ýuwaşja nala eşidilýärdi.

Ol şu sözleri aýdyp, ýene-de öňküsi ýaly huşsuz halda ýüzüni perenjiniň gyrasy bilen örtdi, maňa bolsa seretmedem.

Men onuň bolup ýatyşyny görüp, agzyndan hem şeýle sözler eşidemsoň, doňan ýaly saň gaty bolup galdym. «Haýsy zalym şeýle täsin ýaradylan zady parçalap bildikä, näme üçin beýle etdikä? Onuň kellesine nähili pikir geldikä, ol neneň muňa elini galdyryp bildikä? Bu demini sanap ýatyrka hem onuň adyny tutýar, diýmek, oňa bolan söýgi şindi hem munuň ýüreginden çykmandyr». Öz-özüm bilen şeýle gepleşip durkam, meniň sözlerim onuň gulagyna ildi. Ol ýuwaşjadan perenjini syrdy-da, maňa göz aýlady. Nazarym nazaryna kaklyşandan başym aýlanyp, özümi ýitirip başladym. Men özümi zordan rasladym-da, gaýrata galyp:

– Siz kim, size näme boldy, dogrusyny aýdyň? Başyňyza näme iş düşdi? Eger şony aýtsaňyz, ýüregim ynjaljak – diýdim.

Onuň geplemäge zordan ragbaty ýetýärdi.

Ol:

– Sag boluň. Meniň nähili parçalananymy özüňiz görüp dursuňyz. Ýeri, men size nämesini aýdaýyn! Men bu ýerde az salymlyk myhman. Ýöne demim sogrulanda, Hudanyň haky üçin

asyllylyk edip, men betbagty nirede bolsa-da, bir ýerde şu sandykda jaýlaň. Şonda men ýagşy-ýaman adamlaryň gybatyndan dynaryn, siz bolsa sogap gazanarsyňyz – diýip dymdy.

Gijäniň içinde meniň edip biljek hiç bir zadym ýokdy. Men ol sandygy öz goşumyň ýanyna getirip, daňyň ataryna garaşdym. Haçan gije ötüp, daň şapagy gyzararka? Haçan men şähere gidip, bu zenana ýardam boljak zatlary jan aýaman gözläp taparkam? Bu gije şeýlebir uzaga çekdi welin, hut ýüregime düşdi. Daň atýança Hudaýy agzymdan düşürmän çagyrdym. Ahyry, horazlar gygyryp, adamlaryň hümürdisi eşidilip başlady. Men erte namazymy okadym-da, sandygy eýere daňyp, derwezäni açan batlaryna şähere girdim. Öňümden çykan adamlardan hem dükançylardan nirede kireýne berilýän jaýyň bardygyny soradym. Esli wagt sorag-ideg edenimden soň, ahyry bir çemelije täze jaý tapyp, şonda bolmaklygy makul bildim. Men hemme zatdan öňürti görmegeý zenany sandykdan çykaryp, ýumşak düşekde ýatyrdym. Soňra hem onuň ýanynda bir ynamdar adamy goýup, tebip gözlegine çykdym.

Men her bir öňümden çykandan:

– Bu şäherde iň ökde tebip kim, ony nireden tapmak bolar? – diýip soraýardym.

– Ussa tebiplikden başy çykýan bir dellek bar, ol bu işlere örän ökdedir. Onuň ýanyna ölini alyp barsaňam, ol Hudaýyň gudraty bilen şeýlebir melhemler tapar welin, onuň jany gaýtadan jesedine gelýär. Ol şu ýerde ýaşaýar, adyna hem Isa diýýärler – diýip, kimdir biri maňa aýtdy.

Bu şatlykly habar meni şeýlebir begendirdi, şol bada salgy berlen ýere ugradym, köp wagt geçmänkä ol adamyň öýüne bardym. Gapynyň iç işiginde bir çal sakgally goja oturan eken. Onuň daşynda bolsa birnäçe adam her dürli ýaglary çalyp oturan eken. Men oňa hormat goýup ýüz tutdum:

– Men siziň at-abraýyňyzy eşidip geldim. Habarym hem şeýle: men bu ýere watanymy taşlap, söwda etmek üçin gelipdim, özümiň çaksyz söýýän aýalymy hem ýanym bilen alyp getirdim. Siziň şäheriňize ýakynlaşanymyzda iňrik garaldy. Gijäniň

içinde nätanyş ýurtda entäp ýörmegi makul bilmedim, meýdanda bir agajyň düýbünde düşledik. Daňa golaý üstümize galtamanlar çozup, ählije goşumyzy taladylar. Aýalymyň gymmat bahaly şaý--sepini sypyrdylar, özünem ýaraladylar, meniň bolsa olara hiç zat etmäge gurbum çatmady. Gijäni zordan geçirip, daň çagy şähere girdim-de, kireýne bir jaý aldym. Onsoň aýalymy düşekde ýatyryp, siziň ýanyňyza ylgadym. Alla size beýik hünär beripdir. Men ýolagça rehim ediň, tünegime baralyň, aýalyma bir seredip beriň. Siz ölüm howpundan halas etseňiz, şöhratyňyz has-da artar, men bolsa ömrüm ötýänçä, siziň guluňyz bolup galaryn.

Isa tebip örän rehimdar hem şepagatly adam eken. Meniň günüme onuň rehimi inip, bile öýümize geldi. Aýalyma gözi kaklyşandan, ol meni derrew köşeşdirdi:

– Hudaýyň merhemeti bilen bu hanymyň ýarasy kyrk güne ýetmän gutular, ana, şondan soň sagaldyş suwuna[1] ýuwulmaga rugsat ederin.

Ine, onsoň bu Hudanyň bendesi onuň ýaralaryny arassalap, nim[2] agajynyň şiresine ýuwuşdyrdy. Soňra olaryň tikmelilerini tikdi, galanlaryna bolsa, haltajygyndan däri-dermanlaryny çykaryp, käsine öl daňy, käbirine hem daňy saraşdyrdy-da, birhili hoşniýetlilik bilen:

– Men günde iki gezek gelerin, ýöne sen şuňa gözegçilik edip otur, ol seresapsyz gozganmasyn, bolmasa ýaralarynyň tikinine zyýan ýetiräýmegi mümkin. Özüni dürsär ýaly towuk çorbasyny bişirip ber hem-de bedmuşkyň[3] şiresine gül suwuny garyp, ýygy-ýygydan içir – diýdi.

Ol şony aýdyp, hoşlaşyp gitdi. Men oňa müň-de bir hoşallyk bildirip, gollarymy gowşuryp, alkyş okadym hem-de atyrdyr betel[4] sylag berdim.

---

[1] *Sagaldyş suwy* – näsagyň gutulandygyny aňlatmak üçin kyrk günden soň, ol ýörite suwa düşürilýär.

[2] *Nim* – agaç, ýaranyň azmazlygy üçin şonuň şiresinden peýdalanýarlar.

[3] *Bedmuşk* – ösümliklerden ýasalýan ýakymly ysly derman. Adamy kuwwata getirmek üçin ulanylýar.

[4] *Betel* – ýapraklary arek palmasynyň tohumy we başga-da birnäçe zatlar bilen garyşdyrylyp, sakgyç edilýän ösümlik.

Men özüme dynç almagy hem gadagan edip, gijämi-gündizimi öz perim hakynda oýlanyp geçirýärdim. Onuň sagalmagyny diläp, her gün Hudaýa mynajat edýärdim. Uzak wagt geçmänkä, meniň bagtyma, goşlarymy alyp gaýdan täjir geldi. Men ähli malymy deger-degmez islendik bahasyna satyşdyryp, pulumy däri-dermana harçladym. Tebip yzyny üzmän gatnap durýardy, ine, onsoň köp wagt geçmänkä zenanymyň ýaralary bitişip, gutulyp ugrady. Birnäçe gün geçenden soň bolsa, birkemsiz edip, ony sagaldyş suwuna düşürdiler. Men begenjimden iki bolup bilmedim. Isa dellege halat-serpaýdyr altyn sylag berdim; sypanyň üstüne owadan haly düşedip, perini bolsa şonuň üstünde oturtdym. Gedaýlara bolelin hudaýýoly berip, şol gün özümi ýedi älemiň şasy ýaly duýdum. Birkemsiz sagalan zenan gunça dek açylyp, ýüzleri Gün deý nur saçýardy. Ýaňaklary altyn suwy dek nuranady. Onuň owadan keşbini görmäge göz gerekdi. Men gije-gündiz onuň hyzmatynda bolup, islän zadyny sessiz-üýnsüz ýerine ýetirerdim. Ol bolsa öz gözelligine hem-de häkimliligine buýsanyp, käte maňa nazaryny salaýsa-da, diňe şu sözleri aýtmak üçin görejini maňa dikýärdi:

– Ägä bol! Eger biziň merhemetimizden mahrum bolmajak bolsaňyz, hiç haçan biziň işimize gatyşmaň. Biziň her bir aýdan zadymyz hiç hili hykgy-çokgusyz ýerine ýetirilmelidir. Iliň işine goşulsaň, soň armanly bolarsyň.

Meniň wepalylygymyň hem-de tabynlygymyň oňa gümansyz ýaraýanlygy zenanyň maňa ýüzlenip sözleýşinden aňlanýardy. Men onuň razylygyny alman, hiç bir işe baş urmazdym hem-de onuň buýruklaryna bütinleý tabyn bolýardym. Birnäçe wagtlap ähli işler gowulykda hem asudalykda geçdi. Zenanyň göwnüniň islän zadyny men şol pursadyň özünde tapyp bererdim. Emma bir gün meniň ähli malym, pulum, girdejim gutardy duruberdi. Bu nätanyş ýurtda kim maňa ynanyp, karz berer? Ine, iň derwaýys zatlarda kynçylyk ýüze çykyp başlady. Meni gaýgy-gam gaplap aldy. Agyr pikirlerden ýaňa horlanyp, ýüzüm garört boldy. Kime ýüz tutmalydygy barada köp pikirlenýärdim. Emma bularyň bary biderekdi. Garyp öz hesretini özi çekmeli ahyryn.

Günlerde bir gün gözel peri özüniň duýgurlygy zerarly meniň ýagdaýymy aňdy-da, şeýle diýdi:

– Eý, adamzat! Seniň wepaly hyzmatyň meniň kalbymda hemişelik galdy, ýöne bu wagt seniň bu hyzmatyňy ýanyşdyryp biljek däl. Eger sen zerur harçlar üçin gama batyp ýören bolsaň, ony ýüregiňden çykar. Hany, maňa bir tagta kagyz, syýa hem ýüwüş galam äber.

Men bu zenanyň beýle uly gepleýşine haýran galyp, hökman bir döwletiň şasynyň gyzydyr diýip pikir etdim hem-de haýdan-haý hat ýazylýan esbaplary getirdim. Görmegeý zenan hat ýazyp elime berdi-de:

– Galanyň ýanynda depesi ýaý kimin üç öwrümçe bir derweze bardyr. Şol ýerdäki köçejigiň ýanynda bolsa bir ullakan jaý bardyr. Onuň eýesine Bahar Seýit diýýändirler. Şu haty elt-de, şoňa gowşur – diýdi.

Men onuň buýruşy ýaly, salgy beren ýerleri bilen gidip, şol ýere bardym-da, hatly gelendigimi duýdurmak üçin gapyda hyzmatkäri jaýa iberdim. Şol pursatda meniň ýanyma görmegeý, kaşaň selleli bir hebeşi geldi. Onuň ýüzi garaýagyzdan nuranady. Ol meniň elimdäki haty aldy-da, menden hiç zat soraman, jaýa girip gitdi. Tiz wagtdan soň ol on bir sany guly yzyna tirkäp geldi. Ol gullaryň depesindäki mejmede parçadan tikilen haltajyk bardy.

– Şu ýigidiň yzyna düşüň-de, zatlaryňyzy şunuň baran ýerine eltiň – diýip, hebeşi olara buýurdy.

Men baş egip, ol gullary yzyma düşürdim-de, öýüme getirdim. Gapynyň agzynda mejmeleri alyp, perimiň öňünde goýdum-da, gullary goýberdim. Perim mejmelere seredip:

– Şu içi altynly on bir sany haltajygy al-da, gerek-ýaragyňa harçlaber. Bize Hudaý garaşyk eder – diýdi.

Men ol pullary aldym-da, gerek zatlarymy alyp başladym. Ýöne men öňki aladalarymdan dynsam-da, meniň kalbymda bir iňkis döredi. «Eý, Alla, bu näme boldugyka? Sygryň dili ýalyja kagyza kese ýurtla meňzeş nätanyş adam hiç bir zat soraman, maňa şeýle baýlygy berdi. Perimden sorap, bu syrly işiň anygyna ýetäýsem niçik bolarka? Ýok-la! Her bir zady biljek bolup ýör-

megi ol maňa öňünden gadagan edipdi ahyryn diýip pikir etdim. Men onuň gaharynyň gelmeginden gorkdum, dilimi ýarmaga-da milt edip bilmedim.

Bir hepde geçensoň, meniň söýgülim maňa şeýle sözleri aýtdy:

– Allatagala adamzada hiç wagtda hapalanmajak hem ýyrtylmajak geýim beripdir. Köne geýim adamzadyň aslyny üýtgetmeýän hem bolsa, Hudaýyň bendeleriniň öňünde hormatdan düşürýär. Sen iki haltajyk altyny al-da, bazaryň orta gürpündäki Ýusup täjiriň dükanyna baryp, gymmatbaha bezegler bilen iki sany zynatly don al.

Men säginmän ata mündüm-de, dükanyň işiginde häzir boldum. Görsem, ol dükanyň içinde zagpyran reňkli geýim geýnen bir görmegeý ýigit otyr weli, onuň didaryny görmek üçin uly märeke üýşüp, bütin bazaryň ýoluny böwetläp durlar. Men haýran galyp, onuň ýanyna bardym, salamlaşyp oturdym-da, özüme gerek zady soradym. Meniň gepleýşim bu şäheriň ilatynyň gürleýşinden tapawutlanýardy, muny dükanyň eýesi derrew aňdy-da, hoşamaýlyk bilen:

– Jenabyň göwnüniň islän zady bizde bardyr. Ýöne bir zady soramaga rugsat ediň: siz haýsy ýurtdan bolarsyňyz, sizi ýat şäherde ýaşap ýörmäge näme mejbur edýär. Merhemet edip, özüňiz hakda gürrüň beriň – diýdi.

Men asla öz hal-ýagdaýymyň üstüni açmak islemeýärdim. Men gürrüňi başga ýana sowjak bolup, gymmatbaha geýim-gejimleri aldym-da, olaryň bahasyny töläp, hoşlaşmakçy boldum. Söwdagär ýigit tukatlanyp:

– Eý, jenap! Eger-de meniň bilen tanyşmakdan gaça durjak bolsaňyz, onda näme sebäpli dostlarça salamlaşdyňyz? Päk ýürekli adamlaryň salamy ýokary baha mynasypdyr – diýdi.

Şeýle sypaýy hem-de ýürekden aýdylan sözlere meniň ýüregim erksiz tabyn boldy. Bu sözlerden soň turup gidibermek adamçylyga gelişýän zat däldi. Men ony hoşal etjek bolup, ýerimde oturdym-da:

– Men jan-tenim bilen size tabyn bolup, hyzmatyňyzda bolmaga taýyndyryn – diýdim.



Bu sözler ony örän begendirdi. Ol ýyljyraklap:

– Eger siz şu gün meni hormatlap, biziň külbämize barsaňyz, onda siziň hatyraňyz üçin birki sagat ýüregimizi ynjaldardyk hem-de dürli nygmatlaryň, meýiň başynda bile oturardyk – diýdi.

Meniň şindi öz perimi ýeke goýan wagtym ýokdy, häzir hem onuň ýekeligini ýatlap, dürli bahana gözläp başladym, emma söwdagär ýigit zatlarymy perime elten badyma gaýdyp gelmäge kasam edenimden soň, ol maňa gitmäge rugsat berdi. Men dükandan çykyp gaýtdym-da, gymmat bahaly zatlary hem donlary hanyma eltip berdim.

Ol menden bu zatlara näçe pul tölänimi hem-de dükançynyň nähili zergärdigini sorady. Men oňa harydy satyn alşym barada, onuň ýeň bermän öz öýüne çagyryşy barada aýtdym. Ol maňa:

– Adam diýen sözünde tapylmalydyr. Meni Hudaýa tabşyr-da, wadada wepaly bol. Toý-tomaşa çakylygyna barmaklygy bize Allanyň resuly wesýet edendir – diýdi.

– Sizi ýeke goýup gitmäge meniň ýüregim etmeýär. Ýöne siziň islegiňiz şeýle bolsa, men öz erkimiň garşysyna giderin, emma tä gaýdyp gelýänçäm, meniň göwnüm rahat tapmaz.

Men şu sözleri aýdyp, ýene dükançy zergäriň ýanyna gaýtdym. Bosagada oturyp, ol maňa garaşýar eken. Meni gören badyna:

– Geçiberiň, gadyrdan, siz eslije garaşdyrdyňyzam – diýip, dessine ýerinden galdy-da, elimden tutup, yzyna düşürip äkitdi. Ol meni birgeňsi ajaýyp baga getirdi. Howuzlaryň içinde, ýapjagazlaryň boýunda suw fontanlary dik ýokary çüwdürilişip durlar, agaçlar ýetişen miwelerini göterip bilmän, başlaryny egşip otyrlar, dürli reňkdäki guşjagazlaryň sesi daş-töweregi ýaňlandyrýar, bagyň ortasyndaky ajaýyp jaýyň zallaryna başdan-aýak owadan halylar düşelipdir. Ol meni akyp ýatan suwuň boýundaky teläriň astynda oturtdy-da, gözümden gaýyp boldy, az salymdan soň eýýäm başga, gelşikli täze täsin geýimde peýda boldy.

– Eý, beýik taňrym! Gözden-dilden saklaweri! – diýip, men ony şol görnüşde gören dessime gygyrdym. Ol ýylgyrdy-da:

– Jenap hem öz geýimlerini çalşyrsa gowy bolardy – diýdi.

Men onuň islegini kabul edip, geýimlerimi çalşyryndym.

Meniň hojaýynym kemsiz meýlis etdi, göwün açmaga gerekli bolan hiç bir zady ýatdan çykarmady. Ol meni mähirli kabul edip, oňat gürrüňler berdi. Onýança hem eli küýzeli, buldurawuk pyýalaly saky geldi. Dürli-dümen miweler, tagamlar getirilip, stoluň üstüne döküldi-de, şeraplar süzülip başlandy. Üçünji, dördünji saparky pyýalalaryň göterilmeginiň öň ýanynda, şindi sakgal-murtlaryna bir gezek hem päki degmedik, buýra saçlary seçelenip duran dört sany görmegeý ýetginjek ýigit gapydan girdi-de, aýdym-tansa başlady. Olaryň aňk ediji müň dürli duýguly sazyny şol wagt Tan Sen[1] eşitse, öz mukamlaryny ýadyndan çykarardy, Baýju Bawra[2] bolsa olaryň sungatyny göreninden akyly çaşardy.

Emma birden bu şagalaňyň arasynda öý eýesini tukatlyk gurşady. Ol gözýaşyna erk edip bilmän:

– Biz ikimiz indi dost bolduk ahyryn. Öz dostuňdan ýürek syryňy gizlemeklik bolsa, hiç bir dine hem dogry gelmeýär. Onuň üçin hem men sizden ýaýdanman bir zady haýyş etmekçi: eger siz garşy bolmasaňyz, şu ýere öz söýgülimi çagyryp, ýüregimi köşeşdireýin. Onsuz meniň göwnüm rahatlanmaýar – diýip, maňa ýüzlendi.

Bu sözler şeýlebir janypkeşlik bilen aýdyldy welin, eýýäm oňa duýgudaşlyk bildirdim:

– Meniň arzuwym siziň bagtly bolmagyňyzdyr. Ondanam bir zat bolarmy?! Haýal etmäň! Hakykatdan hem, ýanyňda ýaryň bolmasa, hiç bir zadyň hezili bolanok.

Ýaş ýigit tuta tarap öwrüldi-de ümledi welin, şol bada jyn ýaly betnyşan gap-gara aýal geldi-de, onuň ýanynda oturdy. Bu aýaly gören dessiňe aňryň bärik geljekdi. Ol maňa seredende has-da gorkunç boldy, men öz-özümden: «Bu elhenç aýalyň şeýle owadan ýigidiň söýgülisi bolaýşyny! Şonda-da bu ony hyjuwly

---

[1] *Tan-Sen* – meşhur sazanda. XVI asyrda, Akbar imperatorlyk edýän döwründe Demirgazyk Hindistanda ýaşapdyr.

[2] *Baýju Bawra* – Demirgazyk Hindistanda meşhur aýdymçy bolup, XVII asyrda ýaşapdyr.

joşup taryp edýär-ä» diýip pikir etdim. Sesimi çykarman, «Bize bir şunuň ýaly zady görkezmäweri, Alla» diýip içimden dileg etdim.

Biz üç gije-gündizläp şerap içip, aýdyma, oýundyr şagalaňa berildik. Dördünji güni serhoşlyk, ýadawlyk bizden üstün çykdy. Men neneňsi halda süýji uka gidenimi bilmedim. Ertiri meni öý eýesi oýardy-da, serhoşlykdan açýan içgiden birnäçe käse berip, aýňalmaga kömek etdi. Men şonda gaýtmak üçin rugsat soradym. Ol menden hoşallygy sebäpli garşylyk görkezmedi-de:

– Myhmany mundan artyk saklamak gowy däl – diýip, söýgülisine aýtdy.

Men haýal etmän öňki geýimlerimi geýdim-de, öýde oturan perimiň gaşyna bardym. Şu wagta çenli perimi ýeke goýup, ýekeje gijäni aýra geçiren günüm ýokdy. Indi men üç günläp öýde bolmanlygyma aljyrap, ondan ötünç soradym, özümi aklamak üçin meýlis barada, hojaýynyň toý sowulmazyndan öň meni goýbermeýşi barada bolşy ýaly gürrüň berdim.

Ol jemgyýetiň däplerine beletdi. Onuň üçin hem:

– Dostuň hatyrasy üçin eglenmegiň aýby ýok. Men hemmesini bagyşladym. Sende günä barmy näme? Adam biriniňkä barsa, diňe öý eýesiniň erk-ygtyýary bilen çykyp gaýdyp biler. Ýöne men başga zat hakynda aýtmakçy bolýaryn. Sen myhman bolup iýdiň, içdiň, keýp çekdiň. Sen indi şunuň bilen rahatlanmakçymy ýa-da öz edişi kimin, hödür-hezzet etmekçimi? Ol täjiri myhmançylyga alyp gelip, onuňka görä iki esse şagalaňly meýlis gurmagyň gerek. Ony gurmagyň gaýgysyny etme, Hudaý berse, gerek zatlar bada-bat taýýar bolar-da, meýlis dabaraly görnüşe geler durubir – diýdi.

Men onuň aýdanyny edip, zergär ýigidiň ýanyna bardym. Oňa:

– Men siziň islegiňizi ses-üýnsüz ýerine ýetirdim. Indi siz hem adalatlylygyň ýoluna düşüp, meniň kiçi göwünli haýyşymy kabul ediň – diýdim.

– Men size janym-tenim bilen tabyndyryn – diýip, ol jogap berdi.

– Eger siz özüňiziň sadyk guluňyzyň öýüne gelseňiz, siziň maňa uly merhemet etdigiňiz bolar – diýip, men gürrüňimi dowam etdim.

Ol ýigit bagyşlamagymy sorap, uzak wagtlap bahana gözläp sypjak boldy, emma men tä onuň razyçygyny alýançam el çekmedim. Şol bada onuň bilen tirkeşip gaýtdym-da, ýol boýy ony nähili garşylamak, onuň göwnünden turmak hakynda oýlandym: «Ýeri, ine, muny alybam barýan-da, munuň soňy nähili bolarka?» diýip oýlanýardym.

Şeýle aladaly pikirler bilen jaýymyzyň golaýyna ýetenimizi-de duýmandyryn. Al saňa gerek bolsa, bu ne gudrat! Gapymyzyň daş-töweregi gül pürkülen ýaly. Köçäni syryp-süpürip, suw sepip, her ýerde garawullar, hyzmatkärler goýupdyrlar. Men öz öýümdigini anyklap bilmän, haýranlar galdym. Ahyrsoňy, öz öýümdigine gözümi ýetirip, içeri girdik. Görsem, otaglaryň hemmesine ajap halylar ýerbe-ýer düşelipdir. Masnadlar, içi betelli gapyrjajyklar, gyzyl-gyzyl suwly küýzeler, müşk ysly gapjagazlar, tüfdanlar, desse-desse çemenler hem-de kaşaň küýzelerde oturdylan nerkesler örän nepislik bilen ýerleşdirilipdir. Tekjelerde her dürli apelsinler we gaýry süýji zatlar ýaýrap ýatyr. Bir ýanyndan tutularyň aňyrsyndan aýnaly çyraglar, beýleki ýanyndan serwidir lotos bolup duran şamçyraglar şöhle saçýar. Bütin zalyň ugrunda bolsa tylla jamjagazlaryň içinde küкäp duran hoş ysly şemjagazlar goýlup, kaşaň panuslar asylypdyr. Adamlar wezipesine görä ýer alyp, taýýar bolup durýar. Aşhanada gap-çanaklar şakyrdaýarlar, suw saklanýan jaýda bolsa bar zatlar ýerbe-ýer dur: kümüş mejmeleriň üstünde agyzlary hasa bilen daňylgy küýzejikler hem içi ýyly suwly gaplar, aňyrrakda bolsa naharly gaplaryň gapagynyň üstünde susakmy, çemçemi, jamjagazlar ýaly zatlar goýlupdyr; uly küýzeler buzuň içinde goýlupdyr, sowadyjy erginleriň içinde boýunlak-boýunlak çüýşeler yraň atyşyp otyrdy. Tansçy gyzlar, oglanlar, masgarabazlar, sazandalar, bagşylar bezenip-beslenip gelipdirler; olar öz sazlaryny düzüşip otyrdylar.

Men myhmanymy öýe getirip, masnadyň üstünde oturtdym. Özüm bolsa şindem «Eý, Hudaý! Heý-de, şu az wagtyň içinde öýi

şeýle bezäp ýetişmek bormy?» diýip, haýran galyp durdum. Men şunça daş-töweregime seretsem-de, öz perimiň garasyny görüp bilmedim. Men ony gözläp, aşhana bardym. Görsem meniň gözelim ýönekeýje geýnip, hiç hili bezenmändirem: egni kürtekçeli, başyna hem ak ýaglyk atypdyr.

Gerek bolmaz bezeg oňa,
Alla berse gözelligi!
Seret, Aý dek şugla saçýar,
Hakykatdyr ezelligi.

Ol myhmany hezzetlemegiň pikirine gümra bolup oturan eken. Ol her bir naharyň has tagamly, ýakymly ysly hem-de ýeterlik jazly bolmagy üçin hersinden hut özi dadyşdyryp görýän eken. Hysyrdylardan ýaňa onuň gül bedeni der damjalary bilen bezelen eken.

Men onuň golaýyna baryp, baş egdim-de, dabaraly sözler bilen akyl hem başarnygyny magtap ugradym. Ol meniň bu ýaranjaň sözlerime gaşyny çytyp jogap berdi:

– Perişdeleriň ukybynyň çatmaýan ençe zatlary hem adamzadyň erkinde bolarmyş. Ýeri, maňa haýran galaryň ýaly, men beýle näme iş edipdirin? Sen maňa onsuz hem göwnüme ýakmaýan çylkasyz sözüňi köp aýtdyň. Sen maňa, gowusy, aýt: myhmanyňa üns bermän, ony ýeke goýup, başga bir ýerde gezip ýörmegiň uslyp zatmydyr? Ol nähili pikir eder. Häziriň özünde bar-da, ýeriňe geçip, myhmanyň göwnüni tapyp otur. Söýgülisinem çagyr-da, gaşynda oturt!

Men şol bada myhmanyň ýanyna bardym, oňa gadyrlylyk bilen üns berip başladym. Edil şol wagt hem ýanymyza iki sany görmegeý gul gelip durdy. Olar ellerindäki küýzelerinden göwherli jamlara şerap guýup, biziň öňümizde goýdular.

Men myhmana ýüzlendim:

– Men hemme zatda siziň wepaly guluňyzdyryn. Meniň jenabymyň ýüreginiň sahypjemaly hem şu ýere gelse, juda gowy bolardy. Eger rugsat berseňiz, men häziriň özünde onuň yzyndan adam iberjek – diýdim. Täjir dessine:

– Örän ajap boljak. Siz hut meniň ýüregimden turduňyz – diýip, hoşallyk bilen seslendi.

Men onuň yzyndan gullarymyň birini iberdim. Ine, ýarygijeden aşyberende, ýaş täjiriň sahypjemalyny başymyza düşen duýdansyz bela ýaly edip, kaşaň tagtrowana mündürip, ol bedroý ýüzli aýaly getiräýdiler. Myhmanymyň hatyrasy üçin güler ýüz bilen garşy almaly boldum. Başardygymdan hormatlap, öýe saldym-da, ýigidiň gaşynda oturtdym. Myhmanym ony göreninden göýä dünýäniň ähli eşretine ýeten ýaly juda begendi, betnyşan aýal bolsa şol bada bu görmegeý ýigidiň boýnundan dolap aldy. Göýä diýersiň, güler ýüzüň öňüne gara perde tutulana döndi. Meýlise çagyrylanlaryň ählisi ony görüp, aňk boldular. «Beýle bolar ýaly, bu ýigidiň başyna ne hupbatlar düşdükä?» diýip pikir etdiler. Hemmäniň gözi şolardady, keýpi-şagalaň unudylypdy.

Myhmanlaryň biri şeýle diýdi:

– Dostlar! Adamyň ýüregi bilen pähim-paýhasy oňuşýan zatlar däldir: akylymyzyň sygdyrmajak zadyny bidin käpir bolan ýüregimiz eýýäm kabul edendir. Mejnunyň didaryna Leýliniň gözi bilen bir garap görüň.

Oturanlar:

– Hakykatdan hem şeýle – diýişdiler.

Men perimiň buýruşy ýaly, myhmanlarymyň ýanyndan aýrylmaýardym. Ýaş ýigit maňa şerapdyr nahardan datmagy şunça haýyş etse-de, men perimiň gaharynyň gelmeginden gorkup, iýmek-içmekden hem, oýun-şagalaňdan hem bizardym, myhmanlarym bilen başagaýlanan bolup, hemme zatdan boýun gaçyrýardym. Şunlukda, üç gije-gündiz geçdi. Dördünji gije ýigit meni ýanyna çagyrdy-da, mähirlilik bilen haýyş etdi.

– Indi bize gaýtmaga wagt boldy. Siziň hatyraňyz üçin ähli işlerimizi taşlap, üç gün myhmanyňyz bolduk. Geliň, indi bir ýanymyzda oturyp, bizi birazajyk begendiriň.

«Eger men şu gezegem munuň diýenini etmesem, bu gaty görer. Täze dostuň myhman gelende bolsa, oňa aýratyn üns bermeli ahyryn» diýip, men pikir etdim-de:

– Öz jenabymyň haýyşyny ýerine ýetirmeli bolaryn, edeplilik her bir zatdan belentdir – diýdim.

Ýaş ýigit bu sözleri eşiden badyna, maňa tarap şeraply pyýalany uzatdy. Men ony bir demimde jyňkydyp goýberdim. Şundan soň bize yzyny üzmän şerap çekdiler. Myhmanlaryň kellesi sämäp, kemsiz serhoş boldular, özüm hem bihuş bolup, bir ýanyma ýykylyp galypdyryn.

Daň atyp, Gün naýza boýy galanda, men gözümi açdym. Emma ne öňki ýaly kaşaňlyga, ne meýlise, ne perime, hiç bir zada hem gözüm düşmedi. Zal haňlap galypdyr. Diňe bir burçda üsti örtülgi nämedir bir zat bardy. Men örtügini galdyranymdan, kellesi kesilgi myhman ýigidimi, onuň söýgülisini gördüm. Bu görnüş meni aňk-taňk etdi. Men ýatanymda, bu ýerde nämeler bolanyna asla düşünip bilmedim. Men geň galyp, daş-töweregime garadym. Birden meýlise taýýarlyk görlendäki kömek beren haremhana agtasyna gözüm düşdi. Men ony görüp, birneme özüme geldim-de, nämeler bolanyny soramaga durdum.

– Indi muny bileniňiziň näme peýdasy bar? – diýip, ol maňa jogap berdi.

Birkemsiz pikirlenenimden soň, onuň mamladygyna gözümi ýetirdim. Biraz wagt ikirjiňläp duranymdan soň:

– Bolýar, gerek däl. Ýöne häzir hanymyň nirededigini bir aýdyň! – diýdim. Onda agta:

– Rugsat berseňiz, men bilýänjämi aýdaýyn. Ýöne siz ýaly bir akylly adamyň hanymdan bidin, ýat adamyň az wagtlyk dostlugyna bil baglap, onuň bilen birlikde meý içip, mes bolmak ýaly gödeklik hem-de wejeralyga ýüz urmagyňyza nähili düşünmek bolarka? – diýdi.

Öz etmişimden hem-de agtanyň nesihatyndan meniň lapym keç boldy.

– Bolup geçen işleri indi düzedip bolmaýar – diýip, meniň bar aýdyp bilenim şol boldy.

Teý ahyry, agtanyň maňa rehimi inip, perimi nireden gözlemelidigimi aýtdy. Ölüleri jaýlamagyň alada-hysyrdysy bilen agta ýanymdan gideninde, men bu etmişler baradaky şübhämi kowup, diňe bir zady pikir edýärdim: perimi nireden taparkam? Ýykylyp-sürşüp, şäherde uzak gün sergezdan bolanymdan soň, agşamara

agtanyň salgy beren köçesine ýetdim. Daň ataryna garaşyp, uzak gijämi perimiň gapysynda müň bir hupbat bilen geçirdim. Uzak gije ýekeje çygşyldy hem eşidilmedi, daş çykyp, meniň perişan halymdan habar alan bolmady. Şeýdip, ýalňyzlykda daňymy atyrdym. Gün ýokary galyp ugranda, eýwanyň bir äpişgesinden meniň aýjemalym görnüp, maňa seretdi. Şu pursatda meni gurşap alan şatlykdan diňe meniň ýüregimiň habary bardy.

Biraz salymdan soň meniň ýanyma bir agta geldi. Ol:

– Hol metjide baryň-da garaşyň. Belki-de, siziň islegiňiz berjaý bolup, ýürek maksadyňyza ýetersiňiz – diýdi.

Maslahatyna gulak salyp, metjide bardym. Emma bu ýerde oturanymda hem perde tutulan syrly gapydan gözümi aýryp bilmeýärdim. Men uzak günümi oraza tutýanlaryň ertir irden, agşama garaşyşlary ýaly, sabyr-takatsyz geçirdim. Ahyry agşam ýakynlaşyp, gündiz meniň ýüregimiň üstünden aýrylan gara dag ýaly bolup bir ýana agdy. Birden metjide perimiň öýüni salgy beren agta geldi. Perimiň ähli syrlaryny ynanýan adamsy bu mähirli agta agşam namazyny okady-da, ýanyma gelip köşeşdiriji sözler aýtdy. Soňra hem elimden tutup, bir kiçeňräk bagyň içine eltip oturtdy-da:

– Islegliňize gowuşýançaňyz, şu ýerde garaşyň – diýdi. Özi hem men hakda hanyma habar bermäge gitdi öýdýän.

Bagyň içinde ter gyzyl güller bark urup, durna gözli suwlara Aýyň ýalkymy düşýärdi. Akarlarda hem-de howuzlarda asmana atylýan suw çüwdürimleri bolsa Aýyň kümüş ýagtysynda böküşip oýnaşýan ýalydy. Ýöne men güle seretsem-de, güldenem görmegeý näzenin hakda oýlanýardym; Aýa gözüm düşende bolsa, aý jemally perimi ýatlaýardym. Perim şu wagt ýanymda bolmanlygy üçin, bu ajaýyplyklaryň hemmesi meniň tenime tiken bolup dürtülýärdi.

Ine, birden Taňrym onuň ýüregine salyp, ol zenan on dördi gijäniň Aýy kimin ýaldyrap, daşary çykdy. Onuň egninde merjen dakylyp bezelen köýnegi bardy. Başyndaky bürenjeginiň ujy topugyndaky düwmelerine çenli aýlaw-aýlaw bolup, aşak sallanýardy. Ol başdan-aýak lagly-jöwahyr bolup lowurdap durdy.

Ol gözel iki gapdaly bagly ýol bilen ýöräp geçdi-de daýandy. Onuň gelmegi bagyň görküne görk goşdy, meniň kalbymy hem şatlykdan doldurdy. Ol bagyň içinde azrak gezmeledi-de, eýwana çykyp, düşekçedir ýassyk atylgy sypada oturdy. Perwananyň şemiň daşynda pyrlanyşy ýaly, men ylgap, onuň ýanyna bardym-da, hyzmatkär ýaly gol gowşuryp, sadyk gul ýaly bolup gullugynda durdum. Şol wagt hem maňa hossarlyk eden agta oňa men hakda habar berdi.

– Men siziň ejiz, ýazykly hem etmişli guluňyzdyryn. Goý, meniň günälerim üçin laýykly jeza berilsin – diýip, men perä ýüzlendim.

Peri menden gaty närazydy.

Ol ýigrenç bilen:

– Indi munuň edäýmeli işi – ýüz haltajyk altyn alyp, goş-golamlaryny ýygnap, öz watanyna gaýdybermekdir – diýdi.

Bu sözleri eşidenimde, göýä agaç ýaly gurap galdym. Edil şol wagt biri gelägede meniň tenimi kesse-de, belkäm, bir damja-da gan çykmazdy. Meniň gözüm garaňkyrap gitdi. Çuň ýüregimden haşlap, uludan demimi alanymy duýman galdym, gözümden ajy ýaşlar akyp başlady. Şol mahal Hudaýa sygynmakdan başga, meniň tutunjagym ýokdy.

Bolýar – diýip, men büs-bütin umytsyzlyga berlip dillendim. – Ýöne siz bir pikir edip görüň, eger men bagtygarada dünýä malyna çigit ýalyjak-da ýykgyn bolan bolsa, men siz üçin gowy günümden, hany-manymdan jyda düşermidim? Siz men bagtygara beýle rehimsiz daraşdyňyz welin, ýa indi bu dünýäde wepalylyk hem pidagärlik diýen zadyň gadyr-gymmatam galmanmy? Aý, nätjek, indi meniň üçin dünýäde ýaşadymam bir, ýaşamadymam. Dildaryň ýüz döndermegi meni şu gözgyny durmuşyma bolan höwesden el çekdirýär.

– Şeýle diýiň-le – diýip, peri gaşlaryny çytyp, gahardyr ajy kinaýadan doly äheňde aýtdy. – Näme, siz bize aşyk bolduňyzmy? Siz öte gidýäňiz! Akmak! Hetdiňizden artyk gepleýärsiňiz! Siz örän batyrgaý görünýärsiňiz. Boldy, sem bol! Bu biderek gürrüňi bes ediň. Üstümizde Hudaý bar, eger sizden başga bir



adam bolan bolsa, läşi bireýýäm garaguşlara şam bolardy. Ýöne men sen bolaňsoň, nätjegimi bilemok. Seniň eden ýagşylygyň meniň ýadymdan çykanok. Gowusy, indi seniň öz ugruň bilen gidibermegiň gerek. Sen bizden nesibäňde bar zady aldyň.

Emma men şonda-da gözýaş edip aglamjyrap:

– Ýüregimiň arzuw maksadyna gowuşmazlyk hem-de boýnumy oňurmak gorkusy bilen dag-tokaýlarda azaşyp gezmeklik meniň maňlaýyma ýazylan bolsa, onda men oňa döz getirip bilmerin – diýdim.

Siziň bu gabahat nadaralygyňyz hem ümlemeleriňiz maňa ýaranok. Bar, bu kinaýaly gürrüňleriňi kimiň ýanynda aýtjagyňy bilip aýt – diýip, peri has gaharlanyp jogap berdi.

Soňra hem şol öňküsi ýaly gaharly ýerinden turdy-da, Taňry nazaryny salan mekanyna tarap ýöneldi. Meniň halym halys teň bolup, başym aşak sallandy, emma peri oňa üns bermedi. Men gaýgy-hesrete batyp, ol ýerden alaçsyz gaýtdym.

Gam-gussa bilen kyrk günümi geçirdim. Men şäherde ygyp ýadanymdan soň, başymy alyp, tokaýa entemäge gidýärdim. Ol ýeri hem ýüregime düşüp ugranda, tentek ýaly bolup, ýene köçelerde selpeýärdim. Men hiç ýerde özüme orun tapman ygyp ýören it ýaly, ençe günläp zat iýmän, gijeler kirpigimi gözüme çalman geçirýärdim. Jan diýeniň iýmit bilen saklanýar, adam ogly çörek gurçugydyr, onuň üçin hem men iýmek-içmeksiz tiz gurpdan gaçdym. Tüýs ysgynsyz halda men birwagt perime garaşan ýerim bolan metjidiň diwarynyň düýbünde ýykylyp galdym. Günleriň birinde meniň tanyş agtam ýassy namazyny okamaga geldi. Ol meniň ýanymdan galtaşyp giden ýaly geçip gitdi. Men bolsam gurpsuzlykdan ýaňa çala eşidilýän sesim bilen şeýle gazaly okadym:

Ölermikäm ýa bu derde dözermikä ýüregim,
Eý, Hudaýym, boljak işler bolup dynsady basym.

Owurdym owurdymdan geçip, sypatymyň üýtgändigi zerarly, meni öňki tanaýanlar indi tanajak gümany ýok hem bolsa, ýaňky agta meniň zaryn sedamy eşidip saklandy. Ol maňa siňe

seredip, bir ah çekdi-de, meniň nädip beýle ýagdaýa düşendigimi duýgudaşlyk bildirip sorady. Men oňa:

– Bolup geçen işleri indi düzedip bolmaýar. Men ol peri üçin janymy gaýgyrman, elimden gelenini etdim. Indi onuň permany şeýle bolansoň men nädeýin? – diýdim.

Agta meniň sözlerimi gulak salyp diňledi-de, öz hyzmatkärlerinden birini ýanymda galdyryp, metjide girdi. Namazyny okap, metjitden çykansoň bolsa, meni tagtrowanyň üstünde ýatyryp, hyzmatkäre özüniň yzy bilen ol rehimsiz jenanyň ýanyna äkitmegi buýurdy. Ol meni eltip, tutynyň öňünde oturtdy, tutynyň aňyrsynda bolsa perim bardy. Meniň öňki görk-görmegimden nam-nyşan galmadyk-da bolsa, peri meni tanamalydy. Sebäbi men ençe gije-gündizi onuň ýanynda geçirdim ahyryn. Emma şonda-da peri bilgeşleýin meni tanamadyk boldy.

– Kim bu? – diýip, ol agtadan sorady.

– Bu sizi gazaba mündürip, siziň käýinjiňize sezewar bolan bagtygara – diýip, ol mylakatly adam jogap berdi. – Şonuň üçin hem bu şu derejä ýetipdir. Muny ýakýan yşk ataşy. Bu ol ataşyň üstüne näçe gözýaş dökse-de, ol has möwjäp tutaşýar hem ýüregi hiç bir aram tapmaýar. Üstesine-de, ol öz eden etmişi üçin utanyp, ýere girip bilenok.

– Sen näme ugursyz zatlary ýaňraýarsyň – diýip, peri oňa garşy çykdy. – Ol adamynyň öz ýurduna gaýdyp barandygy barada meniň adamlarymyň habar getirenine eýýäm birnäçe gün boldy ahyryn! Elbetde, Hudaýyň özi hemmeden gowy bilýändir. Ýöne bu kim? Sen kim hakda gürrüň edýäň?

Agta gol gowşuryp:

– Bir çemçe ganymy geçseňiz, men hemmesini düşündireýin – diýdi.

– Aýt, geçýärin!

– Siziň aslyňyz adalatly ýagşyzadalardandyr. Hudanyň hatyrasyna araňyzdaky tutyny açmaga rugsat beriň, siz ony tanaň-da, bu ejize garaşyk ediň. Gadyr bilmezlik gowy zat däl. Şu betbagtlykda bu adama näçe köp rehim etseňiz, ol jaýyna

düşer hem-de şonça sogap gazanarsyzyň. Size artykmaç maslahat bermäge bolsa meniň hetdim ýokdur. Siziň rehim parasadyňyz nämäni laýyk bilse, şondan gowusy bolup bilmez.

Peri ýylgyryp:

– Ýagşy. Ol kim bolsa-da, ony bejeriň. Birkemsiz sagalanyndan soň bolsa ony özümiz sorag ederis – diýdi.

Agta ýene gürrüňi dowam etdi:

– Eger-de siz hut öz eliňiz bilen onuň üstüne gyzyl suw sepeläp, öz diliňiz bilen hem bir zat aýtsaňyz, şonda onda ýaşamak arzuwy dörär. Näumytlyk hatar zatdyr. Dünýä umyt bilen saklanýandyr.

Peri muňa hiç hili jogap bermedi.

Men bu gürrüňi eşidip, has hem gamgynlandym, birjik-de ýaýdanman:

– Beýle durmuşa meniň ýüregim çydam etmeýär! Men eýýäm aýagymy gabra sokup otyryn. Meniň ajalym ýakynlaşypdyr, meni ondan gutarmak bolsa şa gyzynyň elinde. Gutarmalymy, gutarmaly däldi, ony şa gyzynyň özi gowy bilýändir – diýip dillendim.

Ýürekler eýesi Allatagala zalym jenanyň köňlüne rehim-şepagat inderdi öýdýän, ol öňki gazabyndan dänip:

– Tizräk şanyň tebiplerini alyp geliň – diýip buýurdy.

Şol sagadyň özünde tebipler jem boldy.

Ol meniň damarlarymy, peşewimi barlap, esli wagtlap bir-birleri bilen maslahat edişdiler. Ahyryn, hassa ýanyp-öçüp, ak ýürekden aşyk bolupdyr, onuň magşugy bilen duşuşmakdan başga dermany ýok, ol öz aşygyna ýetdigi, derrew sagaljak diýen netijä geldiler. Tebipleriň agzyndan çykan sözleriň hem agtanyň aýdyşy ýaly meniň öňki derdimi tassyklany üçin, şa gyzy meni hammama eltip, ýagşy ýuwmagy hem-de gelşikli geýimler geýdirip, öz ýanyna getirmegi buýurdy. Meni haýal etmän hammama eltip ýuwdular-da, iň gowy geýimleri geýdirip, periniň ýanyna getirdiler.

Gözel jenan gyzmaçlyk bilen şeýle diýdi:



– Sen maňa nähak ýerden dil ýetirdiň hem-de meni biabraý etdiň. Indi menden näme isleýärsiň? Göwnüňde näme bar bolsa, aç-açan aýt, göreli.

Eý, mysapyr dertdeşler! Men şeýlebir şatlandym welin, begenjimden ýaňa iki bolup bilmän, ýüz-gözüm hem üýtgäp gitdi. Men Hudaýa müňde bir şükür edip:

– Häzir siz şu sözüňiz bilen ähli tebipçilik ylmyny maňa gerekmez etdiňiz. Men bir meýitdim, siz sähelçe pursatda maňa jan berdiňiz. Bir serediň! Meniň öňki bolşum bilen häzirki ýagdaýymyň arasynda, gör, nähili tapawut bar! – diýip, oňa jogap berdim.

Men şol sözleri aýdanymda, oňa goýýan hormatymy, minnetdarlygymy görkezmek üçin üç gezek daşyndan aýlandym. Soňra ýene garşysynda durup:

– Hanym, siz maňa göwnümde bar zady aýtmagy höküm etdiňiz. Men guluňyz üçin dünýä malyndan gymmat zat, ullakan hoşamaýlyk edip, men bimynasyby golaýyňyza goýberip, dabanyňyzdan öpmäge rugsat etmeklikdir – diýdim.

Ol meniň sözlerimi eşidip pikire batdy. Soňra hem öçüksi nazar bilen maňa bakdy-da:

– Oturyň. Siz bize iňňän wepaly gulluk etdiňiz. Onuň üçin siz näme sorasaňyz hem bolar. Siziň eden hyzmatyňyz ýadymyzdan çykmaz. Biz siziň islegiňiz bilen razylaşýas – diýdi.

Şol günüň özünde amatly wagty saýlap, kazy bize sessiz-üýnsüz nika gyýdy. Şunça hesret-güzaplardan soň, ahyry Hudaýyň özi meni ýürek arzuwymyň berjaý bolan gününe ýetirdi! Emma öňler ýüregimde ykbalymy şu perimiň durmuşyna birleşdirmek isleginiň ýer edişi ýaly, indi öz gözüm bilen gören şol täsin işlerimiň anygyna ýetmek meniň küýüme düşdi. Men şu wagta çenli öz perimiň hem-de bölejik kagyzy görüp, maňa şonça haltajyk altyn berip goýberen şol görmegeý hebeşiniň kimdigini hem bilmeýärdim. Onsoňam şol gyssagly ikiarada patyşalara mynasyp meýlis üçin hemme zat nädip taýýar bolup bildi? Näme üçin şol meýlisde meniň günäsiz myhmanym bilen söýgülisiniň başy kesildi? Meniň wepaly hem-de boýun sunup gezmegime

garamazdan, perimiň maňa gazaplanmagy, indem birden meni beýle derejä çykarmagy nämedenkä? Men perimi çaksyz söýsemem, şu ikirjiňlemeler sebäpli, toý edilenden soňam, bütin bir hepdeläp söýgi lezzetine berlip bilmedim. Gijelerine bir ýorganda ýatsagam, men oňa ärlik edip bilmedim.

Bir gün ir bilen men suwa düşmek isläp, hyzmatkär aýallaryň birine suw gyzdyrmagy buýurdym. Hanym ýylgyrdy-da:

– Gyzgyn suw nämäňe gerek? – diýip sorady.

Perimiň meniň özümi alyp barşymdan närazy bolýandygyny men öňräjik aňsam hem sesimi çykarmadym.

Ahyry ol bir gün:

– Siz nähili täsin adam ekeniňiz: bir görseň gyzmaç, bir görseň parhsyz. Ýeri, siziň bu bolşuňyza näme diýip aýtmak bor? Eger-de siziň erkeklige gaýratyňyz bolmasa, maňa öýlenjek bolup, manysyz çabalanyp nätjekdiňiz? – diýdi.

Men birjik-de ikirjiňlenmän:

– Eý, meniň söýgülim! Adalatlyrak boluň. Her bir adam öz gep-gürrüňinde adalatlylykdan boýun gaçyrmaly däldir – diýdim.

– Saňa indi nähili adalatlylyk gerek? Men edip biljek adalatlylygymy bireýýäm etmedimmi näme? – diýip, perim menden sorady.

– Dogrudanam, meniň iň uly arzuwym wysal boldy. Ýöne meniň ýüregimde her hili şübheler höküm sürýär. Ünjüli adamyň bolsa göwni ynjalanok. Şonuň üçinem ol bar zada ukypsyz bolup, adatdaky adamlara asla meňzemeýär. Meniň ýüregimi şatlykdan dolduran toýy edenimizden soň, akyl-huşuma sygmaýan, ýeke özümiň aslyna ýetip bilmejek ençe zatlarymy sizden soraryn diýip, öz-özüme söz beripdim. Siziň merhemetli diliňizden şol zatlaryň gürrüňini eşidenimde, meniň göwnüme ynjalyk aralaşar.

– Ah, asyl şeýle diýseňiz-le! – diýip, peri gaşlaryny çytdy. – Siz meniň aýdanymy eýýäm ýadyňyzdan çykardyňyzmy? Ýatlaň onda! Meniň işime hiç wagt garyşmaň hem-de hiç zat barada soramaň diýip, men size näçe gezek aýtdym. Dessura gelşiksiz beýle edepsizligi etmek size nämä gerek boldy? – diýdi.

– Siz meniň beýleki gödeksi işlerimi bagyşladyňyz, muny hem bagyşlarsyňyz – diýip, men güldüm.

Jenan gözüni gazap bilen alardyp, tüweleý ýaly gahar-gazaba mündi-de:

– Görýän weli, sen tumşugyňy gaty ýokary tutýaň! Bar, öz işiň bilen bol! Bu zatlary bilmekden saňa haýyr ýok! – diýip gygyrdy.

– Dünýäde başga birine öz ýalaňaç teniňi görkezmekden beter aýyp zat ýok – diýip, men oňa jogap berdim. – Emma biz bolsa birek-biregi gowy tanaýarys ahyryn. Indi siziň ýüregiňiz şoňa razy bolandan soň, başga nähili syr bolup biler?

Ol biraz pikir edip:

– Bu aýdýanyň dogry. Ýöne öz syrymy açsam, ullakan betbagtçylygyň boljagyny men öňünden syzýaryn – diýdi.

– Men, näme, şindi hem siziň ynamyňyza laýyk dälmi? Siz öz başyňyza düşen zatlary çekinmän maňa aýdyp bilersiňiz, men olary ýüregimiň jümmüşinde gizlärin, siziň ol syryňyzy ömür boýy agzymdan çykarman gezerin. Arkaýyn boluň, menden başga biljek adam bolmaz – diýdim.

Syryny açman, menden gulagynyň dynmajagyny aňansoň, ol alaçsyz aýtmaly boldy:

– Meniň işlerimiň üstüniň açylmagy köp azar ýetirer, ondada nätjek, sen gaty özelendiň. Men seniň köşeşmegiňi isleýän, onuň üçin hem öz başymdan geçirinimi gürrüň bereýin. Ýöne sen ony hiç ýerde agzyňdan çykarmaly dälsiň.

Ol bu hakda dilimi ýarmazlygymy sargap-sargap, gürrüň bermäge başlady:

– Men şumbagt. Dimaşk ýurdunyň patyşasynyň gyzydyryn. Meniň atam soltanlaryň soltanydy, menden başga onuň perzendide ýokdy. Men dünýä inen günümden bäri ene-atamyň mähirli aladasy bilen läliksiredilip terbiýelendim. Birneme göze görnüp ugranymda bolsa, mende gelşikli hem görmegeý ýüzlere bolan höwes döredi. Şonuň üçin meniň ýanyma jora edip döwletli maşgalalarda önen, misli periler ýaly zyba gyzlary berdiler. Meniň bilen ýaşytdaş iň gowy gyrnaklar, kenizler bolsa hyzmatymy etdiler. Men hemişe tansy gowy görýärdim, aýdym diňläp, lezzet tapýardym, dünýäniň aladasy bilen meniň işim bolmazdy. Özümiň şeýle aladasyz ýaşaýşym üçin Hudaýa müňde bir şükür ederdim.



Emma birden meniň häsiýetim öz-özünden üýtgäp gitdi. Meni hiç bir zat gyzyklandyrmady, her hili jemagatly ýygnanyşyklaram meni şatlandyryp bilmedi. Göýä diýersiň, garahassalyga uçran ýaly boldum. Ýüregim bozulyp, gam laýyna batdy, gözüme mähirli görünýän zat ýok, hiç bir adam bilen gepleşesim gelmedi. Meni bu ýagdaýda gören enekelerdir kenizler näderini bilmän aljyraňňylyga düşdüler. Meniň bu gamgynlygymy hemişe maňa wepaly bolan agta hem aňdy. Sen ol agtany tanaýarsyň, men köp wagt bäri ondan hiç zat gizlemän, öz syrlarymy aýdýaryn. Ana, şol agta maňa:

– Eger-de, şazada gyz, siz «arzuw ýapragy» diýen ösümligiň ýapragynyň suwuny içmegi merhemet etseňiz, janyňyz gutular, size ýene-de öňki şady-horramlygyňyz gaýdyp geler – diýip teklip etdi.

Onuň maslahaty meniň göwnüme ýakany üçin, men oňa çaltrak şol içgini getirmegi buýurdym. Agta gitdi-de, iş edinip, bir golçajyk içgi ýasady. Ony buzuň üstünde goýup sowadansoň, golçajygy bir oglanyň eline berdi-de, ol ikisi meniň ýanyma geldi. Men ol içgini içip, agtanyň aýdanlarynyň hakykata öwrülýändigini duýup ugradym. Munuň üçin men oňa birkemsiz bezegli halat serpaý ýapdym, hemişe şol bir wagtyň özünde şonuň ýaly içgini getirip bermekligini buýurdym. Ana, onsoň şol günden bäri agta bilen oglan ikisi maňa günde bir golçajyk içgi getirdi, menem içdim. Serhoşlyk başymy çalaja sämedip ugran wagtlary, men ol ýetginjek oglan bilen degşip, onuň bilen güýmeň-süýmeň edip, ýüregime teselli berýärdim. Ol dura-bara öwrenişip, ýakymly süýji sözler tapyp, täsin taryhlary gürrüň bermäge başlady. Käte-käte bolsa ah çekip aglaberdim. Özem görmegeýdi – görmäge göz gerekdi. Meniň göwnüm oňa biygtyýar meýil etdi. Halanym üçin ýa-da ýöne meni güýmäni üçin, men bu oglana günde bir zat sowgat berýärdim. Emma bu betbagt oglan bolsa meniň ýanyma şol öňki garagäz, ýyrtyk geýimi bilen gelýärdi.

Bir gün men ondan:

– Sen menden şunça zat alsaň hem, geýim-gejimiňi täzeläňok-la. Bu nä boluş? Sen ol pullary nämä harçlaýaň, ýa sen olary basyp goýýamyň? – diýip soradym.

Oglan meniň sözlerimi eşidip, özüniň aladasyny edýändigimi aňdy-da, gözlerine ýaş aýlap:

Siziň guluňyza berýän hemme zadyňyzy meniň elimden halypam alýar. Maňa bolsa gara köpük hem berenok. Siziň ýanyňyza geýip geler ýaly täze geýimi men nireden alaýyn? Men günäkär däl ahyry. Meniň edip biljek alajym ýok – diýdi.

Munuň görýän görgüsini eşidenimde, meniň oglana ýüregim awady. Men şol sagadyň özünde bu oglany özüne şägirt edip almaklygy hem-de oňa gowy geýim tikip bermegi agta buýurdym. Deň-duşlary bilen biderek ylgaşyp ýörmän, meniň göwnümi açyp durar ýaly, oňa patyşalaryň hyzmatlaryna laýyk gowy gylyklary öwredip, menden daşlaşdyrmazlygyny tabşyrdym. Agta diýlişi ýaly hemmesini ýerine ýetirip, oglany gowy bakyp ugrady. Dynçlykdyr gowy iýmit köp wagt geçmänkä oglana täsir edip ugrady. Onuň sypaty tanalmaz ýaly üýtgedi. Men öz duýgularymy saklamaga şunça erk etjek bolsamam, bu içiňden-bagryňdan geçip barýan ýetginjegiň keşbi meniň kalbyma şeýle bir çuň ornaşyp, ygtyýarymy öz erkine aldy welin, men ony ýüregime salyp götermäge kaýyl bolup, ondan gözümi sähelçe-de aýryp bilmeýärdim.

Ahyryn men ony öz ýanyma hyzmatkär edip alyp, iň gymmatbaha daşlar bilen bezelen halatlary geýdirdim, hemişe oňa seredip, hezillik tapdym. Şol oglan hemişe golaýymda bolany üçin, meniň görejime bagt şuglasy çaýylyp, ýüregimden gamgynlyk dagy aýryldy gitdi. Men sagatsaýyn onuň pikirini edýärdim, ahyrsoňy şeýlebir derejä ýetdim weli, ol oglan bir zerur iş bilen ýanymdan aýrylsa-da, görüşmäge howlugyp, kararym ýetmedi durdy.

Birnäçe ýyldan ol ýigit çykdy. Onuň murty tabap, bedeni berkeşdi. Köşk adamlary onuň gürrüňini edip ugradylar. Derwezebanlar, hyzmatkärler, garawullar ony köşge goýbermän ugradylar. Soňra onuň düýpden gelmesi kesildi. Men bolsa onsuz janyma rahat tapman, her sagadymy agyr gussa bilen geçirdim. Men öz ýagdaýymyň umytsyzdygyna düşünenimde bolsa, öz başyma musallat inen ýaly boldy. Men öz ýagdaýymy duýduryp

hem bilmeýärdim, ol ýigitsiz ýaşamaga hem ejizdim. Eý, Hudaý! Men şondan başga näme edip biljekdim. Meniň çekýän hesretimi dil bilen aýdar ýaly däldi. Men näderimi bilmän, ýanyma wepaly agtany çagyrdym-da, şeýle diýdim:

– Meniň şol ýigidimiň aladasyny edesim gelýär. Häzirki ýagdaýda oňa müň tylla berip, bazaryň adamlyrak ýerinden zer dükanyny gurup berenden gowusy bolmaz. Söwdadan geljek girdeji bilen ol arkaýyn ýaşap biljek. Meniň köşgümiň golaýyndan bolsa hiç bir zatdan kemi bolmaz ýaly oňa ýaşamak üçin jaý salyp başlaň, geregiçe gul-gyrnak satyn alyp, oňat hyzmatkärler tutup beriň.

Agta edil aýdylyşy ýaly hemmesini ýerine ýetirdi. Ol, ýigide ýaşamak, zergärlik hem söwda üçin gerek şaýlaryň hemmesini taýýar edip berdi. Tiz wagtdan ol ýaş zergäriň dükany beýleki dükanlaryň arasynda şeýlebir şöhratlandy weli, şanyň köşgüne ýa-da emirlere bezegli halatlar, ýaldyrawuk daşlardan edilen gymmatbaha şaýlar gerek bolanda, ony diňe şondan alýardylar. Ýuwaş-ýuwaşdan onuň söwda işleri giňelip, tizden bu dükanda daşary ýurtlardan getirilen islän geň zatlaryňy hem tapmak mümkin boldy. Şäheriň beýleki zergärleriniň işi bolsa pese düşdi. Garaz, şäherde onuň bilen hiç bir zergär bäsleşip bilenokdy, asyl başga ýurtlarda hem onuň taýy ýokdy.

Onuň rowaçlanyp, öz işlerinde ýüz-müňlerçe rupiýa gazanýan wagtynda meniň saglydym aýralyk sebäpli gün-günden erbetleşýärdi. Men onuň bilen duşuşyp, ýüregimi köşeşdirmegiň täsirini oýlap tapyp bilmeýärdim. Ahyry men tejribeli agta ýüz tutup, kömek sorap:

– Ol ýigidiň öýünden başlap tä köşge çenli ýeriň astyndan ýol gazdyrmagy buýur. Men ony hiç bolmanda sähelçe salymlyk görmegiň mundan başga tärini tapamok, ýüregim bolsa indi takat edenok – diýdim.

Meniň bu buýrugy berenimden soň birnäçe gün geçip-geçmänkä, ýerasty ýol taýýar boldy we her gün garaňky gatlyşdygy, agta meniň ýanyma ol ýigidi getirýärdi. Bütin gijeleri şerapdyr nygmat başynda şady-horramlyk bilen geçirýärdik. Onuň bilen

duşuşyp durmaklyk maňa ynjalyk berýärdi, ol bolsa meniň didaryma bakyp doýup bilenokdy. Daň ýyldyzy görnüp, azançy azan aýdyp namaza çagyranda bolsa, agta ol ýigidi getiren ýoly bilen yzyna äkidýärdi. Üç adamdan: agta hem-de meni ideden iki enekeden başga hiç kimiň bu işden habary ýokdy.

Şeýdip birnäçe gün geçdi. Ine, onsoň günleriň bir güni agtanyň hemişekisi ýaly ol ýigidiň yzyndan gidendigi şu günki dek ýadymda. Baryp görse, ýigit bir zadyň pikirini edip, tukat bolup otyrmyş. Agta oňa:

– Ýeri, aman-saglykmydyr? Ne beýle tukat görünýärsiň? Ýörüň, sizi hanym çagyrýar – diýipdir.

Ol bolsa agzyny hem ýarmandyr.

Agta täk geldi-de, ýigidiň hal-ahwalyny habar berdi. Rast şonda-da söýgini ýüregimden çykaryp kowup bilmedik bolsam, kalbymy jyn eýelän bolmaga çemeli. Eger-de meniň bu ähtiýalana bolan söýgimiň ahyrynda maňa ysnat, biabraýlyk getirjegini şol wagt bilen bolsam, şo sagadyň özünde ondan umydymy üzüp, ýüz döndererdim, onuň adyny ömürbaky unudardym we ýüregimden hemişelik zyňyp taşlardym. Ýöne başgaça bolup duruberdi. Onuň beýle gabahat niýetleri bardyr öýtmeýärdim. Şol günki gelmezligine bolsa söýgi näzi diýip düşündim. Netijede senem bu taryha duýdansyz gatyşdyň duruberdiň. Ýogsa bu wagt men, gör, nirede bolardym, gör, sen nirede bolardyň. Bolýar-da, bolany boldy.

Ine, onsoň ol eşegiň kesirligine artyk üns bermän, ýene-de onuň ýanyna agtany iberdim-de, şu sözleri aýtmagy buýurdym: «Eger şu sagadyň özünde gelmeseň, men özüm her edip, hesip edip ýanyňa barjak bolsam, onda biziň bu gizlin syrymyzyň üsti açylmak howpy bar. Syrymyzyň üsti açylsa bolsa, seniň üçin eýgilik bolmajagy açykdyr. Işiň soňuny biabraýlyga eltmejek bolsaň, gowusy, özüň tizräk gel, bilip goý, ýogsa-da özüm barýan». Ýigit bu habary eşidip hem-de meniň köşeşmejek hyjuwyma gözi ýetensoň, ýaranjaň gysmyljyramadyr haýýarlyk bilen ýanyma geldi.

Ol meniň gapdalymda oturanda:

– Sen näme diýip bu gün wagtynda gelmediň, nämeden nägile bolýarsyň? Sen mundan öň beýle bihaýa geleňsizlik etmeýärdiň, ikinji gezek adam ibertmän gelýärdiň – diýdim.

Ol:

– Men garyp biçäre siziň meni alada edinip, hossarlyk etmegiňiziň arkasyndan şeýle uly mertebä ýetdim, munuň ýaly eşretli durmuşa eýe boldum. Men hemişe siziň saglygyňyzy hem-de döwletiňiziň egsilmezligini dileýärin. Men siziň rehimdarlygyňyza ýazykly hem günäkär boldum. Siz meni bagyşlarsyňyz diýip umyt edýän – diýdi.

Men ol ýigidi tüýs ýürekden söýýärdim. Şol sebäpli men onuň jögi sözlerine ynanyp, gepiniň ýalanmy-çynlygyna üns hem bermändirin. Gaýta mylaýymlyk bilen:

– Sen nämeden kynçylyk çekýärsiň? Sen näme üçin beýle gamgyn? Aýt, seniň bu çekýän gamyňdan halas bolmagyň üçin bir zat oýlap taparys – diýdi.

Ol öňki tabynlygy bilen:

Meniň ýekelikde çekýän kynçylygym sizi gören badyma ýeňläp gidýär – diýdi.

Ýigidiň ondan soň aýdan sözleriniň mazmuny şeýledi: onuň jaýynyň golaýynda, edil şäheriň merkezinde beýik jaýly, howuzly, kölli hem-de daşdan örülen guýuly tapylgysyz owadan bir çarbag satylýarmyş. Çarbagyň ýany bilen hem saz sungatynda deňi-taýy bolmadyk bir aýdymçy gyrnak berilýärmiş. Bagyň ýeke özüni aýratyn satyn almak bolmaýar. Olaryň ikisi boýny pişikli düýe[1] ýaly bile satylýar. Kim bu bagy satyn aljak bolsa, gyzyň hakynam tölemelimiş. Hileli ýerem, çarbagyň bahasy ýüz müň rupiýamyş-da, gyrnagyň bahasy bäş ýüz müňmüş. Munça puly bolsa ýigidiň nagt tapyp bilmejegi belli zat.

---

[1] *Boýny pişikli düýe* – Gündogarda giňden ýaýran anekdot bolup, şonda bir arap ýitiren düýesini tapman, ondan el üzüpdir-de, şol düýe tapylaýsa, ony bir dinara satjak diýipdir. Şondan soň basym ýiten düýe tapylyp, eýesi ony diýen ýerine satmaly bolanda, ol düýäniň boýnuna bir pişigi daňypdyr-da: «Düýäň bahasy bir dinar, pişigiň bahasy bolsa müň dinar. Olary bir-birinden aýry satjak däl» diýip mekirlik edipdir.

Men ýigidiň şol bagy satyn almagyň tüýs kül-külüne düşenini aňdym. Şol bag diýip, onuň göwni ynjalmaýardy. Ol meniň garşymda oturan hem bolsa, onuň ýüz keşbi tukatdy. Men bolsa ony her sagat, her pursat bagtly, şadyýan görmek isleýärdim. Onuň üçin hem men derrew agtany çagyryp, şa hazynasyndan altyn alyp, ertire çenli çarbagdyr gyrnagyň söwdasyny edip, olaryň ikisine hem eýelik etmegiň hatyny ýigide gowşurmagy buýurdym. Ýigit meniň buýrugymy eşiden badyna, maňa alkyş baryny ýagdyryp ugrady hem-de onuň şol bada gamly ýüzi açyldy. Biz bütin gijäni hemişekimiz ýaly şady-horramlykda geçirdik. Daňdanlar bolsa ol ýene gitdi. Agta çarbagy hem, gyrnagy hem satyn alyp berdi, ýigit hem hemişekisi ýaly her gije ýanyma geldi durdy.

Baharyň ajaýyp bir günüdi. Asmanda bulutlar haýalja ýüzýärdi, ýagyş çisňäp, käýerde ýyldyrym çakýardy, käte bolsa mylaýym şemal öwüsýärdi. Birden meniň gözüm dürli-dürli reňkli çüýşejikli hem-de golçaly tekjä düşdi-de, bir owurt şerap içesim geldi. Iki-üç bulgur şerap içenimden soň, meniň ýadyma ýaňy-ýakynda satyn alnan çarbag düşdi. Meniň şol bagda şeýle bir gezim edesim geldi. Bagtyň ýatsa, düýäniň üstünde it ýarar diýipdirler.

Ine, men bir gaýgy-gamsyz, diňe bir enekäm ikimiz ýerasty ýol bilen ýigidiň öýüne gitdim-de, ol ýerden hem şol baga bardym. Görsem, dogrudan hem, çarbag edil jennetiň bagy ýaly. Agaçlaryň ýaşyl ýapraklaryndaky ýagyş damjalary, zümerret jama salnan ýakut ýaly ýalpyldaýar. Ajaýyp güller agşam şapagy ýaly bolup şöhle çaýýar-da, buludyň ýüzüne düşüp, al öwüsýär, pürepür dolup duran howuzlaryň durnagöz dury suwunda bolsa owunjak tolkunlar oýnaýardy. Men Gün ýaşyp, garaňky gatlyşýança, bagyň içinde gezim etdim. Ine, baga bürenip oturan ýoljagazlaryň birinde meniň ýigidim göründi. Ol meni göreninden, alçaklyk hem güler ýüz bilen maňa tarap okduryldy-da, golumdan tutup, öýüne alyp gitdi. Men jaýyň içine girenimde, daşynda gören zatlarymyň ählisini unutdym. Öýüň içi gündizlikden hem ýagtydy: nirä baksaň fonarjyklar, ýagty şamçyraglar, şemdanlar,

hytaý fonarlary, äpet şemdar panuslar ýylpyldaýardy. «Şab-e--barat»[1] baýramyny köçeleriň, jaýlaryň hem-de Aýyň ýagtysy bilen ýadyňa salanyňda hem munuň ýanynda garaňkylykdy. Bir ýerde ot altyn gyryndysy dek syçrasa, başga bir ýerde wazyrdap hem uçgun bolup syçraýardy: käte çarh ýaly aýlansa, käte hem gülälek ýaly açylýardy, kämahal lagyl ýaly uçgunlap, Aýyň kümüş şöhlesi dek ýalpyldaýardy.

Edil şu wagt Aý buludy ýaryp, daraýy geýimli gözel dek, gülüp göründi. Şeýlebir gözellikdi! Aý şöhlesini açan badyna, ýigit meniň ýokaryk çykyp, eýwanda oturmagymy teklip etdi. Men şeýlebir akmak bolup, ol deýýusyň hemme gepine ynanýardym. Indi ol meni minara eltmegi ýüregine düwen eken. Minara şeýle bir ýokardady welin, şäheriň ähli jaýlary, bazaryň ýşyklary onuň edil düýbünde ýatan ýalydy.

Men onuň boýnundan golumy geçirip, bagt kölünde ýüzüp otyrdym. Şol wagt eli şerap çüýşeli, ýigrenji, bedroý hem-de edil şu wagt peçden çykyp gelen ýaly şar gara aýal geldi. Onuň bu ýere gelmegi maňa asla ýaramady, betnyşan sypaty bolsa, aňrymy bärime getirdi.

– Bu ne bela? Sen muny nireden tapdyň? – diýip, men tolgunyp soradym.

– Bu siziň merhemetiňiz bilen çarbagyň ýanyna goşulyp satyn alnan şol gyrnakdyr – diýip, ýigit gol gowşuryp jogap berdi.

Men bir ýerden bu samsygyň ony heziller edip garşy alandygyna, ýüreginiň näzik duýgularynda oňa meýliniň bardygyna hem düşündim. Beýle ýagdaýa gamlanyp, sesimi çykarmadym. Ýüregim bada-bat çuň iňkise gidip, düýpden keýpim bozuldy. Bu bihaýa ýigit bolsa, gaýta ol ýakymsyzy ýanymyzda sakçy edip goýdy. Meniň ýüregime gan öýlüp, men garga bilen bir kapasa salnan totuguş ýaly boldum. Gideýin diýsem goýberenoklar, oturmaga-da takadym galmady.

Bu hebeşi aýalynyň getiren şeraby şeýlebir güýçlüdi welin, ol adamyny däliredip hem biljekdi. Ýigit şerapdan yzly-yzyna

---

[1] *«Şab-e-barat»* – musulmanlaryň Rejep aýynda şamanot geçirýän baýramy.

birnäçe jamy içensoň, onuň tagallasy bilen men hem ol awudan ýarty bulgur içmeli boldum. Soňabaka ol uýatsyz wejera aýal serhoş bolup, bu deýýus bilen her hili bihaýalyk edip ugrady. Ol haramzada ýigit hem serhoşlykdan wyždanyny ýitirip, her hili nejisliklere ýüz urdy.

Şol wagt ýer ýarylmady, men girip bilmedim, şonda-da men samsyk ony söýenligim üçin, sesimi çykarmadym. Ýöne ol tüýs zandyýaman nejis bolsa meniň geçirimliligime düşünmedi. Ol sämän başyna erk edip bilmän, ýene-de iki jam şeraby başyna çekdi-de, zyrrajym däli boldy duruberdi. Maňa daga hormat goýmaklyk başyndan uçup gitdi. Ýigit özüni hujuw bilen bu arwahyň göwsüniň üstüne oklady, ol hem ony başardygyndan mähribansyrap garşy aldy. Şeýdip olar edil meniň gözümiň öňünde gujaklaşyp öpüşdiler. Ne ähtiýalanda äht galdy, ne-de bihaýada haýa, şeýdip bular ýüreklerinde bar zatlaryny ýüze çykardylar. Men özümi hetden çykyp, agzyna gelen zady samrap, aýdyma gygyrýan adama meňzedýärdim. Öz-özüme gargynyp: «Ýeri, seniň bu ýerde görüň gazylypdymy? Muňa-da, heý, çydam edip bolarmy?» diýip pikir edýärdim. Ol jaýyň diwarlary meni gysyp--gowrup barýan ýalydy, özüm hem köz üstünde oturan ýalydym. Men gahar-gazaba münüp, özümiň bu ýerde geregimiň ýokdugyna düşündim-de, ýerimden turup gitjek boldum.

Emma bu şeraphor üstüne betbagtçylyk abanýandygyny aňdy. Ol «Şa gyz bu gün gazaba münen bolsa, onda, gör, ertir meniň başyma näme düşer? Daň atsa, gör, nähili tupan turar. Beýle bolsa, ony şu wagt ýok edenim gowy» diýip pikir etdimikä diýýän. Öz ýoldan çykany bilen maslahatlaşdy-da, ýüregini bire baglap, meniň aýagyma ýykyldy. Başyndan sellesini aýryp, gözýaş edip, bagyşlamagymy sorady. Wah, meniň ýüregim onuň ýesiri ahyryn, şonuň üçin hem ol meni degirmeniň daşy ýaly, islän ugruna aýlap bilýärdi. Ol eýdip-beýdip, meni yrdy-da, ýene ýerimde oturtdy. Şol güýçli şerapdan jamlary doldurdy-da, özi hem içdi, maňa hem içirdi. Meniň onsuz hem ganym gyzyp oturan halyma, bu şerap meni bada-bat serhoş etdi, akyl-huşdan aýyrdy. Bu daşýürek rehimsiz dönük bolsa, gylyjy aýlap saldy-da, öldürdim hasap etdi. Men bolsa şonda-da gözümi açyp:

– Bolýar, men-ä almytymy aldym, ýöne senem şu nähak dökülen ganyň hunundan seresap bol. Rehimsiz ar almakdan ägä bol. Indi boljak iş boldy. Ýere dökülen gany ýuw-da, syry hiç kime aýtma. Men saňa soňky demime çenli ynanýardym – diýip pyşyrdadym.

Şondan soň men ony Hudaýa tabşyrdym, meniň hem janym güm bolana döndi. Men hiç bir zat duýmadym. Ol jellat meni öldi hasaplap, sandyga salyp, galanyň diwaryndan sallan bolmaga çemeli. Ony bolsa özüň gördüň. Meniň hiç kime ýamanlygym ýokdy, elbetde, maňlaýyma ýazylan şeýledir-dä, takdyra ýazylany bolsa bozup bolmaýar. Men çeken azabym üçin özüm günäkär: eger görk-görmegeýlige gyzmadyk bolsam, ol nejis boýnuma towky bolmazdy.

Seni meniň halasgärim edip, dadyma ýetişmek üçin Hudaýyň özi iberäýipdir. Men mundan beýläk nädip ýaşajagymy, neneň iliň gözüne görünjegimi bilmän gaty utanýardym. Ýeri, ýeke özümiň bitirjek işim barmydy? Adamzadyň amanady öz erkinde däl: Taňry meni bir öldürip, ýene kysmatyndakyny görsün diýip jan berdi. Meniň şeýle agyr ýaralardan sag-aman gutulmagyma seniň alada-yhlasyň ýardam eden bolmaga çemeli. Sen meniň üçin özüňden hem, malyňdan hem geçip, eliňde baryny aýamadyň. Şol günler men seniň pulsuz galyp, nätjegiňi bilmeýändigiňi aňyp, öz hazynaçym Seýdi Baharyň adyna hat ýazyp, saňa beripdim. Men şol hatda pylan ýerde sag-aman gezip ýörün diýip ýazdym hem-de men maňlaýygara hakda käbäm eneme habar bermegini soradym. Hazynaçy hem bize sowar ýaly seniň ýanyň bilen şol pully haltajyklary iberipdi. Men seni halatdyr gymmatbaha zatlary almak üçin söwdagär ogly Ýusubyň dükanyna iberen wagtym, ol müýnli işigaýdan her bir göreni bilen tanyşjak bolar-da, seniň ýat ýurtdan gelendigiňi bilip, dost bolmak üçin myhmançylyga çagyrar diýip güman etdim. Men öz çaklamamda ýalňyşmadym, ol, dogrudan-da, meniň güman edişim ýaly etdi. Sen onuňka söz berip, meniň ýanyma geleniňde, onuň seni tutanýerlilik bilen myhmançylyga çagyryşyny gürrüň bereniňde bolsa, men öz içimden begendim. Eger sen onuň öýünden iýip-içseň, onuň öwezine senem ony ça-

gyrmaly bolarsyň, ol bolsa böküp geler diýip pikir etdim. Şonuň üçinem men seni bada-bat goýberdim. Sen myhmançylykdan üç gün geçensoň gaýdyp geleniňde, menden ötünç soradyň. Şonda seni köşeşdirmek üçin:

– Aýby ýok. Sen myhmançylykdan ol ýigit jogap berensoň gaýdypsyň ahyryn. Ýöne adamynyň hödür-hormatyny hödür-hormat bilen gaýtarmalysyň. Bar, indi sen ony bize çagyr-da, myhmançylyga alyp gel – diýdim.

Sen onuň ýanyna ugran badyňa, myhman kabul edere hiç zadymyzyň ýokdugyny gördüm. Ýeri, ol gelse nätjek diýsene! Bolsa-da bir çykalga tapyldy. Biziň ýurdumyzyň patyşalarynyň köneden gelýän bir däbi bar. Olar her dürli işleri ýola salmak üçin, her ýylyň sekiz aýyny bir welaýatdan beýleki welaýata göçüp, merkezden özge ýerde geçirýärler. Güýzüň dört aýyny bolsa, tagtda oturyp geçirýärler. Edil şol wagt meniň asylly atamyň öz raýatlaryny barlamaga, hemme ýerde tertip-düzgüni ýola goýmaga ugranyna birnäçe aý bolupdy. Sen ol ýigidiň ýanyna gidip gelýänçäň, Seýdi Bahar şanyň aýalyna, ýagny ejeme ýagdaýym hakda habar berdi. Soňra bolsa uslypsyz işim üçin, utançdan ýaňa iki bükülip, ejemiň gaşyna bardym-da, öz başymdan geçirenlerimi bolşy ýaly aýdyp berdim. Ene söýgüsi hem-de seresaplylygy meni gizlemäge ony mejbur etdi. Ol «Nämäniň näme boljagyny Hudaý bilýär. Onuň üçin bu wagt beýle masgaraçylygyň üstüni açmaklygyň geregi ýok» diýip pikir edýärdi hem-de öz ýanyndan meni däl-de, meniň eden etmişimi gizleýärdi. Ejem meniň hal-ýagdaýymy görüp, başymdan geçiren wakalarymy eşideninde gözlerini ýaşdan dolduryp, şeýle diýdi:

– Ah, dogman geçeniň gyzy, döremedik bolsaň bolmaýamy! Sen göz-görtele patyşa neslimiziň adyna ysnat getirensiň. Taňry gargan! Özüň başyňy iýip gitseň bolmaýarmy?! Seni dogranymdan bir gara daş dogran bolsam gowy bolardy! Indi bir toba et-de, päliňden gaýt, kysmatyňa kaýyl bol, boljak zat bolupdyr. Ýeri, indi sen ölermiň, ýitermiň.

Men utanyp-utanyp:

– Elbetde, men uýatsyzyň kysmatyna ýazylan şu betbagtçylyklary çekip, namys-uýatdan düşenden, ölmeklik gowy bolardy.

Ýöne meniň maňlaýyma masgaraçylygyň tagmasy basylan hem bolsa, men atam-enemiň namysyna ysnat getirerçe hiç zat eden däldirin. Ýöne meniň üçin hemmesinden erbedi – ol ikisi hem meniň elimden sag-aman sypdylar. Olar bir-biri bilen şöwür çekýärkä, men bolsa olar sebäpli şunça betbagtçylygy başymdan geçirmeli boldum. Ýeke özüm olara hiç kär edip bilmezmikäm diýýän, şol sebäpdenem siz maňa kömek berermikäňiz diýip umyt edýärin. Meniň öýümde keýp çeker ýaly, hemme zady taýýar etmekligi köşk hyzmatkärleriňize buýursaňyz, men ol iki deýýusy myhman çagyryp, ähli eden etmişlerini çykardym. Onuň edil maňa el göterip, parçalaýşy ýaly, menem olary dogram-dogram ederdim. Belki, şondan soň meniň ýüregim biraz köşeşerdi. Ýogsa men gahar-gazapdan ýaňa ýanyp, bir goşawuçjyk kül bolmaga-da taýýar – diýdim.

Meniň gürrüňim enemiň ýüregini gam-gussadan doldurdy. Onuň maňa rehimi inip, günämi geçdi-de, şol wepaly agtadan şagalaň üçin gerek zatlaryň hemmesini berip goýberende, biziň herimiz öz işimiz bilen gümra bolduk. Agşam çagy sen ol kazasy dolany alyp geldiň, meniň bolsa onuň ýoldan çykan gyrnagynam ele salasym gelýärdi. Onuň üçinem seni ýene-de azara goýup, ol gyrnagy çagyrmagy buýurdym. Ol gelen badyna meýlis başlanyp, adamlar içip-içip beýhuş boldy, sen hem olara goşulyşyp, özüňi bilmän ýatyr ekeniň. Men daşymy gorap ýören galmyk aýaly çagyrdym-da, olaryň ikisini hem çapmagy buýurdym. Ol şol bada gylyjyny çykardy-da, ikisiniň hem kellesini kesdi. Olaryň läşi gara gana bulaşyp gitdi. Saňa bolsa gaharym geldi, sebäbi men saňa bary-ýogy iki gün tanaýan adamlaryň bilen serhoş boluşmagy däl-de, diňe meýlis guramagy buýruk beripdim. Seniň ýeňilkelleligiň, elbetde, maňa ýaramady. Sen özüňden gidýänçäň içeňsoň, senden ýoldaşlyk kömegine garaşmak mümkinmidi? Ýöne öňki bitiren işleriň üçin men seniň öňüňde borçludym, şol sebäpdenem seniň günäňi geçmäge mejbur boldum.

Ine, meniň başymdan geçen zatlaryň başdan-aýak gürrüňi şeýle. Belki, seniň ýüregiň ýene bir zat bilmek isleýändir?! Men seniň islegleriň hemmesini ýerine ýetirdim. Indi sen hem meň



bir diýenimi berjaý et! Ýagdaý şeýle, biziň mundan beýläk bu şäherde durarlygymyz ýok. Galanyny özüň bil.

Eý, Allanyň derwüşleri! Şu ýerde şa gyzy öz gürrüňlerini tamamlady.

Meniň üçin onuň buýruklary dünýe malyndan belentdi, sebäbi men yşk laýyna mazaly batypdym ahyryn. Men:

– Siziň merhemetliligiňiz nämäni islese, şonuň ýaly hem bolar. Men özümi size bagyş etdim, onuň üçin hem her bir sözüňizi gep-gürrüňsiz ýerine ýetirmäge taýyndyryn – diýdim.

Ol meniň sadyklyk bilen hyzmat etmäge taýyndygyma göz ýetirip, maňa:

– Şanyň hut öz atlarynyň içinden ýel bilen bäsleşip biljek iň ýyndam iki sany bedew aty getir-de, şaýyny tutup goý – diýdi.

Men iki sany iň owadan hem-de ýüwrük aty saýlap aldym-da, eýerläp getirmekligi buýurdym. Daň atmazynyň öň ýanynda şa gyzy erkek lybasyna girip, bilinden ýaraglaryny asyşdyrdy-da, bedew atlarynyň biriniň üstüne mündi, men hem ýaragymy dakynyp, atlanan badyma ýola rowana bolduk.

Biz sähere çenli bir kölüň gyrasyna baryp ýetdik. Howul-hara el-ýüzümizi ýuwup, gyssagara garbandyk-da, ýene ýola rowana bolduk. Käte-käte hanym şeýle gürrüňler edip ugrady.

– Men seniň üçin hemme zadymdan geçdim: baýlykdyr watandan, namys-ardyr uýatdan, ýöne senem meni şol ähtiýalan zalymyň edişi ýaly edäýmeseň ýagşydyr.

Ýoly gysgaltjak bolup, çendan-çendan oňa öz gezegimde her hili hekaýatlar aýdyp berýärdim.

– Patyşa gyzy! Adam dürli-dürli bolýar. Ol deýýus şeýle haýyn iş eden bolsa, onda onuň bir tebigy ýetmezçiligi bardyr. Men bolsa size jan-tenim bilen berlendirin. Siz maňa egsilmez bagt berdiňiz, indi men siziň ömürlik guluňyzdyryn. Eger siz meniň hamymdan köwüş tikdirip geýmek isleseňizem, men asla ah çekmerin.

Şeýdip, gürrüňleşip, gije diýmän, gündiz diýmän, şol gidip otyrys. Käwagt dynç almak, aw awlamak üçin düşleýäris. Biz şerigatyň kanunyna görä, uran awumyzy halallaýardyk, duz-

laýardyk-da, çakmak daşdan ot alyp, nahar taýýarlaýardyk. Garbanmaga oturanymyzda bolsa atlary otlamaga goýberýärdik. Olar ot-çöp iýip, garynlaryny galdyrýardylar.

Ahyry biz yns-jynssyz bir düzlük-çolalyga çykdyk. Emma şeýle-de bolsa, meniň her bir gije-gündizim şagalaňly toý ýalydy, sebäbi ýanymda hanym bardy. Az ýöräp, köp ýöräp, aňyrsyna göz ýetmeýän deňiz kenaryna ýetdik. Ony görenimden endamym dyglap gitdi. Kenarda durup, haýsy ýana baksak, bir bölejik gury ýerem görünmän, gözýetime çenli diňe suw ýaýlyp ýatyrdy. «Ýa Hudaý! Biz bu deňizden nädip geçerkäk?» diýip pikir etdim.

– Eger rugsat etseňiz, men bir kenara aýlanyp geleýin, hanym – diýip, men oňa ýüzlendim.

– Men gaty ýadadym hem ajykdym. Azajyk demimi dürseýänçäm, sen deňizden ýüzüp geçmegiň bir emelini tap – diýip, perim jogap berdi.

Golaýda bir injir agajy bardy, onuň pür-pudaklary şeýle-bir ýaýbaňdy welin, saýasynda bir müň atly ýagyşdyr jöwzadan penalanyp biljekdi. Men perimi kölegede ýerleşdirdim-de, deňizde ýa kenarda bir adam nyşanyny görmek arzuwy bilen daş-töweregime garanjaklap barýardym. Emma men her näçe gözlesemem, hiç bir zat tapmadym, keýpim gaçyp, yzyma gaýdyp gelemde bolsa, perimi agajyň aşagyndan tapmadym.

Men şol wagtky ýagdaýymy size nähili aýdaýyn?! Akyl-huşum başymdan uçup, sähnä döndüm. Birden agaja çykyp, onuň her şahajygyny, her ýapragyny sermäp görýän, birden hem ysgyndan düşüp, ellerimi açýan-da, gütläp ýere gaçýan, soň hem öwlüýä aýlanýan ýaly, onuň daşyndan pyrlanyp ugradym. Birden öňküden hem beter biçärelige sataşandygyma nalap, dady-perýat edip, möňňürip agladym. Birden bolsa maşrykdan-magrupa, ilerden-gaýrak okduryldym, garaz, her hili edip, gözläp gördüm, emma özümiň ol taýsyz dürdänämiň aýak yzyna-da gözüm düşmedi. Elimden hiç zadyň gelmejegini bilemsoň, başymdan gum sowrup, ol betbagt ýerden daşlaşyp ugradym.

Perini ýa bir jyn alyp gaçyp, meni beýle agyr hesrete salandyr, ýa-da has öňräkden biziň yzymyza biri düşendir-de, onuň

ýeke wagty ýanyna gelip, watanyňa dolan diýip yrandyr hem-de ony Şam ýurduna äkidendir. Hökman şol ikisinden biridir diýip pikir etdim. Ýüregimi dilip barýan gaýgydan ýaňa, egnimdäki geýimlerimi ýyrtym-ýyrtym edip, aç-ýalaňaç jahankeşdeler ýaly daň atandan iňrik garalýança ol ýurduň içinde sergezdan bolup gezdim, gijämi bolsa çem gelen ýerde ýatyp geçirdim. Şeýdip, men ýurdy gezip çykdym, emma öz perim hakynda hiç kimden ýekeje söz hem eşitmedim. Onuň gaýyp bolşy, ýene öňküsi ýaly meniň üçin näbelli bolup galdy. Men şeýle karara geldim: «Ýaryňdan derek tapmadyk bolsaň, ýaşamak nämä gerek».

Bir gün tokaýyň içinde ýalňyz oturan bir beýik gaýa gözüm düşdi. Men onuň üstünden özümi aşak goýberip, daşlara degip, çym-pytrak bolagada, bu dünýäden birbada dynmak üçin, oňa dyrmaşmagy ýüregime düwdüm. Öz pikirimi amala aşyrmak üçin, ýaňy bir aýagymy göterip ugranymda, kimdir biri meniň çignimden tutdy. Görsem, meniň öňümde ýaşyl donly bir atly dur. Ýüzüne bolsa perde tutupdyr. – Sen näme üçin özüňi öldürjek bolýaň? Allatagalanyň dergähinden näumyt bolmak Taňrynyň gudratyna ynanmazlykdyr. Demiň barka umytdan düşme. Ýakyn wagtda Rum ýurdunda edil özüň ýaly üç sany betbagt derwüş üýşjekdir. Olar hem seniň çeken derdiňi çekip, başyndan köp muşakgaty geçiren adamlar. Sen şolar bilen duşuşmaly. Ol ýurduň patyşasyna Azatbagt diýýändirler. Onuň hem öz derdi bardyr. Siz dördüňiziň ýanyňyza ol hem goşulsa, hemmäňiz sag-aman ýürek arzuwlaryňyza gowşarsyňyz – diýip, ol aýtdy.

Men onuň üzeňňisini maňlaýyma sylyp:

– Eý, hudanyň resuly! Siziň sözleriňiz meniň bozulan göwnüme aram berdi. Allanyň haky üçin maňa kimdigiňizi aýdyň. Öz asylly adyňyzy beýan ediň! – diýdim.

– Meniň adym Aly Mürteza, kärim hem derde uçranlaryň gamyny ýeňletmekdir – diýdi-de, ol gözden gaýyp boldy.

Ine, şeýdip, men ynsan dertlerine em edýän adamynyň köşeşdiriji sözlerinden aram tapyp, Konstantinopola ugradym. Ýol boýy nesibämde bar hupbatlary görüp hem-de şa gyzy bilen duşmagy ýüregimde besläp, Hudanyň şepagaty bilen şu ýere ge-

lip ýetdim-de, size duşup şat boldum. Biz sag-aman birek-birege duşuşdyk, gürrüňe gyzyşdyk, bu gowy zat. Indi bize Azatbagt patyşa bilen tanyşmaklyk gerek. Ana, şonda biziň bäşimiziň hem maksadymyz wysal bolsa gerek. Onuň üçin hem namaz okaň-da, «Şeýle bolaýadyr!» diýip dileg ediň.

Eý, derwüşler, ine, men ýüregi daglynyň size gürrüň berjek hekaýaty. Indi göreli bakaly, şa gyzyna duşup, meniň gam-gussamyň şady-horramlyga öwrüljek gününi haçan görerkäm?

Gapdalda gizlenip, ses-üýnüni çykarman, üns bilen gulak salyp oturan Azatbagt birinji derwüşiň aýdan gürrüňine gaty begendi. Şol wagt ikinji bir derwüş öz başyndan geçiren wakalaryny aýdyp başlady.

## Ikinji derwüşiň başyndan geçirenleri

Ikinji derwüşiň gürrüň bermek gezegi gelende, ol aýbogdaşyny gurup otyrdy-da, şeýle diýdi:

Dostlar, meniň sözüm hakdyr,
Gulak goýuň, gulak goýuň.
Sizden gizlin syrym ýokdur,
Gulak goýuň, gulak goýuň.
Dertlerimiň dermany ýok,
Hassa halmyň lukmany ýok,
Gulak goýuň!
Gulak goýuň!

Eý, derwüş lybaslylar! Men biçäre Pars ýurdunuň şazadasydyryn. Ol ýerde hakdan içen adamlar döreýärler. Onuň paýtagty hakyndaky «Ispihan nispi jahan»[1] diýen nakyl ýöne ýerden ýaýran däldir. Ýedi yklymda biziň watanymyza taý geljek ýekeje-de ýurt ýokdur. Onuň her ýyldyzy äleme şöhle saçýan Gün bilen bäs edişýär. Howasy diýseň janyňa şypa berýär, adamlary bolsa asylly hem mylakatly.

Meniň patyşa atam maňa ýaşlykdan ýurda häkimlik etmegi öwretjek bolup, iň gowy, iň dana ussatlary her dürli ylymdyr sungatdan başy çykýan adamlary saýlap aldy-da, meni terbiýelemegi şolara tabşyrdy. Bilimleriň ähli pudaklaryny düýpli öwredip, sowatly adam edip ýetişdirmegi buýurdy. Hudanyň şepagaty bilen, men on dört ýaşymdakam ähli ylymlary öwrendim. Sypaýy geýmegi, gelşikli ýöremegi, garaz, her bir işi patyşalaryň edişi ýaly ýerine ýetirmegi öwrendim. Şol wagtlar mende abraýly hem-de

---

[1] *«Ispihan nispi jahan»* – «Yspyhan dünýäniň ýarysydyr».

ylymly adamlar bilen gije-gündiz gürrüň etmäge, olaryň dürli--dürli ýurtlar hem-de şöhratly patyşalaryň hem käbir adamlaryň gahrymançylykly işleri hakyndaky gürrüňlerini diňlemäge höwes döredi.

Meni terbiýeleýän ylymly hem köpügören akyldar adam bilen bir gezek gürrüňdeş bolanymda, ol maňa şu pany durmuşda--da adamlar seniň adyňy iň soňky günlerine çenli ýatlar ýaly abraý gazanmak bolýandygyny aýtdy.

Men:

– Ana, şeýle adam barada has takyk gürrüň edişip, menem onuň derejesine ýetjek bolup görsemdim – diýdim.

Şonda ol maňa Hatam Taýyň başyndan geçiren wakasyny gürrüň edip berdi.

Hatam Taý wagtynda araplaryň patyşasyna Nowfel diýer ekenler. Ol Hatamyň şöhratyna görübilmezçilik edip, uly leşger ýygnapdyr-da, onuň garşysyna uruş yglan edipdir. Hatam gaty geçirimli hem-de Hudaýdan gorkýan adam eken. Ol: «Eger menem uruşmak üçin şaýymy tutsam, onda Hudaýyň birnäçe bendesi janyndan jyda düşüp, köp gan döküler, bu zatlar üçin bolsa menden jogap sorarlar» diýip ýekeje özi çykyp gidipdir-de, dagyň bir gowagynda gizlenip ýatyberipdir. Bu habar Nowfeliň gulagyna ýetende, ol onuň öýüni-malyny talap: «Kimde-kim Hatamy getirse, onuň bäş ýüz tylla sylagy bar» diýip jar çekdiren. Bu habar ýüreklerde açgözlük duýgusyny oýarypdyr. Ana, şonuň üçinem hemme kişi Hatam Taýyň gözlegine çykypdyr.

Bir gün iki sany garry är-heleý birnäçe çagajygy yzyna tirkäp, tokaýa oduna gidipdirler. Olar çöpleme çöpläp ýörüşlerine Hatamyň gizlenip ýaşaýan gowagynyň golaýyna barypdyrlar. Şonda kempir şeýle diýen:

– Biziň bagtymyz işläp, şu ýerlerde Hatamy göräýsek, tutup, göni Nowfeliň ýanyna elterdik, ol bolsa bize bäş ýüz tylla bererdi. Biz şonda bolelin ýaşap, bu agyr işlerden dynardyk.

– Biderek sakyrdamasana! Uzak gün çöpleme çöpläp, agşam hem odunymyzy kellämize atyp, satmak üçin bazara äkitmeklik biziň maňlaýymyza ýazylanydyr. Eger birden bagtymyz ýataýmasa, biz asyl odun satyp, çöregimizi halal gazanarys. Bar,

öz işiň bilen bol. Hatamy ele salyp, näme üçin biz şonça haram gazanjy almalymyşyk? – diýip goja berk jogap beren.

Kempir uludan ah çekipdir-de, jyňkyny çykarmandyr.

Hatam olaryň gürrüňini diňläp oturan eken. Ol bu adamlaryň arzuwyna ýetmäge kömek etmän, mundan artyk gizlenip oturmaklygyň özi adamkärçilige gelişmeýän rehimsizlik, diýip pikir edipdir. Hakykatdan hem, rehim-şepagaty bolmadyk kişiden adam bolmaz, ýüregi daş adamlar misli jellatdyr.

Görgi görsün diýip Taňry,
Döretdi ol adamzady.
Öwgi aýdymynyň bolsa
Perişdelerdedi sazy.

Garaz, garybyň sözüne üns bermezlige açyk ýürek Hatamyň göwni etmeýän eken. Ol şol bada gowakdan çykypdyr-da:

– Eý, gadyrdan! Hatam diýilýän mendirin. Meni Nowfeliň ýanyna eltiň. Ol meni görüp, jar çekdiren puluny saňa berer – diýip, garrylara ýüzlenipdir. Goja:

– Dogrudanam, şeýdäýsem-ä gönenib-ä galardym – diýip jogap berdi. – Ýöne Nowfeliň seni näme etjegini kim bilýär. Seni öldüräýse, men näderin? Ýok, men özümiň gara nebsim üçin seni duşmanyň eline berip bilmen. Bar, Nowfeliň berjek puluna men birnäçe wagt ýaşap hem biljek ekenim-dä, ýeri, ol gutaransoň näme işläýin? Ahyry bir gün meniň hem kazam dolar, şonda men Hudaýyň öňünde näme jogap bererin?

– Äkidiň meni. Şeýtmegiňizi men özüm isleýän. Öz ömrümi, malymy biriniň haýry üçin sarp edip bilsem, onda armanym ýok. Men hemişe şeýle pikir edýärdim – diýip, Hatam oňa ýalbarypdyr.

Emma garry ony äkidip, Hatamyň öwezine pul almaklygy asla makul bilmändir.

Hatamyň gahar-gazaby joşupdyr:

– Eger sen meni eltmeseň, onda bilip goý, şanyň ýanyna özüm bararyn-da, şu goja meni tokaýyň içindäki bir dagyň köweginde gizledi diýip aýdaryn:

Goja gülümsiräp:

– Bu ne betbagtlyk. Ýagşylyga – ýamanlyk – diýip jogap beripdir.

Bular şeýdip dawalaşyp duruşlaryna, märeke üýşüp gidipdir. Olar Hatamy tanapdyrlar-da, derrew tutup, patyşanyň ýanyna äkidipdirler. Garry bolsa hüňürdäp, olaryň yzyna düşüp gidiberipdir.

Olar Nowfeliň ýanyna baranlarynda, şa:

– Muny haýsyňyz tutduňyz? – diýip sorapdyr.

Bir ynsapsyz gurrumsagyň biri:

– Menden başga kim tutup biler öýdýäňiz? Munuň hötdesinden diňe özüm gelendirin. Men asmana şöhrat tuguny göterdim – diýipdir.

Başga bir öwünjeň ara düşüp:

– Ýok, ony men tutdum. Birnäçe günläp, ony gözläp, bütin tokaýy sökdüm. Şu gün azaplaryma adalatly baha beriň-de, aýdanjaňyzy beriň – diýipdir.

Beýlekilerem şonuň ýaly diýşip, goýlan baýragy aljak bolup ýerli-ýerden: «Men! Men tutdum!» diýşip durupdyrlar. Garry bolsa şol wagt bir çetde durup, olaryň biderek gürläp duruşlaryny diňläp, Hatama bakyp aglapdyr. Adamlar öz edermenligi, gahrymançylygy hakynda gürläp bolanlaryndan soň, Hatam patyşaga ýüzlenipdir:

– Dogrusyny aýtsam, meni şu ýere hol çetde duran garry getirdi. Eger siz adamyny ýüzünden tanap bilýän bolsaňyz, onda şony tanaň-da, näme berjek diýip wada eden bolsaňyz, ony şoňa gowşuryň. Adamzadyň iň mukaddes zady wyždany, lebzidir. Är kişi öz sözüniň eýesi bolmalydyr. Ýogsa onuň haýwandan tapawudy bolmaz – diýipdir.

Nowfel ol garryny ýanyna çagyryp:

– Dogryňdan gel-de, bolan işi galplaşdyrman aýdyp ber. Hatamy kim tutdy? – diýipdir.

Ol betbagt hiç bir zady gizlemän, janygyp gürrüň berip, iň soňunda hem:

– Hatam meniň haýrym üçin özi geldi – diýýär.

Hatam gojanyň merdanalygyny bilip, aňk-taňk bolupdyr.

– Beýle-de bir ýuka ýüreklilik bolar ekeni! Sen hut öz şirin janyňy gaýgyrmansyň! – diýip Nowfel Hatama aýdýar.

Nowfel Hatamy biz tutduk diýip gürlän öwünjeňlere bäş ýüz tylla ýerine, ellerini syrtyna daňyp, beýnileri çogar ýaly, bäş ýüz gezek ýeňselerine depmegi buýrupdyr. Edil şol wagt olary depip başlapdyrlar weli, kelleleri gana boýalypdyr. Dogrudan hem, ýalan söz aýbyň iň erbedidir. Ol beladan Hudaýyň özi saklasynda, bendesini oňa endik etdirmesin. Köp adamlar ýalan-ýaşryk sözläp gezselerem, olar wagty-sagady gelende welin, etmişleri üçin jogap bermeli bolýarlar.

Şeýlelikde, her kimiň öz jezasyna görä temmi berensoň, Nowfel: «Ähli dünýä haýyr getirip, garyplar üçin bolsa janyny aýamaýan, hiç wagt Allany ýadyndan çykarmaýan Hatam Taý ýaly adama mundan bu ýana duşmançylykdyr bäsdeşlik etmeklik asylsyzlyk hem-de adamkärçiliksizlik boljak» diýip pikir edipdir-de, şol bada dostluk hem mähirlilik bilen Hatamyň elinden tutup:

– Näme şeýtmän! Siz şeýle sahy adam bolanyňyz üçin şuňa hökman mynasypsyňyz – diýip, ony hormat bilen ýanynda oturdypdyr. Şol pursadyň özünde oňa talap alan baýlyklaryny, ýerlerini ýene gaýtaryp beripdir-de, öňküsi ýaly, Hatam Taý urugyna baştutanlyk etmegi tabşyrypdyr. Ol garra bolsa şa hazynasyndan bäş ýüz tyllany bermegi buýrupdyr, goja oňa dyngysyz alkyş aýdyp, öýüne gaýdypdyr.

Hatam Taý hakynda hekaýaty eşidenimde, maňa bir ýerden şöhratparazlyk sataşdy. Men: «Hatam diňe bir öz urugynyň serdary bolupdyr, emma şonda-da ol özüniň sahylygy bilen şu günlere çenli şöhratlanýan ady gazanypdyr. Men bolsa Hudaýyň şepagaty bilen bütin Eýranyň şasy boldum, eger öz mümkinçiligimden peýdalanyp bilmesem, onda nebsim örän agyrjak. Hakykatdan hem, dünýäde sahylykdan gowy zat ýok, sebäbi adamyň bu dünýäde beren zatlary o dünýäde müň bolup özüne gelýär. Adam bir dänäni ekip, ondan, gör, näçesini alýar!» diýip pikir etdim.

Men şol pikire düýpleýin berildim-de, gurluşyklaryň üstünden aýlanýan adamymy ýanyma çagyryp, şäheriň daşyndan bir owadan ymarat salmagy, ol jaýa kyrk sany beýik hem giň gapy

oturtmagy buýurdym. Tiz wagtdan edil meniň isleýänim ýaly, bir giň jaý salyp ýetişdirdiler. Men ol ymarata geçip oturdym-da, her gün säherden agşama çenli garyp hem öýsüzlere pul paýladym, olaryň her bir dilegini artygy bilen berjaý etdim. Şeýdip, kyrk gapydan mätäçler girip, islän zadyny aldy durdular.

Bir gün bir galandar birinji gapydan girdi-de, sadaka sorady. Men oňa bir tylla berip goýberdim. Soňra ol ikinji gapydan geldi-de, iki tylla diledi. Men ony tanasam-da üns bermän, oňa iki tylla uzatdym. Ol bolsa şeýdip, her gapydan geldi-de, her sapar bir tyllany artyk sorady. Men ony bilgeşleýinden tanamadyksyrap, dilänini berdim durdum. Ahyry ol kyrkynjy gapydan girip, kyrk tylla diledi. Men onam berdim. Galandar ýene kanagat etmän, birinji gapydan geldi-de, elini serdi. Men mundan artyk çydap bilmedim-de:

– Eý, doýmaz-dolmaz harsydünýä! Sen «galandar» sözüniň manysyna düşünmän, neneňsi galandar bolýarsyň. Ol söz onuň ähli ömrüniň parzy ahyryn! – diýdim.

Ol bolsa:

– Eý, jomart, howandar, ony siz düşündiräýiň – diýdi.

– Ozaly bilen-ä, höregi hetdi bilen iýmeli, onsoňam bar zadyňa şükür etmeli, galyberse-de, her demiňde Allany ýatlamaly. Şu häsiýetleri bolmadyk adamdan galandar bolmaz. Sen öňinçä eliňdäkini sowup gutar-da, ýene gelip, islän zadyňy dile. Men sadakany basyp goýmak üçin däl-de, garyp-pukaralara kömek üçin berýärin. Haý, doýmaz-dolmaz açgöz! Sen hemme gapylardan gelip, birinji işikden başlap bir tylladan-bir tylladan artdyryp aldyň. Ýeri, onsoň sen köpeldip hasap et, gör, näçe bolýar! Emma şonda-da açgözlügiň seni gaýtadan birinji gapydan girizdi. Ýeri, sen onça baýlygy näme etjek? Galandar diňe şu günküsiniň aladasyny etmelidir, ertirkisini Hudaý ýetirer. Utan! Heý, şu galandaryň etjek işimidir? Sabyrly bol, eliňdäki baryň bilen bazar eýle. Saňa ussadyň näme öwretdi?

– Bes ediň, jenap! – diýdi-de, ol menden ýygnan pullaryny ýere döküp gygyrdy. – Gyzyberme! Al, baýlygyňy gizle-de, jomart men diýip agzyňam açjak bolma. Sahy bolaýmak gaty kyndyr, onuň agramyny çekmeklik saňa entekler başardaýmaz. Sen haçan

jomart bolarkaň?! Jomartlyk bilen seniň araň şundan Delä çenli bolan aralyk ýaly ahyryn. Sahy sözüniňem özüne laýyk manysy bardyr. Sen ilki şol mana düşünip, şoňa laýyk iş etmegi öwren-de, şondan soň özüňe jomart diýeweri.

Men geň galyp:

– Jomart, hany ony maňa düşündir – diýdim.

– Jomart diýýänleri, ozaly bilen, sabyrly bolmaly, soňra Alladan gorkmaly, galyberse-de, kazaň dolup, bir gün öljekdigiňi unutmaly däl. Sen şol zatlary öwrenýänçäň, jomartlyk hakda pikirem etme. Sahylygyň güýji nämeden ybarat? Ol jomartlykdan ýaňa erbet işler eden hem bolsa, onuň etmişini Hudaý geçirer. Men köp ýurdy gezip çykdym, emma Basra ýurdundaky patyşa gyz ýaly sahy şa göremok. Ol aýalyň ýüregine jomartlygy Hudaýyň özi salypdyr. Beýleki sahysyraýanlaryň bolsa hemmesi şöhrat gözläp, jomartlygyň talap edýän zatlaryny doly berjaý edenoklar.

Men oňa ýalbaryp, ýalňyşym üçin ötünç sorap, islän zadyny aldyrjak bolup, şunça ýalbarsam-da, ol ondan çürt-kesik ýüz dönderdi.

– Sen indi maňa ähli şalygyňy berseň-de, asla onuň ýüzüne-de bakmaryn – diýdi-de, ol gidiberdi.

Ol gitdi welin, onuň Basra şasy hakyndaky aýdan öwgüli sözleri ýüregimi elendirdi. Özüme ýerde-gökde jaý tapmadym. Her näme-de bolsa, Basra ýurduna baryp, şol patyşa aýaly görmek arzuwy meniň sabry-kararymy alýardy.

Şol wagtlar meniň atam aradan çykyp, tagt maňa galdy. Ähli şalyk meniň elime geçensoň hem, men öňki pikirimden sabap bilmeýärdim. Men tagtyň daýanjy hem-de döwletiň emeldarlary bolan wezir-wekilleri çagyryp, olara maslahat salmagy makul bildim. Men olara:

– Men Basra gitmekçi. Siz bolsa öňkiňiz ýaly wezipäňizi berk ýerine ýetiriň. Janym sag bolsa, köp eglenmän, syýahatdan basym dolanyp gelerin – diýdim.

Meniň gitmegime razy bolan adam tapylmady, onsoň günleriň birinde hiç kime bildirmän, öz akyldar wezirimi ýany-

ma çagyrdym-da, doly ygtyýarly orunbasar belläp, häkimiýeti dolandyrmagy oňa tabşyrdym. Özüm bolsa sary ýapynja ýapynyp, derwüş lybasyna girdim-de, niredesiň Basra diýip, ýola rowana boldum. Az ýöräp, köp ýöräp, ol ýurduň çäginden girip ugranymda, şeýlebir geň adatyň şaýady boldum: haýsy ýere barsam-da, meni şazada gyzyň hyzmatkärleri garşy alýardy, owadan jaýlara eltip, meniň öňümde dürli-dümen näz-nygmatlary goýup, uzak gije billerini epmän hyzmat edýärdiler. Ertesi baran täze ýeriňde hem edil şol düzgün gaýtalanýardy. Şeýle lezzet içinde köp aýlyk ýoly geçip, ahyry Basra şäherine ýetdim. Bu şäheriň çäginden ýaňy aýak basanymda, meniň ýanyma kaşaň geýimli, görmegeý, edep-ekramly bir ýigit geldi. Daşky görnüşinden hem onuň çakdanaşa akyllydygyny, çakdanaşa pähimlidigini aňmak bolýardy.

Ol iňňän sypaýyçylyk bilen:

– Men jahankeşdeleriň hyzmatçysydyryn. Meniň işim galandarmy, başga adammy, oňa garamazdan, şäherimize gelýän her bir ýolagçydan gadamyny biziň çatmamyza hem atyp geçmegini haýyş etmekdir. Sebäbi ol jaý ýat ýurtlardan gelen adamlaryň düşlemegi üçin niýetlenip gurlandyr. Onuň üçin hem merhemet edip, meniň jaýyma nazaryňyzy salyp, meni şatlandyryň – diýdi. Men oňa:

– Siziň hormatly adyňyzy bilmäge rugsat beriň! – diýdim.

– Maňa pukara Bedarbagt diýerler – diýip, ol jogap berdi.

Onuň mähribandygyna hem-de sypaýyçylygyna boýun bolup, yzyna düşdüm-de, birsalymdan onuň öýüne bardym. Görsem, edil patyşanyňky ýaly bezegli bir jaý. Bedarbagt meni bir ullakan zala eltip oturtdy-da, hyzmatkärlere mylaýym suw getirip, meniň elimi-aýagymy ýuwmagy buýurdy. Soňra hem saçak ýazmagy yşarat etdi welin, hyzmatkär meniň öňüme her hili näz-nygmatlar çekip ugrady. Olaryň arasynda adyny tutan tagamyň bar: bir-birinden tapawutlanýan dört dürli başga naharlar, her hili nandyr çörekler, köke, gowrulan hem bişirilen etler, guş eti, gutaplar, ýagly çörekler, bürünçden edilen süýji naharlar, süýtdür gaýmaklar, dürli-dümen miweler, başga-da her hili tagamlar bardy.

Men şeýle köp nygmatly saçagy görüp, haşlap dem aldym. Eger men her bir tagamyň, her bir nygmatyň diňe duzuny dadyp görsem hem gerk-gäbe doýjakdym.

– Jenap, siz hiç bir zat iýmediňiz-le, saçagyň üstündäki zatlar gädilmändirem-le. Çekinmäň-de iýip oturyň – diýip, Bedarbagt hoşamaýlyk bilen hödür-kerem etdi.

Men oňa:

– Meýliň barka iýmezlik aýypdyr. Taňryýalkasyn, döwletiň egsilmesin! Men öz geregimi iýdim. Bu naharyň tagamyna ýetesi zat ýok. Iýip doýar ýaly däl. Ýöne meniň mundan artyk iýere ýagdaýym ýok, aýraýyň – diýdim.

Saçak ýygnalandan soň, ol zer çekilen mahmal kaşaň halyny ýazdyryp, kündügi hem-de ýakymly ysly sabyn getirmegi buýurdy-da, mylaýym suw bilen elimi ýuwmagyny sorady. Soň bolsa gymmatbaha daşlar bilen bezelen gapjagazda, altyn kagyzlara dolangy, çeýnär ýaly edilip taýýarlanylan betel getirdiler. Şol dört gözli gapjagazlarda kümşe dolanan betel ýaprajyklary, hoz palmasynyň tohumy bilen birlikde ýene birnäçe zatlaryň hoşboý ysly däneleri bardy. Men suw içjek bolsam, hyzmatkär şol wagt daşyna buz daňlan suwly küýzäni getirýärdi. Garaňky gatlyşanda ysly şemleri otladylar. Ol sypaýy hojaýyn meniň ýanymda oturyp, gürleşip başlady. Gije birçene baran wagty bolsa:

– Tutynyň aňyrsyndaky masnada geçip ýatmagy merhemet ediň – diýdi. Men:

– Jenap! Biz derwüşlere masnat ýerine bir boýra ýa-da sugun derisi bolsa hem bolar. Beýle ajaplygy bolsa Taňry siz ýaly hormatly adamlar üçin ýaradypdyr – diýdim.

– Şu zatlaryň hemmesi derwüşler üçin niýetlenendir. Bu ýerde meniň zadym ýok.

Onuň dyngysyz towakga edip durany üçin men ol masnadyň üstüne çykyp ýatdym. Onuň üsti gül ýapragynyň üstünden hem ýumşak eken. Masnadyň her ýanynda sebet doly bägüller hem-de owadan golçajyklarda dürli güller bardy. Bulardan başga-da iň oňat çilimler otlanyp, hoşroý ysly çyralar ýakylypdyr. Haýsy ýanyma öwrülsem hem, müşki-anbar yslar burnuma urýardy. Men



şol yslaryň içinde meýmiräp, süýji uka gitdim. Ertir turanymda bolsa meniň öňüme ýene-de badam, pisse, üzüm, injir, armyt, nar, kişmiş, igde hem-de miwe suwlaryny goýdular.

Şeýlelikde, üç gije-gündiz geçdi, dördünji gün gitmek üçin rugsat soradym. Onda öý eýesi:

– Men günäkär, jenabyň göwnüne degendirin, siziň gitjek bolmagyňyz şondan bolaýmasyn? – diýip, gol gowşuryp zarynlady.

Men tolgunyp:

– Hudaýyň hatyrasyna beýle sözler aýtmaň! Adat boýunça myhmanyň möhleti üç gündür. Men hem üç gün boldum, mundan artyk bolmagyň gelşigi-de ýok. Onsoň hem öýden syýahat etmek üçin çykdym ahyryn, bir ýerde köp durmagym gowy däl. Şoňa görä-de gitmegime rugsat bermegiňizi haýyş edýärin. Şol sebäpler bolmadyk bolsa, hökman galardym! Siziň adamkärçiligiňiziň çeni-çaky ýok, siziňkiden gitmeklik örän nebsagyrydyjydyr – diýdim. Ol bolsa:

– Gözel göwnüňiz. Ýöne men hanyma siz hakda habar berýänçäm garaşyň. Onsoň hem siz gitmekçi bolsaňyz, onda indi şu myhmanhanadaky zatlar: ýorgan-düşekler, altyn, kümüş gaplar, gymmatbaha daşlar bularyň hemmesi siziňkidir. Siz bu zatlary nätmelidigini aýtsaňyz, biz şonuň ýaly hem ederis – diýdi.

– Maňa beýle sözler aýtmaň. Meniň özümem ilden alkyşlar alyp, sogap isläp ýören ahyryn. Ýogsam, derwüş bolup nädeýin? Il deňinde ýaşabererdim.

– Eger siz şu zatlary almasaňyz, hanymam ony aňaýsa, onda ol meni bu gullugymdan mahrum eder. Ondan soň başyma nähili muşakgatlar ýagdyrjagyny Hudaý bilsin. Eger siziň öz zatlaryňyzy şu wagt alasyňyz gelmese, onda biz olary üýşürip, bir jaýa salaly welin, siz hem onuň agzyny bekläň-de, soň olary näme etseňiz şony ediň.

Men onuň aýdýanlaryna razy däldim, emma ol hem öz gepini gögertdi. Ahyry men zatlary bir jaýa salyp, agzyny ýapdyrmaga razy boldum-da, rugsat bererine garaşyp oturdym. Şol wagt bolsa myhmanhana bili zerrin kemerli, başy jygaly, ýüzi lagly-jowahyr bilen nagyşlanan bir epeý görnüşli agta, onuň yzy bilen

hem bir topar köşk emeldarlary geldi. Ol maňa şeýle ýakymly, gadyrdanlyk bilen ýüz tutdy welin, dil bilen aýdar ýaly däl.

Ol gepiniň arasynda bolsa:

– Jenap! Özüňiziň dözümsizligiňiz hem-de şepagatlylygyňyz bilen men gedanyň çatmasyna ýalkymyňyzy saçmagyňyzy soraýan. Haýyşymy ýerine ýetirseňiz, maňa görlüp-eşidilmedik mähribançylyk hem-de rehimdarlyk etdigiňiz bolar. Biziň ýurdumyza bir ýolagçynyň gelip, oňa hijimiziň gadyr-gymmat etmän goýberenimizi hanymymyz eşitse, meniň başyma nähili belalaryň inip, nähili dowul turjagyny ýalňyz Alla bilýär. Hatda meniň bir çemçe ganym hakynda gürrüň edilmegi hem bolmajak zat däldir – diýdi.

Men onuň aýdýanlaryna gulak asmakçy hem däldim. Emma ol şeýlebir özelenip ýalbardy welin, bialaç onuň öýüne-de gitmeli boldum. Bu öý öňküden hem gowy eken. Agta hem öňki hojaýynymyň edişi ýaly, günüme iki gezek ozalky ýaly naharlar iýdirip, ertir-öýlän şerbetdir her hili miwe berdi. Gitjek bolanymda, ol hem maňa: «Şu öýüň içindäki zatlara: altyn-kümüşlere, gap-çanaklara, haly-palaslara özüň eýelik etmeli, sen indi bulary nätseň şeýt!» diýdi.

Men bu sözleri eşidip aljyradym, her edip, hesip edip, ugramaklygyň kül-külüne düşdüm. Agta meniň närazy bolýanymy ýüzümden aňdy-da:

– Eý, taňry bendesi! Seniň näme arzuwyň bolsa aýt! Häziriň özünde hanyma habar bereýin – diýdi. Men hem oňa:

– Özüm derwüş bolup, bu pany dünýäde baý bolmak arzuwymyň ýokdugy belli zat. Siz bolsa oňa garamazdan, maňa baýlyk hödürleýäňiz. Onuň üçin hem ol zatlardan ýüz döndermeli bolýaryn – diýdim.

– Nebis diýlen zat azu-köp her bir adamda bolýar ahyryn! Galyberse-de, bir şahyr şeýle sözleri ýöne ýerden aýtmandyr:

> Dürli-dürli adam gördüm jahanda,
> Her haýsy bir küýde, –
>                                   hersi bir kanda
> Saçyny hüžžerdip gezenem gördüm;

Haja gidip, ymam bolanam gördüm;
Ýüzüne kül-toprak sylanam gördüm;
Ýüz-gözün gan bilen boýany gördüm;
«Özüňi ur – güýçli bol!»
diýýäni gördüm.
Agzy mumly terkidünýäni gördüm;
Gaýgy-gamsyz ösen beg-hany gördüm;
Ýolun urduran bir gury sany gördüm.
Şöhraty dag aşan mertlerem gördüm,
Bipaýhas hem dana mertlerem gördüm,
Düýşünde dary iýýän towugam gördüm,
«Pul!» diýip, jan berýän
gysygam gördüm.
Ömürboýy bagtyýaram gördüm men,
Bagt görmedik şum-naçaram gördüm men,
Emma weli binebisjeň ynsany
Byradarlar, gören däldirin şindi.

– Ol dogry. Ýöne maňa hiç zat gerek däl. Öz isleýän zadymy ýazyp beýan etmäge rugsat beriň! Soňra siz şol haty açman, hanymyňyzyň eline eltip berseňiz, maňa dünýä malyny bagyşlanyňyzdanam beter gadyrlylyk etdigiňiz bolardy – diýip, men jogap berdim. Onda agta:

– Lepbeý! Onuň biziň ýanymyzda müşgili bolmaz – diýdi. Men onsoň hat ýazmaga durdum.

Ilki Hudaýyň adyna alkyş aýdyp, soň hem özüm hakda şeýle ýazdym: «Şütüki – Hudaýyň bendesi birnäçe gün mundan öň Siziň şäheriňize gelip, Siziň hyzmatçylaryňyz tarapyndan gadyr-hormat bilen garşy alyndy. Men Siziň sahylygyňyz hem-de jomartlygyňyz hakda birnäçe wagt mundan öň eşidip, sizi görmekligiň küýüne düşdüm. Siziň ýurduňyza gelenimde, öňki eşiden gürrüňimden siziň hakykatdaky sahylygyňyz dört esse artykmaçdygyny gördüm. Bu gün Siziň wezir-wekilleriňiz näme arzuwym bar bolsa, göni aýtmagymy soraýarlar. Onuň üçin hem Sizden hiç bir zady gizlemän, öz ýüregimdäkini aýtmakçy: maňa

dünýä malynyň geregi ýok. Men öz ýurdumda patyşadyryn. Bu ýere bolsa uzak ýoluň jebrini çekip, Siziň didaryňyzy görmäge geldim. Ana, şonuň üçin hem derwüş sypatyna girip, ýeke özüm geldim. Indi bolsa Siziň şepagatlygyňyzyň huzurynda ýürek arzuwyma ýeterin diýip umyt edýärin. Şeýle bolsa armanym ýok. Ondan soňunam özüňiz biliň. Eger meniň şu arzyly dilegim kabul edilmese, onda däli-diwana bolup, çöl-beýewanlara çykaryn. Özümiň gözgyny ömrümi bolsa Siziň yşkyňyzda sarp edip, Mejnun hem Perhat ýaly, dag-düzlerde ýitip giderin».

Haty ýazyp boldum-da, ony agta gowşurdym, ol hem ony hanymyň ýanyna äkitdi. Az salymdan yzyna dolanyp geldi-de, meni çagyryp, köşge eltdi. Görsem, altyn tagtda birkemsiz geýnen görnüşli kempir otyr. Onuň daş-töwereginde bolsa toý lybasly agtadyr hyzmatkärler gol gowşuryp durlar. Men ol aýalyň gartaşan ýaşyny görüp: «Bu köşk işlerini alyp barýandyr» diýen karara geldim-de, üç bükülip hormat goýdum. Bu aýal şa gyzyň enesi eken. Ol hoşamaýlyk bilen meniň salamymy aldy-da:

– Geliň, geçiň. Siziň geleniňiz gaty gowy boldy. Şa gyza wepalydygyňyzy, yhlaslydygyňyzy bildirip, haty siz ýazdyňyzmy? – diýip sorady.

Men utançdan ýaňa gyzaryp, ses-üýnümi çykarman, başymy aşak salyp durdum.

Ol biraz wagtdan soň:

– Eý, ýigit! Şa gyz size köp salam aýdýar hem-de äre çykmaklygyň aýby ýokdugyny size ýetirmägi sargaýar. Siz oňa durmuş gurmak barada söz aýdypsyňyz. Emma öz şalygyňyz hakynda gürrüň edip, şu derwüş sypatyňyz bilen özüňiziň patyşadygyňyza guwanmagyňyz gaty gelşiksiz zat. Musulman dininiň özüne uýýanlara beýleki adamlardan artykmaçlyk berýändigine garamazdan, hakykatynda adamlaryň hemmesiniň hem asly bir ahyryn. Şa gyzyň özi hem äre çykmak hakynda az aladalanmaýar. Eger siz dünýäň lezzetine parh goýmaýan bolsaňyz, onda oňa Hudaýyň berdigidir. Ýöne öýlenmek üçin toý sowgadyny getirmek şerti bardyr. Şol sowgat ýerine şa gyzyň näme islejegi belli däl, belki, onuň arzyly zadyny ýerine ýetirmäge gaýratyňyz çatmaz – diýdi.

– Men her zat etmäge-de taýýardyryn! Janymy gaýgyrman! Onuň nähili ýumuşdygyny aýdyň! – diýip, men ynamly aýtdym. Ol bolsa:

– Siz bu gün demiňizi-dynjyňyzy alyň. Ony erte aýdaryn – diýip jogap berdi.

Onuň diýenini şatlyk bilen kabul etdim-de, çykyp gitdim.

Gündiz geçip, agşam düşende, ýene-de agta gelip, köşge çagyrdy. Köşgüň içinde tanymal adamlar, akyldarlar, emeldarlar ýygnanyşan eken. Menem şolara goşulyp, aralarynda oturdym. Şol wagt bolsa saçak ýazyp, dürli-dürli nygmat getirdiler. Adamlar nahar iýmäge başladylar, maňa-da mürehet etdiler. Nahar iýlip bolansoň, içki tamdan şa gyzyň ejesi çykdy-da:

– Bahrawar nirede? Çagyryň ony – diýdi.

Şol wagt ony garawul çagyryp geldi. Ol mähriban görnüşli adamyň bilindäki guşakdan asylgy altyndyr kümüş açarlar bir-birlerine çakyşyp şaňňyrdaşýardylar. Ol saglyk-esenlik soraşdy-da, meniň ýanyma geçip oturdy. Şa gyzyň enekesi oňa:

– Eý, Bahrawar! Sen gören zadyňy jikme-jik aýdyp ber – diýdi.

Ol meniň ýüzüme bakyp:

– Gadyrdan! – diýip, hekaýatyna başlady. – Biziň şa gyzymyzyň müňlerçe söwda edip gezýän täjiri bar. Men bir garybyň dogmasy hem şol täjirleriň biri. Şa gyz bizi ýüz müňlerçe rupiýalyk mal-haryt bilen dünýäniň dürli ýurtlaryna iberýär. Söwdagärleriň haýsysy gaýdyp gelse-de, ol hemişe ony ýanyna çagyryp, gezip gelen ýurtlarynyň gürrüňini etdirýär.

Bir gezek men söwda etmäge çykyp, Nimroz[1] şäherine bardym. Görsem ol şäheriň ilatynyň barysy gara geýnip, ahy-pygan edýär. Men olaryň başyna bir betbagtçylygyň inenini bildim. Emma «Näme boldy?» diýip, kimden sorasam hem jogap alyp bilmedim. Birnäçe günläp, onuň sebäbini biljek bolup gezdim. Günleriň birinde şäheriň ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşlysyna çenli ähli ilaty, baýdyr garyby älem ýagtylandan şäherden çykyp ugrady. Olar bir giň meýdana baryp ýygnanyşdylar. Birsalymdan soň emirleri bilen patyşa atly geldi. Şol wagt jemagat bir setire düzüldi.

[1] Nimroz – Eýranyň günorta-gündogarynda ýerleşýän ýurt.

Men hem olaryň arasyna goşulyp, bir zat bolaryna garaşyp durdum. Adamlar kimdir birine garaşýana meňzeýärdi. Diýşim ýaly, az salymdan soň, bir sary öküzi çapyp gelýän on bäş ýaşlaryndaky örän görmegeý ýetginjek oglan göründi. Ol alazen-zele edip, agzyndan ak köpük saçyp, ýetip gelýärdi. Elinde nämedir bir zat bardy, emma onuň nämedigini men saýgaryp bilmedim. Ol märekäniň deňine gelip, öküzden düşdi-de, bir elinde öküziň bagyny, bir elinde hem ýalaňaç gylyjyny tutup, aýbogdaşyny gurup, ýerde oturdy. Onuň ýanynda bir görmegeý gul bardy. Ýigit oňa elindäki zadyny berdi welin, gul ony jemagata görkezip ugrady. Ýöne geň zat: guluň elindäki zada bakan adam aglamaga duruberýärdi. Ine, şeýdip, gul ol zady adamlara görkezip, hemme kişiniň gözünden ýaş akdyrdy-da, ýene jenabynyň ýanyna gaýdyp bardy.

Gul onuň ýanyna golaýlaşandan, ýigit ýerinden turdy-da, elindäki gylyç bilen onuň başyny togalady. Soňra ýene öňki gelen ugruna tarap gitdi. Hemmeler onuň yzyndan garap durdular. Ol gözden ýitende bolsa, adamlar şähere tarap ugradylar. Men şol ýigidiň kimdigini, näme üçin beýle iş edendigini, nireden gelip, nirä gidendigini biljek bolup, köp adama ýalbardym, olary pul bilen hem yrjak bolup gördüm. Emma hiç kim hiç zat aýtmady, özümiň hem düşünen zadym bolmady.

Men şol ýerden gelip, ol täsin waka hakynda şa gyza gürrüň berelim bäri, ol sabry-karardan aýrylyp, gije-gündiz şonuň anygyna ýetmekligiň alajyny gözläp pikir edýär. Ana, şony hem şa gyz toý şerti etdi. Şa gyz şol täsin wakanyň anygyna ýetip, hemmesini ýeke-ýeke düşündiren ýigide öz ygtyýaryny bermekçi. Diňe şonuň ýaly ýigit mülke, ýurda hem-de hanyma eýelik edip biler.

Indi siz hem bu wakany eşitdiňiz. Ýagşy pikirlenip görüň. Eger şol ýetginjegiň kimdigini bilerin öýtseňiz, tizräk Nimroza ugraň, bognuňyz ysmajak bolsa, onda beýle işi boýnuňyza almaň--da, gowusy, öýüňize gaýdyberiň.

– Hudaý ýol berse, haýal etmän hemmesini bilip gelerin-de, enşalla, myradyma ýeterin – diýdim. Ýöne bu bir bagt işi, täleýim ters gelse, etjek alajym bolmaz. Goý, şa gyz şu sözlerinden dän-

mejegine äht etsin, bolmasa betgüman müňkürlik meniň göwnüme ynjalyk berenok. Eger-de hanym özüniň mähribançylykly hem-de açyk ýürekli gylygyna görä meni öz ýanyna çagyryp, perde aňyrsynda oturagada, sözlerimi öz gulagy bilen diňläp, öz dilinden jogap gaýtarsady, şonda has arkaýyn bolardym hem-de elimden gelmejek zat bolmazdy.

Ejesi meniň dilegimi peri sypatly şa gyza ýetirdi, ol hem sypaýyçylyk edip, meniň barmagyma razy boldy. Ejesi meni şa gyzyň bolýan köşgüne äkitdi. Köşge giren badyma aňk boldum: şa gyzyň garawullary, joralarydyr kenizekleri: galmyk, türk, hebeşi, özbek, kaşmir gözelleri öz ýerli-ýerini eýeläp, iki hatar bolup, gol gowşuryp durlar. Olaryň ählisi hem gymmatbaha zatlar bilen birkemsiz bezenipdirler. Bä, bu nämekä? Indraň[1] metjidimikä ýa-da asmandan ýere bir topar peri inäýdimikä? Men içimi çekenimi duýman galdym. Ýüregim gürsüldäp urup ugrady. Aýak üstünde zordan saklandym-da, kenizlere bent bolup, çalaja ýöräp ugradym. Aýaklarym ylla duşaklanan ýaly, zordan ädip bilýärdim.

Ol gözelleriň haýsysynyň ýüzüne baksaň hem, şondan soň ol ýerden butnasyň gelmeýärdi.

Zalyň gutaran ýerinde bambuk tuty asylgy duran eken. Tutynyň öňünde bolsa ýüzüne nagyş çekilen oturgyç hem-de onuň gapdalyndan hem sandal agajyndan ýasalan kürsi bar eken. Ejesi maňa otur diýen yşaraty etdi. Men oturgyçda oturdym, ol hem kürsini eýeledi-de:

– Näme diýmek isleýän bolsaň aýdyber! – diýdi.

Men şa gyzyň mertebesini, adyllygyny, jomartlygyny magtanymdan soň:

– Siziň ýurduňyza aýak sekelim bäri, meniň görenim myhmanhana, ýolagçylar dynç alar ýaly guralan bolçulykly otaglar hem-de jahankeşdeleriň, garyp-gasarlaryň gullugyna häzir bolup duran dürli derejedäki hyzmatkärler boldy. Hawa, şolar ýaly ýerlerde üç günden, üç günden myhman boldum. Dördünji gün gitmekçi bolanymda, olar sähelçe-de, begenmän, gaýta ýene galma-

---

[1] *Indra* – gadymy hindi panteonynyň baş Hudaýy.

gymy soradylar. Hoşlaşmaly bolanda bolsa: «Şol otagyň içindäki bar zatlar: her dürli halylar, palaslar, dürli tutular, peşehanalar, saýawanlar, ýorgan-düşekler, ýapynjalar, ýassyklar hem-de her hili ýassyjaklar, gazanlar, pitiler, jamlar, çemçeler, çolpy-süzgüçler, dürli görnüşli saçaklar, küýzeler, ýyly suwly gaplar, kürüşgeler, içi betelli, her dürli ýakymly ysly gutujyklar, gül goýulýan gaplar, gyzyl suwly çüýşeler, kündükler, garaz, şonuň ýaly köp zatlar seniňki. Zatlaryňyzy isleseňiz häzir alyp gidiň, ýogsa-da bir jaýa salyp gulplaň-da, başga bir wagt äkidiň!» diýdiler. Men ol zatlary bir jaýda ýerleşdirdim-de, tamyň gapysyny gulpladym. Ýöne bu gaty geň. Siziň ýurduňyza meniň ýaly gedaýlaryň müňlerçesi gelýändir ahyryn. Olaryň hem hemmesini men külbesizi kabul edişiňiz ýaly, gadyr-gymmat bilen garşy aljak bolsaňyz, sansyz-hasapsyz serişde gerek bolýandyr. Şeýle çykdajylar bilen egsilmeýän baýlygyňyz nähili baýlykka? Karunyň hazynasy hem çydamaz. Siziň häkimlik edýän ýurduňyza seredeniňde, ondan gelýän girdejiniň diňe iýmek-içmäge ýetjekligem gümana, başga hili çykdajylaryňyz bolsa aňyrda dursun. Şu zatlaryň sebäbini hut hanymyň dilinden eşitmegi arzuw edýän. Şonda men Nimroza arkaýyn ugrardym hem-de ol ýere her edip, hesip edip ýeterdim. Eger janym sag bolsa, gizlin syrlaryň hemmesini bilerdim-de, ýene siziň gaşyňyza gelip, myrat-maksadyma ýeterdim.

– Eý, ýigit – diýip, şa gyzyň özi maňa jogap berdi. – Seniň, hakykatdan hem, meniň işlerime düşünesiň gelýän bolsa, biziňkide ýene bir günlük gal. Agşam seni çagyryp, hiç bir zady ýaşyrman, bu ummasyz baýlygyň egsilmez çeşmesiniň nirededigini gürrüň bereýin.

Şeýle wadadan soň özümiň myhman jaýyma bardym-da, öz arzuwyma ýetjekdigime begenip, agşamyň düşerine garaşyp oturdym. Şol wagt üsti örtülgi mejmeler göterip gelýän birnäçe hyzmatkär bilen agta meniň ýanyma geldi-de:

– Hanym size özüniň iýýän tagamlaryndan iberdi. Iýip görmäge merhemet ediň – diýdi.

Mejmeleriň üstündäki gapysyny aýryp, tagamy öňümde goýanlaryndan, haplap uran ýakymly ysdan ýaňa meniň başym

aýlanyp, demim tutuldy. Işdämiň baryny iýip minnetdarlyk bildirdim-de, galanyny hyzmatkärlere berip goýberdim. Ahyryn, lüti çykyp ýadan ýolagçy ýaly, Gün özüniň ýoluny has haýal geçip, öz asman gümmeziniň kyblasynda batanda, Aý hem özüniň ýyldyz kenizlerini yzynda tirkäp, ummasyz älemde öz ornuny eýeläride, meniň ýanyma şa gyzyň ejesi geldi-de:

– Ýör, saňa şa gyz garaşýar – diýdi.

Men onuň yzyna düşüp gitdim. Ol meni şa gyzyň dynç alýan jaýyna getirdi. Bu jaýyň içi durşuna çyra bolup, şeýle bir şöhle saçýardy welin, onuň hiç deňi-taýy ýokdy. Şa gyzyň halylarynyň üstüne zer çekilen masnad ýazylypdyr, onuň üstünde hem gymmatbaha daşlar bilen bezelen ýassyk goýupdyr. Onuň ýokarsynda bolsa dürli reňkler bilen keşdelenip, kümüş sütünli, etegine merjen çekilen ýüpek saýawan bardy. Masnadyň öňünde altyn sekileriň üstünde gymmatbaha daşlardan ýasalan agaçlar durdy. Olaryň gülüdir ýapragy ylla hakyky agajyňky ýaly bolup görünýärdi.

Sagyň bilen soluňda bolsa hormat bilen gol gowşuryp, gaşlaryny galdyrman, kenizler durdy. Aýdymçy hem-de oýunçy gyzlar bolsa gurallaryny taýyn edip, oýna başlamak üçin taýýarlanyşyp durdular. Şeýle ajaýyp görnüş meniň akylymy haýran etdi.

– Be, bu ýerde gündizine şeýle gözellik, gijesine hem şeýle ýalkym hemişe bolýarmy? Sizde gije-gündiz toý bolýar diýip pikir etmek mümkin. Dünýäň maly eliňde bolanda-da, şeýle zady edip boljak däl ahyryn – diýip, men şa gyzyň ejesinden soradym.

– Şa gyzymyzyň iş alyp barýan jaýy hemişe-de şu görşüňiz ýalydyr – diýip, ol maňa jogap berdi. – Şa gyzyň döwleti egsilmäni bilýän däldir, gaýtam tersine, gün-günden gül açýandyr. Otur. Hanym hem şu golaýdadyr. Men oňa habar bereýin.

Şu sözler bilen ol çykyp gitdi-de, birsalymdan dolanyp gelip, meni şa gyzyň ýanyna äkitdi. Men ol jaýa girip, aňk boldum: gapy haýsy, diwar haýsy, biler ýaly däl, nirä baksaň, gyralary almazdyr merjen bilen bezelen adam boýy aýnalar goýlupdyr.

Hemmesiniň hem şekili biri-birine düşensoň, jaýyň içi gymmatbaha daşlardan dos-doly bolup görünýärdi. Jaýyň töründe tuty bardy. Ol tutynyň aňyrsynda şa gyz otyrdy. Şa gyzyň ejesi tutynyň düýbünde oturdy-da, meniň hem oturmagymy sorady. Özi bolsa gyzyň buýrugy boýunça gürrüňe başlady:

– Gulak goý, dana ýigit! Bu ýurda beýik patyşa häkimlik edýärdi. Onuň ýedi gyzy bardy. Günlerde bir gün patyşa toý gurupdyr. Gyzlarynyň ýedisi hem birkemsiz geýnip, saçlaryna merjen dakyp, kakasynyň ýanyna gelipdirler. Şonda patyşanyň göwnüne bir zat gelýär-de, gyzlaryna ýüzlenip, şeýle diýýär:

– Eger siziň ataňyz patyşa bolman, siz garyp maşgalada doglan bolsaňyz, «şa gazy», «hanym» diýip, adyňyzy tutjak bolarmydy? Özüňiziň şa gyzy bolanlygyňyz üçin Hudaýa alkyş aýdyň. Siz özüňiziň bu eşretli durmuşyňyz üçin maňa minnetdar bolmalysyňyz.

Älem häkimdarynyň aýdan bu sözleri jedelsizdir. Siziň merhemetiňiziň arkasyndan biz bagtyýar ýaşaýarys – diýip, gyzlaryň altysy biragyzdan jogap beripdir.

Emma biziň hanymymyzyň gyzlaryň iň kiçisi bolmagyna garamazdan, akyl-paýhasy bilen uýalaryndan üstün çykypdyr. Ol dilini ýarman, gürrüňe goşulman durupdyr. Sebäbi ol uýalarynyň dini başgalaryň sözüni aýdýandygyny görüpdir.

Patyşa oňa gazap bilen garap:

– Sen näme dymyp dursuň? – diýip gygyrypdyr.

Gyz kakasynyň edenine kaýyldygyny aňdyrmak üçin ellerine ýaglyk orapdyr-da:

– Men diňe bir çemçe ganymy geçip, günämi ötseňiz, öz ýüregimdäkini çekinmän aýtmaga het edip bilerdim – diýipdir.

– Aýt! Näme diýjek bolýaň? – diýip, patyşa hemleli aýdýar.

– Eý, älemiň soltany! – diýip, gyzy sözüni dowam etdirýär. – Siz hakykatyň ajy bolýandygyny bilýärsiňiz. Hut hakykaty aýtmak bilen, men öz janyma wehim salýaryn. Ýöne maňlaýyma ýazylany hiç kim bozup bilmez, öz-özündenem ýok bolmaz.

Aýagyň tozatgyl, sežd eýläp öwlüýä,<br>Görersen, adamzat, maňlaýda baryň.

Meni şa gyzy atlandyran, sizi bolsa şa eden gudratly Taňrym ahyryn, onuň işlerine bolsa emir edip biljek bolmaz. Siz biziň merhemetli atamyz, kyblagähimiz hem guwanjymyz, nury didämiz, siziň aýak tozuňyzy sürme çeken ýaly edip, gözüme sürtmäge taýyndyryn, ýöne welin biziň öz ýazgydymyz Allanyň görkezişi ýaly galýandyr.

Bu sözler patyşanyň ýüreginden turmansoň, onuň gahary gelýär.

Ol gazap bilen:

– Ene süýdi agzyndan gitmedikden şeýle batly sözler çykýar-a! – diýip, gaharly aýdýar. – Onuň şu bihaýalygy üçin boýnundaky, ellerindäki gymmatbaha şaýlaryny sypyryň-da, kejebä mündürip, adam aýagy düşmedik, çola tokaýlyga taşlaň. Hany, ýazgydynda näme bardygyny göreli bakaly.

Ine, şunlukda söýgi hem hormat bilen gamsyz-gaýgysyz ulalyp, öz köşgünden başga ýerini görmedik şa gyzyny patyşanyň buýruşy ýaly edip, kejebä mündürýärler-de, gözedürtme garaňkynyň içinde adam-a däl, hatda guş-gumrynyň ýok ýerine taşlap gaýdýarlar. Şa gyzynyň şol wagtky ýagdaýyny aýdar-diýer ýaly däldi: ol ýap-ýaňy nähili derejededi, indi nähili derejede! Şonda şa gyzy Hudaýa mynajat edip, oňa sygnyp, Allany kömege çagyrýar:

– Eý, gudratly Alla! Sen isläniňi etdiň, isläniňi edýäň, halanyňy hem edersiň. Onuň üçin içimde demim barka, senden tamamy üzmerin.

Şa gyzy şeýle umyt bilen uka gidýär.

Ertesi daň atanda gyz gözüni açyp, ýuwnar ýaly suw getirmegi buýrup gygyrýar, şol bada onuň ýadyna gijeki bolan işler düşendir. Ol öz-özüne:

– Sen özüňiň nirä düşüp, kenizleriň nirede galanyny unutdyňmy näme? – diýip, ürgün çäge bilen teýim edipdir. Soňra ýene Hudaýa sygnyp, oňa mynajat edip başlapdyr.

– Eý, gadyrdan, men gyzymyň şeýle agyr güne düşenini eşidenimde, tas ýüregim ýarylypdy. – Ol hakda gyzyň özi hem gürrüň beräýse kem bolmazdy! Garaz, ol öňküsi ýaly şol kejebede oturan ýerinden, Hudaýa sygnyp, şeýle goşgy okapdyr:



Bir dişsiz çagakam, maňa süýt berip,
Diş çykanda nan berenem Alladyr.
Gurt-guşa rehim edip salýar nazaryn,
Maňa-da ser salyp, bakjak Alladyr.
Akly bolan hesret çekip oturmaz,
Müň gaýgy birleşip, bir iş bitirmez.
Akmaga hem-de dana garaşyk edip,
Biziň hem dadymyza ýetişer Alla.

Hakykatdan hem, adamlar başyna bir iş düşüp betbagtlyga ulaşsa, Allany çagyrýarlar, aslynda bolsa her kim öz-özüne Lukman hem Ibn-Sina[1] ahyryn.

Indi Allanyň gudratyna gulak goý. Şa gyz duz datman üç güni geçiripdir. Onuň doluşyp duran gül bedeni gurap, tanalmaz ýaly horlanypdyr. Altyn gyryndysy dek şöhle saçan al ýaňaklary garört bolupdyr. Dodaklary solup, gözleriniň şöhlesi öçüpdir. Demi bolsa çala gelip gidýär eken. Demiň barka umydyň hem bolar eken. Dördünji güni, säher çagy şa gyzyň ýanyna Hydyr sypatly, açyk göwünli bir derwüş gelipdir. Ol şa gyzyň gözgyny ýagdaýyny görüp, oňa şeýle diýipdir:

– Gyzym! Seniň ataň patyşa hem bolsa, seniň kysmatyňda şeýle güne düşmek bar eken. Men gedaý gojany öz guluň hasap et-de, ýaradan Alla sygyn. Şonda Allatagala maksadyňa ýetirer.

Ol gedaý torbasynyň düýbünde galan sadakalaryny şa gyzyň öňünde goýupdyr-da, özem suw gözlemäge gidipdir. Görse, öňünde bir guýy bar. Emma suw alar ýaly ne ýüp bar, ne gap. Ol agaçdan birnäçe ýaprak ýolup, olary ezberlik bilen bir-birine ýelmeşdiripdir-de, jam görnüşli gap emele getiripdir. Soňra bilindäki guşagyny çözüp, şoňa daňypdyr. Şeýdip ol gyzyň açlygyny hem-de suwsuzlygyny gandyrypdyr. Birhaýukdan soň gyz birazrak özüne gelipdir. Şa gyzyň ýekedigini, ejizdigini bilýän bu Hudaý bendesi köp wagtlap oňa köşeşdiriji sözler aýdypdyr-da, onuň halyna duýgudaşlyk bildirip aglapdyr. Hanym, bu garrynyň duýgudaşlyk bilen aladalanyşynyň çeni-çäginiň ýokdugyny görüp, birneme rahatlanypdyr. Şondan soň garry her gün şähere

[1] *Ibn-Sina* – Abu-Ali Ibn-Sina (Awisenna) – beýik alym hem filosof (1037 ý. ölen).

dileg etmäge gidip, tapanja zadyny hanyma getirip berer ekeni, ol hem şonuň bilen eklenipdir.

Şunlukda esli wagt geçipdir. Günlerde bir gün şa gyz saçyna ýag çalyp, ony daramakçy bolup, zülpleriniň örümlerini çözende, olaryň birinden bir ajaýyp göwher dänejigi gaçypdyr. Şa gyz dänejigi derwüşe berip, şähere äkidip satmagyny sorapdyr. Derwüş göwher satyp, puluny hanyma getirip beripdir.

Şonda şa gyz:

– Ýaşar ýaly, şu ýerde bir jaý gur – diýipdir.

– Gyzym! Diwar ýerlerini gaz-da, birazajyk toýun ýygna. Men birnäçe günden suw getirip, diwarlary örüp başlaryn – diýip, derwüş jogap beripdir.

Şa gyzy onuň aýdyşy ýaly edip, diwar ýerlerini gazyp ugrapdyr. Ol guşaklygyna çenli çukur gazanda, bir gapy görnüpdir. Şa gyz gapyny örtüp duran gumlary aýryp, işigi açypdyr welin, altyndyr başga gymmatbaha zatdan doly uly bir jaý bar eken. Ol birnäçe goşawuç altyn alypdyr-da, ýene-de gapyny ýapypdyr. Çukury bolsa öňküsi ýaly edip gömüpdir. Onýança derwüş gaýdyp gelipdir.

– Bar, iň ussat hem-de tejribeli daş ussalaryny, jaý salyjylary getir – diýip, şa gyzy derwüşe tabşyrýar. – Goý, olar haýal etmän, şu ýerde bir köşk salsynlar. Ol köşk Kiriň[1] köşgüniň taýy bolup, Numanyň[2] galasyndanam owadan bolsun. Ol köşgüň daşyna diwar çekip, golaýyndan bir gala, çarbag, howuz hem-de derwüşler üçin dünýäde deňi-taýy bolmadyk bir jaý salsynlar. Ýöne meniň göwnüme ýarap, makullamagym üçin ilki ol zatlaryň hemmesini kagyza çeksinler.

Derwüş başarjaň hem-de tejribeli işgärleri getiripdir. Gurluşyga başlapdyrlar. Köp wagt geçmänkä her dürli işlere ýaramly päk ýürekli, oňat gulluk etjek hyzmatkärler seçilip alnypdyr. Ýuwaş-ýuwaşdan bu owadan köşgüň gurluşygy hakyndaky habar Allanyň ýalkan bendesi, şa gyzyň kakasyna hem ýetipdir. Ol gaty geň galyp, her geçen-gidenden ol ýerde gurluşyga başlan

---

[1] *Kir* – gadymy Eýran şasy (Biziň eýýamymyzdan öň VI asyrda ýaşapdyr).

[2] *Numan* (VI asyryň ahyrynda ýaşapdyr) – Hirde (günorta-günbatar Mesopotamiýada) hökümdarlyk eden Lakhmidler dinastiýasynyň iň soňky wekili.

adamynyň kimdigi barada sorapdyr. Emma hiç kim oňa jogap berip bilmändir. Hemme soranlary hem elleri bilen gulagyny tutup, köşk salýan adamyň adyny bilmeýändiklerini aýdypdyrlar. Ahyr patyşa gyzynyň ýanyna bir emirini şeýle habar bilen iberipdir: «Men şol ýerlere baryp, tomaşa edesim gelýär. Ýöne men Siziň haýsy ýurtdandygyňyzy, Siziň haýsy urugdandygyňyzam bilemok. Meniň şu zatlar hakynda bilesim gelýär».

Gyz bu hoş habary eşiden badyna, ýüregi şatlykdan dolup, şeýle diýipdir: «Goý, bizi penasynda saklaýan dünýä abadan bolsun!» Siziň hezretleriňiziň meniň garyp çatmamy görmek isleýändigi hakyndaky habar uly şatlyk getirip, men garyby guwanç bilen gurşap aldy. Keramatly dabanlaryňyzyň düşjek ýerlerinde merhemetiňiz bilen şöhrat nury çaýylar, bagt çeşmeleri joşar! Siziň gyrnagyňyz bolan men sähetli gün bolan penşenbe güni – ertir meniň üçin täze ýyl baýramyndan hem gowy gün bolar diýip umyt edýärin. Ol gün merhemetli şu ýere gelip, özüniň ýalkymy bilen men ejiz görgülä güýç hem abraý berer, men biçäräniň tapanja hödür-hezzetiniň duzuny dadyp görer. Bu adamkärçiligiň, şepagatlylygyň görülmedik derejesi bolar. Şundan artyk zat diýmäge hetdim ýokdur». Gyz haty getiren adama aklyk hökmünde serpaý edip, ýaňky hat bilen yzyna ugradýar.

Patyşa onuň hormat goýup ýazan hatyny okap görüpdir-de, bir çapary şeýle habar bilen ýollapdyr: «Biz Siziň çagyryşyňyzy kabul edýäs. Hökman bararys».

Gyz hyzmatkärlerini ýanyna çagyryp, patyşany hezzetlemek üçin nämeleriň gerekdigini aýdýar. Patyşanyň göwnünden turar ýaly, onuň bilen bile gelen ululy-kiçili emeldarlaryň hem göwni hoş bolmagy üçin, diýseň tagamly naharlaryň taýýarlanmagyny buýurýar. Şol gyzyň buýrugy hem-de hut özüniň gözegçiligi bilen her dürli nygmatlar, süýji tagamlar taýýarlanýar welin, ony dadyp gören dini başgalaram musulman dinine girip, şu tagamlardan iýip ýörmegi arzuw etjekdi. Agşam düşüberende patyşa özüniň ýörüş tagtrowanyna münüp gelýär. Gyz ähli hyzmatkärleridir joralary bilen onuň öňünden çykýar-da, gol gowşurup, şeýle bir ussatlyk bilen oňa hormat goýýar welin, patyşa öňküden hem beter haýran galýar. Gyz şol dabara bilen ony kabul edip, gymmatbaha

daşlar bilen haşamlanan tagta oturdýar. Şindi patyşa gelmänkä, gyz bir ýüz ýigrimi bäş kümüş basgançakdan ybarat seki ýasamagy buýurýar. Onuň üstünde hem içi tylladyr zerli bir ýüz bir sany tabajyk bilen ýüňmi-ýüpekmi her hili matalar goýuşdyrýar. Bulardan başga-da gymmatbaha şaý-esbaply iki pil, on sany Eýran hem-de Ýemen atlary häzirledýär. Bularyň hemmesini patyşa sowgat bermekçi bolup taýýarladýar. Gyzyň özi bolsa patyşanyň öňünde hormat bilen gol gowşuryp durýar.

– Siz haýsy ýurduň gyzy bolarsyňyz? – diýip, patyşa hormat bilen soraýar. – Siz neneňsi-nähili bolup bu jelegaýlara, bu ýerlere düşdüňiz?

– Siziň gyrnagyňyzdyryn. Siziň gazabyňyz zerarly şu tokaýa taşlanan şol ýazykly gyzyňyzdyryn. Bu, gözüňiziň görýän zatlary bolsa, Taňrynyň gudratydyr – diýip, gyz geregiçe hormat goýup aýdýar.

Bu sözleri eşidip, patyşanyň endamy dyglap gidýär. Ol laňňa ýerinden galyp, atalyk mähri bilen gyzyny bagryna basýar-da, elinden tutup, öz tagtynyň ýanynda bir kürsi goýmaklaryny buýrup, ony şonda oturdýar. Emma her zat etse-de, haýran galmadan ýaňa, esli wagtlap özüni dürsäp bilmeýär.

– Ýetiň, munuň ejesine habar beriň. Goý, ol gyzlaryny alyp, şu ýere derrew gelsin – diýip şa buýruk berýär.

Tiz wagtdan şanyň aýaly-gyzlary gelýär-de, biziň şu şa gyzymyzy derrew tanaýarlar. Olar ony ogşap aglaşýarlar hem-de Hudaýa ýüz-de müň şükür edýärler. Hanym enesidir uýalarynyň öňünde dünýäniň ähli hazynasyny goşaňda-da taý bolup bilmejek köp pul, dürli baýlyklar çykaryp goýýar. Soňra patyşa hemmeleri öz ýanynda oturdyp, tagamlardan iýmäge başlaýar.

Arkadagymyz dirikä şeýle bolar durardy: şa mähriban gyzynyňka kä özi barýardy, kä-de ony öz köşgüne çagyrdy. Onuň kazasy dolanda bolsa, ýurda şu hanym häkimlik etdi, sebäbi işi şondan başga kişi göwnejaý dolandyryp biljek däldi.

Eý, gadyrdan! Ine, hanymyň başyndan geçiren wakalary-ha şeýle. Ýöne bir goşmaly zat – ol hem Allatagala tarapyn berlen baýlyk hiç wagt tükenmeýär. Açyk göwün, ýagşy niýet bilen harçlasaň, gideni gaýdyp gelip dur. Allanyň gudratyna geňirgenmek bolsa ähli dindäki adamlara-da gelişmeýän zatdyr.

Eger sen Nimroza gidip, şol habary getirmegi berk karar eden bolsaň, onda häzir ugra – diýip, şa gyzyň ejesi gürrüňini tamam etdi. Men:

– Şu pursatda ugraryn. Hudaý ýol berse, tizden gaýdyp gelerin – diýdim.

Men hoşlaşdym-da, Allatagala sygnyp, ýola rowana boldum. Men her günde bir ýylyň hupbatyny çekip, ahyry bir gün Nimroza ýetdim. Bu ýeriň ilatynyň öňümden çykany: esgerlerem, söwdagärlerem, garaz, ählisi gara geýnipdir. Öňki gulagym bilen eşidenlerimi indi gözüm bilen gördüm. Ine, birnäçe günden soň täze Aý dogdy. Täze aýyň ilki güni şäheriň ähli ilaty: garry diýmän, ýaş diýmän, emir diýmän, şa diýmän, çaga diýmän, ýetginjek diýmän, aýal diýmän, erkek diýmän, boş meýdana üýşdüler. Menem öz ilinden-malyndan jyda düşen bir derwüş görnüşinde şol märekä gatyşdym-da, galpyldy bilen nämäniň boljagyna sabyr-takatsyz garaşmaga durdum. Şol wagt aýylganç gykylyk bilen tokaýdan çykyp, öküz çapyp gelýän bir ýigit göründi. Ýigit agzyndan köpük saçyp gelýärdi. Bu ýigit hakynda habar bermek üçin uzak ýollary söküp gelen men betbagt bolsa, ony görenimden aljyrap, aňk bolup galdym. Meniň eşidişim ýaly, ýigit öňki bolşuny gaýtalap, yzyna dolandy, märeke hem şähere gaýdyp ugrady. Men şol wagt özümi rasladym-da: «Ýeri, seniň nätdigiň boldy! Indi ýene bütin bir aýlap garaşmaly ahyryn!» diýip, gözýaş döküp agladym. Bialaç bolup, il bilen şähere gaýtdym hem-de oraza tutýan ýaly bütin bir aýlap, günümi sanap geçirdim. Ahyryn ýene-de täze Aý dogdy, ol bolsa meniň üçin baýram gelen ýaly boldy. Daň atanda patyşa ähli halk bilen öňki meýdana ugrady. Ýene jemagat ýygnandy. Men öz ýanymdan: «Şu gezek her edip, hesip edip, bu aňk ediji işe düşünmelidirin» diýip, ýüregime berk düwdüm.

Ine, ýene-de adatdaky ýaly, şol ýigit sary öküzini çapyp geldi-de, ýere düşüp, çök oturdy. Onuň bir elinde ýalaňaç gylyç, beýlekisinde hem öküziň bagy bardy. Elindäki küýzä meňzeş gaby bolsa ol gula beripdir. Gul bolsa ol küýzäni jemagata görkezip ugrady welin, oňa bakanlaryň hemmesi eňreşiberdi. Soňra ýigit ol küýzäni ýere urup döwdi-de, guluň üstünden gylyjyny

şeýlebir aýlap saldy welin, onuň kellesi togalanyp, honda düşdi. Ýigit haýal etmän, öküzine münüp, yzyna gaýtdy. Men şol wagt onuň yzyndan eňdim, emma adamlar meniň golumdan tutup:

– Sen näme iş edýärsiň? Näme üçin göz-görtele ölüme barýaň? Eger sen dünýäden doýan bolsaň, ölmegiň başga-da täri kän ahyryn – diýişdiler.

Men olara özelenip ýalbarsam-da, sypjak bolup şunça dyzasam-da, olar meni goýbermediler. Olar meniň daşymy gallaşyp, şähere alyp gaýtdylar. Men bijaý nägile boldum, sebäbi men ýene-de bir aýy biderek ýitirdim ahyryn!

Bu aý hem aýak bolup, täze Aý dogan gününiň ir säheri adamlar ýene-de öňki ýere toplandylar. Bu gezek men azap bilen şäherden çykdym-da, tokaýa baryp, ýigidiň geçjek ýolunda gizlendim. Bu ýerde maňa hiç kimiň azary ýetjek däldi. Ýigit öňküsi ýaly öküzini çapyp geldi-de, ozalky eden işlerini gaýtalap, ýene gelen tarapyna gidiberdi. Men onuň yzyndan aýagaldygyna ylgap ugradym. Ol meniň aýak sesimi eşidip, yzyndan kimdir biriniň gelýänini aňdy. Ol haýdan-haý öküziniň jylawyny çekdi--de, aýylganç gygyrdy. Gylyjyny sogrup, çapjak bolup üstüme süründi. Men diýseň edeplilik bilen salam berdim-de, iki bükülip, gol gowşurdym welin, olam edep-ekram bilen:

– Eý, derwüş! Sen armanly ölýärdiň, ýöne häzir ajalyň ýetmändir. Seniň onsuzam köpüň geçip, azyň galypdyr. Ýeri, sen nirä barýarsyň? – diýdi-de, bilindäki gymmatbaha daşlar bilen haşamlanan, merjen asawaçly hanjaryny çözüp, öňüme oklady. – Häzir saňa berer ýaly, ýanymda pulum ýok. Sen bu hanjary patyşanyň ýanyna alyp barsaň, islän zadyňy alyp bilersiň.

Meni şeýlebir elhenç gorkudyr howp gurşap aldy welin, men ne bir zat diýip bildim, ne-de bir ädim ädip bildim. Meniň dilim basylyp, aýaklarym duşalana döndi.

Onýança ýaňky edermen ýigit öküzine haýbat atyp, ýene ýoluna ugrady. Menem öz ýanymdan «Näme bolsa, şol bolsun! Häzir hereket etmezlik akmaklykdyr. Indi amatly pursat dolanyp gelmez» diýip pikir etdim. Men ýaňky ýaly howatyrlylyga duçar boljagymy bilsemem, ýene onuň yzyndan eňdim. Ýigit yzyna öwrülip, meni göreninde gazap atyna mündi, öldürjek bolup,

hemle urdy. Men sadyklyk bilen boýnumy burdum-da, oňa ähli öwlatlaryň adyndan doga okap, şeýle diýdim:

– Eý, zamanamyzyň Rüstemi! Meni deň iki böl, ýöne gylyjyňy şeýlebir batly ur, hatda azajyk derimem ilteşip galmasyn. Men şonda ähli hesretdir betbagtlykdan halas borun. Men öz ganymy saňa bagyşlaýaryn.

– Eý, şeýtan sypatly! Sen näme üçin öz bigünä hunuňyň garamatyny atyp, meni günä galdyrjak bolýaň? Janyňdan irdiňmi? Bar, öz ýoluňa ugra!

Men onuň diýenini etmän, yzyna düşüp ugradym, ol bolsa indi maňa üns hem bermedi. Şeýdip men ony sypdyrman yzlap gitdim. Birnäçe menzil geçenimizden soň, gyrymsy tokaýlyk gutardy-da, öňümizden bir gala çykdy. Ýigit gapynyň ýanyna gelip, eýmenç gygyrdy welin, işik öz-özünden açylyp gitdi. Ol howla girdi, men bolsa daşynda galdym. Şonda ynjalyksyzlanyp: «Eý, Alla! Men indi näderin?» diýip pikir etdim. Emma birnäçe wagtdan bir gul çykdy-da:

– Gel, seni hojaýyn çagyrýar. Seniň başyňda Ezraýyl perişde ganatyny gerýän bolsa gerek. Sen bu ýerlere ne kysmat bilen düşdüň? – diýdi.

– Tersine, bu meniň üçin bagtlylykdyr! – diýip, men oňa jogap berdim-de, çekinmän howla girdim.

Gul meni şol ýigidiň oturan öýüne getirdi. Men oňa üç büküläp salam berdim. Ol hem maňa otur diýen yşaraty etdi. Men hormat bilen aýbogdaşymy gurup oturdym. Ýigidiň oturan masnadynyň öňünde zergäriň şaýlarynyň ýaýrap ýatyşyna, ýap-ýaňyja laglyjowahyrdan ýasalan zada haýranlar galdym. Ol ýerinden turjak bolan wagty, ýigidiň daş-töwereginde duran gullaryň hemmesi dyr-pytrak bolup, hersi bir jaýda gizlendi. Menem gorkymdan bir otagça kürsäp urdum. Ýigit ýerinden turup, hemme jaýlaryň agzyny gulplady-da, bagyň bir çetine baryp, münüp gelen öküzini ýençmäge durdy. Öküziň aýylganç sesini eşidenimde, meniň ýüregim elenip gitdi. Men şunça azaplary ýigitdäki gizlin syrlary bilmek üçin çekdim ahyryn. Men örän howatyrlansamam, gapyny açdym-da, bir ýogyn agajyň düýbünde gizlenip, oňa syn edip dur-



dum. Ýigit öküzi ýenjen taýagyny taşlap, açary bilen gapylaryň birini açdy-da, içine girdi. Tiz wagtdan ol ýene daşaryk çykdy-da, öküziň arkasyny sypalap, tumşugyndan ogşady, soňra iým berip, yzyna gaýtdy. Men ony görenimden, ýene öňki otagçama ylgap girdim. Şol wagt ýigit hemme gapylary açyp çykdy. Otaglardan elleri altyn bilen nagyşlanan halyça namazlykly, kündükli, legenli gullar çykdy. Ýigit täret kylyp, namaza durdy. Namazyny okap bolansoň bolsa:

– Hany, ýaňky derwüş hany? – diýip, meni sorady.

Adymyň tutulanyny çala eşiden badyma, ýigidiň öňünde dikilgazyk boldum.

– Oturyň – diýip, ol merhemet etdi.

Men baş egip, aşak oturdym. Garbanmak üçin nahar getirildi. Ol nahar iýmäge başlady-da, maňa-da hödür etdi. Men onuň bilen nahar iýdim. Saçak ýygnalyp, elimizi ýuwanymyzdan soň, ýigit gullaryny ýatmaga goýberdi. Jaýyň içinde bizden başga adam galmadyk wagty ol:

– Gadyrdan! Ajal gözlegine çykar ýaly, seniň başyňa nämeler düşdi? – diýdi.

Men oňa öz başymdan geçirenlerimi bolşy ýaly, birin-birin gürrüň berdim-de, sözümi şeýle tamamladym:

– Siziň merhemetliligiňiz saýasynda öz maksadyma ýeterin diýip umyt edýärin.

Ýigit içini çekip, bir ah urdy-da, çala bihuş bolup, şeýle diýdi:

– Eý, gudratly Alla! Yşk derdini senden başga kim biler? Aňzaga ökjesini ýaryk-ýaryk etdirmedik, kişi hasratyny nä bilsin. Meniň derdimiň güýjüni şol derde sataşan biler.

Yşkyň derdin aşyk bolanlar biler,
Hazan dek sargaryp solanlar biler.
Ähtiýalan yşk derdini näbilsin,
Ony tüýs ýürekden söýenler biler.

Birsalymdan soň ýene özüne gelip, jaýy ýaňlandyryp, ýürek awudyjy ah çekdi. Men onuň hem yşk oduna ýanandygyny, meniň uçran derdime sataşandygyny aňdym. Men batyrlanyp:

– Men size özüm hakda doly gürrüň berdim. Gadyrdanlyk edip, siz hem öz başyňyzdan geçirenleriňizi gürrüň beriň. Men şonda ilki bilen size elimden gelen kömegi edip, ähli güýjümi sizi ýürek arzuwyňyza ýetirmegiň ýoluna sarp ederin – diýdim.

Gepiň keltesi, bu söýgi derdine sataşan ýigit meniň duýgudaşlygymy hem-de dertdeşdigimi aňyp, özüniň başyndan geçirenlerini gürrüň bermäge durdy.

– Gulak as, gadyrdan! Men şu Nimroz welaýatynyň betbagt şazadasy. Men dünýä inemde patyşa atam müneçjimleri, gurrandazlary hem-de dana panditleri[1] çagyrypdyr. Ol meniň haýsy ýyldyzyň astynda doglandygymy bilmegi hem-de meniň her pursat, her sagat, her gün, her aý, her ýyl başyma näme düşjekdigini aýtmaklygy buýrupdyr. Şu buýruk bilen olaryň hemmesi bir ýere üýşüp, hersi öz hünärine, bilimine görä meniň täleýimi kesgitläpdirler. Olar şeýle diýipdirler: «Allanyň şepagaty bilen şazada sähetli günde, bagtly pursatda dünýä inipdir. Ol, Isgender Zülkarneýn ýaly döwlet gurup, Nowşirwan ýaly adyl boljak, dünýädäki ähli ylymlaryň, hünärleriň aňyrsyna çykyp, her bir ýapyşan işi hem şowly boljak. Ol özüniň pesgöwünliligi hem-de edermenligi bilen Hatam Taýdyr Rüstemden-de artyk şöhrat gazanar. Ýöne 14 ýaşy dolýança oňa Gün hem Aýy görmeklik gaty howatyrlydyr. Hatda onuň akylyndan azaşmagy hem-de köp adamlaryň ganyny dökmegi, terkidünýä bolmagy, öz ýüregini ýabany haýwanlaryň arasynda köşeşdirip, tokaýlara baş alyp çykyp gitmegi mümkin. Bu ýagdaýdan çykmagyň ýalňyz ýoly – ony Günüň, Aýyň ýagtysyndan gorap saklap, hatda hasaby tapylsa, asmanyň ýüzüne hem seretdirmezlikdir. Şol möhletden sag-aman ötenden soň bolsa, ol bütin ömrüni parahatlykda, bagtlylykda höküm sürer».

– Patyşa olary diňläp, ine, şu howlyny salyp, onuň içinden hem her hili jaý gurmagy buýrupdyr. Ine, onsoň meni Aýyň, Günüň şöhlesi düşmeýän, üsti keçeli gümmezde terbiýeläp ugradylar. Meni şeýle alada bilen owadan jaýlarda her hili enekeler idetdiler. Okatmak üçin hem akyldar, tejribeli halypa tutdular. Ol maňa ähli ylymlary öwredip, ýedi dürli hatyň ýedisinde-de ýazmagy öwretmelidi. Allanyň ýalkany atam häli-şindi menden

[1] *Pandit* – Ylymly indus.

habar tutar durardy. Meniň näme edýändigimi gündelik oňa habar berer durardylar. Men dürli-dürli oýnawaçdyr güller bilen göwnümi açardym. Iýmäge bolsa dünýäde adyny tutan naharyň bardy. On ýaşlaryma baranymda bir ýerde hünär bolsa ählisini öwrendim.

Günleriň bir gününde men gümmeziň aşagynda, gözümiň öňünde ösüp, ulalyp barýan bir täsin güli gördüm. Ony ýoljak bolup, elimi uzatdym. Näçe tutjak bolup jan etsem-de, ol meniň elimden sypdy durdy. Geň galyp, güle seredip durdum, şol wagt bolsa gulagyma biriniň gülküsi eşidildi. Men ýokaryma sereden badyma, gümmeziň üsti açyldy-da, aý jemally bir görkana ýüz göründi. Ol ýüzi görenimden, tas, akylym çaşyp, özümden gidipdim. Özümi raslap, gaýtadan ýokary bakamda, deňi-taýy bolmadyk jenanlaryň eginlerinde duran gymmatbaha daşlar bilen bezelen tagty gördüm, onuň üstünde bolsa başy gymmatbaha jygaly örän gowy donly, eli ýakut jamly şerap içip oturan peri sypatly ajaýyp gyzy gördüm. Tagt ýuwaş-ýuwaşdan ýere düşdi. Perizat meni ýanyna çagyryp, gaşynda oturtdy-da, maňa iň ýakymly sözler bilen ýüzlendi. Soňra leblerini leblerimiň üstüne goýdy. Müşk ysly şerapdan bir jamyny hödürledi-de, şeýle diýdi:

– Adamzadyň ähti bolmaýar, ýöne şeýle hem bolsa, meniň ýüregim saňa tarap ymtylýar.

Ol özüniň ýakymly, näzli sözleri bilen şol bada meniň erkimi aldy. Meni bagt gurşap alyp, men durmuşyň şadyýanlygyny duýup, özümi diňe şo gün dünýä inen ýaly duýdum. Emma netijede men hiç zat bolup galdym. Ýöne şeýle bagty hiç kim görüp-eşiden däldir. Biz şeýle duşuşygyň şatlygy bilen gurşalyp, ikiçäk ýanaşyp, arkaýyn otyrkak, bu eşret duýdansyz bozuldy.

Diňle, men saňa duýdansyzlyk hakynda gürrüň bereýin. Birden asmandan dört sany perizat indi-de, meniň söýgülimiň gulagyna bir zatlar pyşyrdady. Perizat olaryň aýdan zadyny eşidenden, ýüz keşbini üýtgedip:

– Mähribanym! Meň seniň bilen oturyp ýene birsellem eşret çekesim hem-de şundan beýläk-de hemişe seniň ýanyňa gelip ýa-da seni öz ýanyma äkidip durmak isleýärin, ýöne welin asmandakylar biziň ikimiziň bir ýerde oturyp, şady-horram bol-

magymyzy islemeýärler. Hoş gal, söýgülim! Hudaý seni öz penasynda saklasyn – diýdi.

Bu sözleri eşidenimde, meniň başym aýlanyp, elimdäki bagt guşum uçup, menden daşlaşdy.

Men:

– Hanym! Biz ýene haçan duşuşarys? Siz näme üçin maňa beýle ajy sözler aýdýarsyňyz? Eger siz ýene çalt gaýdyp gelseňiz, onda meni diri taparsyňyz, gelmeseňiz bolsa ýas tutmaly bolarsyňyz. Hiç bolmanda öz adyňyzy hem-de maňa haýsy tarapa ugrajagyňyzy bir aýdyň – diýip gygyrdym. Ol bolsa:

– Hudaý saklasyn, seniň bu sözleriň şeýtanyň gulagyna beri iläýmäwersin. Hudaý saňa ýüz ýigrimi ýaş bersin: janyň sag bolsa, duşuşyk hem bolar. Men jynlaryň şasynyň gyzydyryn, mekanym hem Kap dagydyr – diýdi.

Ol şeýle diýdi-de, tagty-pagty bilen asmana göterilip, gelşi ýaly hem gözden ýitip başlady. Tä gözden ýitýänçä biz biri-birimize seredip durduk, haçan gözden gaýyp bolanda bolsa, meni jyn urana döndi. Kalbym gaýgy-gussadan doldy-da, huşum başymdan uçup, gözümiň öňi garaňkyrap gitdi. Göwnüm bozulyp, dynuwsyz möňňürmäge durdum, başymdan kül sowrup, egnimdäki geýimlerimi ýyrtyşdyrdym. Men işdäden kesilip, hemme zada parhsyz garadym.

Söýgi – betbagtlyk, söýgi – birehim,
Böküp dur gussadan dolan ýüregim.

Enekedir mollam meniň başymdan bir zadyň geçendigini aňdylar-da, gorkup patyşanyň ýanyna bardylar.

Şazadanyň bolup ýörşi gaty geň. Onuň başyna duýdansyz ýagdaýda näme belanyň düşenini aňar ýaly däl. Şazadanyň ukusy tutman, rahatlykdan aýrylyp, iýmek-içmekden kesildi – diýip, olar oňa habar ýetirdiler.

Patyşa öz ýanyndaky adamlaryny: weziri, akyldar emirleri, ökde tebipleri, ýiti gözli müneçjimleri, ylymly mollalary, hojalary hem-de dindar derwüşleri yzyna tirkäp, özüniň nurana ýüzi bilen howla şöhle saçyp, şu ýere geldi. Ol meniň galagoplugymy, köşeşmejek gözýaşymy görüp, howsala düşdi. Ol göz-

lerine ýaş aýlap, öz duýgusyna erk edip bilmän, meni bagryna basdy-da, meniň dermanymy tapmagy buýurdy. Tebipler maňa göwnüçökgünligiň garşysyna diýip her dürli doga-tumar berdiler--de, ýüzüme «çüfläp» ugradylar. Müneçjimler bolsa: «Beýle ýagdaý asmandaky ýyldyzlaryň ýerleşişinden bolupdyr, muny düzetmek üçin gurbanlyk bermeli» diýdiler. Garaz, her kim öz hünärine görä bir zat diýdi. Ýöne men ýüregimde dörän derdimi özüm çekýärdim. Adamlaryň jan çekmegi, mekirlikleri maňa hiç hili hemaýat berip bilmeýärdi. Meniň akylym gün-günden beter çaşýardy. Iýmek-içmekden galamsoň, bedenimiň kuwwaty gaçýardy. Men gije-gündiz agladym, kakynly ýaly çyrpyndym.

Şeýle ýagdaýda üç ýylymy geçirdim. Dördünji ýyl bize köp ýurtlary gezen bir täjir geldi. Ol jahanyň ähli künjeklerinden ýurduň şasy bolan atama akylyňy haýran ediji täsin sowgat getirdi hem-de özüniň ony şeýle hormatlaýandygyny bildirdi. Patyşa ony mähribanlyk bilen garşy alyp, aman-saglyk sorandan soň:

– Siz köp ýurtlary görüpsiňiz. Siz gezen ýerleriňizde bir ökde tebibiň bardygyny görüp-eşitmediňizmi? – diýdi. Täjir:

– Eý, älemiň häkimi! Men köp ýerleri gezip, ine, şeýle bir zady gördüm. Hindistanda deryanyň içinde bir dag bar. Ol dagda-da uzyn saçly bir keramatly galandar bar. Ol galandar äpet Mahadewleriň[1] ymaratyny hem-de namaz okalýan meýdança saldyryp, burk urup duran çarbagy ýetişdiripdir. Onuň özi şol bagda ýaşaýar. Ol galandaryň şeýle dessury bar: Her ýyl Şewrat[2] baýramynda öz jaýyndan çykyp, derýada suwa düşýär--de, şondan lezzet tapýar. Ol, suwa düşüp, öz jaýyna gaýdanda bolsa, onuň gapysynyň agzynda uzak-uzak ýurtlardan gelen hassalar hümerlenişip durýarlar. Biziň günlerimiziň Eflatuny bolan bu keramatly adam jemagatyň arasyna baryp, olaryň peşewini hem-de damaryny barlaýar-da, olara nesihat berýär. Allatagala oňa şeýlebir eliýeňillik beripdir welin, onuň em edeni ýüzüniň ugruna elinden çekilen ýaly bolýar ötägidýär. Men muny öz gözüm bilen gördüm-de, özüne şeýle bendäni ýaradan Taňrynyň

[1] *Mahadew* – hindi mifologiýasynda weýran ediji beýik Hudaý Şiwanyň bir ady.

[2] *Şerwat* – induslaryň Şiwa hudaýyň hatyrasyna edýän baýramy.

gudratyna haýranlar galdym. Eger siz rugsat etseňiz, biz şazadany ol ýere äkidip, ony şol derwüşe görkezerdik. Siziň ogluňyzyň tiz wagtdan gutulyp, tut ýaly boljakdygyna men ynanýaryn. Meniň pikirimiň ýene-de bir gowy tarapy bar, olam bolsa şazada täze ýurtlaryň tämiz howasyndan dem alyp, dürli-dürli tagamlaryndan iýse, onuň birkemsiz şähdi açylar.

Täjiriň bu maslahaty patyşa ýarady.

– Ajap bolýar – diýip, ol begençli aýtdy. – Belkem, bu işde ol tebibiň eli em bolup, oglumyň ýüregindäki gam-gussasy aýrylyp gider.

Patyşa ýol şaýymyzy kemsiz tutdy-da, meni ugratmak üçin söwdagärler bilen bile özüniň köp zatlardan başy çykýan, köp ýurtlary gezen ynamdar emirini belledi. Bir topar gämimi, ýelkenli gaýyklarmy jemlenip, biziň ýüklerimizi şolara ýüklediler. Patyşa biziň bilen hoşlaşdy. Biz gije diýmän, gündiz diýmän ýüzüp, ahyry barmaly ýerimize bardyk. Bu ýeriň tämiz howasy, üýtgeşik naharlary meni biraz gurplandyrsa-da, men öňkim ýaly gama batyp aglap ýördüm. Meniň perizadym hiç ýadymdan çykmaýardy. Men setanda-seýranda agzymy ýaranymda-da, şeýle şygyr aýdardym:

Peri ýüzliň, humaý gözliň
kimdigini bile bilmen,
Bikarardyr şol günden soň,
hassa düşen ýüregim meň.

Iki-üç aýyň dowamynda ada dört müňe golaý näsag üýşdi. Hemmesi hem «Hudaý berse, keramatly galandar hüjresinden çykar-da, sözi bilen derdimize derman eýlär» diýýärdiler.

Ine, arzuwly gün ýetip gelende, ir bilen Gün dogan ýaly bolup, galandar peýda boldy. Ol derýa girip, suwa düşdi, derýanyň aňry kenaryna ýüzüp, ýene yzyna dolandy, suwdan çykyp, küle, tozana bulaşdy. Külüň içinde közüň ýitişi ýaly, onuň agaryp duran bedeni külüň içinde ýitip gitdi. Maňlaýynyň ýüzüne oňat malabar sandaly bilen tegmil basdy, langotisini[1] daňyp, el-ýüzüni süpürýän

[1] *Langot* – aýaklarynyň arasyndan geçirip, erkekleriň billerine daňýan matasy. Bu galandarlaryň ýeke-täk geýimidir.

matasyny egnine atdy, saçyny bogup, murtlaryny towlaşdyrdy-da, gyrma köwşüni geýdi. Dünýä onuň parhyna-da däldigi ýüzünden görnüp durdy. Galandaryň goltugynda gymmatbaha daşlar bilen bezelen bir gapjagazy bardy. Ol gezek-gezegine hemmeleriň ýanyna baryp, näsaglara seretdi, näme etmelidigini ýazyşdyryp berdi, ahyry meniň ýanyma golaýlaşdy. Nazary meniň nazaryma kaklyşandan, ol böwrüni diňläp, biraz durdy-da:

– Ýörüň, meniň yzyma düşüň – diýdi. Men tirkeşip gitdim.

Ol kesellileriň hemmesini aýlanyp çykanyndan soň, meni öz jaýyna alyp bardy-da, bir çemelije owadan hüjräni görkezip:

– Şu ýerde ýaşaberiň – diýip, öz jaýyna gitdi.

Ol kyrk gün geçenden soň ýanyma geldi-de, öňkimden biraz ganymatlaşandygymy aýtdy.

– Bagymyza girip geziberiň, göwnüňiziň islän miwelerinden ýolup alyp iýiň – diýip ýylgyryp aýtdy-da, soňra içi dermanly hytaý jamjagazyny elime tutduryp, şeýle buýruk bilen sözüni tamamlady:

– Şu dermandan her gün ajöze bir owurt içiň.

Şol sözleri aýdyp, ol ýanymdan turup gitdi.

Men onuň buýruşy ýaly etdim. Özümiň gün-günden gurbatyma gelip, ýüregimde şatlyk alamatlary peýda bolup başlady. Ýöne yşk hesreti welin öz häkimligini ýöredýärdi. Perimiň jemaly meniň göz öňümden hiç gitmeýärdi.

Bir gün tekjede ýatan bir küti kitaba gözüm düşdi. Elime alyp, açyp gördüm. Görsem, dünýädäki ähli bilimler göýä küýzä sygan deňiz ýaly, şu kitaba ýygnanypdyr. Men gije-gündiz ol kitabyň başyndan aýrylmadym. Tebipçilik käriň köp zatlaryny hem-de arwah-jynlary okamagy öwrendim. Şol ikarada bir ýyl geçip, ýene şol şatlykly gün gelip ýetdi. Keramatly galandar ornundan turdy-da, ýene öz hüjresinden çykdy. Men salam berip, onuň ýanyna baranymda, galandar meniň elime öz galam gabyny berdi-de, yzyna düşürip äkitdi. Biz derwezeden çykanymyzdan, märeke oňa alkyş ýagdyryp başlady. Meni alyp gelen emir bilen täjir hem şu ýerdedi. Olar meniň galandaryň ýany bilen gelýänimi görüp, onuň aýagyna ýykyldylar, alkyş aýtdylar:

– Siziň şepagatyňyz bilen ol dertden dynypdyr.

Galandar öz adatyna görä her ýylky edişi ýaly, derýa baryp suwa düşdi-de, doga okady. Gaýdyşyny bolsa kesellilere seretdi.

Birden bir topar telbeleriň içinde onuň gözüne bir görmegeý ýaş ýigit ildi. Ol ýigit ysgynsyzlykdan ýaňa aýagynyň üstünde-de durup bilmeýärdi. Galandar maňa ol ýigidi jaýyň içine eltmegi buýurdy. Kesellilere maslahat hem doga berişdirip, hüjrä gaýdyp gelenimizde, galandar ol kesel ýigidiň kellesinden kiçiräk deşik açdy-da, atagzy bilen onuň beýnisine giren kyrkaýagy çykarjak boldy. Şol wagt meniň kelläme bir pikir geldi. Eger-de atagzyny gyzdyryp, kyrkaýagyň arkasyna bassaň, onda ol çykyp gitjek, emma atagzy bilen tutup çekiberseň welin, onuň ýumşak ýerden aýrylasy gelmez, ýigidiň janyna wehim salar. Men galandara pikirimi aýtdym. Ol menden şeýle sözleri eşideninde, sesini çykarman, ýüzüme seretdi-de, ýerinden turup, bagyň bir burçuna tarap ýöneldi. Baryp agajy gujaklady-da, öz saçyndan halka ýasap asyldy. Men şol bada yzyndan ylgap bardym. Arman, onuň eýýäm jany çykan eken. Men bu elhenç wakany görüp gaty gynandym. Emma indi bu garryny jaýlamakdan başga meniň edip biljek işim ýokdy. Onuň göwresini agaçdan aýyrjak bolanymda bulaşan saçlarynyň arasyndan iki sany açar gaçdy. Ol açarlary aldym-da, galandary gara ýere tabşyrdym. Soňra açarlar bilen jaýyň içindäki gapylary açjak bolup gördüm. Ahyry iki sany hüjräniň gapysy açyldy. Görsem, olaryň içi gymmatbaha daşlardan hyryn-dykyn eken. Bir ýerde bolsa daşyna mahmal tutulyp, altyn apbasylar bilen bezelen bir gapyrjajyk dur. Men onuň gulpuny açdym-da, gapagyny galdyrdym. Gapyrjajygyň içinde gudratly Allatagalanyň ady ýazylan bir kitap bar eken. Onda jyn-perileri çagyrmagyň ýollary, arwahlary özüňe boýun egdirmegiň tärleri, şeýle hem okaňda Aý-Gün tutulýan doga ýazylan eken.

Men şeýle genji-hazyna tapanym üçin gaty begendim hem-de ondan peýdalanmakçy boldum. Metjidiň derwezesini açyp, meniň bilen gelen emirdir onuň kömekçilerine bu pullaryň, harytlaryň, gymmatbaha zatlaryň, kitaplaryň ählisini gämilere ýükläp, watana gaýtmagy buýurdym. Biz az ýöräp, köp ýöräp öýümize golaý baranymyzda, biziň dabaramyz patyşa ýetdi. Ol biziň öňümizden çykyp, begenjinden ýaňa guş bolup uçjak bolup, meni bagryna basdy.

Men onuň dabanlaryndan öpüp:

– Men biçärä öňki howlymda ýaşamaga rugsat ediň – diýdim.

– Nazarkerde oglum! Ol howly emgekli howly, onuň üçinem onuň ugruna seredilmedi; indi onuň içinde adam ýaşar ýaly däl. Sen beýleki köşklerden göwnüň halanyny al-da ýaşaber. Eger sen galanyň içinden ýer tutup, meniň gözümiň görüp durjak ýerinde ýaşasaň, gezelençdir keýpi-sapa çekmek üçin hem göwnüňe ýaraýşy ýaly edip, bir bag ekdirseň kem bolmazdy.

Emma men öňki haýyşymda berk durup, köne bagymda ýerleşdim. Onuň içindäki zatlary täzeledim, baga timar berip abadanlaşdyrdym, bejerip, jennetiň jaýyna dönderdim. Soňra elimi boşadyp, jynlary özüme boýun etmek üçin kyrk gün oraza tutdum, yns-jynsyň ýok ýerinde arwahlary çagyrmaga taýýarlandym.

Kyrk güni geçirenimden soň, gijäniň birwagtlary şeýle bir güýçli apy-tupan gopdy welin, beýik-beýik jaýlar ýumrulyp ugrady, agaçlar bolsa köki-söki bilen gopup asmanda gaýdy. Onuň yzysüre bir topar peri uçup geldi. Olar bilen bir tagt hem ýere indi. Ol tagtyň üstünde eginleri tüýs owadan halatly, başy merjen jygaly biri dabaraly görnüşde otyrdy. Men ony görenimden, uly hormat bilen salam berdim. Ol meniň salamymy alyp:

– Eý, gadyrdan! Sen näme üçin biderek galmagal turuzdyň? Bizden näme isleýärsiň? – diýdi. Men:

– Men biçäre köpden bäri siziň gyzyňyza aşyk. Onuň ugrunda zagpyran dek sargaryp, mahluga döndüm. Men dünýäden doýdum. Onuň ýolunda öz janymy bermäge-de taýýar. Men indi bir size sygynýan, men göwni synyga şepagatlyk ediň. Bir çemçe ganymy geçip, gyzyňyz bilen görüşmäge rugsat etseňiz, uly sogap gazandygyňyz bolardy – diýdim.

Ol meniň haýyşyma:

– Adamzat toprakdan emele gelipdir, biz bolsa otdan döräpdiris. Bi iki zady birleşdirmek aňsat däl – diýdi.

– Onuň jemalyny görsem bolýar, ondan artyk zat islämok – diýip, men ant içdim.

Ol bolsa:



– Azamzat lebzinde durmaýar. Olar tutan maksatlaryna ýetmek üçin ilki ant içip, awy ýalaýarlar, soňra hem beren wadasyny unudýarlar. Men muny seniň bähbidiň üçin aýdýaryn: her haçan hem sen ýaňky aýdanyňdan artykmaç bir zat etmekçi bolaýsaň, onda ikiňiz hem ölüme sezewar bolarsyňyz, janyňyz sal üstünde galar.

Biziň başymyza günä getirjek hiç bir zat etmän, onuň jemalyna bakjakdygyma söz berdim. Biz şeýdip, gürrüň edip durkak birden jynlar şasynyň tagty gaýyp boldy-da, gürrüňi edilip duran perizat geldi. Onuň bezeg-şaýlaryna akylym haýran galdy. Men özüme erk edibilmän, ony mähir bilen gujakladym-da:

Näm üçin men biderek
Garaşýan gaşy kemana?
Hany ol, onuň ugrunda
Tutdum men kyrk gün oraza –

diýip, bir gazal aýtdym.

Biz şady-horram bolup, meniň howlymda ýaşaberdik. Men betbagtlykdan gorkup, diňe onuň näz-kereşmesinden mährem tapýardym, ondan artyk zatlar barada bolsa pikir hem etmeýärdim. Meniň perizadym beren sözüme şeýle wepalydygyma juda haýran galýardy.

Ol maňa käte:

– Ezizim! Sen öz beren sözüňde berk durýarsyňam welin, şonda-da men saňa şeýle maslahat berýärin: kitabyňy berkräk sakla. Jynlar maýyny tapsa, bu gün bolmasa, erte gelip, ony alyp gaçjaklar ahyryn – diýýärdi.

– Men ony öz şirin janym ýaly görüp goraýaryn – diýip jogap berdim.

Emma bir gije özümi şeýtana aldyraýypdyryn. Hyjuwdan ýaňa özüme erk edibilmän: «Näme bolsa bolsun! Men haçana çenli saklanyp ýöreýin» diýip pikir etdim-de, iň gabahat niýet bilen perizady bagryma basdym. «Kitaby uzat, onda keramatly adamyň ady bar. Ony masgara etme-de äber» diýen ses gulagyma geldi. Meniň şeýle aýşy-eşretde düýpden akylym çaşdy. Meniň

bar erkim perizada gidendigi sebäpli, köýnegimiň içindäki kitaby çykardym-da birine uzatdym. Peri meniň akmaklygymy görüp:

– Ah, eziji! Sen öz lebziňden dänip, meniň maslahatymy unutdyň! – diýip gygyrdy. Ol şeýle diýdi-de, bihuş boldy. Men onuň başujunda duran eli kitaply döwe gözüm düşdi. Men ony tutup, birkemsiz ýenjip, elimden kitaby almak isledim, emma edil şol wagt başga bir döw onuň elinden kitaby kakyp aldy-da gaçyp gitdi. Men dilime gelen dogalary okap ugradym. Ýaňky dik duran döw öküze döndi. Wah, arman, perim bolsa, öňküsi ýaly huşsuzdy. Şondan bäri ol jadyly ukuda ýatyr, hiç özüne gelenok.

Şol ýerde meniň hem akylym aýlandy. Ähli şatlyklar meniň üçin hesret boldy. Men adamlary ýigrenip ugradym, olardan daşlaşyp, şu bagda boluberdim. Güýmenje üçin bolsa göwherden gap-çanak ýasan bolýan. Her aý jadylanan öküzimiň üstüne münüp, meýdana çykýan-da, adamlar meniň nähili hesret çekýänimi görüp, bile ýas tutar ýaly, jam döwüp, bir guly öldürýän. Belki-de, maňa rehimi inip, meniň üçin Alladan dileg etjek Hudanyň bir bendesi tapylaýadyr, ana, şonda ýene öňki bagtyma ýeterdim. Eý, dost, dost! Ine, men saňa özümiň nädip telbe, samsyk bolanymy aýdyp berdim.

Men onuň gürrüňini diňläp boldum-da, gözýaşyma erk edibilmän, şeýle diýdim:

– Eý, şazada! Sen, hakykatdan hem, yşkyň otly derdini çekipsiň. Men indi öz arzuwlarymdan dänýän. Seniň işiň üçin dag-jeňňelleri söküp, elimden gelenini etjekdigime kasam edýän.

Men şeýle wada berip, onuň bilen hoşlaşdym-da, bäş ýyl telbe kimin ykdym, emma onuň derdine şypa berer ýaly hiç hili derman tapmadym. Ahyry, dünýäni terk edip, bir beýik daga çykyp ugradym-da, gapyrgama çenli çym-pytrak bor ýaly, özümi dik aşak zyňmagy ýüregime düwdüm. Şol wagt hem ýaşyl donly şol atly geldi-de:

– Janyňa kast etme. Birnäçe günden sen öz myradyňa ýetersiň – diýdi.

Eý, Hudanyň wepadar derwüşleri! Men eýýäm sizlere-hä duşdum. Indi bolsa Hudanyň şepagaty bilen biz şatlyga, bagta eýe bolup, ähli garyplar hem öz gözleýän zadyna ýetermikä diýip umyt edýän.

# Azatbagt patyşanyň gürrüňi

Ikinji derwüş öz başyndan geçirenleri hakyndaky hekaýatyny aýdyp gutaranda, gije tamam bolup, daň atdy. Azatbagt patyşa sesini çykarman, öýüne gaýtdy. Köşge gelip namazyny okady, soňra howza suwa düşüp, gymmatbaha lybasyny geýdi-de, umumy kabul ediş jaýyna girdi. Tagtyna geçip:

– Garawulbaşy pylan ýere barsyn. Ol ýerde dört sany mysapyr bardyr. Goý, ol olary hormat bilen şu ýere alyp gaýtsyn – diýip, buýruk berdi.

Garawulbaşy patyşanyň emri bilen salgy berlen ýere bardy. Görse ol ýerde dört sany gedaý gamdan egsilip, el-ýüzüni ýuwupdyrlar-da, şaýlaryny tutup, hersi öz ýoluna ugrajak bolup dur eken. Garawulbaşy:

– Hormatly jenaplar! Patyşa sizi öz huzuryna çagyrýar. Meniň bilen gitmäge merhemet ediň! – diýip ýüz tutdy.

Derwüşler bir-biriniň ýüzüne seredişip, garawula şeýle diýdiler:

– Jenap! Biz bir öz günümize gezip ýören adam, biziň älem häkiminiň işine dahylymyz ýok.

– Ýok, gadyrdanlar! Arkaýyn boluň. Siz şanyň ýanyna barsaňyz, hemme zat göwnejaý bolar – diýip, garawul jogap berdi.

Şol wagt bularyň dördüsi hem Murtoza Alynyň aýdanlarynyň hakykata öwrülýändigini aňdylar. Olar begenişip, garawulbaşynyň yzyna düşdüler. Galanyň içine girip, patyşanyň öňünde tagzym edip, şeýle alkyş aýtdylar:

– Jenap! Hernä döwletiň egsilmesin!

Patyşa az sanly adamlary kabul edýän jaýyna gitdi-de, ýakyn emirlerini ýanyna çagyryp:



– Şol dört eleşan eşiklileri çagyryň – diýip buýruk berdi.

Derwüşler jaýa girenlerinde, patyşa olara ýer görkezdi-de:

– Siz biziň welaýatymyza nirelerden geldiňiz? Indi nirä gitmekçi bolýaňyz? Siziň öý-öwzaryňyz nirede? – diýip, ýagdaýlaryny sorady. Derwüşler:

– Patyşanyň ömri uzak bolsun, döwleti artsyn! Biz bir mysapyrlar. Biz köpden bäri sergezdançylyk edip ýörüs. Mysapyryň öýi Günüň ýaşan ýeridir. Goş-golamymyz bolsa hemişe arkamyzda. Bu pany dünýäde biziň görüp-eşiden zadymyzy bolsa aýdyp tükeder ýaly däl – diýdiler.

Azatbagt mylaýym söz bilen mysapyrlary köşeşdirdi-de, nahar getirmegi buýurdy. Olary öz gaşynda oturdyp, nahar berdi. Nahar iýlip bolnansoň, patyşa ýene gürläp başlady:

– Menden hiç zady ýaşyrman, öz başdan geçirenleriňizi gürrüň beriň, men bolsa siziň üçin hiç zatdan gaýtman, elimden gelen kömegi edeýin.

– Başymyza düşen zatlaryň hemmesini aýtmaga biziň gurbatymyz çatmaz, patyşa bolsa olary diňläp lezzet tapmaz – diýip, olar jogap berdiler. – Onuň üçin, gowusy, bizi bagyşlaň.

Onda patyşa ýylgyryp goýberip, şeýle diýdi:

– Siziň öten agşamky biri-biriňize öz başdan geçireniňizi gürrüň beren ýeriňizde menem bardym. Hawa, men eýýäm iki derwüşiň gürrüňini eşitdim. Indi beýleki ikisiniň gürrüňini eşidesim gelýär, onsoňam men birnäçe gün meňkide arkaýyn dynç almagyňyzy isleýän. Derwüşiň bar ýerinde bela-beter dep bolarmyş.

Mysapyrlar patyşanyň bu sözlerini eşidip, gorkudan ýaňa sandyradylar, ýüzlerini aşak salyp, haldan gaçyp, jyňklaryny çykarman oturdylar. Azatbagt bolsa olaryň gorkudan ýaňa dymyp oturyşlaryny görüp, özi gürrüň bermäge durdy:

– Şu dünýäde nähili bolsa-da başyndan bir geň hem täsin wakany geçirmedik adam ýok öýdýän. Patyşa bolsamam, men köp zatlary gördüm. Ol hakda men size ozaly bilen gürrüň bereýin, siz bolsa arkaýyn diňläp oturyň.

Derwüşler:

– Patyşanyň işi şowly bolsun! Mysapyrlara bolan söýgiňiz şeýle uly bolsa, onda gürrüňiňize başlamaga merhemet ediň – diýişdiler.

Şeýlelikde, Azatbagt başyndan geçirenlerini gürrüň bermäge durdy:

Pakyrlara çyn hekaýat sözläp berjek, gulak asyň,
Şum täleýiň oýunlaryn çözläp berjek, gulak asyň,
Başa düşen belalary yzlap berjek, gulak asyň,
Güýjüm ýygnap, bir hekaýat sözläp berjek, gulak asyň.

Atam aradan çykansoň, tagta men çykdym. Ol wagt meniň ýaşlygymyň gülleýän wagtydy. Meniň hökümim ähli Rum iline ýöreýärdi. Günlerde bir gün meniň ilime Badahşandan bir täjir köp-köp haryt alyp geldi. Meniň wezirlerim biziň şäherimize şeýle baý täjiriň şindi gelmändigini habar berdiler. Men ony öz ýanyma çagyrtdym.

Ol meniň ýanyma dünýäniň dürli ýurtlarynyň zadyndan mertebäme laýykly sowgatlar alyp geldi. Dogrusy, olaryň hemmesi hem bahasyna ýetip bolmajak zatlardy. Şeýle hem bolsa, olaryň arasynda-da, bir gutujykda ýatan lagyl bölejigi aýratynam tapawutlanýardy. Onuň çüýşe ýaly owadan dury reňki bardy. Agramy bolsa bäş mysgaldy. Ol maňa örän ýarady. Men patyşa bolsamam, mundan öň şeýle gymmatbaha daşy görmändimem, eşitmändimem. Men ol täjiriň sylagyny ýetirip, gadyr-hormat goýdum. Meniň welaýatymda onuň söwda işlerine hiç kim zyýan bermez ýaly, baran ýerinde ony gowy garşy alyp, zadynam öz zatlary ýaly goralyp saklanylmagy üçin, oňa tarhanlyk haty ýazyp berdim. Täjiri köşkde kabul edemde bolsa, ol özüniň salyhatlylygyny, söze çeperligini görkezdi. Onuň beren laglyny şondan soň hemişe kabul edişlik wagty ýanyma getirmeklerini buýurýardym, adamlaryň öňünde buýsanýardym.

Günlerde bir gün umumy kabul ediş jaýyma baranymda, emirler hem döwlet emeldarlary öz derejelerine görä orun alyp durdular. Ähli ýurtlaryň patyşalarynyň wekilleri hem bardy. Olar meni gutlamaga gelipdiler. Şonda men adatça edişim ýaly, şol

lagly getirmegi buýurdym. Hazynaçym lagly alyp gelende, men ony elime aldym-da öwüp ugradym, soňra hem Pereňden gelen wekile berdim. Ol lagla bakyp ýylgyrdy-da, ýaranjaňlyk bilen ony öwmäge durdy. Şeýdip ol daş elden-ele geçdi, görenler oňa biragyzdan: «Şeýle daşy tapmaga diňe siziň hezretiňiziň bagtlylygy sebäp bolandyr. Bahasyna ýetip bolmajak şeýle baýlygy heniz hiç bir patyşa ele salyp bilmändir ahyryn» diýdiler.

Meniň häzirki wezirim, kakam patyşa wagty hem şu gullugyndady. Ol hormat bilen gol gowşuryp:

– Bir çemçe ganymy geçseňiz, men size bir zat aýtmakçy – diýdi.

– Aýt!

– Eý, älem häkimi! – diýip, ol gürrüňe başlady. – Siz patyşa, patyşalara bolsa bir daşy öwüp, arşa çykarmaklyk ýaraşmaýar.

Goý, onuň görnüşine, reňkine taý geljek zat bolmasyn, emma bu aslynda bir daşjagaz ahyryn. Kabul edilişikde bolsa dürli ýurtlaryň wekilleri bar. Olar öz şäherlerine gaýdyp baranlarynda, elbetde, siziň gürrüňiňizi edip: «Geň-taň görmeli patyşa eken. Bir ýerden bir lagl tapypdyr-da, ony şeýlebir tapylgysyz hasap edip, günüň-güni ýanyna getirmegi talap edýär, ähli adamlaryň öňünde öwüp çykarýar» diýerler. Şonda bu gürrüňi eşiden patyşadyr rajalar[1] ähli wezir wekilleriniň ýanynda siziň üstüňizden güler. Eý, häkim! Nişapurda bir bolgusyz täjir bar. Täjir her biri şunuň ýaly ýedi mysgal lagldan on iki sanysyny itiniň boýnundan asypdyr.

Men bu sözi eşidenimden gazapdan ýaňa huşumy ýitirip:

– Bu weziriň kellesini kesiň! – diýip gygyrdym.

Jellatlar şol bada häzir bolup, ony südürläp ugradylar welin, Pereňiň ilçisi öňe çykdy-da, hormat bilen gol gowşurdy.

– Saňa näme gerek? – diýip, men ondan soradym.

– Men ýaňky weziriň näme günäsiniň bardygyny bilmek isleýän – diýip, ilçi dillendi.

– Ýalan sözlemekden beterem bir günä bolarmy? Onda-da patyşanyň öňünde! – diýip, men jogap berdim.

---

[1] *Raja* – Hindistan knýazy, patyşa. Awtor musulman däl häkimleri patyşalardan tapawutlandyryp diýýär.

– Onuň sözleriniň galatlygy şindi mälim däl, belki, aýdan zatlarynyň hemmesi çyn bolup çykar. Anygyna ýetmän, bigünä adamynyň ganyna galmak adalatly däl.

Peýdanyň küýünde özüni pida edip, öý-öwzarsyz kimin şäherden-şähere, ýurtdan-ýurda ygyp, köpüjegini sanap ýören bir täjiriň on iki sany ýedi mysgallyk lagyl dänesini itiň boýnundan asmagy akyla sygjak zat däl – diýip men jogap berdim.

Onda Pereň ilçisi şeýle diýdi:

– Hudaýyň keramaty geň görmeli zat däldir. Onuň ýaly zat hem bolup biler. Şeýle geň zatlar täjirdir jahankeşdeleriň eline seýrek düşmeýär, sebäbi olar köp-köp welaýatlary keşt edip gelýärler, ol ýerden eline düşen zatlaryny alyp gelýärler. Weziri günäkär hasap edýän bolsaňyz, ony zyndana atmakdan ýagşysy bolmazdy. Wezirler patyşalaryň akyl-paýhasy ahyryn. Öz garamagyndaky adamlaryny olaryň oýlanman aýdan sözi üçin, ýalançylygy üçin ýa-da şindi hakykatdygy subut edilmedik zatlar üçin, mundan öňki eden ähli hyzmatyny, wepalylygyny unudyp, jezalandyrmaklyk soltanlara ýaraşmaz. Şowluluk saňa ýar bolsun! Öňki wagtky zyndanlar patyşalar ýa-da emeldarlar gazaba münüp günäkärlän adamlaryny şoňa salmaklary üçin bina edilipdir ahyryn. Birnäçe günden patyşanyň gazaby ýatyşyp, bendi edileniň günäsizligi mälim bolsa, patyşa nähak gana galyp, magşar güni onuň jogabyny bermeli bolmaz.

Men ony şunça ynandyrjak boldum, emma ol özüniň paýhasly sözleri bilen, geplemegime ýol goýmady. Men ahyryn razy boldum:

– Ýagşy, seniň aýdýan zatlaryňy dogry hasap edýän. Men onuň ganyny döküp durman, ýöne zyndana taşlaryn. Eger bir ýylyň içinde weziriň itiň boýnuna dakylan lagyl hakyndaky gürrüňi dogry çyksa, onda ol azatlyga çykar, ýogsa-da horlanyp öler.

Şol wagtyň özünde weziri zyndana salmagy buýurdym. Meniň hökümimi eşiden ilçi uly hormat bilen iki bükülip baş egdi.

Bu wakanyň habary weziriň maşgalasyna ýetende, onuň öýünde dady-peryat gopup, ol ýeri ýasa döndi. Weziriň on dört-on bäş ýaşlarynda örän owadan, hatly-sowatly, her bir zada ukyply

ýalňyz gyzy bardy. Wezir ony gaty gowy göreni üçin, öz jaýynyň ýeňsesinde bir owadan jaý gurdurypdy. Atly-abraýly adamlaryň gyzyny jora tutup, owadan-owadan kenizler beripdi. Gyz boş wagty joralary bilen şady-horramlykda şadyýan geçirýärdi.

Weziriň zyndana atylan güni, ol gyzjagaz joralary bilen gurjak oýnuny oýnaýardy. Ol deprekdir tamburyny alyp, adatda bolşy ýaly, ýatylmaýan agşama taýynlanýardy, oduň üstünde saç ataryp, kökedir dürli tagamlar bişirýärdi. Şol wagt onuň ejesi döşüne urup aýakýalaň, başy pürenjeksiz, dady-peryat edip ylgap gelipdi. Ol iki eli bilen gyzynyň kellesine urup:

– Saňa derek maňa bir kör oglam beren bolsa, meniň ýüregim ynjalykly bordy, atańam arkadaýançly bordy! – diýip gygyryp ugrapdyr.

Gyzy şeýle jogap beripdir:

– Kör ogul nämäňe gerek? Ogluň etmeli işini özüm hem edip bilerin.

– Heý, başy kesilen! Kakaň bagty ýatypdyr. Ol patyşanyň öňünde bir zat diýeni üçin, ony zyndana atypdyrlar – diýip, ejesi jogap beripdir.

– Neneňsi beýle bolupdyr? Aýtsana! – diýip, gyzy ejesine özelenipdir. Onda weziriň aýaly:

– Seniň ataň Nişapurda itiniň boýnundan on iki sany lagyl dakan täjir bar diýipdir öýdýän. Bu bolsa patyşanyň gulagyna ýakmandyr, ol ony ýalançylykda aýyplap, zyndana atmagy buýrupdyr. Şu wagt meniň oglum bolsa, ol bu işiň anygyna ýetmek üçin, kakaňy halas etmek üçin ähli güýjüni goýardy hem-de patyşa ýalbaryp-ýakaryp, atasyny boşadardy – diýipdir.

– Eje! – diýip, gyz jogap beripdir. – Biz ykbala garşy göreş alyp baryp bilmeris. Adamzat başyna düşen muşakgaty Allanyň şepagatyna boýun bolup çekibermelidir. Alla rehimlidir, ol adamzada derdi ömürlik berýän däldir. Dyngysyz gözýaş döküp oturmak bolsa ýagşy däl. Iň ýamany hem patyşanyň öňünde rakyplar ýamanlyk edip, gybatkeşler gybat ýagdyryp, şanyň aşa gaharyny getirmeginden Hudaýyň özi saklasyn. Gaýtam, jahany



öz penasynda saklaýana tagat-ybadat ediň, biz onuň wepaly gullarydyrys, ol bolsa biziň eýämizdir. Ol gazaplanandyr, gerek bolanda rehimdarlyk hem eder.

Ol tä ejesine ynamlylyk, sabyrlylyk berýänça, ony paýhaslylyk bilen köşeşdiripdir, soňra bolsa sessiz-üýnsüz öz tamyna giripdir. Agşam düşende weziriň gyzy adam iberip, öz terbiýeçisini çagyrdypdyr. Ol gyz onuň aýagyna ýykylyp, gözýaş bilen haýyş edip:

– Men ejemiň meni ýazykly hasap etmezligini, kakamyň bolsa azat bolmagyny isleýän. Eger sen maňa kömek berseň, men Nişapura baryp, itiniň boýnuna lagyl dakan täjiri tapjak-da, kakamy halas etmek üçin elimden gelenini aýajak däl – diýipdir.

Ol ilki gyzyň gitmegine büs-bütin garşy bolupdyr, emma onuň tutanýerli haýyşyndan soňra, ahyry razy bolupdyr.

– Syýahat üçin gerek zatlaryň hemmesini assyrynlyk bilen taýýar et – diýip, weziriň gyzy oňa tabşyrypdyr. – Patyşalara sowgat edeniňde-de, ýüzüň gyzmajak dürli-dürli haryt satyn al. Bulardan başga-da näçe gerek bolsa hyzmatkärdir gul taýyn edip goý, ýöne meniň niýetimi hiç kime mälim etme.

Terbiýeçi söz berip, gerek zatlary taýýarlap ugrapdyr. Ähli zat taýýar bolan badyna, ony düýeleriň, öküzleriň üstüne ýükläp, ýola rowana bolupdyr. Weziriň gyzam erkek lybasyny geýip, onuň bilen bile gidipdir, emma muny weziriň maşgalasynda duýan kişi bolmandyr. Daň atanda bolsa weziriň köşgüne «Hojaýynyň gyzy bir ýaňa ýitirim bolupdyr, onuň başyna näme düşendigi belli däl» diýen gürrüň ýaýrapdyr.

Masgaraçylykdan howatyr edip, ejesi gyzynyň ýitendigi hakyndaky habary ýaşyrypdyr, gyzy bolsa şol wagt ýaş täjir görnüşinde ençe welaýatlaryň duşundan geçipdir. Ahyry ol Nişapura ýetipdir-de, sabyrlylyk bilen kerwensaraýda aýak çekipdir. Ertesi bolsa ol hammamda suwa düşüp, Rum ilatynyňka çalymdaş täze lybas geýipdir-de, şähere gezelenje çykypdyr. Bazar meýdançasyna ýetip, köçäniň çatrygynda aýak çekipdir. Onuň nazary bir zergär dükanyna kaklyşypdyr. Ol dükanda gymmat-

baha daşlar üýşmek-üýşmek edilip goýlan eken. Ol ýerde gol gowşuryp, toý lybasly gullar duran eken. Ýeňsiz keltekçäniň üstünden don geýnen elli ýaşlaryndaky dükan eýesi bolsa daşyna üýşüp oturan adamlar bilen hoşamatlylyk bilen gürrüň edýärdi. Gürrüňdeşleriniň hemmesi kürsüde otyrdylar.

Özüni täjir ogludyryn diýip atlandyrýan weziriň gyzy ony görenden geň galypdyr hem öz içinden: «Hernä ýalňyşmaýan bolaýyn-da, Hudaýym; dogrudan hem, bu şol kakamyň patyşa gürrüňini edip beren täjeri-le. Keremi güýçli Allam! Maňa munuň syryny beýan eýle» diýip oýlanyp begenipdir. Ol daşyny garanjaklanda, birdenkä başga dükana gözi düşüpdir, onuň içinde bolsa her birinde bir adam oturan iki sany demir kapasa bar eken. Ol oturan adamlaryň keşbi Mejnunyňky ýaly bolup, elhenç üýtgäpdir. Olaryň diňe süňki bilen hamy galypdyr. Dyrnaklary bilen saçlary bolsa gaty ösen eken. Olar başlaryny aşak salyp otyrdylar, her gapdallarynda bolsa iki sany ýaragly betgelşik hebeşi dur. Weziriň gyzy muňa haýran galypdyr. Ol al-arwahyň garşysyna doga okap, daşyna garanda, onuň gözüne ýene bir dükan ilýär. Onuň içine haly düşelgi, üstünde hem mahmal ýassykly pil süňkünden edilen oturgyç durdy. Ol oturgyçda it otyrdy. Ol itiň boýnundaky gymmatbaha boýunbagdan bolsa sap altyndan ýasalan zynjyr daňylgydy. Iki sany sakgalsyz-murtsuz görmegeý gul ol itiň hyzmatyndady. Olaryň biri tutary ýaldyrawuk daşlar bilen bezelen tawusyň ýeleginden edilen ýelpewaç bilen ony ýelpeýärdi, beýlekisi bolsa eline zerli ýaglygy alyp, onuň tumşugyny, penjelerini süpürýärdi. Weziriň gyzy oňa siňe seredip, itiň boýunbagynda hut aýdyşlary ýaly, on iki sany lagyl daşynyň bardygyny aňşyrypdyr. Gyz Hudaýa ýüzde müň şükür edip, nähili ýol bilen bu lagyllary patyşanyň ýanyna eltip, kakasyny betbagtçylykdan gutaryp boljakdygy hakda oýlanmaga durupdyr. Gyz pikire çümüp durka, bazaryň, goňşy köçeleriň bar adamy toplanyp, onuň gözelligine aňk bolup galypdyrlar. Adamlar bir-birine: «Henize çenli şunuň ýaly görmegeý ýigidi gören däldiris» diýişýär ekenler. Dükanyň hojaýyny hoja-da ony görüp:

– Bar, şol täjiriň ogluny meň ýanyma çagyr – diýip, ol guluna aýdypdyr. Gul gyzyň ýanyna baryp:

– Siz bize bir merhemet ediň, hojaýynymyz siz bilen gürleşmek üçin sabyr-takatsyz garaşýar. Kyn görmeseňiz, onuň ýanyna baralyň – diýipdir. Erkek lybasyny geýnen weziriň gyzyna geregi şoldy, ol:

– Onuň hem kynçylygy bormy?– diýip jogap beripdir.

Ol hojanyň ýanyna barypdyr welin, hoja oňa seredenden, söýginiň oky onuň ýüregine sanjylypdyr. Hoja hoşamaýlyk bilen ýerinden galyp, ony garşylapdyr, emma onuň akyl-huşy serinden uçupdyr. Weziriň gyzy «Bu eýýäm toruma düşdi» diýip oýlanypdyr. Olar gujaklaşyp görşüpdirler. Hoja myhmanyň maňlaýyndan ogşap, ony öz ýanynda oturdypdyr-da:

– Maňa öz adyňy, derejäňi aýdyp ber. Nireden gelip, nirä barýarsyň? – diýip, mylaýymlyk bilen sorapdyr.

– Men bir Taňry bendesi, özüm rumly bolaryn – diýip, «täjiriň ogly» jogap beripdir. – Ystambul hem köpden bäri meniň ata-babalarymyň watany bolupdyr. Atamyň asly täjir. Häzir ol garrylygy sebäpli gezmäge ýaranok, şol sebäpli hem söwda işlerini öwrenerim ýaly meni ugratdy. Şu wagta çenli hiç haçan öýden çykyp görmändim. Bu maňa miýesser bolan ilkinji syýahatdyr. Men deňiz bilen gaýtmaklyga ýürek etmedim-de, gury ýer bilen gezelenç edenimi kem görmedim. Siziň şu ýerdäki – Ajamdaky salyhatlylygyňyzyň, akgöwünliligiňiziň şöhraty gulagyma ýeten mahaly, siz bilen duşuşmagy niýet edinip, şu ýere ugradym. Ahyrsoňy, Allanyň emri bilen siziň belent jemgyýetiňize düşmek, meniň bagtyma miýesser boldy. Siz meniň çak edişimden hem artykmaç ekeniňiz. Indi göwün islegim berkarar boldy. Alla sizi öz penasynda saklasyn, indi men bolsam ýoluma gideýin.

Bu sözleri eşidenden başy aýlanan hoja:

– Oglum! Maňa beýle zatlary aýtma, hiç bolmanda bir günlükçe bir galyp, meniň garyp külbämi bagtly et. Aýt, hany seniň harytlaryň, hyzmatkärleriň nirede? – diýip sorapdyr. – Syýahatçynyň öýi kerwensaraý bolar, men siziň ýanyňyza gaýdamda, bar zadymy kerwensaraýda goýup gaýtdym – diýip, «täjir ogly» jogap beripdir.

– Saňa kerwensaraýda ýaşamak gelişmez – diýip, hoja aýdýar. – Öz şäherimizde meniň ynamym, hormatym bardyr. Tizräk hyzmatkärleriňi çagyrmagy buýur, men seniň ýüküň üçin jaý bereýin. Öz getiren harytlaryň hemmesini maňa görkezersiň. Men saňa birneme peýda bolar ýaly çäre döredeerin. Bu bolsa saňa oňaýly bolar, artykmaç hysyrdydan dynarsyň. Eger meniňkide bir näçe gün galaýsaň, onda örän minnetdar bolardym – diýipdir.

«Täjir ogly» boýun gaçyran bolupdyr, emma hoja aýdanyndan dänmändir. Ahyrsoňy ol hyzmatkärlerine hemme zatlary aýdylan ýere getirmek üçin myhmanyň goş-golamynyň yzyndan hammallar ibermegi buýrupdyr. Olar bilen bile «täjir ogly» harytlaryň, goş-golamlaryň getirilmegine gözegçilik eder ýaly, gara guly iberip, özi bolsa hojanyň ýanynda galypdyr.

Söwda gutaryp, dükanlar ýapylansoň, hoja öýüne ugrapdyr. Gullaryň biri iti göteripdir, beýlekisi haly bilen oturgyjy. Hebeşiler hem ýesirli kapasalary hammallaryň egin-eşiklerine ýükläp, ýarag şaýlaryny tutup, olaryň yzlaryna düşüp ugrapdyrlar. Hoja «täjiriň ogly» bilen aýakdaş ýöräp, edip berýän gürrüňini kesmän, ony öz öýüne alyp gelipdir.

«Täjiriň ogly» emirdir patyşalara mynasyp bezelen jaýy görýär. Çeşmäniň kenarynda ak haly düşelgi, masnadyň öňünde bolsa wagtyňy hoş geçirmek üçin dürli zat üýşürilipdi. Itiň oturgyjyny hem şol ýerde goýýarlar. Hoja myhman bilen ýanaşyk oturýar-da, hetdenaşa mylaýymlyk bilen şerap hödürlemäge durýar. Kelleleri az-kem sämän mahaly, hoja nahar çekilmegini talap edýär. Saçak ýazylýar, onuň üstüne ýer ýüzünde adyny tapan nygmatlaryňy üýşürýärler. Bar zatdan ozal mis gaba az-kem nahar salyp, üstüni altyn gap bilen ýapýarlar-da, ony itiň öňündäki zer bilen tikilen saçagyň üstüne goýýarlar. It öz oturgyjyndan böküp düşýär-de, doýýança iýýär, soňra bolsa altyn jamdan suw içip, ýene öz ornuna barýar. Gullar ýaglyk bilen onuň penjesini hem-de tumşugyny süpürýärler, onsoň olardan biri jam bilen tabagy kapasalaryň ýanyna eltýär, hojadan açarlary diläp, gulplary açýar. Ol ýesirleriň ikisini hem taýaklap çykarýar-da, itiň agzyndan galan nahardyr suwy iýip-içmäge olary mejbur edýär.

Onsoň ýene-de olary kapasa salyp gulplaýar, açarlary bolsa hoja gaýtaryp berýär. Bu zatlaryň hemmesi gutarandan soň, hoja nahar iýmäge durýar.

«Ýaş täjire» bu zatlar ýaramaýar. Onuň işdäsi almansoň, nahara elem urmaýar; hoja näçe hödür etse-de, ol iýmekden boýun towlaýar.

– Sen näme sebäpden iýmeýärsiň? – diýip hoja soraýar.

– Siziň bu edýän işleriňiz aňrymy bärime getirýär – diýip «täjir ogly» jogap berýär. – Adamzat dünýäde ýaradylan zatlaryň iň asyllysy ahyryn, it bolsa durmuşda iň bir myrtar zat. Siz bolsaňyz iki sany Allanyň guluny itiň agzyndan galan sarkyt bilen naharlaýarsyňyz. Haýsy din muňa ýol berýärmiş? Olar diňe siziň ýazykly ýesiriňiz bolaýmasa, galan zatlaryň hemmesinde olar siz bilen deň ahyryn. Indi men siziň musulmandygyňyza-da gatybir ynanyp duramok. Özüňiz ite sežde edýän bolsaňyz, siziň kimdigiňizi men nireden bileýin. Ýüregim şübheden saplanýança, siziň naharyňyzy işdäm aljak däl.

– Oglum! – diýip, hoja dillenýär. – Men seniň aýdanyňa düşünýän. Şu zerarly men hemişe ýüzügara bolup gelýän. Şäherimiziň ilaty maňa: «Ite uýýan hoja» diýýärler. Olar meniň adymy şeýle diýip tutýarlar, şu at arkaly il meni tanaýar. Ýöne, Allam, dinden çykaranlar bilen dili uzynlara özüň jeza bereweri!

Hoja sözüniň soňuny dine baglanyşdyryp gutarýar. Bu bolsa «täjiriň ogluny» köşeşdirmäge ýardam berýär.

– Eger siz musulman bolsaňyz, onda näme üçin siz munuň ýaly işler zerarly özüňizi abraýdan düşürýärsiňiz? – diýip, ol soraýar.

– Oglum! Men bir adyýaman boldum. Öz syrymyň hiç kime aýan däldigi sebäpli, diňe men bu şäherde iki esse salgyt töleýän. Iş şundan ybarat: meniň syrymy kimde-kim eşitse, onuň gaýgy-gamdan başga görjek zady bolmaz. Şu sebäpli hem meniň günämi öt, çünki meniň-ä aýtmaga gurbum çatmaz, seniň hem diňlemäge takadyň ýetmez.

«Täjiriň ogly» «Men öz işim hakda aladalanmaly ahyryn, nähak ýere köp zat tutjak bolmak nämä gerek» diýip oýlanandan soňra:

– Bolýar! Eger bu aýdar ýaly zat bolmasa aýtmaň – diýýär--de, ol nahary iýmäge durýar.

«Täjiriň ogly» hojanyňkyda iki aý bolýar. Ol özüni şeýle bir seresap hem-de akylly alyp barypdyr welin, onuň gyzdygyny hiç kim aňmandyr. Hemmeler ony ýaş ýigitdir öýdýär ekenler. Hojanyň bolsa oňa bolan söýgüsi gün-günden artyp, ony sähelçe wagtlykça-da ýanyndan aýrasy gelmändir.

Bir gün şerap başynda otyrkalar, «täjiriň ogly» birden aglamaga durýar. Hoja näderini bilmän, ýaglyk bilen onuň göz ýaşyny süpürip başlaýar-da, ondan beýle hapa bolandygynyň sebäbini soraýar.

– Wah, atam! Men size nädip aýdaýyn? – diýip, ol jogap berýär. – Wah, men size duşmadyk bolsamdy, onda siz beýle azary çekmeli hem bolmazdyňyz. Men bir kyn güne düşdüm, meniň sizden aýrylyşasym gelenok, emma mundan buýana bu ýerde galmaga bolsa ýagdaýym ýok. Indi maňa gitmek gerek, ýöne men sizsiz aýraçylykda ömrümiň nähili geçjekdigini hiç göz öňüme getirip bilemok.

Bu sözlere jogap gaýtarmagyň deregine hoja aglaýar welin, ol ýöne ysytma tutýan ýaly sandyraberýär.

– Eý, didämiň nury! – diýip, ol özelenip aýdýar. – Sen ne beýle garry hyzmatkäriň halyny perişan edip gitmekçi bolýaň, dogrudan hem, ol seni şeýle tiz irizäýdimi? Gitmek pikiriňi ýüregiňden çykar. Şindi men dirikäm şu ýerde gal. Sensiz meniň halym harap, eger meni taşlap gitseň, sanalgym dolmazdan öň ölerin. Bu biziň Farsymyzyň ajaýyp, jana şypa berýän howasy bar ahyryn. Eger sen bir ynamdar adamyny ýollagada, öz hossarlaryňy bar goş-golamlaryňyz bilen geliň diýip, şu ýere çagyraýsaň, gowy bolardy, bu ýere göçüp gelmek üçin çykjak harajadyň hemmesini öz üstüme alardym. Ejeň bilen ataň bütin emlägiňiz bilen şu ýere gelenlerinden soňra bolsa, sen söwda işleri bilen meşgullanyp göwün solpudan çykardyň. Men ömrümde köp muşakgatlyklary başymdan geçirdim, köp-köp ýurtlary gezdim. Indem garrapdyryn, oglum bolsa ýok. Seni öz oglum ýaly söýýärin, şonuň üçin seni öz mirasdüşerim hem-de teleke-

çim ederin. Meniň işlerime gowuja göz-gulak bolup, olary özüň ýöret, maňa bolsa ölýänçäm, bir döwüm nandan gysmasaň bor. Amanadymy tabşyranymdan soň bolsa, meni jaýlarsyň, soňra menden galan zatlaryň baryna eýe bolarsyň.

– Hakykatdanam, siz meni öz eziz atamdam hem artyk söýüp, men hakda köp aladalanýarsyňyz – diýip, «täjiriň ogly» oňa jogap berýär. – Siz öz hossarlarymy unutdyrmaga-da ukyply; ýöne atam men günälini bary-ýogy bir ýyllyk goýberipdi. Eger men eglensem, onda ýaşynyň soňunda hesretden jan bermegi mümkin. Onsoň hem hossaryň erkine boýun bolmak Allanyň emridir, eger atam menden nägile bolsa, ol meni näletlärmikä diýip gorkýaryn. Şeýlelikde, meniň o dünýäde, bu dünýäde Allanyň merhemetine ýüzüm düşmez. Siz maňa şeýlebir gowy garaşyk etdiňiz, atamyň erkine boýun bolmagyma, onuň öňünde öz borjumy bitirmäge rugsat etjegiňize şübhelenmeýärin. Siziň eden ýagşylyklaryňyzy iň soňky demime çenli unutmaryn, watana gaýdyp baranymdan soň hem men sizi her demde ak ýürekden minnetdarlyk bilen ýatlaryn. Perwerdigär, belki, ýene siz bilen duşmaklygy, siziň aýak tozuňyzy maňlaýyma sürtmekligi miýesser eder.

«Täjiriň ogly» şeýle dilewarlyk bilen sözlänsoň, biçäre hoja diňe ylalaşmakdan başga zat galmaýardy. Ol, «ýaş ýigidi» şeýlebir sulhy alypdyr welin, hiç diýip-aýdar ýaly däl eken.

– Ýagşy, sen galmasaň, özüm seniň bilen ötägiderin – diýip, ol aýdýar. – Sen meniň janym, eger janym meni taşlap gitse, boş jesetden ne peýda? Sen şoňa razy bolsaň, ýola düş, meni hem özüň bilen alyp git.

«Täjiriň ogluna» şeýle diýip, ol gitmekligiň kül-külüne düşüp ugraýar. Öz iş dolandyryjysyna bolsa haýdan-haý ýol şaýlaryny tutmaklygy buýurýar.

Hojanyň gitjek habary şähere ýaýran mahaly, ýerli täjirleriň hemmesi ýola taýýarlyk görüp ugraýarlar. Ite ynanýan hoja öz sansyz-sajaksyz hazynasyny, gymmatbaha zatlaryny ýygnap, hyzmatçylardan, gullardan ummasyz mähelläni alyp, bir topar geň-enaýy zatlary, şalara mynasyp goş-golamlary ýygnap, şäheriň

etegine çykýar-da, dürli görnüşli çadyrdyr saýawanlar gurdurýar. Beýleki täjirler hem gurby çatan harydyny alyp, şol ýere barýarlar. Olaryň ýanlarynda bir topar goşuny hem bar eken.

Ine, onsoň, bir sähetli gün hemmeler ýola düşýärler. Müňlerçe düýelere dürli ýük, gatyrlara bolsa içi pully, gymmatbaha zatly sandyklary ýükläp alyp gaýdýarlar. Bäş ýüz ýaragly gul gypjak sähralarynyň, Zanzibaranyň, Rumuň üsti bilen gelýär: arap, türk, yrak atlarynyň üstünde eli gylyçly gerçekler atlaryny säpjedip gelýärler. Hemmeleriň yzyndan kejebäniň üstünde gymmatbaha eşiklerden birkemsiz geýnen hoja bilen «täjiriň ogly» gelýär. Düýeleriň biriniň üstünde bagdat kürsüsi berkidilgi bolup, onuň üstündäki ýassykda it ýatyr. Başga bir düýäniň iki gapdalynda bendileriň kapasalary hallan atyşyp gelýär. Her düşelgede täjirler hojanyň çadyryna üýşüp, ol ýerde saçagyň daşyna egelenişip, nahar edinýärler, şerap içýärler. Ýanynda «täjiriň oglunyň» bardygyna begenip, hoja Hudaýa şükür edýär, kerwen bolsa birsyhly öňe gidip barýar. Ahyrsoňy olar sag-aman Konstantinopola ýetýärler-de, şäheriň galasynyň eteginde çadyr gurup düşleýärler.

– Atam! – diýip, «täjiriň ogly» hoja ýüzlenýär. – Eger rugsat etseňiz, men hossarlarym bilen görme-görşe gideýin-de, myhmanlary kabul etmäge taýynlyk göreýin. Siz bolsaňyz şähere göwnüňiz söýen mahaly girersiňiz.

– Bolýar, bar. Men bu ýere sen diýip geldim ahyryn. Ýöne meniň ýanyma tizräk gaýdyp gel. Onsoň düşlärim ýaly amatly jaý hem tapyp ber – diýip, ol jogap berýär.

«Täjiriň ogly» onuň bilen hoşlaşyp gaýdyberýär. Öýe kürsäp uran erkek kişini görenlerinde weziriň köşgündäkiler howsala düşýärler. Emme «täjiriň ogly», dogrusyny aýtsaň, weziriň gyzy ejesiniň aýagyna ýykylýar-da, ýarym-ýaş bolup:

– Men siziň gyzyňyz – diýip, özüni tanadýar.

– Wah, sen geň gylykly gyzjagaz! – diýip, weziriň aýaly sögüp, gargynyp, onuň üstünden dökülýär. – Gör, sen nähili bolup çykdyň! Sen özüňi wejera edip, biziň maşgalamyzy hem masgara etdiň! Men bolsam indi seni görmerin öýdüp, ýasam tutan bolýan. Bar, güm bol şu ýerden!

Gyzy başyndaky sellesini taşlaýar-da:

– Eje jan! – diýip gygyrýar. – Men ýaramaz ýerde bolmadym, hiç bir bihaýalyk etmedim. Men bu işleriň baryny seniň islegiňi bitirmek, kakamy betbagtçylykdan gutarmak üçin etdim. Hudaýa şükür! Seniň okan dogalaryňdan, Allanyň keremi bilen meniň işim rowaç boldy. Men Nişapurdan şol täjiri boýny lagylly iti bilen alyp geldim. Öz namysyma hiç bir hili şikes ýetirmedim. Hawa, ýöne men syýahat üçin erkek lybasyna girmeli boldum. Indi meniň ýene birnäçe günlük oduk-buduk işim galdy, olary gutaryp, men kakamy zyndandan boşadaryn-da, öýe gelerin. Eger rugsat etseň, men ýene-de gideýin. Seniň ýanyňa birigün gaýdyp gelerin.

Ejesi ahyrsoňy gyzynyň erkek kişiniň işine baş goşandygyna, özüni päk saklandygyna düşünen badyna, ol maňlaýyny ýere goýup, Hudaýa şükür edýär. Onsoň begenjinden ýaňa gyzyny bagryna basýar-da öpýär:

– Nädeňde gowy bolsa, şony et. Indi men arkaýyn – diýip, ejesi gyzyna pata berip, erbetlikdir betbagtçylyk degmez ýaly doga okap, ony ýola salýar.

Gyz ýene «täjiriň ogluna» öwrülip, hojanyň ýanyna ugraýar. Hoja bolsa aýralygyň dagyna döz gelip bilmän, eýýäm ýola düşüpdir. Şäher derwezesiniň ýanynda, ýoluň ortasynda olar duşuşýarlar.

– Oglum! – diýip, hoja ozaly bilen şeýle diýýär. – Men garryny ýeke taşlap, nirä gitdiň?

– Men sizden rugsat alyp, öýümize gitdim ahyryn, ýöne size gulluk etmek islegi meni ol ýerde eglendirmäge-de goýmady. Ynha, men gaýdyp geldim – diýip, ol jogap berýär.

Edil şäher derwezesiniň agzynda, derýanyň kenarynda goýy saýaly bag görüp, olar şol bagyň içinde düşleýäler-de, çadyr gurdurýarlar. Hoja bilen «täjiriň ogly» bir ýerde ýerleşip oturýar-da, şerap içmäge hem-de garbanmaga durýarlar. Günortadan agandan soňra olar göwün açmak, tomaşa etmek üçin çadyrdan çykýalar-da, daşardaky oturgyçlarda oturýarlar. Birden şa ýasawullarynyň biri peýda bolýar. Uly goşuny, gelen adamlaryň özlerini alyp

baryşlaryny görüp, ýasawul haýran galýar-da, öz ýanyndan «Megerem, haýsy hem bolsa bir patyşalykdan ilçi gelen bolsa gerek» diýip oýlanýar.

Hojanyň kerwenbaşysy ony ýanyna çagyrýar-da, onuň kimdigini soraýar. Ol özüniň şanyň şikarbaşysydygyny duýdurýar. Hyzmatkär bu hakda hoja habar berýär.

– Bar, şol adama biz syýahatçy diýip aýt – diýip, hoja gara gula buýurýar. – Eger islese, goý, meýlisimize goşulsyn. Şerbet içse şerbet, çilim çekse çilimimiz bar.

Olaryň täjirdigini eşidip, şikarbaşy gaty geň galýar, guly bilen tirkeşip, hojanyň ýanyna gelýär. Olary gurşap duran baýlyga, gymmatbaha zatlara, goşunlara, gullara göz aýlap, ol hojadyr «täjiriň ogly» bilen edepli görüşýär. Iti nähili hormat bilen saklaýandyklaryny gören mahaly aňk bolup, huşundan gitmän zordan saklanýar. Hoja oňa ýer görkezip, şerbet hödürleýär, ol bolsa onuň adyny, mertebesini soraýar. Şikarbaşy hoşlaşmaga duran mahaly, hoja oňa birnäçe bölek ýüpek parçadyr oduk-buduk geň--enaýy zatlary sylag berýär.

Ol irden köşge gelip, köşk hyzmatkärlerine hoja täjir hakda gürrüň berýär.

– Onuň habary hä diýmän, maňa-da ýetdi – diýip, Azatbagt gürrüňini dowam edýär. – Men şikarbaşyny ýanyma çagyrdym--da, ondan täjir hakda soraşdyrdym. Ol hemme gören zatlaryny maňa jikme-jik gürrüň berdi, itiň iň gymmat zatlar bilen bezelendigini, iki adamynyň bolsa kapasada saklanýandygy hakdaky gürrüň meni gazap atyna atardy.

– Murdar täjir ölüme mynasyp – diýip, gazaplandym-da, harby naçalniklerime: – Tizräk gidiň-de, ol hudaýsyzyň başyny getiriň – diýip buýurdym.

Köşge öňki pereňli ilçi tötänden gelen eken. Ol meniň sözlerimi eşidip ýylgyrdy. Men öňküdenem beter dergazap bolup:

– Nadan! Patyşalaryň ýanynda sebäpsiz gülmek aýyp bolar, ýersiz ýere gülenden aglan ýagşydyr – diýip gygyrdym. Onda ol:

– Älemiň penakäri! – diýip, maňa ýüzlendi. – Meniň kelläme bolgusyzja pikirler geläýdi, şol sebäpli hem ýylgyrdym.

Ozaly belen-ä, weziriň aýdanlary çyn boldy, indi ony zyndandan goýbermek gerek, onsoňam patyşa-da nähak gan dökmekden özüni halas etdi; galyberse-de, dünýäni özüne baş egdirýän adam sebäpsiz, günäsiz täjiri ölüme buýurdy. Ynha, indi men haýran galýaryn, siz düşünişmän, diňe akmagyň atan töhmetine ynanyp, öňýeteni derrew ölüme buýurmaga taýýar. Hakykatda, ol täjiriň işleri nähilimiş? Eger siz onuň özüni şu ýere getirmegi buýursaňyz, onuň bilen bolan zatlaryň hemmesi hakynda özünden soraşdyryp görseňiz gowy bolardy. Eger täjiriň günäsi şu ýerde boýnuna goýulsa, onda siz erk-islegiňiz boýunça iş görüp bilersiňiz.

Ilçi şunuň ýaly edip maňa öwüt berip durka, weziriň aýdan sözlerini ýatladym-da, haýal etmän, täjiri ogly bilen ýanyma getirmeklerini buýurdym. Garawullar olara tarap eňdiler-de, göz açyp-ýumasy salymda alyp geldiler. Men olary ýanyma çagyrdym. Ilkinji bolup, hoja «ogly» bilen girdi, ikisiniň hem bezemen eşigi bar eken. «Täjir oglunyň» owadanlygyny görüp, köşk emeldarlarynyň ulusy-kiçisi haýran galyp, sabyr-karardan aýryldylar. Oglan üsti gymmatbaha daşlary doly mejmäni tutup durdy, ol daşlaryň her biriniň öwüşgini bütin bir zaly ýagtylandyryp biljekdi. Ol tagtyň ýanyna gelip, şol zatlaryň hemmesini maňa sowgat berdi-de, bir gapdala çekildi. Hoja bolsa ýeri öpüp, meni öwmäge durdy. Onuň sözleýşi şeýlebir ýakymlydy welin, ony diňe iň bir gowy bilbiliň saýraýşy bilen deňeşdirmek boljakdy. Onuň hoşamaýlygy maňa gaty ýaran hem bolsa, gaharlanan kişi bolup:

– Eý, adam sypat arwah! Bu seniň gurýan toruň, öz ýoluňda gazýan çukuryň näme? – diýdim. – Diniň haýsy, sen haýsy kanuna tutunýaň? Sen haýsy pygamberiň ymmatyndan? Eger ýoldan çykan bolsaň, onda sen haýsy mezhepden? Onsoňam, eger şular ýaly işler bilen meşgullanýan bolsaň, saňa näme diýip at bermeli?

– Älem penakäriniň ömri uzak bolsun, döwleti artsyn – diýip, ol jogap berdi. – Siziň mysapyr guluňyzyň düşünişi boýunça Alla ýekedir hem-de oňa taý ýokdur. Men keramatly Muhammediň sözüne uýýan. Hernä Alla oňa, şonuň ymmatyna rehim etsin, ýalkasyn! Onsoň men on iki ymamlara uýýan. Meniň ka-



nunymam, ine, şeýle: günde bäş wagt namazymy okaýan, remezan aýynda oraza tutýaryn, haja gidýän, emlägimiň bäşden birini hüşür-zekat berýän, bir bölegini garyplara paýlaýan, ite sežde edýänim bolaýmasa, başga tarapdan musulmançylyk düzgünlerini berjaý edýän. Siz menden närazy. Bu meniň üçin uly urgy. Allanyň ýaradanlarynyň meni biabraý hasaplamagynyň hem öz sebäbi bar, ýöne men ony aýdyp biljek däl. Ite sežde edýän kişi hökmünde at-owazam köp ýerlere ýaýrady. Şol sebäpli salgydy iki esse tölemäge mejbur bolsam-da, men bu zatlaryň baryna kaýyl boldum, emma hiç kime öz syrymy beýan etmedim.

Onuň sözleri meni öňküdenem beter gahar-gazaba atlandyrdy:

– Sen erteki otarýarmyň? – diýip, men gygyrdym. – Men olary eşitmek islämok. Eger sen öz edepsizlikleriňiň düýp sebäbini birkemsiz düşündirseň, onda seniň bilen ylalaşyp bilerin, bir çemçe ganyňy hem geçerin. Bolmasa men bu işleriň üçin şeýle bir jezalandyraryn, hatda seniň garnyňy ýarmaklaryny buýraryn. Hiç kim Muhammediň ýolundan çykmaz ýaly, ol hemmelere-de sapak bolar.

– Eý, patyşahym! – diýip, hoja ýalbardy. – Sen meniň ganymy dökme-de, gowusy, meniň hemme emlägimi al, onuň hetdi bar, hasaby ýok. Öz mertebeli tagtyňyň öňünde maňa, ogluma rehim et. Ganymyzy geç-de, bizi goýber.

– Akmak! – diýip, men jogap ýerine güldüm. – Sen meni öz baýlygyň bilen yrjak bolýarmyň! Ýöne bilip goýgun, maňa gizlin syryňy bolşy ýaly aýtmakdan başga çykalgaň ýokdur.

Hojanyň gözleri ýaşdan biygtyýar doldy-da, ýaş ýigide tarap öwrülip şeýle diýdi:

– Patyşanyň öňünde men günäli boldum. Şonuň üçinem öläýmeli. Oňa alaç ýok. Ýöne men seni kime galdyrkam?

– Eý, mekir! – diýip, men oňa haýbat atdym. – Indi gürrüňi bes et: aýtmaly zadyňyň hemmesini tizräk gutar.

Şonda ol ýerinden galdy-da, tagta golaý geldi. Meniň aýaklaryma ýykylyp, öwgi sözleri bilen maňa ýüz tutdy:

– Eý, şalaryň şasy! Eger siz meni ölüme buýurmadyk bolsadyňyz, onda horluga çydardym welin, özüm hakda gürrüň

bermezdim. Ýöne jan bar zatdan gymmat; hiç kimiň özüni gorpa iterkläsi gelmez. Ondan başga-da dine uýýan kişi öz janyny goramaga borçludyr, diniň talabyndan boýun gaçyrmaklyk bolsa Allanyň buýrugyna garşy çykmaklyk bolar. Bolýar-da, eger perwerdigäriň emri şeýle bolsa, onda biçäre garrynyň başyndan geçirenlerine gulak asyň, ýöne öňi bilen içi adamly kapasalaryň ikisini hem şu ýere getirmegi buýruň. Men özüm hakda gürrüň berip ugraryn. Eger-de siziň göwnüňize haýsy-da bolsa bir ýerde men, hakykatdan hem, gyşarýandyr öýtseňiz, onda siz ýesirlerden sorarsyňyz, goý, olar tassyklasynlar. Onsoň siziň özüňiz bir pikir edip görüň.

Onuň sözi maňa ýarady. Men kapasalary getirmegi talap etdim. Bendileriň ikisinem boşadyp, hojanyň ýanynda oturmagy buýurdym.

– Eý, patyşam! – diýip, hoja söze başlady. – Sagda duran adam meniň uly doganym, çepdäki bolsa, ortanjy doganym. Men olaryň ikisindenem kiçi. Meniň kakam Fars ýurdunda täjirlik ederdi. Meniň on dört ýaşym dolanda, biziň atamyz dünýäden ötdi. Ine, onsoň, kakam pahyry jaýlap, däp-dessurlar berjaý edilenden soň, doganlarym maňa şeýle diýdiler:

– Indi bize atamyzyň baýlygyny üleşmek gerek, paýlaşanymyzdan soň, goý, her kim öz islänini etsin.

– Agalar! Siziň aýdýanyňyz näme? – diýip, men olara ýüz tutdum. – Men siziň guluňyz, doganlyk paýymy almaga göz dikemok. Meniň atam öldi, siz ikiňiz bolsa maňa ata ornuna galdyňyz. Size hyzmat eder ýaly, maňa ölmezödülik gury çörek bolsa bes. Meniň paý nämäme gerek? Men sizden galanyny iýip oňaryn-da, ýanyňyzda ýaşabererin. Men şindi oglan, hiç bir işden başym çykanok. Köp zatlary öwretmeli bolarsyňyz.

– Sen bir özüňi däl-de, eýsem bizem heläkçilige eltmek, gedaý etmek isleýärsiň – diýip, agalarym meniň aýdanyma garşy çykdylar.

Men burça gysylyp, ýuwaşja agladym. Onsoň men «Meniň agalarym eýýäm uly adam çykypdyrlar. Belki, olar maňa akyl öwretmek isländirler» diýip oýlandym. Şu pikir bilenem gitdim.

Ir bilen meniň ýanyma kazynyň ýasawuly geldi-de, meni kazyň ýanyna – «adalat öýüne» alyp bardy. Görsem, meniň doganlarym eýýäm şol ýerde ekenler.

– Sen näme üçin kakaňyň emlägini paýlaşmak islemeýärsiň? – diýip, kazy sorady. Men oňa-da doganlaryma aýdanymy gaýtalap berdim. Onsoň agalarym:

– Eger ol muny tüýs ýürekden aýdýan bolsa, goý, onda mirasdan zat almak islemeýänini, atamyzyň baýlygynda öz paýynyň ýokdugyny dil haty bilen tassyklasyn – diýdiler.

Men haýdan-haý: «Agalarym maňa ýamanlyk edesleri ýok-la, bular maňa bolmaly zady aýdýandyrlar. Öz paýyny alan bolup, ýeliň ugruna biderek sowrup goýbermesin diýýändirler diýip pikir etdim-de, olaryň islegine laýyklykda atamyň emläginden, özüme düşýän mirasdan boýun gaçyrýandygym hakda dil haty ýazyp, oňa golumy çekdim, kazy bolsa möhürini basdy. Agalarym hoşal bolup, meniň bilen öýe gaýtdylar. Ertesi olar maňa:

– Inim! Seniň ýaşaýan jaýyň bize gerek. Sen özüňe başga jaý tap-da, şol ýere ugra – diýdiler.

Şu ýerde asyl atamyň öýünde ýaşaýandygymyň hem olara ýakmaýandygyna düşündim. Men biygtyýar gitmeli boldum.

– Älemiň penakäri! Kakam dirikä her gezek syýahatdan gaýdyp gelende, maňa dürli ýurtlardan geň-enaýy zatlary sowgat getirerdi. Her kim öz çagalarynyň içinde iň kiçisini hemmesinden köp läliksiredýär ahyryn. Kakamyň getiren sowgatlaryny satyp, az-owlak pul topladym-da, özüm söwda edip başladym. Mundan başga-da, öz wagtynda kakam maňa Türküstandan gyrnak getirip beripdi. Başga bir gezek ýylky sürüsini sürüp getiripdi. Olaryň içinde gowy at bolup çykjak bir tez taý bardy. Ony kakam maňa sowgat beripdi. Onsoň oňa özüm göz-gulak bolup başlapdym. Ine, onsoň, kakam ölensoň agalarymyň maňa birehim garaýanlaryny görüp, men öý satyn aldym-da, şol ýere göçüp bardym. Bu it hem meniň bilen gitdi. Men öý hojalygynda gerek zadyň hemmesini edindim, iki sany hyzmatkär gul satyn aldym, galan serişdämi bolsa mata dükanyny açdym-da, Hudaýa sygnyp, söwda işi bilen boluberdim. Men öz ykbalymdan nägile däldim. Agalarymyň meni

edip goýberişleri adamkärçilik bolmasa-da, Alla rehimdar eken, üç ýylyň içinde söwdam şeýlebir şowly boldy, şäherde hormat gazandym duruberdim. Tanymal adamlaryň hemmesi az tapylýan bir gowy zat almak islänlerinde, maňa ýüz tutdular. Men bu işde köp pul gazandym hem-de bolelinlikde ýaşamaga durdum. Men her demimde ýaradana minnetdar bolup, günlerimi hoşallykda, doly parahatlykda geçirýärdim hem-de özüm hakda oýlanamda, ýygy-ýygydan şeýlebir şygry ýatlaýardym:

Gorkman göwnüm ýyksa-da şa,
Kimdir ol maňa – men oňa?!
Diňe, ýaradan bir Huda,
Aýandyr alkyşlam saňa.
Ýyksa-da göwnüm gardaşym,
Şepagat etgil sen maňa.
Wah, däldir ol meň syrdaşym,
Kömek diýp ýüz tutýan saňa.
Goý, dostum hem-de duşmanym
Etsin göwün-kine menden.
Ýok armanym, hiç puşmanym
Etsem gulluk janu-tenden.
Garşy çyksa jümle älem,
Seň gudratyň güýçli ondan.
Ogşarlar meň elim olar,
Diňe sen razy bolsaň menden.

Anna güni men öýde otyrdym, hyzmatkärlerim bolsa zat satyn almak üçin bazara gidipdi. Tiz wagtdan ol ýarym-ýaş aglap geldi.

– Saňa näme boldy? – diýip, men habaryny aldym.

Siziň ne işiňiz? – diýip, ol gaharly jogap berdi. – Wagtyňyzy hoşlukda geçiriň oturyň-da. Siz maşgar güni näme jogap bererkäňiz?

– Eý, hebeşi! Seni ne jyn urdy? – diýip, men onuň üstüne gygyrdym.

– Betbagtçylyk, ine, şunda: Bir musaýy siziň agalaryňyzyň elini arkasyna daňyp, bazaryň ortasyna çykarypdyr. Ol olary

gamçy bilen saýgylaýar-da: «Eger siz meniň pullarymy gaýdyp bermeseňiz, onda sizi ölýänçäňiz ýenjerin. Hiç bolmanda şeýdip armandan çykaryn» diýip, olary masgara edýär. Agalaryňyzyň başyna şeýle gün düşüpdir, siz bolsaňyz bu ýerde gaýgy-gamsyz otyrsyňyz! Bu gowumy? Il-gün näme diýer?

Bu habary eşidenimden ganym gyzyp, bir erbet boldum. Men gullaryma:

– Pul alyň-da, yzymdan galmaň – diýip, aýakýalaň, baş açyk bazara ylgadym.

– Hudaýyň haky üçin saklanyň! – diýip, häkim ýasawulyna ýüz tutdum. – Men musaýydan bularyň näme günä edendiklerini, näme üçin olara beýle jeza berýändigini soraýyn.

– Bu gün anna ahyryn, olary näme üçin beýle ýençýärsiňiz? – diýip, men musaýa ýüz tutdum.

– Eger siz olaryň arkasyny tutmakçy bolsaňyz, onda siz bularyň maňa bergisini töläň, bolmasa-da gelen ýeriňize gidiberiň – diýip, musaýy jogap berdi.

– Näçe tölemeli? – diýip, men soradym. – Getiriň dil hatyňyzy, men häzir size nagt sanap bereýin.

– Olaryň dil hatyny men eýýäm häkime berdim – diýip ol aýtdy.

Bu wagt meniň gullarym içi tyllaly iki haltajyk bilen ýetişdiler. Men musaýa müň rupiýa berdim-de, agalarymy azat etdim. Olaryň görnüşi gözgynydy. Olar ýalaňaç halyna açlykdan, suwsuzlykdan horlanypdyrlar. Men agalarymy özüm bilen alyp gaýtdym. Ilki bilen olary hammamda ýuwdum, naharladym. Olar utanarlar öýdüp, atamyň şonça baýlygyny nirä harçlandyklary barada ýatlamadym.

– Eý, patyşahym! Ine, olaryň ikisi hem siziň öňüňizde. Men çynymy aýdýarynmy ýa-da ýalan aýdýarynmy, ony, ynha, bularyň özlerinden soraýyň.

Hawa, onsoň birnäçe günden olar ýaralaryndan aýňaldylar. Men bir gezek olara:

– Agalar! Siz indi öz şäheriňizde abraýdan düşdüňiz, gowusy, size syýahata giden ýagşy – diýdim.



Olar sözüme jogap bermän dymdylar. Men agalarym razydyrlar diýen karara geldim-de, olary ýola salmanyň taýýarlygyny görüp ugradym. Çadyrlary, ýükleri, garaz, ähli gerek-ýaragy barada alada etdim. Ýigrimi müň rupiýalyk haryt satyn aldym-da, olary Buhara gidýän kerwene goşup goýberdim.

Bir ýyldan kerwen gaýdyp geldi; emma men agalarymdan habar-hatyr eşitmedim. Ahyrsoňy bir tanşymdan agam barada soradym. Ol maňa:

– Agalaryňdan bir-ä Buhara baran badymyza bar baýlygyny humara utdurdy. Ol indi şol ýerde jaý süpürýär, diwarlary suwaýar, agardýar, oýunbazlara hyzmat edýär. Olaryň oňa rehimi inip, pul berýärler, ol hem şolaryň hyzmatynda ýer-ýesirdi. Beýleki agaň şerap ýasaýanyň gyzyny söýdi. Bar zadyny bolsa biderek sowup gutardy. Indi ol şerap dükanynda hyzmat edýär – diýip, ol birin-birin aýdyp berdi. Asyl, söwdagärler meniň hatyramy görüp, aýdyp bilmän ýören ekenler.

Täjirden beýle habary eşidip, men gaty hapa boldum. Öz ýanymdan pikir öwrüp, ukudanam, iýmek-içmekdenem kesildim. Ine, onsoň, ýol harajatymy tutup, Buhara ugradym. Ol ýere baran badyma, derrew agalarymyň ikisini hem gözläp tapdym. Olary öz ýanyma getirdim, ýuwundyrdym, täze geýim geýindirdim. Olary utandyrmajak bolup, etmişleri barada dilimem ýarmadym. Olara haryt satyn alyp berenimden soň, hemmämiz Buharadan çykyp gaýtdyk. Nişapuryň golaýynda men olary bar haryt zatlar bilen bir obajykda goýdum-da, özüm şähere gaýtdym. Men olaryň özümden soň barmagyny isleýärdim. Sebäbi şäherde meniň olaryň yzyndan gidenimi bilmeklerini islemeýärdim. Iki günden soň agalarym syýahatdan gaýdyp gelýärler, erte men olary garşylamaga gidýän diýen habary ýaýratdym. Irden ýola düşmekçi bolup duran pursadymda, birdenkä, meniň agalarymy goýup gaýdan obamdan bir daýhan geldi-de, gaty ses bilen möňňürmäge durdy. Men onuň sesine daş çykdym. Onuň ýarym-ýaş aglaýanyny görüp:

– Sen nämä aglaýaň? – diýdim.

– Siziň agalaryňyz sebäpli meniň öýüm talandy – diýip, ol jogap berdi. – Siz berin doganlaryňyzy ol ýerde galdyryp gaýtmasaňyz bolmaýarmydy!

– Näme boldy ahyryn? – diýip, men tolgundym.

– Gije öýüme galtamanlar döküldiler. Siziň agalaryňyzyň emläklerini äkitdiler, üstüne meniňkinem taladylar – diýip, ol gürrüň berdi.

– Indi meniň agalarym nirede? – diýip, men bozulyp soradym.

Olar aýakýalaň-başaçyk, şäheriň eteginde otyrlar. Olaryň hiç zady galmady – diýip, ol aýtdy.

Men şol pursadyň özünde iki jübüt geýim alyp, olaryň yzyndan gitdim. Doganlarymy geýindirip, öýüme alyp geldim. Halk bu hakda eşidip, olary görmek üçin ýygnandylar, emma agalarym utançlaryndan garasyny hem görkezmeýärdiler. Üç aý şeýle geçdi. Men içimden: «Bular haçana çenli burça bukulyşyp oturmaly bolarlar? Eger başartsa, gowusy, men olary hem özüm bilen syýahata alyp gitsem gowy bolardy» diýip oýlandym.

– Eger ygtyýar etseňiz, onda men siziň garyp guluňyz, siz bilen jahana keşt etmäge gitjek – diýip, men agalaryma sala saldym.

Olar seslerini çykarmadylar. Onsoň men dürli harytlar ýygnap, gerek-ýaraklaryň hemmesini taýýarladym-da, agalarym bilen ýola rowana boldum. Men eçilip, sadaka berdim-de, ýükümi gämä ýükledim; labyry göterenimizden, gämi öňe hereket etdi. Bu wagt meniň itim kenarda uklap ýatyrdy. Gözüni ýalpa açyp, gäminiň eýýäm deňizdedigini görende, ol birahatlanyp üýrüp başlady, özüni suwa urup ýüzmäge durdy. Men ony getirmek üçin gaýyk iberdim, iti gaýyga mündürip alyp geldiler. Biz bir aýlap parahat hem-de şowly ýüzdük. Şu ikaralykda ortanjymyz meniň gyrnagyma maýyl boldy.

– Inimiziň rehimliligi bizi uly utanja goýýar – diýip, ol bir gezek uly agama aýdypdyr. – Biz nähili edip, ondan dynyp bilerkäk?

– Men bir zady pikir edýärin. Eger şony berjaý etmek başartsa, erbet bolmazdy – diýip, ol oňa jogap beripdir.

Ine, onsoň ikisi maslahatlaşyp, meni öldürmegi, hemme baýlygymy ellerine salmagy makullaşypdyrlar.

Men bir gezek gämidäki jaýymda irkilip ýatyrdym, gyrnagym bolsa meniň aýaklarymy owkalaýardy. Birdenkä kiçi agam içeri girdi-de, meni howlukmaç oýardy. Men howul-harsal böküp turdum-da, daş çykdym, itim hem meniň yzym bilen çykdy. Görsem, uly agam ellerini gäminiň erňegine diräp dur; ol aşak eglip, suwa seredip durşuna meni ýanyna çagyrýardy. Men dykylyp baryp:

– Ol ýerde näme bar? – diýdim.

– Geň galmaly zat bar. Suwuň astynda üsti ýakut teňňeli, merjen ýüzgüçli tritonlar bökjekleşýärler.

Eger şunuň ýaly bolgusyzlygy başga biri aýdan bolsady, men asla ynanmazdym. Ýöne agamyň sözüni hakykat diýip hasap etmäge men öwrenipdim. Seretmek üçin başymy aşak egdim, emma gören zadym bolmady. Ol bolsa öwran-öwran: «Indi görýäňmi?» diýýärdi. Eger ol ýerde bir zat bolan bolsady, onda, elbetde, görerdim ahyryn. Ana, şol wagt kiçi agam meniň seresapsyzlygymdan peýdalanyp, ýeňsämden gelägede, şeýlebir itdi welin, men gäminiň üstünden kelemenläp gaýtdym. Olaryň özi ýarym-ýaş bolup:

– Tizräk ýetişeweriň, inimiz gark boldy – diýşip gygyrmaga durýarlar.

Şu ikaralykda bolsa gämi daşlaşdy, meni bolsa suw gapdala alyp gitdi. Men tä ýadaýançam, tolkunlar bilen göreşip, hopugýardym. Ahyrky demimde biygtyýar Alla sygnyp başladym. Birdenkä elime bir zat ildi. Gözümi açyp görsem, ol itim eken. Megerem, meni suwa zyňanlarynda, ol hem özüni deňze taşlap, yzymdan ýüzüp gelen bolmaga çemeli. Men onuň guýrugyndan tutdum, şeýlelikde, Allanyň gudraty bilen ol meni halas etdi. Biz ýedi gije-gündizläp tolkunlaryň üstünde ýüzüp, sekizinji gün kenara baryp direldik. Aýak üstüne galmaga ragbatym ýokdy. Süýşenekläp-süýşenekläp, agdaryla-agdaryla, zordan gury ýere çykdym. Şondan soň uzak wagtlap özümden gidip ýatypdyryn, diňe ertesi gün itiň üýrýän sesi meniň gulagyma geldi. Men gözümi açdym, Hudaýa şükür edip, daş-töweregime seretmäge durdum. Uzakdan şäheriň sudury görünýärdi, emma ol ýere ýetmäge

gurbum çatjak däldi. Men her ädimden soň dynç almaly bolýardym. Agşama deňiç diňe bir wýorstdan gowrak ýol geçdim.

Ýarpy ýolda baýyrlyga duş geldim, şol ýerde hem gije ýykylyp galypdyryn. Ertesi şähere ýetdim hem-de bazara çykdym. Hemme ýerde meniň gözüme ilýän süýji satýan bakgallaryň dükanlarydy. Meniň ýüregim gülsüldeýärdi: jübimde gara köpük pulum ýokdy, mugt dilemäge bolsa bognum ysmajakdy. Şeýdip, men gidip otyryn, gidip otyryn. Her ädimde indiki dükana ýetenimde, iýer ýaly bir zatjagaz dilärin diýen pikir bilen özümi köşeşdirýärdim. Ahyrsoňy, men halys ysgyndan düşdüm, içim halys goruldy, göwnüme ýene ýekeje ätlesem, janym jesedinden jyda düşäýjek ýaly. Bir görsem, iki sany pars eşikli ýaş ýigit gol tutuşyp maňa ýakynlaşyp gelýärler. Men gaty begendim. «Ine, meniň watandaşlarym, belki, bular meniň tanşymdyr, men bulara öz ýagdaýymy düşündirerin» diýip, öz ýanymdan ýüregime düwdüm. Ýakyn gelenlerinde, men olaryň agalarym ekendigini tanadym. Men olaryň duşanyna begenip, keseki adamlara el sermäge mejbur etmän, olaryň namysymy gorap saklajakdyklaryna Hudaýa şükür etdim. Olaryň ýanyna baryp, men uly agam bilen salamlaşdym-da, onuň elini öpdüm. Ol maňa alarylyp bir seretdi-de gykylyklap ugrady. Kiçi agam bolsa ýaňagyma şeýlebir batly şarpyk çaldy welin, men entirekläp ýykyldym. Men uly agamyň synyndan ýapyşyp, ol meni gorarmyka öýtdüm, emma nähak bolup çykdy, ol hem urdy. Gepiň tümmek ýeri, olar doganlarynyň Ýusuby edişleri ýaly, meni urup süýndürdiler. Men näçe ýalbarsam-da, Hudaýa sygnyp gargyş etsem-de, olaryň maňa rehimi gelmedi. Mähelle üýşdi. Hemmeler näme ýazygymyň bardygyny soraýardylar.

– Bu ýigrenji, biziň doganymyzyň hyzmatkäri – diýip, olar jogap berdiler. – Bu ony deňze gark edip, emlägini ogurlady. Biz bu ganhory uzak aňtadyk, ine, ahyr bu gün biziň girimize düşdi.

– Haramzada! – diýip, onsoň agalarym maňa ýüzlendiler. – Saňa ne döw çaldy? Sen biziň doganymyzy näme üçin heläklediň? Ol saňa näme ýamanlyk etdi? Ýa seni öz hojalygynda dolandyryjy edip, ýagşylyk edenini ýamanlyk hasap etdiňmi?

Şeýdişip, olar ýakalaryny ýyrtyp, ýalandan ýarym-ýaş aglan kişi bolup, meni urmaga, depmäge başladylar. Bu wagt häkimiň ýasawuly geldi. Ol: «Näme diýip bu adamy urýarsyňyz?» diýip, olara haýbat atdy-da, meniň elimden tutup, biziň işimizi çözmäge alyp gitdi. Agalarym hem onuň bilen bile gitdiler. Olar häkime--de bazarda diýen zatlaryny aýtdylar, oňa näçe para beripdirler. Şeýdip, günäsiz janymy horlap, menden ar almak islediler. Häkimi hem yryp, işi öz islegleri boýunça çözmek islediler. Häkim maňa ýüz tutdy. Men şol mahal şeýlebir ýagdaýdadym: açlykdan, ýenjilmekden ýaňa dilimi ýarmaga ragbatym ýokdy, diňe başymy aşak sallap durdum. Häkime hiç bir jogap bermedim. Onsoň häkim, dogrudanam, meni gandardyr öýdüp pikir etdi.

– Ony meýdança eltiň-de, asyň! – diýip, ol buýurdy.

– Älemiň penakäri! Men olar üçin pul töledim, men olary musaýyň ýesirlerinden sypdyrdym, minnetdarlyk deregine bolsa olar meni heläk etmek maksady bilen para üçin pullaryny gysganman häkime berdiler. Ynha, olaryň ikisem öňüňizde. Eger men hakykaty aýtman, gyl ýaly gyşardýan bolsam, onda özlerinden sorap görüň.

Yeri bolýar-da, ana onsoň meni alyp ugradylar. Dar agajyny görüp, men durmuş bilen hoşlaşdym. Meniň günüme itimden başga aglajak ýokdy. Ol bolsa şeýlebir howsala düşýärdi weli, hemmeleriň aýagynyň aşagynda togalanyp çyňsaýardy. Kim taýak bilen, kim daş bilen ony kowýardy, emma ol gitmeýärdi. Men bolsam ýüzümi kybla tutup, Alla sygynmaga durdum:

– Häzir meniň senden başga howandarym ýok. Men günäsizi goldaweri. Eger özüň rehim etseň, men halas bolýan – diýip, jebir çekenleriň dogasyny okap, huşumdan gidip ýykylypdyryn.

Allanyň emri bilen bu ýurduň patyşasynyň içinden güýçli sanjy tutupdyr. Emirler, tebipler ýygnanyşypdyrlar, emma her näçe däri-derman berseler-de, asla peýda etmändir. Bir tanymal adam garyplara bol sadaka bermegi, tussaglary zyndandan boşatmagy maslahat beripdir. Jebir çekýänlerden alkyş almaklyk her hili däri-dermanlardan gowy haýyr etjekdigini düşündiripdir.

Şol wagtyň özünde şanyň hyzmatkärleri zyndanlara tarap eňipdirler. Hyzmatkärlerden biri tötänden menýdança göz gezdir-

ýär. Mähelläni görenden ol kim-de bolsa birini asmakçydyklaryna düşünipdir. Ol derrew dar agajynyň ýanyna at salyp gelip, gylyç bilen ýüpi çapýar. Patyşa şeýle agyr haldaka, siz Allanyň bendesini dara çekýärsiňizmi diýip, häkimiň kömekçilerine haýbat urup, meni boşatdy. Onsoň agalarym ýene häkimiň ýanyna ugradylar-da, meniň öldürilmegimi talap etdiler. Ol bolsa para alanlygy sebäpli, olar näme islese, şoňa razydy.

– Arkaýyn boluň – diýip, häkim olara jogap berýär. – Indi men ony şeýlebir yzyny tapmaz ýaly ederin welin, ol şol ýerde açlykdan, suwsuzlykdan öler. Hem-de bu hakda hiç kim hiç zat aňmaz.

Meni tutup wagtlaýynça gizlinje ýerde sakladylar. Şäheriň ýanyndaky dagda Süleýman pygamberiň döwründe döwleriň gazan dar hem garaňky gowagy bar eken. Gepiň gysgasy, agalarym häkimiň kömekçileri bilen bilelikde bir gije meni şol daga eltdiler. Gowaga taşladylar-da, ýürekleri rahat tapyp gaýtdylar.

– Eý, patyşahym! Bu it bolsa meniň yzymdan gelipdir. Meni gowaga sallanlarynda, ol onuň gyrasynda ýatypdyr. Men aşakda çalam-çaş bolup, huşsuz ýatyrdym. Birneme özüme gelemde, men özümi ölüdirin hasap etdim, ýatan ýerimi bolsa gabyr däldir öýtmedim. Şu ýerde men nämedir bir zat hakda gürleşýän iki adamyň sesini eşitdim. Bular ahyret perişdeleridir – Müňkir bilen Nekirdir. Bular menden sorag etmäge gelendirler diýen pikir kelläme geldi. Kimdir biri bir ýüpi aşak sallan ýaly, onuň şygyrdysy eşidildi. Men haýran galyp, daş-töweregimi sermeleşdirip başladym, emma meniň elim diňe süňke degýärdi. Biraz wagt geçenden soňra, edil diýersiň biri iýmäge duran ýaly, meniň gulagyma bir zadyň çeýnelýän sesi geldi.

– Eý, Allanyň bendeleri! Siz kim bolarsyňyz, biz häzir nirede? Allanyň hatyrasy üçin maňa aýdyň! – diýip gygyrdym.

– Bu beýik Süleýmanyň zyndany, bizem ondaky bendiler – diýip, kimdir biri gülüp jogap berdi.

– Aýdyň, eýsem men dirimi? – diýip, ýene soradym.

Batly çykan gülki sesinden soň:

– Şindä-hä sen diri, ýöne indi hökman ölersiň – diýen sesi eşitdim.

– Siz näme iýýäňiz? Maňa-da az-owlak beriň-dä – diýip, men batyrlanyp diledim.

Jogap ýerine bir zadyň şapbyldadyp iýilýän sesinden başga zat eşitmedim. Doýup, suwsuzlyklaryny gandyryp, nätanyşlar ukladylar. Men bolsam gurbatsyz, açlykdan hem-de ýarym huşly halda ýatyşyma gözýaş seçip, Allany kömege çagyrýardym.

– Eý, dünýäniň perwerdigäri! Ýedi güni deňizde geçirmeklik, ondan soňra ganybir agalarymyň töhmeti zerarly iýmek-içmeksiz galmaklyk, has beteri hem – ýenjilmeklik! Şeýle zyndana düşenimden soň bolsa, ondan boşamak bardyr diýen pikir kelläme-de gelmeýärdi. Ahyrsoňy, janhowly başlady, demim bir gelýärdi, bir gidýärdi. Birdenkä gijäniň birwagty ýokardan kimdir biriniň aýak sesi eşidildi, ujuna içi çörekli suwly küýzeli ýaglyk daňlan ýüp sallandy, onsoň biri ýuwaşja çagyrdy. Meň bilen ýatan beýleki ikisi bir zady aldylar-da, iýip-içip başladylar. Gowagyň agzynda ýatan it ony görüp, bu ýerik çörekdir suw sallap boljagyna göz ýetiripdir. Eger şeýlelik bilen taşlanan hojaýynyna azyk getirip bilse, onuň janyny halas etse boljagyna düşünipdir. Şu niýet bilen şähere ylgapdyr. Ol ýerde nan satýanyň dükanynyň içindäki tagtanyň üstünde çörek goýlan eken. Ol bökägede birine agyz urup, dişine gysypdyr-da, ýazzyny beripdir. Mähelle onuň yzyndan kowupdyr, oňa kesek zyňypdyrlar, emma it çöregi taşlamandyr. Adamlar ýadap, yzlaryna gaýdypdyrlar, olara derek, onuň yzyna şäheriň itleri düşüpdir. Ol itler bilen dalaşanda-da, çöregini gidermändir, nanyny gowagyň ýanyna getirip, aşak taşlapdyr. Gündizlikdi, men ýanyma gaçan çöregi gördüm-de, ony elime aldym. Şonda itimiň üýrýän sesini eşitdim. It bolsa maňa çörek getirip berip, suw gözlegine gidipdir.

Golaýdaky obanyň eteginde ýalňyz ýaşaýan kempiriň külbesi bar eken. Onuň öňünde suwdan doly golçadyr küýzeler duranmyş, onuň özi bolsa ik egrip oturanmyş. It bir küýzäniň ýanyna baryp, ony göterjek bolupdyr. Kempir oňa elini salgapdyr. Küýze itiň diýşinden sypypdyr-da, golçanyň üstüne gaçypdyr. Golça kül bolup, suwy ýere çaýkanyp gidipdir. Kempir taýak alyp, iti urmak üçin ýerinden galypdyr, it onuň eteginden dişläp,

burnuny onuň aýagyna sürtäp, guýrugyny bulaýlamaga durupdyr. It daga tarap ylgapdyr-da, onsoň ýene kempiriň ýanyna gaýdyp gelipdir. It bir bedräni, bir ýüpi dişläp, kempire olary görkezipdir-de, kempiriň aýagyna oýkanmaga, onuň eteginden çekmäge durupdyr. Megerem, Alla kempiriň ýüregine rehim salan bolara çemeli. Ol bedre bilen ýüpi alypdyr-da, itiň yzyna düşüpdir, it bolsa köýneginden dişläp, ol aýaly öýünden çykaryp, yzyna düşürip alyp gaýdypdyr. Ahyrsoňy, olar daga gelipdirler. Itiň bu bolşuny görüp kempir «Bu haýwanyň hojaýyny bu gowakda oturan bolarly, megerem, şoňa suw gerek bolandyr» diýip pikir edipdir. It kempiri zyndanyň agzyna getiripdir, ol bolsa içi suwly bedräni sallapdyr. Men ony aldym-da, bir bölek çörek ýuwudyp, üstünden hem birnäçe gezek suw owurtladym, şeýdip, biraz garbanyp ýürekse edindim. Ýaradandan minnetdar bolup, gapdala çekilip oturdym. Allanyň indiki etjek garaşyklaryna garaşmaga durdum. «Göreli bakaly, soňy näme bilen gutararka?» diýdim.

Ine, şeýdip bu dilsiz-agyzsyz haýwan maňa çörek getirýärdi, kempiriň kömegi bilen suw üpjün edýärdi. Söwdagärler itiň hemişe çörek alyp gaçýanyny görüp, rehimleri inipdir-de, özleri oňa çörek oklamaga durupdyrlar. Eger kempir suw getirmese, it onuň golçalaryny döwüşdiripdir. Şeýlelikde, ol kempir biygtyýar her gün maňa bir küýze suw getirmäge mejbur bolupdyr. Bu dört aýak wepadar dostum azyk-suw bilen üpjün edip, meni köşeşdirýärdi. Özi bolsa wagtyny zyndanyň agzynda ýatyp geçirýärdi. Şeýle ýagdaýda alty aý geçdi. Kemteresinden tämiz howada girmeýän şunuň ýaly zyndanda oturan adamyň haly niçik bolar öýdýäňiz? Men diňe süňk bilen ham bolup galdym, durmuşdan irdim welin «Eý, Allam! Bu horluklary görkezeniňden janymy alsaň gowy bolardy» diýip, içimden pikir eden wagtym seýrek bolmady. Bir gezek gije bendileriň ikisi hem ýatyrdy, meniň bolsa ýüregim gamdan doludy. Men saklanyp bilmän, aglamaga durdum, ýüzümi ýere berip, Hudaýa sygyndym. Gije ýarymdan aganda men birdenkä Hudaýyň gudraty bilen çukura ýüp sallanýandygyny duýdum.

– Eý, bagtygara keç ykbal! – diýen ýuwaş pyşyrdy eşidildi.
– Ýüpüň ujuny elleriňe berk daňyp, ol ýerden çyk.

Bu sözleri eşidip: «Ahyrsoňy, agalarymyň maňa rehimi inipdir-ow, ganlary çekip, özleri meni boşatmaga gelipdirler--ow!» diýip oýlandym. Begenjimden ýaňa näme edip, näme goýýanymy bilmän, ýüpi bilime daňdym. Kimdir biri meni ýokary çykardy. Gije şeýlebir garaňkydy welin, men özümi halas edeniň kimdigini hem saýgaryp bilmedim.

– Ýör tizräk. Bu ýeri durulýan ýer däl – diýip, ol daşyna çykan badyma aýtdy.

Meniň düýpden ysgynym ýokdy, emma gorkymdan ýaňa ýykylyp-sürşüp, zordan dagdan düşdüm. Görsem, iki sany eýerlengi at taýyn dur. Meni halas eden kişi maňa atlaryň birini görkezdi-de, münmegime kömek etdi, özi bolsa beýlekisine mündi, onsoň biz atlary gamça basdyk. Birnäçe wagtdan soň deňziň kenaryna ýetdik.

Biz daňa golaý eýýäm şäherden ýigrimi wýorst uzaklykdadyk. Bir görsem, meniň hemram demir donly, hatda atyny hem demir esbaplar bilen basyran ýaş ýigit ekeni. Ol gazaply nazaryny maňa dikip, gahardan ýaňa dyrnaklaryny gemirýärdi. Ol ýigit berdenkä gylyjyny gynyndan sogrup aldy-da, göni meniň üstüme at saldy. Men şol demde atdan towsup düşdüm-de:

– Meniň hiç bir ýazygym ýok – diýip, ýalbarmaga başladym. – Eý, rehimli hökümdar, sen näme üçin meni öldürmekçi bolýarsyň? Meni zyndandan çykaranam özüň ahyryn, häzir bolsa şeýlebir gazaba münýärsiň!

– Dogryňy aýt, sen kim bolarsyň? – diýip, ol sorady.

– Men syýahatçy. Gazaply adalatsyzlyk zerarly şu zyndanda bendilikde ýatyrdym. Diňe siziň merhemet etmegiňiz bilen ol ýerden sag-salamat çykdym – diýip jogap berdim-de, ýene birnäçe ýakymly sözler aýtdym.

Ahyrsoňy, Alla onuň ýüregine rehim saldy.

Bolýar, Hudaýyň edenine ýok diýmek bolmaz – diýip, ol hümürdedi-de, gylyjyny gynyna saldy. – Bar, seniň janyň halas edildi. Mün atyňa derrew, bu ýerde eglenmegiň hajaty ýok.

Biz atlary aňyrlygyna sürüp gitdik. Meniň hemram ýol boýy gamlanyp, uludan demini alýardy. Gün iki deň bolanda bir ýere

baryp ýetdik. Ol atyndan towsup düşdi-de, meniňem düşmegime kömek berdi, soňra atlaryň eýer-esbaplaryny aýryp, olary otluk meýdana kowdy.

Ýaş ýigit egnindäki harby lybaslaryny çykaryp, dynç almaga oturansoň:

– Eý, bagtygara! – diýip, maňa ýüzlendi. – Seniň nähili adamdygyň maňa-da aýdyň bolar ýaly, indi özüň barada gürrüň ber.

Men öz adymy, gulluk derejämi, başyma düşen betbagtçylyklaryň baryny gürrüň berdim. Başymdan geçen wakalary diňläp, ýaş ýigidiň gözleri ýaşdan doldy.

– Eý, Hudaýyň bendesi! – diýip, ol gürrüňe başlady. – Indi meniň başymdan geçen wakalara hem gulak as. Men Zerbad[1] ýurdunda bir rajyň gyzy, şol Süleýmanyň zyndanynda oturan – meniň halas etjek bolan ýaş ýigidim bolsa meniň atamyň weziriniň ogly, onuň adyna Bahramand diýýärler. Bir gezek maharaja[2] meniň atam her bir adamyň atyň üstünde edýän maşklary, çalasyn ökdelikleri görnüp durar ýaly köşgüň öňünden geçip, ýaý atyşyklar hem polo[3] oýnuny guramaklygy ähli rajlara hem şazadalara buýruk berdi. Men ejem – Rani[4] ikimiz demir gözenekli penjiräniň tekjesinde oturyp, daşyma üýşen enekelerimdir joralarym bilen bolýan wakalara tomaşa edýärdim. Weziriň ogly hemmelerden owadandy hem aty bijaý ökdelik bilen sürýärdi. Men ony haladym, meniň oňa göwnüm gitdi, emma men bu syry birnäçe wagtlap gizlin sakladym.

Ahyrsoňy, sabyr-takatym galmansoň, bu syryň baryny eneküme aýtdym, oňa köp sylag-serpaý berdim. Enekäm ol ýigidi gizlin ýol bilen meniň otagyma alyp geldi. Bu ýerde ol hem maňa aşyk boldy. Biz köp günläp keýpi-sapada bolduk. Bir gün, eli ýaragly sakçylar köşge aýlanyp ýörkäler, ony görüp tutdular--da, bu hakda raja habar berdiler. Raj ony asmaga höküm etdi,

---

[1] *Zerbad* – hindiler Hindistanyň günorta-gündogar gapdalynda ýerleşýän ýere «Zerbad» diýip at berýärler.

[2] *Maharaja* – beýik raj; hiç ýere boýun egmeýän hökümdar.

[3] *Polo* – top oýny.

[4] *Rani* – rajyň aýaly; patyşanyň aýaly.

emma ähli wezir-wekiller, han-begler öldürmezligini dilediler. Şondan soň ony Süleýman zyndanyna taşlamak buýruk edildi. Şol gije köşge bile gelen ol ýigidiň doganoglany bolan başga bir ýetginjek ýigidi hem onuň bilen bile tussag etdiler. Olaryň şol garaňky zyndanda oturanlary bäri eýýäm üç ýyl geçdi, emma ol ýaş ýigidiň rajyň köşgüne näme üçin gelenini henize çenli hiç kim bilenok. Biribaryň özi meniň namysymy gorap saklady. Onuň öwezine men tussaglary suwdur iýmit bilen üpjün etmekligi guramagy borjum hasap etdim. Häzire çenli men her sekiz gün içinde bir gezek şol ýere gidýärin-de, olara bir hepdelik iýmit goýup gaýdýaryn.

Öten agşam men düýş gördüm. Düýşümde bir adam maňa: «Tur bahym, atyňy eýerle, iýmit üçin pul al. Eliňe ýüp al-da, garaňky zyndana tarap ugra, ol betbagtlary ondan halas et» diýdi. Men tisginip oýandym-da, şatlyk bilen şaýymy tutmaga başladym. Men erkek lybasyna girdim, bir sandyjagy altyndyr gymmatbaha daşlardan doldurdym, birlaý eşik hem aldym, onsoň ata atlanyp, ony çekip çykarmak üçin şol ýere ugradym. Emma zyndandan halas bolmak bijesi seniň paýyňa düşen eken. Meniň niýetimi hiç kim aňlamady, elbetde, zyndandan çykmaklyk seniň nesibäňde bar ekeni. Aý, näme, kysmatdakyny görübermeli bolýar-da.

Ol gürrüňini gutaryp, düwünçeginden köke, külçe, et, gök önümler çykardy-da, käsede gant ezip, onuň hem üstüne miwe suwuny guýagada maňa berdi. Men onuň uzadan käsesini elinden alyp içdim; soňra biz az-maz garbak-gurbak edindik. Sähel salymdan soň ol gyz esgi bilen uýat ýerimi ýapdy-da, meni suwa düşündirmäge alyp bardy, gaýçy bilen saçymy, dyrnaklarymy aýyrdy. Ol meni mazalyja ýuwundyryp, täze köýnek geýdirdi. Gepiň gysgasy, ol gyz meni adama meňzetdi-dä. Men ýaradana alkyş baryny okap, ýüzümi kybla öwürdim-de, namaz okadym. Gözel gyz bolsa menden gözüni aýyrmaýardy.

Men namazymy okap gutaranymdan soň, ol:

– Sen näme iş etdiň? – diýip sorady.

Men:

– Jümle-jahany ýaradan biribar meniň ýanyma seniň ýaly ajaýyp bir gyzy iberdi; ol seniň ýüregiňe rehim saldy-da, meni

zyndandan boşatmagy saňa tabşyrdy. Men häzir ol Biribaryň ýoluna takat-ybadat etdim, özümiň onuň bendesidigimi aýtdym-da, alkyş etmek borjumy ýerine ýetirdim – diýip jogap berdim.

– Sen musulmanmy? – diýip, ol gyz menden sorady.

– Şükür alhamdilylla, musulmandyryn.

– Seniň ýaňky aýdan sözleriň meniň gulagyma ýarady. Diniňiziň şertlerini öwret-de, menem öz diniňize sal.

Onuň ýüregine biziň dinimize girmekligi Allanyň salandygyna şükür edip, men: «Alladan başga hudaý ýokdur. Muhammedem onuň resulydyr» diýip aýdyp berdim-de, gyza öwran-öwran gaýtalatdym. Soňra atlandyk-da, ýola düşüp ugradyk. Gije bir ýerde düşlänimizde bolsa, onuň bar gürrüňi din barada boldy, meniň aýdan zatlarymy lezzet bilen diňledi. Şeýdip, biz iki aýlap daň atandan Gün batýança at üstünden düşmedik.

Ahyrsoňy, biz Zerbad hem Sarandip[1] ýurtlarynyň araçäginde ýerleşýän bir welaýata baryp ýetdik. Tiz wagtdan soň Ystambulyňkydanam köp ilatly bir şähere baryp girdik, ol ýeriniň ýakymly hem ajaýyp howasy bar ekeni. Bu şäheriň patyşasy Nowşirwandanam adyl bolup, öz raýatlary üçin ondan hem köp aladalanýan ekeni. Bu ýagdaýy görüp, men örän şatlandym-da, jaý satyn alyp, onda ýaşaberdim. Uzak ýoluň ýadawlygy ýok bolandan soň, gerek zatlaryň baryny taýýarladym-da, musulman şerigaty boýunça nikalaşyp, özümi halas eden gyza öýlendim. Üç ýylyň içinde men ol ýeriň uly-kiçi adamlary bilen tanyş boldum, bütin adamlara özümi aldyrdym hem-de söwda işinde ajaýyp üstünlikler gazandym. Men ýerli täjirleriň baryndan ozdurdym. Bir gün men baş weziriň ýanyna görme-görşe ugradym. Gidip barýarkam, ýoluň ugrundaky giň meýdana üýşen märekä gözüm düşdi. Men beýle mähelläniň näme üçin üýşenini soradym-da, ogurlyk-jümürlik bilen meşgullanýan birki sany adamyny ele salandyklaryny bildim. Olary saňsara bir daş edip öldürjekler diýip gürrüň etdiler.

Bu habary eşidip, özümi asjak bolanlary ýadyma düşdi, Allanyň özi gowusyny etsin. Şeýle bela-betere uçraýanlar azmy

[1] *Sarandip* – Seýlon adasy.

näme? Olaryň günäsi barmy, ýokmy, entek belli däl, belki, meni edişleri ýaly, ýalan töhmet bilen tutandyrlar. Men adamlary itekleşdirip, märekäniň ortasyna bardym. Görsem, elleri arkasynda daňlyp, çuw ýalaňaç duranlaryň ikisem meniň doganlarym ekeni. Olary görüp, meniň ganym gyzyp gitdi, ýüregim bolsa agzyma geldi. Men jellatlara bir goşawuç tyllany berip, olaryň gelýänçäm garaşmagyny haýyş etdim-de, atymy öňürdikledip, häkimiň üstüne gitdim. Oňa gymmatbaha ýakut eltip berägede, öz arzymy beýan etdim.

– Bir adam olary günäkärläp, garşysyna çykyp gepledi. Olar eden etmişlerini boýun alandygy zerarly, patyşa eýýäm höküm çykardy. Meniň elimden geljek zat ýok – diýip, ol maňa jogap berdi.

Meniň irginsiz haýyş etmegim zerarly häkim tamakinçilik bildirdi. Men bäş müň rupiýa bilen olary ölüm jezasyndan boşatmaklyga yrdym. Oňa puly sanap berip, olaryň günäleriniň geçilýändigi barada hat ýazdyryp aldym-da, doganlarymy ölümden gutardym.

Älemiň penakäri! Meniň aýdýanlarymyň dogrudygyny, däldigini bir şolaryň özlerinden sorap görüň!

Doganlarymyň ikisem ýüzlerini aşak salyp, seslerini çykarman durdular. Asyl olar utançdan ýaňa ýere giräýjek bolýardylar.

– Hawa! – diýip, täjir gürrüňini dowam etdi. – Doganlarymy halas edip, men olary öz ýanyma alyp geldim, hammamda ýuwundyrdym, geýindirdim hem-de olar ýaşar ýaly köçe tarapdaky otaga alyp bardym. Men olara aýalymy görkezmek islemedim. Şol sebäpli öý işini özüm etdim-de, nahary olar bilen bile edindim, diňe agşamyna öz jaýyma gidip ýatdym. Men olary üç ýyllap öz ýanymda sakladym. Olar göwnüme deger ýaly hiç bir erbetlik etmediler. Bir gezek bir ýere gidenimde, doganlarym öýde galypdylar.

Ine, bir gün meniň söýgüli aýalym hammama ugrapdyr. Köçe tarapky otaga gidip, onuň içinde erkek kişiniň bardygyndan bihabar bolup, başyndan perenjisini aýrypdyr. Ine, bir betbagtçylyk, meniň ortanjy agam oýa ýatan bolsa nätjek. Agamyň gözi

düşen badyna, ol oňa aşyk bolupdyr-da, ony uly agama aýdypdyr. Biler bolsaňyz, agalarym menden dynmaklygy wadalaşypdyrlar, men bolsa beýle zatlary aňmandyryn, hatda men öz ýanymdan: «Hudaýa şükür, bu sapar henize çenli olaryň maňa hiç bir eden ýamanlyklary ýok. Ahyrsoňy olar ýola geldiler. Elbetde, ahyry utanandyrlar-da» diýip pikir etdim.

Bir gezek nahardan soň meniň uly agam gözlerine ýaş aýlap, öz watanymyzy taryplamaga hem-de Ajamyň gözelligini suratlandyrmaga başlady. Onuň yzysüre ikinji agamam aglamaga başlady.

Şol wagt men:

– Siz watana gitmek isleýäňizmi? Örän gowy. – Men siziň islegiňize boýun. Meniňem arzuwym şol ahyryn. Alla ýol berse, hemmämiz bile gideris – diýdim.

Men agalarymyň tukatlanýandyklaryny aýalyma habar berdim-de, hut öz niýetimem oňa aýtdym. Meniň akyllym maňa:

– Oýlanyp gör, olar ýene-de bir hile gurýarlar. Agalaryň seniň din duşmanlaryň, sen öz goltugyňda zäherli ýylany saklaýarsyň. Olardan gowulyga garaşma! Göwün söýeniňi et, emma nadanlardan özüňi gora – diýdi.

Şeýlelik bilen, men bahym ýola düşmäge taýýarlyk görüp, şäheriň bir çetinde çadyr gurdum. Kerwen bary toplandy, meni oňa ýolbaşçy hem serkerde edip saýladylar. Sähetli gün biz ýola düşüp ugradyk. Men öz agalarymdan ätiýaçly boldum, emma olaryň diýenine gulak salyp, olaryň göwnüni tapjak bolup jan etdim.

Bir ýerde düşlänimizde, ortanjy agam:

– Şu ýakynda Selsebil[1] çeşmesine meňzeş çeşme gaýnap çykyp duran sapaly ýer bar. Onuň töweregi bolsa giň giden sähralyk bolup, ol çigildemiň, göýlüň, narsissanyň, ýene şoňa meňzeş zatlaryň geňsi gülleri bilen bezenip otyr. Ol ýeri gezelenç etmek üçin diýseň ajaýyp ýer. Eger sen razy bolsaň, ertir şol ýere seýil etmäge hem dynjymyzy almaga gitsek bolar – diýdi. Men:

---

[1] *Selsebil* – behiştde bir çeşmäniň ady.

– Siz göwnüňiziň halan zadyny ediberiň. Sizden buýruk bolsa, ertirem kerwen şu ýerde dynç alar, biz bolsa seýil etmäge gideris – diýdim. Onda agalarym:

– Ajap bolar! – diýip ylalaşdylar.

Men ertir bir günlük dynç alyşlyk boljagyny bütin kerwene habar bermeli diýip aýtdym hem-de aşpeze gezelenç üçin dürli tagamlardan taýýarlamaklygy tabşyrdym. Iki agamam daňdanlar geýnip, ýaraglaryny dakyndylar-da, salkyn bilen tizräk gitmek gerekdigini maňa ýatlatdylar. Men atlary getirmek üçin hyzmatkärimi iberdim, emma agalarym oňa göwnemän:

– Heý, pyýada gezelenç etmegiň höziri ýalam bir zat bolarmy? Hyzmatkäriňe aýt, atlary yzyna alyp gitsin – diýişdiler.

Kofe gaýnadylýan zatlary bilen suw çilimi alyp, biziň bilen iki sany gulam gitdi. Gidip barşymyza biz ýaý atmak bilen gyzyklandyk. Kerwenden daşlaşanymyzdan soň, agalarym bir zat üçin gullaryň birini iberdiler, az salymdan ikinji guly tapyp gelmek üçin beýlekisinem iberdiler. Şol wagt göýä agzymyzy biri mumlap goýan ýaly, meniň bagtym ýatyp, olar göwünlerine gelen zatlary etdiler-de, meni gürrüňe güýmäp, uzaga alyp gitdiler. Meniň ýanymda itiň galanam bir gowy zat. Biz örän daşa gitdik, emma gaýnap çykýan çeşme-de, gülzarlyk sähra-da hiç ýerde görünmedi, diňe çarkandakly çölüstanlyk uzalyp gidýärdi. Men gaty ýadandygym zerarly, demimi dürsäýin diýip oturdym. Birdenkä ýeňsämde ýalpyldaýan gylyjyň ýalkymy gözüme kaklyşdy; yzyma gaňrylyp seretsem, kiçi agamyň asmandan inen gylyjy şol demde kelleçanagymy ýardy. Gylyç inip gelýärkä: «Sütemkär! Näme üçin meni urýarsyň?» diýip, çirkin ses bilen gygyrmaga ýetişdim. Uly agam hem egnime urdy, soňra iki doganymam ýara üstüne ýara salyp başladylar. Men huşumy ýitirip ýykyldym; şondan soň olar birehimlik bilen meni öldürdim edipdirler-de, gana bulaşdyryp gidipdirler. Meni ýençýänlerini gören it olaryň üstüne gaharly topulypdyr, emma zalymlar onam ýaralapdyrlar. Soňra özlerine ýeňil-ýelpaý ýara salypdyrlar-da, kerwene tarap gidipdirler.

Bu nadanlar, ol ýere baryp şeýle diýipdirler:



– Biziň üstümize garakçy döküldi. Olar kiçi doganymyzy öldürdiler, bizem ýaraladylar. Tiz ugralyň, bolmasa olar häzir yzymyzdan ýetip, kerweni talarlar.

Düýekeşler bu çöl-beýewanyň içinde garakçy bar sesini eşiden batlaryna, göýä gorkudan ýaňa bütünleý huşlaryny ýitiren ýaly bolupdyrlar-da, şol demde ýerlerinden zöwwe galşyp, kerweniň başyny çekişip ugrapdyrlar.

Agalarymyň gylyk-häsiýetine, abraýyna, mekirligine öňden belet aýalym olaryň meniň üçin gurup ýören hilelerini aňlan ekeni. Bu ýalançylardan soňky bolan wakany eşiden badyna, aýalym ýüreginden hanjar urup, amanadyny tabşyrypdyr.

– Eý, derwüşler! – diýip, Azatbagt gürrüňiniň arasyny kesdi. – Ite sežde edýän hoja aýdyp oturan hekaýatynda öz betbagtlygynyň şu ýerine gelende, meniň gözüme biygtyýar ýaş aýlandy. Bu ýagdaýy görüp, täjir maňa ýüzlendi-de:

– Älemiň penakäri! Eger aýyp bolmasady, onda men ýalaňaçlanyp, bütin endamymy size görkezerdim – diýdi.

Şeýle-de bolsa, ol öz aýdýan sözlerini tassyklajak bolup, ýakasyny ýyrtdy-da, omzuny ýalaňaçlap görkezdi. Dogrudanam, onuň endamynda ýaraň yzyndan ýaňa bitin ýeri ýokdy. Soňra ol sellesini çykardy-da, süýr depesindäki ýumruk sokaýmaly hoňkaryp duran oýugy görkezdi. Şol ýere üýşen atly-abraýly adamlaryň bary, seretmäge bogunlary ysman, gözlerini ýumaýdylar.

– Döwletiňiz berkarar bolsun, patyşa! – diýip, hoja hekaýasyny dowam etdirdi. – Agalarym meni öldi hasap edip gidenlerinden soň, şol çölde itim ikimiz ýaraly galyberdik. Menden şeýlebir gan gitdi welin, men bütinleý ysgyndan düşüp, huşumdan mahrum boldum. Ýaşaýşyň gaýtadan nähili üstüme saýa salanyny bilmeýärin.

Meni taşlap giden ýerleri Sarandibiň araçägidi. Ýakynda köp ilatly şäher bolup, onuň merkezinde ägirt uly buthananyň ymaraty salgymlap duran ekeni. Ýurda hökümini ýöredýän patyşanyň bolsa örän owadan gyzy bar eken. Onuň ugrunda ençeme şalar, şazadalar köýüp-bişýär eken. Ol ýerde ýüzlerini per-

de bilen ýapmak däbi bolmansoň, ol gyz öz joralary bilen uzak gün seýil edip, gülüp-oýnap gezer eken. Şa gyzy bir sähetsiz güni atasyndan rugsat alyp, şol meniň ýaralanan düzlügimiň bir çetinde ýerleşýän mülke gaýdypdyr. Ol birnäçe hyzmatkär gyzlar bilen şäherden çykanda, gyzlar birdenkä bir iňňildi eşidipdirler. Olar ýuwaşlyk bilen ýanyma gelipdirler-de, meniň gorkunç perişan halymy görüp, yzlaryna dolanyp gaçypdyrlar. Hyzmatkärleri şa gyzyna:

– Ol ýerde bir adam bilen it gana bulaşyp ýatyr – diýip habar beripdirler.

Şol mahal şa gyzynyň özi meniň ýanyma gelipdir-de, nebsagyryjylyk bilen:

– Seredip görüň, belkäm, entek onuň demi bar bolaýmasyn? – diýipdir. Hyzmatkär gyzlar atlaryndan düşüp:

– Hawa, onuň entek jany bar – diýip habar beripdirler. Şanyň gyzy:

Ony emaý bilen halynyň üstünde goýuň-da, mülke alyp gidiň – diýip, buýruk beripdir.

Bizi mülke elten batlaryna, şanyň gyzy köşk tebibini çagyrdypdyr. Oňa köp sylag bermegi wada edip, meni hem iti bejermegi tabşyrypdyr. Tebip bedenimiň tozanyny, ganyny ýuwuşdyryp, ýaralaryma şerap çalyşdyryp saraşdyrypdyr. Suwa derek bolsa gurplandyrýan miwe suwundan bogazyma damdyrypdyr. Şanyň gyzy meniň düşegimiň ýanyndan aýrylman, gije-gündiz meniň ugrumda bolupdyr, öz eli bilen maňa towuk çorbasyny ýa-da şerbet içiripdir. Haçan men özüme gelenimde, ilkinji gezek hanymyň:

– Haýsy gana suwsan zalym seni şeýle ýaralady? Ol hatda baş butdanam gorkmandyr! – diýip aýdan gaýgyly sözlerini eşitdim.

Maňa içirilen sagaldyş suwunyň, şerbediň, dermanlaryň kömegi arkaly men on günden soň gözümi açdym. Meniň bu ýerde toplanyşyp duran gözellere gözüm düşdi welin, ol ýeri göýä Indranyň köşgi, gözellere baş bolup duran bolsa, şol gyzyň özi ýaly bolup göründi. Men ah çekdim-de, ýerimden gozganjak boldum, emma gurbatym çatmady.

– Eý, pars! – diýip, şanyň gyzy mylaýymlyk bilen aýtdy. – Arkaýyn bol, ýöne gymyldaman ýat. Kimdir bir zalym seni şeýle agyr hala salypdyr. Beýik but bolsa saňa rehimdarlyk etmegi meniň ýüregime saldy. Indi sen gutularsyň.

Biribardan ant içýärin, ony görüp, men ýene huşumy ýitirdim. Hanymyň özi maňa seretmäge başlapdyr-da, hut öz eli bilen ýüzüme gülab sepipdir. Ýigrimi günden soň meniň ýaralarym bitişip kesmekledi. Hemmeler ýatansoň, gijelerine hanym meniň ýanyma gelip, maňa iýdirdi hem içirdi. Ine, kyrk günden soň meni sagaldyş suwuna ýuwundyrdylar, bu bolsa meniň bütinleý sagalandygymyň alamatydy. Sagalanyma şa gyzy gaty begendi, tebibiň sahylyk bilen sylagyny ýetirdi-de, hyzmatkärlerine meni gowy geýindirmegi tabşyrdy. Allanyň rehimdarlygy bilen, hanymyň hossarlyk hem hemaýat etmeginiň arkasyndan meniň bedenim berkedi, täzeden öňki kaddyma geldim. Item sagaldy. Şanyň gyzy her gün maňa şerap berýärdi, meniň bilen gürrüň edip oturýardy. Men adatdan daşary hadysaly hekaýalar aýdyp berip, ony gyzyklandyrýardym. Ol bolsa ondan lezzet alýardy.

– Maňa özüň barada aýdyp bersene! Sen kim, seniň başyňa şunuň ýaly bela nähili sataşdy? – diýip, ol bir gün menden sorady.

Men öz başymdan geçirenlerimi başdan-aýak aýdyp berdim. Ol meniň gürrüňimi gözýaş döküp diňledi-de:

– Men özümi seniň bilen şeýle alyp bararyn welin, sen öz betbagtlygyň baryny ýadyňdan çykararsyň – diýdi.

– Alla sizi öz penasynda saklasyn! – diýip jogap berdim. – Siz meni täzeden dünýä getirdiňiz, indi men janym-tenim bilen siziňki. Allanyň hatyrasy üçin, indiden beýlägem maňa mähribançylyk edersiňiz!

Biz şeýdip, onuň bilen tä daň atýança oturyp, gürrüň ederdik. Käwagtlar onuň enekesem biziň ýanymyzda oturardy; ol hem meniň başymdan geçiren wakalarymy diňlärdi, öz başyndan geçirenlerini gürrüň bererdi. Hanym dagy gidensoň, ýeke galýardym-da täret kylýardym, bir burça baryp, namaz okaýardym.

Bir gezek şeýle boldy: hanym atasynyň ýanyna gitdi, men bolsa hemişekim ýaly täret kylyp, arkaýyn namaza durdum welin, birdenkä osgalsyz ýerden şanyň gyzy dolanyp gelipdir. Ol enekä:



– Parsyň häzir näme iş edýändigini göreli, ýatyrmyka ýa-da uklaman otyrmyka? – diýipdir.

Olar hemişeki oturýan ýerimden meni tapman haýran galypdyrlar, meniň nirä gidenimi bilip bilmändirler, biri bilen gidäýdimikä diýip güman edipdirler. Ähli burçlara gözlerini aýlap başlapdyrlar, gizlin ýerlerden meni gözlemäge durupdyrlar, ahyryn meniň namazy berjaý edip duran ýerimiň üstünden barypdyrlar. Şanyň bu nowça gyzy hiç wagt namaz okalyşyny görmändir. Men namazymy okap bolup, elimi ýere degrip, aşak eglenimde, şanyň gyzy saklanyp bilmän, birdenkä gülüp goýberdi-de:

– Ol geň hereketler edýär. Näme, bu adam akylyny ýitirdimikä? – diýip, enekeden sorady.

Gülkiniň sesine tolgunmadan ýaňa meniň ýüregim endiräp gitdi:

– Aý, pars! Bu näme etdigiň? – diýip, hanym maňa gygyrdy.

Men näme jogap berjegimi bilmedim.

Şol wagt eneke:

– Men bir zady pikir edýärin welin, şol pikirim ýalňyş çyksa, günäsi meniň boýnuma, janym saňa sadaga! – diýip, ýokuş görüjilik bilen ara goşuldy. – Meniň pikirimçe, bu adam musulman, Lat hem Manatyň[1] duşmany. Ol göze görünmeýän Hudaýa sežde edýär.

– Onuň biziň hudaýymyza sala salmaýan musulmandygyny nireden bileýin? – diýip, şanyň gyzy elini çarpyp goýberip, gaharly gygyrdy. – Men munuň üçin beýik butumyzyň gargynjyna galdym. Men bu adamyň yzyndan nähak baryp, ony öýümize getiripdirin.

Ol şeýle diýip, meniň ýanymdan aýrylyp gitdi. Men bolsa bu sözleri eşiden badyma, bütinleý aljyradym-da, indi meni näderkä diýen pikire batdym. Gorkudan ýaňa gözüme uky gelmedi, gözlerimden boýur-boýur ýaş döküp, daň atýança agladym. Umyt bilen gorkynyň arasynda yraň atyp, çirimem etmän, üç gije-gün-

[1] *Lat-Manat* – yslam dini ýaýramazyndan ozal araplaryň sežde edýän buty. Mir Amman bu ýerde günorta-gündogar Aziýanyň ilatyny şol buta sežde edýän edip görkezýär.

diz gözýaş dökdüm. Şerapdan humarlanan hanym üçünji agşam eneke bilen meniň ýanyma geldi. Ol ýaýyny hem peýkamyny elinde turup, gahar-gazap bilen jaýyň öňündäki çemenligiň gyrasyna baryp oturdy-da, enekeden bir käse şerap sorady. Ol şeraby içip:

– Eneke, biziň beýik butumyzyň gaharyny getiren şol pars ölüp-ýitip gidipmi ýa-da henizem dirimi? – diýdi.

– Janym saňa gurban bolsun! Onuň henizem jany bar – diýip, eneke jogap berdi.

– Ondan göwnüm sowady, emma her näme-de bolsa, goý, ol daşaryk çyksyn.

Eneke maňa gygyrdy welin, men şol bada daşaryk dazlap çykdym. Görsem, gahardan ýaňa hanym hum ýaly gyzarypdyr. Meniň ýüregim ýarylara geldi. Men tagzym etdim-de, gol gowşuryp, dim-dik durdum.

– Biziň din duşmanymyzyň içinden peýkam okuny parran geçirip, ony ýagty jahandan dyndarsam, beýik but meniň eden günämi geçmezmikä? – diýip, ol gazaply nazaryny maňa aýlady-da, enekä ýüzlendi. – Ony öz ýanyma getirmek hem-de oňa garaşyk etmek bilen men gaty köp günä gazandym.

– Şa gyzynyň näme günäsi bar? – diýip, eneke garşylyk bildirdi. – Siz ony biziň dinimize garşydygyny bilmän alyp gaýtdyňyz ahyryn. Siz ýöne oňa rehim etdiňiz, ýagşylyk edeniňiz üçin ýalkanarsyňyz, oňa bolsa eden günäsi üçin beýik but göz görkezer.

– Eneke, oňa aýt, goý, ol otursyn – diýip, şanyň gyzy haýyş etdi.

Eneke maňa otur diýip yşarat etdi. Men özümi lampa aşak goýberdim. Hanym ýene bir käse şerap içdi. Şanyň gyzy enekä:

– Bu betbagt adama-da şerap ber. Janyndan umydyny üzmek aňsat düşer – diýdi.

Eneke maňa bir käse şerap uzatdy, men sesimi çykarman, ony başyma çekdim-de tagzym etdim. Hanym asyl başynam galdyrmady, emma gözüniň gytagy bilen maňa seredýändigini duýdum. Şerap meniň ruhumy göterdi. Men käbir goşgulary ýatdan aýtmaga durdum, ýogsam, ol ýerde şunuň ýaly sözlerem bardy:

Men bütinleý seniň ygtyýaryňda,
Ýöne entek diri bolsam, soň näme bolar?
Eger-de kükregine hanjar direlende,
Kimdir biri ah çekse, soň näme bolar?

Bu sözleri eşidip, şanyň gyzy ýylgyrdy-da, enekä ýüzlendi:

– Näme, seniň ukyň gelýärmi?

Öz hanymyň islegini aňlan eneke:

– Hawa, meni uky basyp barýar – diýip jogap berdi. Ol gitmäge rugsat aldy-da, ýoklar bolaýdy.

Az wagt geçensoň şanyň gyzy özüne şerap berilmegini sorady. Men bada-bat käsäni doldurdym-da, oňa eltip berdim. Ol eda bilen meniň elimden şeraply käsäni aldy-da, ony başyna çekdi. Şol wagt men onuň aýagyna ýykyldym.

– Wah, akmak! – diýip, ol meniň egnime kakdy. – Sen göz görünmeýän Hudaýa gulluk etmäge başladyň, näme, biziň beýik butumyzyň erbet ýerini gördüňmi?

– Hany, göwnüňize geňeşiň-de, özüňiz bir pikir edip görüň ahyryn – diýip jogap berdim. – Eýsem, diňe bir damja suwdan, edil siziň ýaly näzenini ýaradan Hudaý bu zatlara laýyk dälmidir? Siz bir bakyşda öz husny-jemalyňyz bilen müňlerçe adamy akyl-huşdan aýyrmaga ukyply ahyryn. Buta sežde eder ýaly, ol nämemişin? Daş ýonujylar ullakan gaty daşy ýonup, bir şekil ýasaýarlar-da, akmaklara tor guryarlar. Şeýtanyň aldawyna giden adamlar ýaradanyň şekilini öz elleri bilen ýaradan zadynyň öňünde baş egýärler. Biz musulmanlar bolsa bizi ýaradana hormat edýäris. Ol dine ynanmaýanlar üçin dowzahy, biziň üçin bolsa jenneti döretdi. Eger-de şanyň gyzy ýalňyz Hudaýa ten berse, ol Hudaýyň şepagatyna duçar bolar hem hakyky din-imana düşüner, özüniň ozalky ynanýan dininiň ýalandygyna göz ýetirer.

Şular ýaly köp ynandyrmalardan soň, şanyň gyzynyň daş ýüregi ýumşaşdy. Haka sygnyp, gözýaş edip, maňa ýüzlendi:

– Bolýar, maňa-da öz diniň ýollaryny öwret.

Men oňa kelemei-şahadaty aýdyp berdim, ol bolsa birnäçe gezek tüýs ýürekden gaýtalady. Geçmişine toba edip, estagpyryl-

la aýdyp, ol musulman boldy. Şol wagt men gaýtadan onuň aýagyna ýykyldym. Ol tä daň atýança, kelemei-şahadaty gaýtalady, öwran-öwran toba etdi, soňra:

– Ýagşy, men-ä seniň diniňe girdim welin, emma hossarlarym bolsa gaýry dinde galdylar, olary nädip günäden halas edip bolarka? – diýdi.

– Seniň olar bilen näme işiň bar. Goýnam öz aýagyndan asarlar, geçinem – diýip jogap berdim. Şanyň gyzy:

– Meni daýymyň ogly üçin saklaýarlar, ol bolsa butparaz. Hernä ertir durmuşa çykmakdan Hudaýyň özi saklasyn-da, ýogsam dini başga bilen ýaşap, erbet günä gazanaryn. Häziriň özünde ol beladan gutulmagyň çäresini tapmagym gerek – diýdi. Men:

– Siz asylly gürrüň edýärsiňiz. Öz göwnüňize geleni ediň – diýip teklip etdim.

– Men indi bu ýerde galjak däl, gowusy, bir ýana gideýin – diýip, ol jogap berdi.

– Nähili ýol bilen hem-de nirä gaçsam diýip pikir edýärsiňiz?

– Ozaly bilen, sen bu ýerden git. Seniň gideniň hakda il arasynda gürrüň ýaýrar ýaly, bir kerwensaraýa bar-da, musulmanlaryň arasynda ýerleş. Şeýtseň, sen barada hiç kim betgüman bolmaz. Özüň hem Ajama gidýän gämini gözlemek bilen meşgul bol, ol hakda maňa habar berip dur, seniň ýanyňa öz enekämi iberip duraryn. Gämi tapandygyň barada habar eden badyňa, men seniň ýanyňa bararyn. Şeýdip, şol gämi bilen gaçyp, bu dini başga nadanlardan başymyzy gutararys.

– Siziň janyňyzy howpdan goramak üçin ölmäge taýyn – diýip, men jogap berdim. – Emma sen öz enekäňden nähili başyňy gutaryp bilersiň?

– Ondan dynmagyň işi aňsat. Men oňa bir käse awy bererin.

Biz şeýle karara hem geldik. Men daň bilen kerwensaraýa ugradym, baryp bir otagy aldym-da, onda ýerleşdim. Şanyň gyzyndan aýra düşenimden soň, onuň gelerine garaşdym ýördüm. Iki aýdan soň bu ýere Yspyhandan, Şamdan hem Rumdan köp täjir ýygnandy. Olar suw bilen gitmekligi ýüreklerine düwdüler-de, öz harytlaryny gämä ýüklemäge durdular. Adamlar bilen bir

ýerde ýaşasaň, tanyş bolunýar, ana, olar meni hem özleri bilen alyp gitmekçi boldular.

Täjirler:

– Nädýäň, gadyrdan? Biziň bilen gideliň! Haçana çenli siz bu dini başgalaryň arasynda ýaşajak? Goşlaryňyzy ýygnaşdyryň – diýdiler. Men:

– Ýygnaşdyryp-ýygnaşdyrman, meniň bir ullakan goşum ýok. Bar emlägim: gyrnagym hem itimdir sandygym. Gämiňiziň bir çetjagazyndan ýer berseňiz, näçe tölemeli bolsa tölärdim-de, siziň bilen arkaýyn giderdim – diýip jogap berdim.

Täjirler maňa gäminiň üstünden aýratyn bir jaýjagaz berdiler. Men ol jaýyň kireýini doly töledim-de, rahatlananymdan soň, bir bahana bilen enekäniň ýanyna ugradym.

– Aý, ene jan! – diýip, men oňa ýüzlendim. – Men seniň bilen hoşlaşmaga geldim. Watanyma gidýärin. Eger siz maňa iň soňky gezek şa hanymyň jemalyny görmegime kömek bermegi makul bilseňiz, sizden köp minnetdar bolardym.

Uzak wagtlap ýalbaranymdan soň, eneke ahyry razy boldy.

– Gije pylan ýere bararyn-da, şol ýerde garaşaryn – diýdim.

– Bolýar – diýip, eneke jogap berdi.

Men kerwensaraýa dolanyp geldim, sandygymy hem ýorgan-düşegimi alyp, gämä tarap äkitdim-de, olary darga tabşyrdym.

– Men ertir irden gyrnagym bilen gelerin – diýip, darga aýtdym.

– Ýöne gijä galaýmagyn. Biz ertir ugrajakdyrys – diýip, ol maňa duýdurdy.

– Örän gowy – diýdim-de, özüm bolsam garaňky gatlyşyp başlandan eneke bilen belleşen ýerimize ugrap, şol ýerde garaşmaga durdum. Ýarygijeden soň, basym köşgüň gapysy açyldy, köne-söne geýnen şanyň gyzy içi gymmatbaha zatlardan doly sandyjagy eline alyp çykdy. Ol sandyjagyny maňa berdi. Biz ýola düşüp ugradyk. Daňa golaý biz deňziň kenaryna ýetdik--de, gaýyga münüp, gäminiň ýanyna bardyk. Bu wepaly it hem biziň ýanymyzdady. Daň atyp, jahan mazaly ýagtylansoň, labyr

boşadyldy. Biziň janymyz aram tapyp, deňizde ýüzüp ugradyk. Birdenkä gämi duralgasyndan top gümmürdisi eşidildi. Adamlar nämäniň näme bolanyny bilmän, howsala düşdüler. Labyr gaýtadan taşlandy. Gäminiň içinde, görýän welin gämi duralgasynyň hojaýynyna bir zadyň aladasy ýetendir, bolmasa toplary gümmürdedip durmak nämä gerek diýen gürrüňler başlandy.

Täjirler öz ýanlary bilen owadan gyrnaklary alyp barýarlar diýen gürrüň ýaýrady. Gämi duralgasynyň hojaýyny alyp ötägitmesin diýip, täjirler gorkularyna öz ýanlaryndaky gyzlaryny sandyga salyp gizlediler. Edil şolaryň edişi ýaly, menem şanyň gyzyny sandyga salyp, daşyndan gulpladym. Şol wagt içinde patyşanyň adamlary hem gämi duralgasynyň hojaýyny bolan ullakan gaýyk göründi. Ol gaýyk basym gäminiň ýanyna geldi. Enekäniň öldi, gyzynyň gaçdy habary patyşa baryp ýetende, ol at-abraýdan düşmejek bolup, gyzynyň adyny tutman, ýöne hojaýyna: «Pars täjirlerinde oňatja gyrnaklar bar diýip eşitdim; men olardan gyzym üçin keniz almakçy. Gämini sakla-da, täjirleriň ýanyndaky gyzlaryň baryny meniň ýanyma alyp gel. Men göwnüme ýaranyny saýlap satyn alaryn, galanyny bolsa boşadyp goýbererin» diýen buýrugy beripdir. Şonuň üçinem gäminiň ýanyna hojaýynyň hut özi ýüzüp gelipdir.

Meniň gapdalymda başga-da bir adam bardy, onuňam sandygynda owadan gyrnak gizlengidi. Gämi duralgasynyň hojaýyny gyrnaklary çykarmagy tabşyryk berip, edil şol sandygyň üstünde oturdy. Şa gyzy barada hiç zat aňmandyklary üçin, Hudaýa ýüzde müň şükür etdim. Ine, ynha, hojaýynyň adamlary tapan gyrnaklarynyň baryny öz jaýlaryna ýygnanlarynda, hojaýyn oýun edip, öz üstünde oturan sandygynyň eýesine ýüzlendi:

– Eýsem, sende-de gyrnak bardy ahyry?

– Paýy gerdiňden ant içýärin, men bu işe goşulmadym – diýip, ol akmak jogap berdi. – Birnäçe adamlar sizden gorkusyna öz gyrnaklaryny sandyklarynda gizlediler.

Bu gürrüňi edişip, duralganyň hojaýyny sandyklary bir ýanyndan barlaşdyrmaga başlady. Meniň sandygymam açdylar-da, şanyň gyzyny çykaryp alyp gitdiler. Meni şeýlebir gam-gussa gap-

lap aldy welin, heý, goýaý. «Indi meniň bütin ömrüm puç boldy. Gör, hanymyň başyna nähili oýun getirler?!» diýip pikir etdim.

Hanym hakda pikir edip, men gorky-ürkini ýadymdan çykardym. Bütin gije-gündiz Hudaýy kömege çagyrdym. Ertesi irden gyrnaklary gämä gaýtaryp getirdiler. Oňa täjirler örän begendiler.

– Meniň gyrnagym dolanyp gelmedi-le, bu näme boldugy? – diýip, men soradym.

– Biz bilmedik, belkem, ol patyşa ýarandyr – diýip, maňa jogap berdiler.

Täjirler meni ruhlandyrmaga hem-de göwünlik bermäge durdular.

– Ýagşy, bolan işe indi çäre ýok. Gaýgy etme. Biz pul toplaşdyrarys-da, gyrnagyňa taý geljek özi ýaly birini alyp bereris – diýip aýtdylar.

Men tas huşumdan gidipdim.

– Indi meniň Ajama gitmegimiň geregi ýok – diýip, olara jogap berdim-de, gyzlary alyp gelen gaýykçylara ýüzlendim. – Meni hem özüňiz bilen kenara alyp çykyň.

Olar razy boldular. Men gämiden düşdüm welin, item meniň yzymsüre gaýygyň içine bökdi. Biz gämi duralgasyna ýüzüp baranymyzdan soň, men diňe hanymyň öz ýany bilen getiren içi gymmatbaha zatly sandyjagyny alyp galyp, öz zatlarymyň baryny hojaýynyň adamlaryna berişdirdim-de, heý, şanyň gyzyndan bir habar-hatyr eşidip bolmazmyka diýen umyt bilen, çar tarapa aýlanmaga başladym, emma hiç bir nyşan tapmadym. Bir gije hile bilen patyşanyň köşgüne-de girip, ony gözledim, emma bitiren işim bolmady. Şäheriň içinde bir aýa golaý paşmagymy süýräp gezdim. Meniň barmadyk gapym, aýlanmadyk köçäm galmady, gam-gussa çekmekden ýaňa özümi ölüm hetdine ýetirdim. Diwana ýaly bolup, köp ýerleri entedim. Ahyrsoňy, men şanyň gyzyny hojaýynyňkyda gizläp saklaýandyrlar, onuň başga ýerde bolmajagy belli zat diýen karara geldim. Onsoň men onuň öýüne girmegiň ýoluny agtaryp, jaýynyň daşynda aýlanyp başladym. Birdenkä meniň gözüm adam sygar ýaly bir örtüge düşdi, emma

ol demir gözenek bilen berkidilipdir. Men, her niçik hem bolsa, ondan peýdalanmagy ýüregime düwdüm: eşiklerimi çykaryp, çalpawlyga girdim-de, bar güýjümi tijäp, demir gözenegi döwüşdirdim, hajathananyň üsti bilen oýnaşhana üçin gurlan jaýa bardym. Ol ýerde aýal lybasyna girip, daş-töweregime seretmäge durdum. Bir otagyň içinden kimdir biriniň namaz okaýan ýaly sesi meniň gulagyma ildi. Men ýakyn baryp görsem, ol meniň hanymymym eken. Ol dynman aglaýardy. Hanym maňlaýyny ýere berip, Muhammet pygamberiň hem onuň päk ruhunyň hatyrasy üçin, dini başga adamlaryň ýurdundan halas eden, özüni yslamyň ýoluna salan, şol adam bilen oňat duşuşmaklygy miýesser eden Hudaýa doga okaýardy. Men şa gyzyny gören badyma, onuň ýanyna ylgap bardym-da, onuň aýagyna ýykyldym. Ol meni gujaklady, biz şol dem huşumyzy ýitirip, bütin dünýäni unutdyk. Gaýtadan huşumyza gelen badymyza, onuň başyna düşen işler barada hanymdan soradym.

– Hojaýyn gyrnaklaryň baryny kenara alyp çykansoň – diýip, ol gürrüň bermäge başlady. – Hernä meniň syrym açylaýmabilse ýagşydyr, meni tanamaýadyrlar, seniň janyň howp astynda galmaýadyr diýip, men Hudaýy çagyrdym. Hudaýa şükür, meniň şanyň gyzydygymy güman eden bolmady. Men bularyň haýsy birini özüme alsamkam diýip, gämi duralgasynyň hojaýyny bizi gözden geçirmäge başlady. Onuň paýyna men düşdüm. Ol meni gizlinlik bilen öz öýüne iberdi, galan gyrnaklary bolsa köşge äkitdi. Asyl bu başagaýlygyň bary meniň üçin döredilen eken: kakam gyrnaklaryň arasyndan meni tapmansoň, olaryň hemmesini azat etdi. Häzir bolsa şanyň gyzy gaty agyr ýatyr diýen habar ýaýradyldy, eger men tapylmasam, onda günleriň birinde meniň öldi habarym ýyldyrym çaltlygynda bütin ýurda ýaýrar welin, ana, onsoň patyşa masgaraçylykdan halas bolar. Emma men häzir başga bir bela uçradym. Gämi duralgasynyň hojaýyny niýetini ýamana baglapdyr. Ol meni özi bilen ýaşamaklyga yrjak bolup jan edýär. Men oňa asla razyçylyk beremok, ol bolsa meni tüýs ýürekden söýýär, henize çenli meniň razylyk bermegime garaşyp ýör, şonuň üçi-

nem entek el urman saklanýar. Bu ýagdaý uzak wagtlap dowam etmez öýdüp gorkýaryn. Eger zorlamakçy bolsa, men öz janyma kast etmekligi berk ýüregime düwüpdim, emma seniň bilen duşanymdan soň bolsa, mende täze bir pikir döredi. Alla kömek etse, şol pikirden bir netije çyksa gerek, emma halas bolmaklygyň şondan başga ýoluny görmeýärin.

– Ol nähili pikir, aýtsana! – diýip, men haýyş etdim.

– Eger sen jan çekip, zähmetden gorkmasaň, ol pikiri amala aşyrmak bolar.

– Başym seniň ýoluňda gurban bolsun. Eger buýursaň, özümi ýanyp duran oda ataryn, maňa bir merduwan beren tapylsa, seniň hatyraň üçin al-asmana çykardym. Sen bir zat buýursaň, men baryny ederin.

– Onda beýik butuň ybadathanasyna ugra – diýip, şa gyzy aýtdy. – Ybadathanadaky aýakgap çykarylýan ýerde gara düşek düşelip goýlandyr. Bizde şeýlebir däp bar, ýagny mätäçlige sezewar bolan adam ybadathana barýar-da, şol düşegi bürenip oturýar. Oňa ybadat etmäge gelýän adamlar bolsa öz joşanyny berýärler. Birnäçe gün geçenden soň ol adam eslije ýygnaýar welin, pir beýik butuň adyndan onuň egnine don ýapyp goýberýär. Ol baý bolup gidýär, onuň kimdigini ybadathanadaky adamlaryň hiç biri bilmeýär. Senem baryp, şol düşegi örtünip otur. El-ýüzüňi oňatja ýapyşdyr-da, hiç kim bilen gürleşme. Üç günden soň brahman bilen butparazlar don getirip bererler-de, saňa ugra diýip aýdarlar. Emma olar her näçe berk aýtsalaram, sen oturan ýeriňden asla butnamagyn. Onsoň olar gaty haýyş edip başlarlar welin, sen olara şeýle diý: «Bu pullar maňa derkar däl, men bu zatlar üçin ölüp-öçüp baramok. Meni horlaýarlar, şonuň üçinem men kömek sorap geldim. Eger-de brahmanlaryň enesi maňa adalatlylyk etse, örän gowy bolardy, ýogsam hut beýik butuň özüne ýüz tutmaly bolaryn, meni ezýän adam barada-da arz ederin». Seni her näçe yrjak bolsalaram, tä brahmanlaryň enesi ýanyňa gelýänçä, hiç kime gulak salma; şonda brahmanlaryň enesi seni bialaç kabul etmeli bolar. Ol örän garrydyr, onuň iki ýüz kyrk ýaşy bardyr; ybadathananyň bar işini hem onuň otuz alty ogly

edýändir. Ony beýik butuň özi hem gaty zor hasaplaýar, şonuň üçinem onuň hökümi şeýlebir güýçli welin, biziň ýurdumyzyň uly-kiçi hemmesi onuň buýrugyny eşitmekligi özlerine bagt hasap edýärler; ol näme aýtsa, aýdan zadyny bada-bat ýerine ýetirmäge ikirjiňlenmän girişýärler. Onuň eteginden ýapyş-da: «Eý, ene jan! Eger-de men jebir çeken ýolagçyny, meni horlaýan adamdan goramasaňyz, hut beýik butuň öňünde maňlaýymy ýere urmaly bolaryn; ahyrsoňy, şol-a maňa rehim edip, meniň arkamy tutar-da» diýip ýalbar. Şondan soň brahmanlaryň enesi seniň işleriň barada soramaga durar welin, şeýle diý: «Men Ajam ýurdundan. Men bu ýere siziň adalatlylygyňyzy eşidip, hem sizi göreýin, hem beýik buta sežde edeýin diýip, uzak ýollary söküp geldim. Birnäçe gün men erkin ýaşadym; meniň ýanymda syratly, görmegeý bir aýalym bardy. Nähilidir bir ýol bilen gämi duralgasynyň hojaýyny meniň aýalymy görüpdir, ol ony menden zorlap aldy-da, öýüne äkitdi. Biz musulmanlarda bolsa şeýle däp bar: keseki adam biziň aýallarymyzyň birine ýaman göz bilen seretdigi ýa-da ony ogurladygy, äri şol göwne degen adamyny hökman öldürmeli, aýalyny gaýdyp almaly. Eger şol adam diri gezip ýören bolsa, tä şony öldürýänçä, äri gaýgydan ýaňa iýmezem, içmezem, aýalyna ýanaşmak bolsa gadagan. Ana, şol sebäplere görä, Sizden şepagat gözläp, ýanyňyza bialaç gaýtmaly boldum».

Hanym näme etmelidigini aýdyp bolansoň, men hälki ötükden çykdym-da, ýene ony demir gözenek bilen bekledim. Ir bilen ybadathana bardym-da, gara düşegi üstüme örtünip oturdym. Üç günüň içinde meniň daş-töweregim puldur dürli eşikden doldy gitdi. Dördünji güni doga okap, hiňlenjiräp, meniň ýanyma pir geldi-de, don getirip berip, meniň bu ýerden gitmegimi haýyş etmäge durdy. «Men sadaka üçin gelmedim, beýik butuň ýanyna hem-de brahmanlaryň enesiniň adalatlylygy üçin geldim. Tä adyllyk görýänçäm, şu ýerden aýrylmaryn» diýip, onuň bilen razylaşmadym-da, beýik buty çagyrmaga durdum. Pir bu sözleri eşidip, kempiriň ýanyna gitdi-de, oňa men barada aýtdy. Soňra dört wedy[1] bilýän brahman çykdy-da, garry enäniň

[1] *Wedy* – hindi edebiýatynyň iň gadymy ýadygärligi bolan dört sany kitap.

garaşýandygyny habar berip, meni çagyrdy. Şol bada başdan-aýak düşege çolandym-da, ybadathananyň içine girdim. Görsem, lagyl, almaz, dür hem merjen daşlary bilen bezelen gymmatbaha tagtyň üstünde beýik but otyr. Beýle gapdalynda, nepis haly ýazylan altyn sekiniň üstünde daş-töweregi hem-de tirsekleriniň aşagy ýassykly, gara geýimde at-abraýly kempir hondan bärsi bolup otyr. Onuň sag hem sol gapdalynda bolsa on-on iki ýaşlar çemesi iki sany oglan dur. Ol aýal meni ýanyna çagyrdy. Men hormat goýujylyk bilen ýakynlaşdym-da, tagtyň erňegini öpüp, soňra kempire has gysmyljyradym. Şol wagt ol meniň habarymy sorady. Men şa gyzynyň öwreden zatlarynyň baryny jikme-jik aýdyp berdim.

Men gürrüňimi gutaranymdan soň, ol:

– Näme, musulmanlar öz aýallaryny terkidünýälikde saklaýarlarmy? – diýdi.

– Hawa! Hudaýym siziň çagalaryňyz bagtly bolsun! Biziň obamyzyň däbi şeýle.

– Seniň gowy diniň bar. Men häziriň özünde gämi duralgasynyň hojaýynyna seniň aýalyň bilen şu ýere geler ýaly buýruk berip, akmaga şeýlebir göz görkezerin welin, indikide ol şunuň ýaly iş etmez hem-de gullugynda berk galar, hemişe ätiýaçly gezer. Gämi duralgasynyň hojaýyny kimmişin? – Ol öz adamlaryna ýüzlenip, sözüni dowam etdirdi: – Kişiniň aýalyna el uzatmaga ol neneň het edip bildikä?

– Onuň gylygy şeýle – diýip, oňa jogap berdiler.

Kempir meni görkezip, öz hyzmatkär oglanlaryna şunuň ýaly tabşyryk berdi:

– Bu adamy ýanyňyza alyp, onuň bilen patyşanyň ýanyna baryň-da, oňa: «Enemiz, beýik but şeýle buýruk berdi. Gämi duralgasynyň hojaýyny adamlara gün berenok, ol bu mysapyryň aýalyny elinden alypdyr. Hojaýyn uly günä edipdir, şonuň üçinem onuň emlägini elinden almaly-da, baryny heläkçilik çeken şu türke bermeli; ýogsam şu gije bar zat weýran bolar, sizem biziň rehimsiz gazabymyza uçrarsyňyz diýýär» diýip aýdyň.

Oglanlaryň ikisem ýerlerinden turup, ybadathanadan çykdylar-da, patyşanyň ýanyna ugradylar, brahmanlaryň galanlary bolsa

buýnuzdan ýasalan surnaýlaryny çalyp, öwgi aýdymyny aýdyp, olaryň ýany bilen gitdiler. Ýolda, şol ýerde ýaşaýanlaryň uludan-kiçä bary dumly-duşdan çykyşyp, tozan turzup, oglanlaryň yzyna düşüp ugradylar. Olary öz gözleriniň göreçleri ýaly eziz görýärdiler. Şeýlelik bilen, biz şa köşgüne baryp ýetdik. Oglanlaryň geldi habaryny patyşa eşiden badyna, ol garşylamaga aýakýalaňaç dazlap çykdy-da, iberilen wekilleri uly hormat bilen kabul etdi. Olary öz gapdalynda tagta mündürip oturtdy-da:

– Siz bu gün näme üçin geldiňiz? – diýdi.

Bu brahman çagalary oňa eneleriniň tabşyrygyny gowşurdylar, üstesine-de, beýik butuň gahary bilen gorkuzdylar.

Patyşa olaryň habaryny eşidensoň:

– Örän ýagşy – diýdi-de, hyzmatkärlerine gämi duralgasynyň hojaýynyny hem şol aýaly alyp gelmekligi höküm etdi. – Men onuň eden günäsini barlap görerin-de, oňa degişli jeza bererin – diýip, sözüni soňlady.

Bu sözlerden soň men rahatsyzlanyp başladym: «Wah, munymyz-a bolmady. Gämi duralgasynyň hojaýyny bilen şa gyzyny alyp geläýseler, biziň bar syrymyz açylar, ýeri, onsoň meniň başyma nähili oýunlar geler?» Meni howsala gaplap aldy. Men Allany çagyrmaga durdum. Oglanlar meniň galpyldaýandygymy, reňkimiň üýtgändigini aňdylar. Olar, ähtimal, bu buýrugyň maňa ýaramandygyna düşündiler öýdýän, gazap bilen ýerlerinden turdular-da, igenç bilen patyşa ýüzlendiler:

– Biderek adam ekeniň! Sen näme, dälirediňmi? Görýäs welin, beýik buta boýun egmäňi goýupsyň. Biziň sözlerimizi nädogry hasap edip, ol ikisini çagyryp, hakykaty gözleýän kişi boljak bolýarsyňmy? Ahmal bolma! Beýik but saňa gaharlanýar. Biz saňa buýruk getirdik, indi özüň bil, beýik butuň bolsa özi görer.

Bu sözleriň patyşa täsir edenine haýran galaýmaly. Ol gollaryny gowşuryp dim-dik durdy-da, ysytma tutýan ýaly sandyrap başlady. Ol bagyşlamaklaryny haýyş edip, olary köşeşdirmäge durdy, emma olar oturmak islemediler. Şol wagt patyşanyň töweregindäki wezir-wekilleri ýerli-ýerden gämi duralgasynyň hojaýy-

nyna gargap başladylar: «Ol şeýlebir gurrumsak, azgyn, günäkär; onuň etmedik pyssy-pyjurlygy ýok, onuň eden etmişleriniň haýsy birini patyşa aýtjagyňy bileňok. Brahmanlaryň enesiniň iberen buýrugy gaty dogry, eýsem bu buýruk beýik butdan gelen bolsa, ol nähili dogry bolmasyn ahyryn?».

Ähli adamlaryň ýerli-ýerden şol hojaýyna sögýänlerini eşidip, şa aljyrady, beren buýrugyna ökündi. Ol şol wagtyň özünde meniň egnime täze don ýapdy-da, hut öz eli bilen perman ýazyp, möhür basdy-da, ony maňa berdi. Soňra ol brahmanlaryň enesine hat ýazdy-da, oglanlara göwher-şamçyrag ýaly gymmatbaha daşlardyr altyndan doly jam berdi-de, bizi ýola saldy. Men şatlygymdan ýaňa huşumy ýitirip, ybadathana dolanyp geldim-de, garry aýalyň alnynda durdum. Patyşanyň enä ýazan hatyny biz garry brahmana gowşurdyk. Onda, hormatyňyz artsyn, döwletiňiz berkarar bolsun diýen ýaly sözlerden soň şeýle ýazylypdyr: «Siziň buýrugyňyz esasynda gämi duralgasyna hojaýyn bolmak wezipesi şu musulmana tabşyryldy hem-de oňa şu don gowşuryldy. Indi onuň öz göwnüne degen adamy jezalandyrmaga, onuň bütin emlägini elinden almaga doly ygtyýary bar. Goý, göwnüne gelenini etsin. Meniň günäm geçilermikä diýip umyt edýärin».

Brahmanlaryň enesi hoşal boldy. Ol sazandalara ybadathananyň nagarasyny kakmagy buýurdy-da, guşuň gözünden urýan bäş ýüz mergeni ýanyma goşup iberdi.

– Gämi duralgasyna baryň – diýip, ol buýruk berdi. – Hojaýyny tutuň-da, ony şu musulmanyň eline tabşyryň; goý, oňa öz islän jezasyny bersin. Onsoňam seresap boluň! Goý, haremhana bolsa bu musulmandan başga bir adam aýagyny sekäýmesin; jeza bermegi hem-de onuň emlägini bütinleý şunuň garamagyna geçiriň. Ol size gaýtmaklyk üçin rugsat beren mahaly, tabşyrylan işleriň baryny ýerine ýetirendigiňiz hakynda ondan hatjagaz alyň.

Hoşlaşyk wagty ol maňa beýik butuň piriniň beren hormatly donuny bagyş etdi hem-de meniň ata atlandyrylmagymy buýurdy.

Gämi duralgasyna men barmazymdan öň, meniň adamlarymdan biri duralganyň hojaýynyna bu wakanyň baryny habar



berdi. Men şol ýere baranymda, hojaýyn ýüzüni ak tam edip, janyndan umydyny üzüp otyr eken. Gahardan ýaňa meniň ganym gyzdy gitdi; gämi duralgasynyň hojaýynyna gözüm düşen badyna, gylyjymy gynyndan sogurdym-da, şol demde onuň kellesini togaladym. Soňra men gämi duralgasyndaky edaralaryň iş dolandyryjylaryny, hazynaçylaryny, gözegçilerini hem gümrüklerini çagyrmaklygy buýurdym-da, hasap depderçelerini alyp, hanymyň ýanyna tarap ýumlugaýdym. Biz biri-birimizi mäkäm gujaklap, begençden ýaňa gözýaş dökdük-de, Hudaýa ýüzde müň şükür etdik. Men onuň, ol bolsa meniň gözýaşlarymy süpürdi; soňra biz daşary çykdyk. Biz masnadyň üstünde oturyp, işgärlere halat-serpaý ýapdyk-da, olary öz öňki wezipelerine belledik, gullar bilen hyzmatkärlere sowgat edip, olaryň hem göwünlerini hoşladyk. Brahmanlaryň enesiniň meniň bilen iberen adamlaryny sylaglap, baştutanyna bolsa zer-zerbapdan köýnek geýdirip, olara rugsat berdik. Men gymmatbaha daşlar, top-top matalar, her hili gülli ýaglyklar, tirme şal guşaklar, dünýäde belli nepis harytlar hem eslije pul, umuman, patyşa, onuň emeldarlaryna ýarar ýaly, her kimiň öz wezipesine laýyk, pir hem-de onuň aýalyna berer ýaly zat ýygnaşdyryp goýdum. Bir hepdeden soň men bu zatlaryň baryny ýanyma aldym-da, beýik butuň ybadathanasyna girdim, baryp, ol sowgat-serpaýlaryň baryny brahmanlaryň enesiniň öňünde goýdum. Ol meniň ýene-de wezipämi ýokarlandyryp, hormatly don bilen sylaglady. Soňra men sowgatlarymy alyp, şanyň köşgünde peýda boldum-da, gämi duralgasynyň öňki hojaýynynyň eden günäsiniň baryny ýuwmagy ýüregime düwendigimi habar berdim. Şa, emeldarlar hem täjirler meniň bilen ylalaşdylar; hökümdar mähribançylyk etdi, ol maňa mülk berdi, ýokary wezipä belledi, halat-serpaý ýapdy-da, ata mündürip, abraý bilen ugratdy. Köşkden çykyp, emeldarlara hem hyzmatkärlere köp engamlar berip, göwünlerine ýetdim, olaram meniň üstüme alkyş baryny ýagdyrdylar. Gepiň gysgasy, şa gyzyna öýlenip, iň arzuwly maksadyma ýetdim-de, bu ýurtda gowy durmuş gurup, gaýgy-gamsyz ýaşaberdim. Boş wagtym Hudaýa tagat-ybadat etdim ýördüm, bütin halaýyk meniň beýle edişime

guwandy. Aýda bir gezek butuň ybadathanasyna hem-de şanyň köşgüne baryp gaýtdym.

Şa meniň sylag-serpaýymy barha ýetirdi. Patyşa ahyrsoňy meni öz ýakyn adamlarynyň ýanynda saklady hem menden maslahatsyz hiç zat etmedi. Meniň durmuşym gülledi, emma Alla şaýatdyr, agalarym hakyndaky pikir hiç kellämden aýrylmaýardy. «Olar niredekä, olaryň başyna näme iş düşdükä?» diýip pikir edýärdim. Iki ýyl geçensoň biziň gämi duralgamyza Zerbatdan täjirleriň kerweni geldi. Olar deňziň üsti bilen Ajama geçip gitmekçi ekenler. Düzgün boýunça, her gezek kerwen geçende, kerwenbaşy keseki ýurt harytlaryndan, her hili nepis zatlardan sowgat-serpaýly meniň ýanyma gelýärdi. Ertesi men kerwenleriň ýanyna baryp, emläginiň ondan birini gümrük haky alýardym--da, gitmäge rugsat berýärdim. Meniň bilen şeýle duşuşyga zerbatly täjir gelip, gymmatbaha sowgatlar getirdi. Ertesi men onuň çadyryna ugradym. Bir görsem, egin-eşigi sal-sal iki sany adam depesine ýük göterip barýar. Olaryň gülebentleri barlagdan geçensoň bolsa, ol ýükleri yzyna alyp gaýdýarlar, özlerem agyr ýüküň astynda egşerilýärler.

Siňe seredip görsem, olar asyl meniň agalarym bolsa nätjek. Gara iş bilen meşgullanyp ýören bu adamlara birbada özümi tanatmaklygy uslyp bilmedim. Men öýe dolanyp gelip: «Şol iki adamyny alyp geliň» diýip, birki sany adama buýruk berdim. Olary alyp geldiler. Ýene men olara täze köýnek geýdirip, öz ýanymda oturtdym; bu wyždansyzlar bolsa ýene-de meni öldürmek üçin dil düwşüpdirler. Bir gün, yns-jyns ýatansoň, gijäniň birmahaly olar meniň başujuma gelipdirler. Men öz janymdan wehim edip, gapymyň agzynda garawul goýupdym, wepaly itim hem ýanymda ýatyrdy. Olar ýaňy gylyçlaryny gynyndan sogran batlaryna, it oýanýar-da, olaryň üstüne topulýar, onuň sesine bolsa öýdäki adamlaryň bary oýanýar. Menem ýerimden hasanaklap galdym. Olary tutdular: olaryň kimdigi derrew aýan boldy. Ähli adamlar meniň eden ýagşylygyma derek olaryň bu gurup ýören işleri üçin näletlediler.

Patyşanyň döwleti berkarar bolsun! Şonda meni gorky gaplap aldy. Il içinde «Kör hasasyny bir aldyrar, iki aldyrmaz»

diýen belli nakyl bar. Indi olary azatlykdan mahrum etmek gerek diýen netijä geldim. Emma men olary zyndana taşlasam, olaryň yzyndan kim barar? Olar aç-suwsuz ölerler, beýle etmeseňem, ýene bir zyýan ýetirerler. Olaryň täze bir hile oýlap tapmagyndan arkaýyn bolar ýaly, hemişe gözümiň öňünden aýrylmaz ýaly, olary kapasa saldym. Itimiň wepalylygy hem yhlaslylygy üçin, edibilen hormat-sylagymy oňa etdim. Eý, keramatly Taňrym! Ähtiýalan ynsandan, eýesine wepaly itdir haýwanlaram ýagşydyr.

Ine, meniň başymdan geçirenlerim; men baryny patyşa gürrüň berdim. Indi isleseňiz, jezalandyryň, isleseňiz, ýalkaň; patyşanyň öz ygtyýarynda – diýip, hoja sözüni tamamlady.

– Onuň hekaýatyny diňledim-de – diýip, Azatbagt sözüni dowam etdirdi. – Men bu akýürekli adamyny öwdüm. Seniň asylly iş edeniňe hiç sözüm ýok, olaryň nejisligini, deýýuslygyny welin, aýdyp-diýer ýaly däl. «Egri agaç ýarysgynyna-da gider» diýip, hakykatdan-da, gaty dogry aýdypdyrlar.

Soňra men hojadan itiň boýnuny bezeýän on iki sany lagly nireden alanyny aýdyp bermegini haýyş etdim.

– Hudaýym patyşa ýüz ýigrimi ýaş ömür bersin! – diýip, ol jogap berdi. – Gämi duralgasynyň hojaýyny edilip bellenenimden üç-dört ýyl geçeninden soň, bir gezek öz jaýymyzyň üstüne çykypdym-da, deňziň görnüşine hem-de onuň kenaryna tomaşa edip otyrdym. Men çar tarapa garanjaklaýardym; birdenkä tokaýyň çetinde, ýol-ýoda bolmadyk ýerde iki sany hereket edýän gara gözüm düşdi. Dürbini alyp, men bu iki sany adamynyň daş görnüşiniň üýtgeşikdigini saýgardym-da, olary alyp gelmek üçin sakçylary iberdim.

Olary alyp gelensoňlar, biriniň erkekdigi, biriniň hem aýaldygy aýdyň boldy. Aýaly men öz heleýimiň bolýan haremhanasyna iberdim, erkek kişini bolsa öz ýanyma çagyrdym. Görsem, bu bir ýaňy sakgal-murty taban ýigrimi-ýigrimi iki ýaşlaryndaky ýaş ýigit ekeni, emma onuň Güne ýanan ýüzi gazanyň garasy ýaly garalypdyr, edil ýabany adamlaryňky ýaly, saçlary ösüpdir, dyrnaklary palta ýaly bolupdyr. Ol keltekçesiniň ýeňiniň uçlaryny bogup, halta ýalyjak edip, boýnundan asypdyr welin, döşüniň



üstünden monjuk ýaly bolup sallanyp durdy; egninde bolsa üç-dört ýaşly çagajyk otyrdy. Bu ýaş ýigidiň görnüşi meni haýran galdyrdy.

– Eý, ýagşy ýigit! Sen kim bolarsyň, haýsy ýurtdan bolarsyň? Başyňa näme iş düşdi?– diýip, men geňirgenip soradym.

– Aç öldüm! Nan! Allanyň haky üçin iýer ýaly bir zat beriň! – diýip gygyryp goýberdi-de, ol gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp, haltajygyny meniň öňümde goýdy. – Ençeme günden bäri ot hem agaçlaryň ýapraklaryny iýip mydar edip gelýärin, mende ysgyn-mydar galmady.

Men derrew çörek, şerap hem nahar getirmeklerini talap etdim. Ol iýmäge oturdy, şol wagt agta haremhanadan onuň aýalynyň ýanyndaky haltajygy getirdi. Men çözüşdirip gördüm welin, olaryň içinde şeýlebir her hili ýaldyrawuk daşlar bar ekeni, asyl olaryň her biri bir welaýatyň töleýän pajyndanam gymmat boljak. Ol daşlar gurluşda-da, möçberde-de, arassalykda-da biri-birinden oňat eken. Olaryň ýaldyrdysyndan tutuş jaýyň içi her hili reňkde öwşün atdy. Gelmişek bir käse şerap içip, biraz garbanyp, az-owlak dynjyny alyp, özüne gelensoň, men ondan soraşdyryp başladym.

– Bu daşlar saňa nireden düşdi?

Ol şeýle jogap berdi:

– Meniň watanym Azerbaýjan ýurdy. Men çagalygymdan eneden-atadan, öýden-öwzardan jyda düşüp, agyr horluklary başymdan geçirdim, köp wagtlap mazarystanlykdaky ýerzeminde ýaşadym. Men Ezraýylyň penjesinden ençeme gezek sypdym.

– Ýagşy ýigit, hemmesi aýdyň bolar ýaly, başyňdan geçen zatlary jikme-jik gürrüň edip ber – diýip, men haýyş etdim.

– Meniň atam täjirdi. Ol elmydama Hindistana, Ruma, Çyn-Maçyna, Khata hem Pereňistana syýahat ederdi – diýip, ýaş ýigit öz başyndan geçirenlerini gürrüň bermäge başlady. – Meniň on ýaşym dolanda, Hindistana ugramakçy bolup duran atam meni hem öz ýany bilen äkitmek isledi. Enem hem daýzalarym «Ol entek çaga, bular ýaly uzak ýola ýaramaz» diýdiler, emma atam olara gulak asman:

– Men indi garrapdyryn. Ol meniň ýanymda bolup, söwdagärçiligi öwrenmese, onda men ölemde gözümi açyp giderin. Ol atasynyň ogludyr. Şu wagt iş öwrenmese, onda ol haçan öwrensin? – diýip, olara jogap berdi.

Ol şeýle diýdi welin, men islesem-islemesem atam bilen gitmeli boldum. Biz sag-aman Hindistana baryp ýetdik-de, harytlarymyzyň birnäçesini satdyk. Şol ýeriň nepis zatlaryndan satyn alyşdyryp, aňyrlygyna Zerbada tarap ýüzlendik. Ol ýerde hem işimiz şowly boldy. Biz ol ýerde hem söwda etdik-de, soňra basymrak watanymyza dolanyp barar ýaly, gämä mündük. Bir aý geçensoň ýolda tupan turup, ýer-gök gapyşan ýaly boldy, iň ýamanam, gäminiň sürülýäni döwüldi. Gäminiň baştutany bilen darga saçlaryny ýoluberdiler. Biz on günläp ýeliň hem tolkunlaryň içinde gaýdyryldyk ýördük; on birinji gün diýlende gämi suw astyndaky äpet bir daşa urlup, kül-owram boldy. Atamyň hyzmatkärleriniň, bütin emlägimiziň nähili bolup ýom-ýok bolany bilinmedi.

Huşuma gelip görsem, men bir tagtanyň üstünde ýatyryn. Bu tagta meni üç gije-gündizläp deňziň içinde ýüzdürdi-de, dördünji gün diýlende kenara bardy. Mende ýene-de ýaşaýşa bolan umyt döredi; tagtadan düşdüm-de, gurbumyň ýetdiginden öňe tarap süýşenekläp, gury ýere çykdym. Men uzak bolmadyk bir ýerde bir topar adamy gördüm, emma olaryň bary şar garady, eneden doguşlary ýaly ýalaňaçdylar. Käbirleri maňa bir zat-bir zatlar diýdi, emma men düýbünden olaryň dillerine düşünmedim. Meýdanda noýba bitipdir. Adamlar ot ýakyp, noýbanyň kösügini bişirip iýdiler. Aňyrrakda bir topar çatma bar eken. Asyl noýba bu gara adamlaryň esasy iýmitleri bolup, özleri hem şu ýerde ýaşaýan ekenler. Olar maňa hamala senem iý diýýän ýaly, yşarat etmäge başladylar. Men bir goşawuç noýbany alyp, ony bişirdim-de, elimiň aýasynda goýup iýdim. Soňra men suw içip, bir gapdalda gyşardym-da ukladym.

Men esli wagt ýatyp oýanamsoň, ol adamlardan biri meniň ýanyma geldi-de, ýol görkezmäge durdy. Biraz noýba ýygyşdyrdym-da, görkezilen ugra tarap gitdim. Töwerek iňläp

ýatan giň meýdan bolup, özem eliň aýasy ýaly tekizdi. Şeýle giň meýdan, megerem, bolup bilse, magşar güni adamlaryň ýygnanjak ýeri bolar. Men şol noýba çeýnäp gidip otyrdym. Dört gün geçenden soň öňümde bir gala peýda boldy; golaýyna baramsoň, men onuň birnäçe menzil uzalyp gidýän gaty belent daş diwardygyny gördüm. Galanyň derwezesi tutuş daşdan ýonulyp--ýonulyp ýasalypdyr-da, agzyna ägirt uly gulp urlupdyr; emma ol ýerde adamzadyň aýak yzy görünmeýärdi. Men aňyrlygyna gitdim. Basym meniň gözüm sürme çalnan ýaly gara depä düşdi. Men onuň üstüne çykanymda, meniň öňümde ullakan şäher peýda boldy. Onuň daşyna diwarlar aýlanyp, käýerlerinde minaralar salgymlap görünýärdi; şäheriň gapdalyndan bolsa giň derýa akyp ýatyr eken. Şäher derwezesiniň agzyna ýetip, men «Bismilla» diýip, onuň içine girdim. Onuň iç ýüzünde pereň köýnekli bir adam oturgyjyň üstünde otyr eken; meniň gaýry ýurduň jahankeşde adamsydygymy ol şol bada bildi. Agzymdan çykan «Bismilla» sözüni eşidip, ol meni ýanyna çagyrdy. Men golaý bardym-da, tagzym etdim. Ol meniň tagzymymy örän oňat kabul etdi. Meni öýüne alyp bardy-da, saçagyň üstünde çörek, ýag, towuk çorbasy hem şerap goýup, gerk-gäbe bolýançam iýmegimi sorady. Men biraz iýip-içemsoň, arkaýyn ukladym. Agşamara turup, el-ýüzümi ýuwdum, hojaýyn meni täzeden naharlamaga durdy-da:

– Hany, özüň barada gürrüň bersene, oglum! – diýip, haýyş etdi.

Men başymdan geçen zatlaryň baryny oňa gürrüň berdim.

– Ýeri, bu ýere näme üçin geldiň?

Men gahardan ýaňa sandyrap:

– Sen dälimi näme? Köp wagtlap heläkçilik çekenimden soň, ahyrsoňy öý-öwzara gözüm düşdi. Meni bu ýere Allanyň özi getirdi, sen bolsa bu ýere näme üçin geldiň diýip soraýarsyň – diýdim.

Ol meniň bu sözlerime:

– Häzirlikçe dynjyňy al. Ertir men näme etmelidigini aýdaryn – diýdi.

Ertir ir bilen bolsa:

– Ammarda halta, elek hem pil bar. Şolary daşaryk çykar – diýdi.

Men «Meniň garnymy çörekden doýrup, gör, ol nähili işleri meniň boýnuma ýüklejegini Hudaý bilsin» diýip pikir etdim-de, bialaç ol zatlary alyp, oňa eltip bermeli boldum.

– Şol öz düýnki gören depäňe bar-da, iki dyz boýy çukur gaz; çykaran gumuňy elekden geçir, elekden galanyny bolsa şu halta guýup, maňa getirip ber – diýip, ol maňa buýurdy.

Men gurallary alyp, depä tarap gitdim. Ýer gazyp, gumy elekden geçirdim-de, elekde galanyny halta guýdum. Görsem, bu zatlar her dürli gymmatbaha daşlar ekeni; ýaldyrdysy gözüňi deşip barýar. Ol daşlardan haltany mazaly doldurdym-da, ony hojaýyna getirip berdim. Ol halta seretdi-de:

– Munuň baryny al-da, bu ýerden git. Saňa bu şäherde ýaşamak gowy däl – diýdi.

Men:

– Munuň ýaly köp, her dürli gymmatbaha daşlary berip, siz maňa örän oňat merhemet etdiňiz. Ýöne welin bular meniň nämäme gerek? Men ajyksam, bulary çeýnäp, ýuwudyp biljek däl ahyryn. Onuň üçinem bu gymmatbaha daşlardan näçe berseňizem, maňa peýdasy ýok – diýip jogap berdim.

Ol ýylgyryp, şeýle diýdi:

– Meniň saňa haýpym gelýär, sebäbi senem edil meniň ýaly, Ajam ýurdunda doglan. Şonuň üçinem men seniň bu ýerde galmagyňy maslahat bermeýärin. Galanynam özüň bil. Eger-de sen, her niçik hem bolsa, bu şähere girmekligi ýüregiňe düwen bolsaň, onda meniň ýüzügimi ýanyňa al. Bazar meýdanyna baranyňda, ol ýerde maňa gaty meňzeş bir çal sakgal adamy gözläp tap. Ol meniň uly agamdyr. Oňa ýüzügi berseň, ol seniň işiňi bitirmäge ýardam eder, sen bolsa onuň aýdan zatlaryny edersiň, ýogsam biderek ýere heläk bolarsyň. Meniň diňe şu ýere erkim ýetýär, şähere men baryp bilmeýärin.

Men onuň ýüzügini aldym-da, baş egip hoşlaşdym. Şähere girip, onuň gözelligine haýran galdym. Onuň köçeleri, bazary gül pürkülen ýaly arassa, aýallar hem erkekler erkin söwda edýärler,

hemmeler oňat geýnipdir. Men daş-töweregimdäki zatlara tomaşa edip barýaryn. Bazaryň ortasyna baranymda, şeýlebir mähellä gözüm düşdi welin, olaryň ýokarsyna jam oklasaň, ol jam ýere düşmän, ýöne adamlaryň depesinden typyp ýörjek. Adamlar şeýlebir gyslyşykly welin, olaryň arasyndan geçmek gaty kyndy. Mähelle biraz dargaşyp başlansoň, men öňe tarap ümzügimi atyp ugradym. Ahyryn men gözleýän adamymy tapdym. Ol oturgyçjykda otyr eken, öňünde bolsa haşamlanyp ýasalan ýalpyldap duran owadan hasasy dur. Men baryp tagzym etdim-de, oňa ýüzügi gowşurdym.

Ol maňa gaharly seredip:

– Sen bu ýere näme üçin geldiň? Betbagtçylyga uçramak isleýärmiň? Meniň akylsyz inim saňa beýle işler etmegi gadagan etmedimi? – diýdi.

– Ol aýtdam welin men gulak asmadym – diýip, men jogap gaýtardym-da, öz başymdan geçen zatlaryň baryny başdan-aýak gürrüň berdim.

Ol adam ýerinden turdy-da, meni öz ýany bilen alyp gitdi. Onuň öýüne göz aýladym welin, jaýy misli patyşanyň köşgi ýaly eken; hyzmatkärleri hem örän köp eken.

Ol meni öz otagynda oturdyp:

– Oglum! Öz aýagyň bilen öz ajalyňa gelip, sen näme beýle akmaklyk etdiň? Heý, bu betbagt jadyly şähere öz aýagy bilen ýeke gelen adam barmy? – diýdi.

– Özüm barada aýtdym ahyryn – diýip, men garşylyk bildirdim. – Hut täleýim meni bu ýere itekledi. Emma merhemet ediň-de, siziň, siziň iniňiziň näme üçin meniň bu ýerde bolmagymy maslahat bermeýändigiňiziň sebäbine düşüner ýaly, bu ýeriniň däp-adaty hakda maňa gürrüň beriň.

– Bu şäheriň şasy hem ähli tanymal adamlary hakyky dine ynanmaýarlar; olaryň däbi hem dini gaty geň – diýip, hormatly adam maňa aýtdy. – Bu ýerdäki ybadathanada bir but bar, onuň içinde her bir adamyň adyny, haýsy jynsdandygyny hem haýsy dine ynanýandygyny aýdyp berýän şeýtan otyr. Bu ýere gelen her bir pahyr ýolagçyny ybadathana sežde etdirmäge alyp barýarlar.

Ana, onsoň ol adamyň kimdigi patyşa aýan bolup duruberýär. Eger ol şol butuň öňünden sag-aman geçse gowy zat. Geçip bilmese bolsa, ol betbagty derýa oklamaklyk tabşyrylýar. Bardy-geldi ol derýanyň aňyrsyna ýüzüp geçip, gaçmakçy bolaýsa, onda onuň jyns organy çişýär-de, ol hereket etmekden mahrum bolýar. Ine, gör, bu şäherde nähili jadyçylyklar höküm sürýär. Seniň ýaşlygyňa meniň haýpym gelýär, şoňa görä-de, men iň bolmanda biraz wagtlyk seniň janyňy gorap saklap, seni bu beladan halas etmek üçin bir ýol tapmakçy bolýaryn.

– O nähili ýol, aýtsaňyzlaň? – diýip, men ondan soradym.

– Men seni öýereýin, özünem weziriň gyzyny alyp bereýin.

– Wezir meniň ýaly gedaýa gyzyny berjek gümany barmy? – diýip, men geň galdym. – Eýsem men onuň dinini kabul edip bilerinmi? Ýok, men bu işi başaryp bilmerin.

– Bu şäherde şeýle däp bar. Nähili adam hem bolsa bolsun, kim buta sežde etmäge gelse, ol näme dilese, onuň dilegi berjaý edilmeli. Goý, ol gedaýam bolaýsyn, patyşanyň gyzynam diledigi, ony oňa bermeli-de, şol adamynyň göwnünden turmaly; ony gaýgy-gamda galdyrmak bolmaýar. Meniň özüm bolsa patyşanyň ynamdar adamy, ol meni gowy görýär, şonuň üçinem meni şu ýeriniň iň akyldar hem tanymal adamsy hasap edýär. Olar her hepdede iki gün içi butly ybadathana gidýärler. Asyl olaryň erte şol ýere ýygnanaýjak günleri. Men seni öz ýanym bilen alyp gideýin.

Soňra ol meni iýdirip-içirdi-de ýatyrdy. Ertesi irden onuň bilen ybadathana ugradym. Ol ýerde adamlaryň çar tarapdan gelip, buta sežde edýändiklerini gördüm. Öňde, piriň gapdalynda hormat goýujylyk bilen başyny ýalaňaçlap, aýbogdaşyny gurup, şa özüniň wezir-wekilleri bilen otyr. Olaryň daş-töwereginde bolsa, göýä jennetiň ýigitleri hem-de hüýr gyzlary ýaly bolşup, gyzlar hem görmegeý oglanlar hatara durlar.

Meniň arkamy tutýan adam:

– Indi men näme aýtsam, şony et – diýip, maňa ýüzlendi.

– Näme buýursaňyz, men baryny ýerine ýetirerin.

– Ilki bilen patyşanyň elinden hem aýagyndan ogşa, soňra weziriň eteginden tut – diýip, ol maňa tabşyrdy.

Men şeýle hem etdim.

Şol wagt patyşa:

– Bu kim? Ol näme diýýär? – diýdi.

Meniň arkamy tutýan adam:

– Bu jahyl meniň garyndaşym. Ol şanyň gadam tozuny öpmek üçin uzak ýerden geldi. Ol beýik butdan buýruk hem-de siziň alyhezretiňizden razylyk bolsa, wezir ony özüne hyzmatkär alyp, uly wezipä çeker öýdüp tama edýär – diýip jogap berdi.

Şa:

– Ol biziň dinimizi, düzgünimizi kabul etse, onda örän oňat bolar – diýdi.

Şol demde ybadathananyň içinde nagaranyň sesi ýaňlandy. Maňa hormatly don geýdirdiler, boýnuma gara ýüp dakyp, butuň tagtynyň ýanyna çekip eltdiler-de, onuň öňünde ýüzinligine ýykylmaga mejbur etdiler.

– Eý, hojanyň ogly! – diýip, birdenkä butdan ses çykdy. – Seniň maňa gulluk etmäge geleniň gowy boldy. Indi meniň merhemetime hem-de mähribançylygyma bil bagla.

Şeýle sözleri eşidip, ybadathana ýygnanan adamlaryň bary ýere ýazyldylar-da:

– Oň bolsun! Goý, şeýle bolsun! Biziň hudaýymyz şeýledir! – diýşip gygyryşmaga durdular.

Agşam düşmegi bilen patyşa hem onuň ýakyn adamlary atlandylar-da, weziriň köşgüne tarap ugradylar. Ol ýerde toý edip, öz däp-dessurlary boýunça onuň gyzyny maňa bagyşladylar, köp şaý-sep, halat-serpaý berdiler, beýik butuň buýrugy boýunça indi gyz munuňky diýşip, maňa öz minnetdarlyklaryny bildirdiler. Biz ikimizi bir jaýda galdyrdylar welin, şol wagt men öz öýlenen näzeninimiň hatda saçlarynyň, dyrnaklarynyň uçlaryna çenli hiç hili kem-kössüniň ýokdugyny görüp, hut peri bilen deňeşdirseň boljakdygyny bildim. Padminilere[1] mahsus bolan görk-görmek şu gyzda bardy, men ony gaty haladym. Ertir namazyny okap, patyşanyň huzuryna bardym. Ol maňa öýlenen ýigide berilýän

[1] *Padmini* – Hindi erotik edebiýatynda zenanlar owadanlygy boýunça dörde bölünýär. Padminiler olardan hem ýokary hasaplanylýar.

dony bagyşlady-da, özüniň kabul edişiklerine hemişe gatnaşyp durmagymy maňa tabşyrdy. Hawa, şeýdip-şeýdip, men ahyryn onuň ýakyn adamlarynyň sanyna girdim.

Meniň töweregimdäki adamlardan patyşanyň diýseň göwni hoş boldy, hälimi-şindimi, don diýermiň, başga zatlar diýermiň, peşgeş berdi durdy. Ýöne welin patyşa bermäýende-de meniň zadym gyt däldi, sebäbi aýalymyň getirýän puldur gymmatbaha zatlarynyň hem sany-sajagy ýokdy. Birki ýyllap biziň hiç zatdan kemimiz bolmady, ine, onsoň meniň aýalym göwreli boldy. Aýy-güni dolup, çaga bolmaly wagty gelende, aýalymyň burgusy tutup başlady. Enekelermi, göbek enelermi gelip, bir öli çagany çekip aldylar. Şol çaga üstünden ejesem aradan çykdy. Şeýle bolup menem galyberdim gaýgy-gamyň içinde. Beýle-de bir işi gaýtgynçylyk bolar eken! Men aýalymyň başujunda gözümden boýur-boýur ýaş döküp otyrdym. Birdenkä öýüň içi agy sesinden doldy, töwerekden aýallar ylgaşyp gelşip ugradylar. Olaryň gelenem betbagtlyga uçranlygym hökmünde birki gezek kelläme patladyp goýberip, öňkülerindenem beter möňňürmäge durýardylar. Şeýlebir aýal üýşdi welin, olaryň arasynda men bütinleý ýitip gidip, göwnüme dünýäden el üzüp barýana döndüm.

Şol wagt kimdir biri ýeňsämden gelip, ýakamdan çekdi. Görsem, ol şol meni öýlendiren pars eken.

– Eý, akmak! Sen kimiň üçin aglaýarsyň? – diýip, ol maňa ýüzlendi.

– Birehim! Seniň diýýäniň näme? – diýip, men oňa gaharlandym. – Meniň täji-tagtym weýran boldy, men göwünhoşumy aldyrdym, sen bolsa maňa nämäniň gussasyny çekýäň diýýärsiň!

– Öz ölümiň üçin agla – diýip, ol nebsagyryjylykly ýylgyrdy. – Sen bu şähere öz aýagyň bilen ölmäge geldiň diýip, men saňa birwagt aýdypdym ahyryn. Şeýle hem boldy. Indi saňa ölümden başga hiç zat galmady.

Soňra meni tutdular-da, ybadathana alyp gitdiler. Görsem, ol ýere eýýäm öz ýakyn adamlary bilen patyşa-da gelipdir, ähli halaýygam ýygnanypdyr. Ol ýere meniň merhum aýalymyň bar emlägini getirdiler. Her kim ondan özüne gerek zady alyp, nyrhjagazyny goýdy.

Gepiň gysgasy, bütin emläk nagt pula öwrüldi, ol pula bolsa gymmatbaha daşlary aldylar-da, olary guta saldylar. Bir sandygy çörek, süýji zatlar, gowurma, her hili miweler, olaryň kişdeleri, başga-da dürli-dürli nygmatlar bilen doldurdylar; beýleki sandyga bolsa meniň aýalymyň jesedini goýdular-da, sandyklaryň ikisinem düýä ýüklediler. Menem düýä mündürdiler-de, elime hälki gutujygy berdiler. Öňden brahmanlar buýnuz surnaýlaryny çalyp, öz borçlaryny ýerine ýetirip barýardylar, yzdan bolsa ähli millet alkyş okaşyp gelýärdiler. Biz şeýdip barşymyza, meniň iki ýyl mundan ozal giren şol derwezämden geçip, şäherden çykdyk. Derwezebanyň gözi maňa düşen badyna, onuň gözünden ýaş paýrap gitdi.

– Wah, ajal ýakasyndan tutan, işigaýdan! – diýip, ol samyrdady. – Sen maňa gulak asman, bu şähere girdiňem, ardurja öz tanapyňy kesdiňem. Men günäkär däl, saňa girmegin diýipdim ahyryn.

Ol diýýärdi, men bolsam edil lal bolan ýalydym: jogap gaýtarmaga-da dilim aýlanmaýardy, özüme nämäniň garaşýandygyny göz öňüne getirmäge-de güýjüm ýetmeýärdi.

Ahyrsoňy meni şol birwagtlap duşundan geçen beýik galama alyp bardylar. Bir topar adam güýçlerini jemläp, agyr derwezäni açdylar, tabytdyr sandygy içine saldylar. Meniň ýanyma Pandir[1] geldi-de, göwünlik bermäge başlady.

– Adam dünýä bir gezek gelýändir – diýip, ol aýdýardy. – Bir gezek hem ölýändir, dünýäniň işi şeýle. Ine, seniň aýalyň, ogluň hem baýlygyň; ine, şu-da kyrk günlük iýmitiň, muny al-da, beýik but seniň üstüňden günäni aýyrýança, şu ýerde gal.

Men gahardan ýaňa bu buty-da, şu ýeriň halkyny-da, şeýle däp-adaty-da näletlemekçi boldum, brahmanlara bolsa ýumrugymy düwüp topulmakçydym, emma şol pars ýene maňa ýol bermedi.

– Saklan! – diýip, ol meni habardar etdi. – Ýekeje söz dagam aýdaýmagyn! Agzyňy ýaraýdygyň, olar seni duran ýeriňde oda köýdürerler. Kaşyl bol, bular ozal-başda seniň maňlaýyňa ýa-

[1] *Pandir* – ybadathana gulluk edýän, bilimdar.

zylan zatlardyr. Indi Hudaýyň merhemetine sygyn, belki, Hudaýtagala saňa şu ýerden janyňy halas etmäge ýol açar.

Soňra meni ýalňyz galdyryp, hemmeler galadan çykdylar--da, gaýtadan derwezäni berk ýapdylar. Men özümiň ýeke hem biçäre galanlygyma düşündim-de, zar-zar aglap, jesedi ýençmäge başladym. Men: «Eý, jenaýatçy! Çaga dogurjak bolanyňda ölmeklik seniň maňlaýyňa ýazylan bolsa, näme üçin äre çykdyň, näme üçin göwreli bolduň?» diýip gygyrdym. Demsiz-düýtsüz ýatan göwräni ýenjip, men ýene-de oturdym. Oňa deňiç bolsa Gün asmana galyp, gyzdyrmaga başlady. Gün beýnimi jokradyp, erbet, ýakymsyz ys demimi tutup başlady. Haýsy tarapa göz aýlasam, adam süňkleri çagşaşyp, içi gymmatbaha daşly sandyklar üýşüşip ýatyrdy. Men öňden bäri ýatan sandyklardan birnäçesini ýygnaşdyryp, üsti-üstüne goýagada, gündiz Günden, gije çygdan goranmaga pena edindim-de, suw gözlemäge gitdim. Töweregime seretsem, gözbaş ýaly bir zada gözüm düşdi; diwaryň ýüzi deşilipdir-de, ol deşik küýzäniň bokurdagyna meňzäp durdy. Birnäçe günläp men şu suw hem galdyrylan iýmit bilen mydar etdim.

Ine, bir gün azygym gutardy. Men howsala düşüp, Hudaýy çagyrmaga durdum. Onuň şepagatynyň güýçlüligi zerarly, derweze täzeden açylyp, galanyň içine bir aýalyň jesedini saldylar, onuň ýany bilen bolsa bir gojany getirdiler. Hemmeler gidensoň, bu garryny öldürip, onuň iýmitli sandygyny alaýyn diýen pikir kelläme geldi. Sandygyň bir aýagyny elime alyp, garrynyň ýanyna bardym. Ol betbagt näme ederini bilmän, kellesini iki dyzynyň arasyna salyp otyrdy. Men duýdurman baryp, depesinden bir berdim welin, onuň kelle çanagy darka ýarylyp, beýnisi çogup çykdy-da, şolbada amanadyny tabşyrdy. Garrynyň ýanyndaky azygyny alyp, men onuň bilen günümi görmäge başladym. Men uzak wagtlap merhumyň ýany bilen getirilen adamyny öldürip, olaryň azyklary bilen mydar etdim ýördüm.

Bir gezek ep-esli wagt geçensoň, tabydyň ýany bilen bir dygysyz owadan zenan geldi. Men ony öldürmäge dözmedim. Ol gyz meni gören badyna, gorkudan ýaňa özünden gidip ýykyldy. Men onuň ýanyndaky azygynyň baryny alyp äkitdim, emma ýeke

özüm iýmedim; haçan ajyganymda, onuň ýanyna bardym-da, ikimiz bile iýdik, şunlukda ýaş gelin meniň özüne ýamanlyk etmekçi däldigimi görüp, gün-günden maňa öwrenişdi hem-de maňa gulak asmaga başlady. Soňra onuň özi meniň sürenime gelip ugrady, bir gün men onuň kimdigini soradym.

– Men patyşanyň iň ýakyn geňeşdarynyň gyzy hem daýymyň oglunyň adaglysydym – diýip, ol aýdyp başlady. – Toý gününiň agşamsy ony sanjy tutagada, ol dünýäniň azabyndan dyndy oturyberdi. Meni bolsa onuň tabydynyň ýany bilen getirip, şu ýere taşladylar.

Soňra ol meniň öz başymdan geçiren zatlarymy aýdyp bermegimi haýyş etdi, men başymdan geçen zatlaryň baryny başdan--aýak oňa gürrüň berdim.

– Seni bolsa Hudaý meniň üçin iberipdir – diýip, men gürrüňimiň ahyrynda oňa aýtdym. Ol ýylgyrdy-da, sesini çykarman oturdy.

Tiz wagtdan ikimiziň aramyzda söýgi başlandy. Men oňa musulman dininiň ýollaryny, şertlerini öwretdim-de, ony özüme aýal edinip aldym. Ol basym göwreli bolup, ondan bir ogul boldy. Üç ýyllap diýen ýaly biz şeýle durmuşda ýaşadyk.

– Haçana çenli biz şu ýerde şeýdişip ýörmeli bolarkak? Nädip bu ýerden sypyp, gidip bilerkäk? – diýip, men bir gezek oglum süýtden-zatdan aýrylansoň aýalyma ýüzlendim.

– Hudaý kömek etse, çykyp gideris, bolmasa-da, şu ýerde galyp, ölmeli bolarys – diýip, ol jogap berdi.

Onuň öz ömri baradaky pikiri hem jogaby meni diýseň tolgundyrdy. Men diýseň hapa bolup, gözi ýaşlylygyma uka gidipdirin. Düýşüme bir adam girip, ol maňa: «Suwötükden çykmak bolar. Çykyber!» diýdi.

– Aý, gelin! – diýip, men begençden ýaňa sandyrap gygyrdym. – Köne sandyklaryň çüýlerini hem demirlerini ýygnaşdyryp getir, men olar bilen suwötügi giňeldeýin.

Ine, men tä ysgyndan gaçýançam, çüý bilen suwötügiň gyrasyndaky daşlary goparyşdyrdym. Bir ýyllap çekilen zähmetiň netijesinde bolsa, ötük adam sümüp çykaýar ýaly giňeldi. Soňra



biz ölüleriň egninden alan keltekçelerimiziň ýeňlerini gymmatbaha daşlaryň oňatlaryndan dolduryp aldyk-da, üçimizem galanyň daşyna çykdyk. Men Hudaýa ýüzde müň şükür edip, oglumy boýnuma mündürdim. Ine, indi gorkujygymyza ýol-ýoda-da görünmän, bir aýlap ot-çöp bilen ýürekse edinip, dagdyr tokaýlardan geçip gelýäris. Ine, şu eşidenleriň bary meniň başymdan geçen zatlar. Mundan artyk geplemäge meniň gurbatym galmady.

– Patyşanyň döwleti yrylmasyn! – diýip, hoja gürrüňini dowam etdirdi. – Onuň halyna ýüregim awady; men ony hammama iberdim hem eşigini täzeledim-de, özüme kömekçi edip belledim. Şeýlelikde, şa gyzyndan köp perzent öndi, emma olaryň hiç haýsy durman, ýaş başlaryndan ölüp gitdiler. Bir oglum bäş ýaşap öldi, onuň gaýgy-gussasyna döz gelebilmän, aýalymam dünýäden ötdi. Meniň gül ýaly günüm bozuldy; dildarym ölensoň maňa ol ýurtda ýaşamak muşakgatly boldy, ýüregim gam-hesretden doldy. Onsoň men Ajama gaýdyp barmagy ýüregime düwdüm. Bu ýagdaý barada patyşa habar berdim-de, özümiň ýaş kömekçimi gämi duralgasynyň hojaýyny edip belledim. Şol ikarada patyşa-da aradan çykdy. Men şu wepaly köpegimi hem özümiň bar baýlygymy alyp, Nişapura gelip düşdüm. Ol ýerde meniň doganlaryma bolan beýle gatnaşygymyň taryhyny hiç kim bilmedi, şonuň üçinem meniň adymy hoja – itparaz diýip tutdular. Şol masgaraçylyk üçinem men Eýran şasynyň köşgüne iki esse salgyt töläp geldim. Ine, bir gün oslagsyz ýerden bu täjir ogly Nişapura geldi. Onuň ömri uzak bolsun, siziň gadam tozuňyzy öpmeklik bagtam, ine, şunuň üsti bilen maňa miýesser boldy – diýip, hoja gürrüňini gutardy.

– Bu asyl seniň ogluň dälmidi? – diýip, men ondan soradym.

– Eý, älemiň serweri! Ol meniň oglum däl. Bu siziň raýatyňyzdan, emma mundan beýläk ol meniň hanymanym hem mirasdüşerim; onuň aýdany hem bolar – diýip, hoja jogap berdi.

Şol wagt men «täjir oglundan»:

– Sen haýsy täjiriň ogly? Seniň eneň-ataň nirede ýaşaýar? – diýip soradym.

Ýaş ýigit ýeri öpüp, özüniň bir çemçe ganyny ötmegimi sorady.

– Men ejiz, siziň weziriňiziň gyzy – diýip, ol gürrüňe başlady. – Meniň atam şu täjiriň lagyllary zerarly, siziň aly jenabyňyzyň gazabyna düşdi hem bir ýylyň dowamynda onuň aýdan sözüniň çynlygy aýan bolmasa, ol janyndan jyda bolmaly diýen buýruk berildi. Şeýle buýrugy eşidip, men daş keşbimi üýtgetdim-de, Nişapura ugradym. Alla maňa kömek etdi, men bu hojany öz iti bilen siziň ýanyňyza alyp geldim, onuň başyndan geçirenlerini bolsa siz onuň öz agzyndan eşitdiňiz. Indem meniň garry atamy azat edermikäňiz diýip umyt edýärin.

Weziriň gyzynyň aýdan sözlerini eşidip, hoja uludan demini aldy-da, essinden gidip ýykyldy. Onuň ýüzüne gülap suwuny sepensoňlar, ol özüne gelip, şeýle diýdi:

– Gör, nähili bagtyýatgynlylyk! Men bu ýaş ýigidi ogullyk alyp, öz mirasdüşerim edeýin-de, dilimden hat berip, bar emlägimi munuň adyna geçireýin, ana, şonda meniň adym galar hem hemme adamlar oňa hojanyň ogly diýerler diýen umyt bilen uzak ýollardan zähmet çekip şu ýere geldim. Emma meniň umydym puç boldy, ol başgaça bolup çykdy. Ol aýal maşgala bolup çykdy, men akyly çaşan garryny aldady. Men aýal mekirliginiň toruna düşdüm. Meniňkem öňde biriniň dine uýup, haja gitjek bolup, başyny-zadyny syrdyrybam, gitmän galyp masgara bolşy ýaly, masgaralyk boldy. Indi il-gün men hakda näme diýip gürrüň eder.

– Gepiň gysgasy – diýip, Azatbagt gürrüňini dowam etdirdi. – Onuň bozulyşyna hem gözýaşyna meniň rehimim indi. Men hojany ýanyma çagyrdym-da, pyşyrdap onuň gulagyna: «Gamlanma, men ol gyzy saňa bereýin. Hudaý berse, ondan ýene çagaň bolar welin, ol seniň mirasyňa eýe bolar» diýip, bir hoş habar aýtdym.

Bu sözler ony köşeşdirdi.

– Weziriň gyzyny köşge eltiň – diýip, men tabşyrdym. – Atasyny bolsa zyndandan çykaryp, hammamda ýuwundyryň-da, hormat geýimini geýdirip, tizden meniň ýanyma alyp geliň.

Wezir gelip köşge girende, men onuň öňünden çykyp, gapynyň agzynda garşy aldym-da, artykmaç adam hökmünde

ony gujakladym. Soňra ýene-de onuň eline galamdany[1] berip, wezirligini bagyşladym. Hojany men mülk hem wezipe bilen sylagladym-da, sähetli güne garaşyp, weziriň gyzyny oňa nikalap berdim. Birnäçe ýyldan soň ondan iki ogul hem bir gyz boldy. Indi onuň uly ogly köpden bäri täjir, kiçisi bolsa meniň ýanymda köşgüň işlerini dolandyrýar.

Eý, derwüşler! Men bu wakany öten agşam iki sany derwüşiň başyndan geçirenlerini eşidenimden soň aýdyp berdim. Indi siz, galan ikiňiz şol öňki ýeriňizde, meni bolsa öz hyzmatkäriňiz, bu öýi hem öz mesgeniňiz hasap ediň-de, hiç çekinmän, her haýsyňyz öz başyňyzdan geçiren wakaňyzy bize gürrüň edip beriň. Soňra birnäçe günläp şu ýerde bolarsyňyz.

Derwüşler patyşanyň myhmansöýüjiligini görüp:

– Bolýar, siziň biz gedaýlary şeýle hormatlanyňyz üçin, biz ikimizem başymyza düşen zatlary gürrüň edip bereli. Gulak salyň – diýip jogap berdiler.

---

[1] *Galamdan* – bu ýerde wezirlik wezipesini bildirýän nyşan.

## Üçünji derwüşiň başyndan geçirenleri

Üçünji derwüş guşagyny berk çekip, ynjalykly oturdy-da, şeýle sözler bilen öz hekaýasyny gürrüň bermäge durdy:

Dostlar, derwüş göwün açýar,
Gulak goýuň, gulak goýuň.
Durmuşyň kerweni geçýär,
Gulak goýuň, gulak goýuň.
Güýçli şanyň şum söýgüsi
Her dem maňa gusdurdy gan.
Bolşy ýaly edýän beýan,
Gulak goýuň, gulak goýuň.

Siziň garşyňyzda oturan, hiç zadyň alnyndan bolmadyk pars şazadasydyr. Taňrynyň şepagatyna sezewar bolan meniň atam Ajamyň patyşasydy, men bolsa onuň ýalňyz perzendidim. Meniň ýaşlyk döwrüm ünji-aladasyz geçdi. Men köşk adamlary bilen hemişe süňk, kart, küşt hem nardy[1] oýunlaryny oýnardym ýa-da şikäre gitmek, aw awlamak bilen gyzyklanardym. Bir gün men ýol şaýymy oňatja tutmaklaryny buýurdym-da, dost-ýarlarymy ýanyma alyp, meýdana ugradym. Biz ördekleriň, käkilikleriň yzyndan elguşlary goýberip, örän uzaga gitdik. Biziň öňümizde, niresine seretseň, ter çemenli lälezarlyk bolup duran bir ajaýyp dere peýda boldy. Biz şeýle gözelligi görüp, atlaryň jylawyny çekdik-de, gezelenç edýän ýaly, haýaljakdan sürüp gidiberdik. Bir görsek, bu guş-gumry uçmadyk, adam aýagy degmedik deräniň içinde bir gara umga arkaýyn otlap ýör: oňa parçadan jul, zer-zerewşandan

[1] *Nardy* – stoluň üstünde oýnalýan oýunlaryň bir görnüşi.

nogta edilipdir-de, onuň keşdelenip bejerilen boýunbagynda bolsa altyndan jaňjagazlar jyňňyrdaşýardylar. Ol atlaryň toýnak sesini eşidip, kellesini galdyragada, bize tarap üşerilip seretdi-de, ýuwaşlyk bilen gaçmaga başlady.

Onuň täsin görnüşi meniň ýüregime şeýlebir ot saldy welin, men öz hemralaryma:

– Siz şu ýerde duruň. Men ony diri tutaýyn. Ýöne siz meniň yzymdan gitjek bolmaň, şu duran ýeriňizde gymyldaman duruň! – diýdim.

Meniň münüp oturan atym şeýlebir ýyndamdy welin, edil ýel ýaly gidýärdi. Onuň bilen ençeme gezek umgalaryň yzyndan kowupdym. Her gezegem olaryň her ýerden bir böküp baryşlaryna garamazdan, biri-biriniň yzyndan baryny garbap tutardym. Ine, bu gezegem men ýaňky umgaň yzyndan onuň jylawyny ýazdyryp goýberdim. Maňa gözi düşenden dars-dars etdi-de, umga arany açyp gidiberdi. Meniň ýel bilen bäsleşýän atym, asyl onuň galdyrýan tozanynyň hem yzyny eýerip bilmedi. Şeýdip, biderek kowalaşa-kowalaşa ahyry atym derläp, ak köpük boldy, özümiň bolsa teşnelikden ýaňa bogazym gurap, dilim agzymdan çykyra geldi.

Agşam düşüp gelýärdi, özümiň bolsa nire-nirelerden çykanymy Alla bilsin. Bialaç aldawa ýüz urmaly boldum. Men ýaýymy gabyndan çykaragadan, sandagymdan bir ok alyp, oňa saldym-da, tä gulagymyň deňesine çenli çekip: «Ýa alla» diýip, umga garşy atyp goýberdim. Ilkinji atan okum onuň aýagyndan degdi. Şol wagt ol agsap, dagyň etegine öwrüldi. Men atdan düşdüm-de, onuň yzyndan pyýadalap ugradym. Ol dagyň içinde gizlenjek bolýardy, ýöne welin men ony birjik-de gözden salmaýardym. Birnäçe beýikli-pesli ýerlerden aşamsoň, haýsydyr bir minaranyň gümmezine gözüm düşdi, golaýlaşyberemde bolsa baglyja çeşmejigi gördüm. Onýança ýaňky umga-da gözümden ýitip gitdi.

Men gaty ýadapdym, hemem bir elimi-aýagymy ýuwaýaýyn-la diýip oturdym. Birdenkä minara tarapdan agy sesi eşidilip ugrady.

– Wah, balam! – diýip, kimdir biriniň sesi gelýärdi. – Kim seni şu ok bilen ýaralan bolsa, goý, meniň ahymyň oky onuň ýüreginden parran geçsin. Ylahym, ol özüniň juwanlyk hözirini görmesin. Taňrym onuň başyna-da meňki ýaly gam-gussany indersin.

Men baga girip seretsem, geýnüwli, hormatly bir çal sakgal goja masnadyň üstünde otyr, öňünde bolsa umga ýatyr. Ol umganyň aýagyna çümen oky sogurýar hem atana gargynýar.

Men oňa gol gowşuryp, baş egdim-de:

– Ömrüňiz uzak bolsun, aga. Ony eden men, siziň sadyk guluňyz, aňşyrmazlyk bilen ýüzügara boldum; men bütinleý bilmändirin. Allanyň hatyrasy üçin meniň günämi ötüň – diýdim.

– Sen dilsiz-agyzsyz bir jandara sütem etdiň – diýip, ol jogap gaýtardy. – Emma ony seniň bilmezlikden edeniň üçin Alla seniň günäňi geçer.

Men onuň gapdalynda oturdym-da, peýkamy çykaryşmaga durdum. Ol peýkam bize örän kynlyk bilen aldyrtdy. Direldiji dermanyň melheminden ýarasyny dolduryp, garry umgany goýberdi. Soňra elini mazaly ýuwup, ýanyndaky zatlaryň baryndan maňa hezzet etdi. Garnymy doýrup, men düşege geçip süýndüm. Nahardan doýan ýadaw pyýada men derrew irkildim. Men düýşüň arasynda ah çekilýänini hem agy sesini eşitdim. Gözlerimi owkalaşdyryp seretsem, ne garry bar, ne başga biri, meniň bir özüm düşekde ýatyryn, giden jaýyň içi bolsa boş ýatyr. Men gorkujygyma töweregime garanjaklamaga başladym welin, bir künjekde asylgy duran perdä gözüm düşdi. Men baryp, ony galdyrdym. Görsem tagt, tagtyň üstünde bolsa, edil aýyň bölegi ýaly bolup, on dört-on bäş ýaşlarynda dygysyz owadan bir zenan otyr. Onuň egninde pereňi köýnek bardy; ikiýan tarapdan ak ýüzünde gara zülpleri towlanjyrap durdy, gözleri jadylaýjydy, hälki hormatly garry bolsa onuň aýagyna başyny goýup, dynman zarynlap aglaýardy hem akyldan-huşdan jyda düşmäge taýyndy.

Garrynyň bolşy bilen ol zenanyň tarypyny aýdyp-diýip bolmajak jemaly maňa şeýlebir täsir etdi welin, men şol bada huşum başymdan uçup ýykyldym. Garry meniň ýykylanymy görüp,

çüýşejikden gülap suwuny alyp, meniň ýüzüme sepmäge durdy. Men gaýtadan huşuma gelenimde, ýerimden turdum-da, salam berip, ol gözele golaýlaşdym, emma ol gyz jogap hökmünde ne ýerinden gozgandy, ne-de dodagyny gymyldatdy.

– Eý, gül beden melek! – diýip, men oňa ýüzlendim. – Özüňi beýle ýokary tutup, taňry salamyna jogap bermezlik haýsy dinde makullanylýar?

Dymmaklykda mertebe bar,
Ýöne bilgin çakyn-çenin.
Aşyk näçe köýsün-ýansyn,
Biperwaý diňlär näzenin.

Ýaradan Allanyň hatyrasy üçin, heý, bolmanda ýekeje söz beri aýt. Men bu ýere tötänden düşdüm, myhman atańdan uly diýipdirler ahyryn.

Men köp ýagşy sözleri aýtdym, emma bary biderek boldy, onuň şol öňki bolşy, meniň aýdanlarymy diňleýär-diňleýär-de, özi bolsa ses-seda çykarman, misli doňdurylan ýaly bolup otyr. Şol wagt men dyzyma çöküp, onuň aýagyna ýykyldym, emma aýagyna elim degende, onuň gap-gatydygyny hem buz ýaly sowukdygyny syzdym. Diňe şonda men bu gymmatly hazynanyň daşdan ýonulyp edilendigine düşündim; bu buty Azaryň[1] ýaradanlygy görnüp durdy.

– Öz okum bilen seniň umgaň aýagyny ýaraladym, sen bolsa gazap okuňy meniň ýüregimden parran geçirdiň – diýip, butparaz goja aýtdym. – Seniň gargyşyň kabul boldy. Indi sen bu gudratyň näme üçin hem nähili ýaradylandygyny, näme üçin iliňi-günüňi taşlap, dagdyr tokaýlaryň arasynda mesgen tutanyňy aýdyp ber. Başyňdan geçen zatlaryň baryny maňa gürrüň ber.

– Wah, meniň işimi görenem şu-da – diýip, ol men aýagymy depip duranymdan soň jogap berdi. – Indi bu wakany eşidip, senem meniň günüme düşjekmi?

– Besdir! – diýip, men gygyrdym. – Hile-mekirligi goý! Bolan işi maňa aýdyp ber, ýogsa janyňy jähennem bazaryna iberýärin!

[1] *Azar* – Gurhanda Injildäki Ybrahymyň ady şeýle berilýär.

Ol bir diýenimi tutup duranymy görensoň:

– Eý, ýigit, goý Allanyň özi adamy yşk oduna duçar etmesin! Yşgyň ody adamzady, gör, nähili belalara sezewar edýär! Söýgi üçin dul galan aýallar şirin janlaryndan geçip, hut öz ärleriniň jesedi bilen bile özlerini ýakýarlar; Perhat hem Mejnunyň gören görgülerini bilmeýän adam barmy? Meniň gürrüňimi eşitseň, nähili bela-beterlere duşjagyňy bilýärmiň? Maşgalaňdan, emlägiňden, watanyňdan jyda bolanyň bilenem oňmarsyň! – diýdi.

– Tüket! – diýip, men oňa duýdurdym. – Häzirlikçe dostlugyňy taşla-da, gowusy, meni duşmanyň hasap et. Janyňa haýpyň gelýän bolsa, bolşy-bolşy ýalyjak edip gürrüň ber!

Başga çykalga tapmansoň, ol gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp, bialaç gürrüň bermäge durdy:

– Men bir gutaran adam, başymdan geçiren zatlarym bolsa ine, şeýle. Meniň adyma Nima Saýýah diýerler. Owal men bir baý täjirdim; şol wagtlar men söwda işi bilen älem-jahany gezýärdim hem ähli patyşalaryň ýanyna arkaýyn girip bilýärdim. Bir gün meniň kelläme «Be, bütin älemi gezip çykdym welin, Pereň adasyna baramog-ow. Ol ýeriň nähili şasynyň, nähili halkynyň, goşunynyň bardygyny göremok, adat-düzgünleri, durmuşlary hakda düýbünden bilýän zadym ýok. Şoňada-ha bir gidip görmeli» diýen pikir geldi. Ana, onsoň men dogan-gardaş, dost-ýarlar bilen maslahatlaşyp, şol ýere gitmegi ýüregime berk düwdüm-de, şol ýurda alyp gidäýer ýaly, her hili del zatlary gözläp tapyşdyrdym. Ine, bir günem täjirlerden kerwen düzdüm-de, gämä münüp ugradym. Ýol biziň garşymyzdandy. Birnäçe aý ýol ýöräp, biz şol ýurduň merkezine baryp düşdük. Bu şäher örän täsin ekeni. Onuň owadanlygyny hiç bir şäher bilen deňär ýaly däldi. Bazarlaryna, kelte köçelerine çenli daş düşelen bolup, olary suwlap durýarlar; ol ýerler şeýlebir arassady welin, edil ýag döküp ýalabermelidi, hapalyk hakynda-ha gürrüň hem bolup biljek däldi; ululy-kiçili jaýlar bolup, gijelerine bolsa iki hatara uzalyp gidýän çyralar şähere görk berýärdi. Şäheriň daş-töweregi baglyk bolup, onuň ajaýyp gülleri ýaly güli, miweleri ýaly miwäni, agaçlary ýaly agajy diňe jennetden tapmak boljakdy. Gepiň gysgasy, bu şäheriň gözelligini tarypladygyňça bärden gaýdýardy.

Hä diýmän şäheriň içine deňiz aňyrsyndan myhmanlar gelenmiş diýen gürrüň ýaýrady. Biziň düşlegimize, ýanyna birnäçe hyzmatkärini alyp, hormatly köşk emeldary atly geldi.

– Kim siziň baştutanyňyz? – diýip, ol gele-gelmäne söwdagärlerden sorady.

Adamlar meni görkezdiler. Köşk emeldary meniň ýanyma geldi, men ony hormat bilen garşyladym, saglyk-amanlyk soraşdym. Haly düşegiň üstüne geçirdim, ýassanar ýaly ýassyk okladym-da, soňra soraşdyrmaga başladym:

– Habarlyja-dagyja geldiňizmi? Aýdyp oturyň, aga.

– Şa gyzy söwdagärleriň gelenini hem olaryň köp haryt getirenini eşidipdir. Ol maňa sizi öz ýanyna alyp gelmegi buýurdy. Şonuň üçinem getiren zatlaryňdan patyşalyga laýyk harytlary alyň-da ýörüň. Siz şanyň bosagasyny öpmäge bagt gazanarsyňyz – diýip, ol jogap berdi.

Men oňa:

– Men gaty ýadaw bolanym üçin, şu gün onuň ýanyna baryp biljek däl – diýip aýtdym. – Ýöne ertir welin janym-tenim ähli emlägim bilen barardym. Goý, şonda hanym göwnüne ýakan zady alybersin.

Men şeýle wada bilen betel hem hoşboý ysly zatlardan sowgat berip, köşk emeldaryny ugratdym, soňra bolsa söwdagärleri ýanyma çagyryp, özümde hem olarda bolan del harytlaryň baryny ýygnadym-da, ir bilen şanyň köşgüne ugradym. Derwezeban meniň gelenimi habar edende, «Getiriň!» diýen buýruk berilýär. Şol meniň ýanyma baran köşk emeldary çykdy-da, elimden tutup, mylaýym gürrüň bilen meni alyp gitdi. Men hyzmatkärleriň bolýan ýerinden geçip, ajaýyp bezegli bir jaýa girdim.

Ah, gardaş! Saňa ýalan, maňa çyn! Göýä bu ýere ganatlary aýrylan periler ýygnanypdyrlar. Nirä seretseň, gözümi aýrasym gelmeýärdi! Meniň aýaklarymyň ysgyny gaçdy. Men bar güýjümi tijäp, şa gyzynyň ýakynyna bardym. Emma nazarym onuň ýüzüne düşende welin, elimiň hem aýagymyň doňan ýaly bolup, akyl-huşdan jyda düşüp barýanymy duýdum. Men zordan tagzym etdim. Meniň sagymda hem solumda bolsa peri sypatly näzeninler gollaryny gowşuryp, hatara durdular.

Şol wagt meniň şa gyzy üçin ýygnaşdyran gymmatbaha zatlarymy, lybaslyk mata parçalarymy, başga-da her hili del zatlarymy getirdiler. Olaryň bary hanymyň göwnüne ýarajak zatlardy, onuň göwni hoş bolup, bu zatlary köşk hyzmatkärine berdi-de, zatlaryň bahasynyň bolsa, hatda görkezilişi ýaly edilip, ertir maňa tölenjekdigini aýtdy. Men edep bilen tagzym etdim-de, örän minnetdar bolup, ertir ýene gelmelidigime begendim. Gitmäge rugsat berlende, men akylym çaşan ýaly bolup, köşkden çykdym, sebäbi meniň aýdýan zatlarym tersine bolup çykýardy. Aljyraňňy ýagdaýda men kerwensaraýa bardym. Dostlarymyň bary:

– Saňa näme boldy? – diýşip, meniň daşyma üýşdüler.

Men bolsa:

– Şeýle gezelençden meniň başym çaşdy – diýdim.

Men bütin gijäni ynjalyksyz geçirdim. Ertesi irden ýene şol ýerde peýda boldum hem şol köşk emeldary bilen köşge girdim. Ýene men düýnki huşuňy alýan zatlary gördüm. Şa gyzy meniň ýagdaýymy aňyp, töweregindäkileriň baryny öz işlerine goýberdi. Hemmeler dargansoň, biz ikiçäk bolup galdyk, ol meni ýanyna çagyrdy. Men bardym. Ol oturmagy buýurdy-da, soňra soramaga başlady:

Biziň ýurdumyza şu baýlyklary getireniň ýerine salar ýaly bizden näme isleýärsiň?

Men ýürek edip, şeýle sözleri aýtdym:

– Mende siziň gadam tozuňyzy gözüme sürtmek arzuwy bardy, Allatagala ol arzuwymy berjaý etdi. Indi men ol arzuwyma ýetdim, bu dünýäňem bagtyna eýe boldum. Harytlaryň bolsa hatda görkezilen bahasynyň ýarysyny siziň üçin geçýärin, galan ýarysynyň bahasy hem maňa besdir.

– Ýok, ýok, seniň harytlara goýan bahaň hemmesi doly tölener – diýip, şa gyzy garşylyk bildirdi. – Ondan başga-da, meniň bir ýumşumy bitirip berseň, sen ýene sylag alarsyň.

– Eger hanym üçin gerek bolsa, şeýle bagtyň ugrunda maly-mülküm bilen janymy gurban etmäge şol demde taýýardyryn.

Şa gyzy meniň jogabymy eşidip, hat ýazmaga gerekli zatlaryň getirilmegini buýurdy-da, hatjagaz ýazyp, ony dür sa-

pagy bilen tikilen bukja saldy, daşyny hem nepis ýaglyjak bilen dolady-da, ony meniň elime berdi. Soňra barmagyndaky möhürlije ýüzügi sogrup, şeýle diýdi:

– Hol tarapda bir uly bag bardyr. Ol bagyň ady Dilhoş[1] diýilýändir. Şol ýere bar-da, onuň garawulyny tap, garawulyň ady Keýhysrawdyr. Oňa bu ýüzigi gowşur-da, bizden salam aýt hem ondan hatjagazyň jogabyny sora. Emma tiz dolanyp gel. Gidişiň bilen gelşiň deň bolsun. Onsoň bu bitiren işiň üçin meniň sylaglaýşymy görersiň.

Men şa gyzyna tagzym etdim-de, ýola düşdüm, duş gelen adamdan soraşdyryp gidiberdim. Birnäçe wýorst ýol ýöränimden soň, bir baga gözüm düşdi. Men ol baga ýakynlaşyberemde, bir ýaragly adam meni tutdy-da, bagyň derwezesine alyp bardy. Görsem, başdan-aýak haýbatly bezenen bir ýaş ýigit altyn oturgyjyň üstünde ýolbars ýaly bolup otyr; onuň egninde sowut, başynda bolsa polat sopbaş bar. Aňry ýanynda ýetginjeklerden bäş ýüz sany söweşiji elleri galkanly hem gylyçly, eginleri ýaýly hem sagdakly taýýar bolşup hatara durlar.

Men baş egip, salam berdim welin, ýaş ýigit meni öz ýanyna çagyrdy. Men oňa ýüzügi berdim, soňra mylaýymlyk bilen gürläp, içi bukjalyja ýaglygy görkezip, hat barasynda aýtdym. Ol bu habary eşidip gynandy hem kellesini ýaýkap, şeýle diýdi:

– Seni bu ýere şum ykbal getiren bolsa gerek. Bolýar, baga giriber. Serwi agajyndan demir kapasa asylgydyr, onuň içinde bir ýaş ýigit bendi bolup oturandyr. Oňa bu haty ber-de, jogabyny alyp, derrew yzyňa dolan.

Men derrew bagyň içine girip gitdim. Bu ýöne bir bagmy! Men diriligime jennete girendirin öýtdüm. Daş-töwerekde akylyňy haýran edýän güller açylyşyp, suwlar al-asmana çüwdürilişip, guşlar her dürli owaz bilen saýraşýarlar. Men ýolumy ýazman gidip barşyma, bir agaçdan asylgy duran şol kapasany gördüm. Onuň içinde görmegeý bir ýigit oturan eken. Men hormat bilen başymy egdim-de salamlaşdym hem çybyklaryň arasynda asylgy duran kapasadaky ýigide daşy dolangy bukjajygy berdim. Ol

[1] *Dilhoş* – «göwün hoşgähi» diýmek.

ýigit haty çykaryp okady-da, menden şa gyzy barada ýangynly soraşmaga durdy.

Emma biz heniz gürrüňimizi gutarmankak, birdenkä tutuş bir hebeşi goşuny peýda boldy. Olar çar tarapdan meniň üstüme çozdular-da, naýza hem gylyjyň pyştasy bilen meni ýençmäge durdular. Ýaragyň bolmasa, özüňi nädip gorap biljek?! Göz açyp-ýumasy salymda olar meni parçaladylar, ýaraladylar, men özümden gidip ýykyldym. Men huşuma gelen mahalym, özümi iki sany adamyň göterip barýandygyny gördüm. Olar gidip barýyşlaryna özara gürrüň edýärdiler.

– Bu ölini çöl meýdana taşlaly, goý, munuň meýidini it-guşlar dargatsyn – diýip, olaryň biri aýtdy.

– Birdenkä patyşa habar tutup görägede, beýdenimizi biläýse, ol ikimizi diriligimize ýere gömdürer, çagalarymyzy bolsa juwaz okunyň astynda mynjyradar. Beýle ýalňyş iş edip, näme biz janymyzdan irdikmi? – diýip, beýlekisi jogap berdi.

Olaryň edýän gürrüňlerini eşidip, men bu gorkunç adamlara ýalbarmaga başladym:

– Allatagalanyň hatyrasyna, meniň günämi geçiň. Meniň jesedimde entek iň soňky demim bar. Men ölemsoň welin, öz islän zadyňyzy ediň. Emma aýtsaňyz-la, maňa näme boldy, näme üçin meni beýle erbet ýaraladylar, siz kim bolarsyňyz? Şuny bir aýdyp beriň – diýdim.

Olar maňa haýpy gelip, gürrüň bermäge durdular.

Kapasadaky ýaş ýigit häzirki patyşanyň agasynyň ogly. Öň bolsa ýurduň şasy şol ýaş ýigidiň atasydy. Ol ölüm ýassygyna baş goýanynda, öz inisine: «Meniň oglum şu patyşalygyň hakyky mirasdüşeri, ýöne ol entek akyly goýalyşmadyk çaga, şoňa görä-de döwlet işini yhlasly hem seresaply alyp barmagy seniň özüňe tabşyrýaryn. Ol mazaly ýetişensoň bolsa, ony öz gyzyňa öýlendir-de, bütin ýurduň häkimligini hem hazynany oňa tabşyr» diýip wesýet etdi. Şu sözleri aýdansoň, köp wagt geçmänkä patyşa ölüp, häkimlik onuň inisiniň eline geçdi. Emma ol merhumyň wesýetini berjaý etmedi. Gaýtam, tersine, ol agasynyň oglumy akylsyz däli diýip, ile jar etdi-de, ony şol kapasanyň içine taşlady hem ol ýere guşam uçup girmez ýaly, bagyň daşyna öz ynamdar

adamlaryndan garawul goýdy. Ol birnäçe gezek ýaş ýigide ölüm awusyny iberdi, ýöne onuň jany berk ekeni, awy hem kär etmedi. Biziň şa gyzymyz bilen bu şazada bir-birlerini söýýärler; ol gyz öz jaýynda birahat, şazada bolsa kapasada saňňyldap otyr. Şa gyzy senden söýgi hatyny iberende, gezip ýören şugulyň biri nähili ýol bilen hem bolsa muny aňyp, bu habary patyşa ýetiripdir. Şa bolsa hebeşi goşunyny iberipdir, olar hem seni şu ýagdaýa salypdyrlar. Soňra şa öz wezirine şazadadan – bendiden ömürlik dynmagyň ýoluny tapmagy buýruk berýär. Ähtiýalan wezir ýadyňa-oýuňa düşmejek hile gurup, patyşanyň gözüniň öňünde, hut öz goly bilen ýaş ýigidi öldürmäge şa gyzyny yrypdyr.

– Ýörüň, meni şol ýere eltiň, ölmezimden öň şony şeýdişlerini beri görüp öleýin – diýip, men özümi göterip barýanlardan haýyş etdim.

Olar birbada razy bolmadylar, emma ahyrsoňy men – ysgyndan gaçan ýaraly bilen gizlin ýerden gidip, şol ýere bardylar-da, bir çetde durdular. Seretsem, patyşa tagtyň üstünde otyr, şazada bolsa kapasadan çykarylyp, şanyň garşysyna getirilipdir. Şa gyzy, jellada öwrülip, eli ýalaňaç gylyçly özüniň söýgülisini öldürmäge gelýär. Ýöne ol şazadanyň golaýyna gelip, elindäki gylyjyny zyňyp goýberdi-de, onuň üstüne özüni oklady.

– Şeýdip ölsem, meniň armanym ýok – diýip, şazada aýtdy. – Men bu dünýäde seniň didaryňa zar ahyryn, o dünýäde hem saňa intizar men.

– Ýok! Bu diňe bir seniň didaryňy görmek üçin edilen zat – diýip, şanyň gyzy dillendi.

Işiň tersine bolup çykanyny gören şa gazaba münüp, weziriň üstüne:

– Bu näme boldugy, sen meni şunuň ýaly zatlara tomaşa etmäge getirdiňmi?! – diýip gygyryp başlady.

Hyzmatkär şa gyzyny ýaş ýigitden çekip aýyrdy-da, ony köşgüne äkitdi, hetdenaşa gahary gelen wezir bolsa bir zarbada betbagty iki bölüp taşlamak maksady bilen, gylyjyny syryp, şazadanyň üstüne okduryldy, emma ol gylyjyny ýokary göteren badyna, birdenkä gizlin tutynyň aňyrsyndan atylan ok onuň ýazzy maňlaýyndan geçip, janyny takga çykardy.



Bu wakany gören şa öz köşgüne gaçyp gitdi. Ýaş ýigidi ýene kapasa saldylar-da, baga alyp gitdiler. Menem gizlenmäge çalyşdym. Ýolda bir adam öz ýanyna çagyrdy-da, meni şa gyzynyň ýanyna alyp bardy. Ol meniň ýaralydygymy bilip, tebip çagyrtdy hem uly alada bilen oňa buýruk bermäge durdy:

– Oňat däri-dermanlar et, bu adam tiz gutulyp, gülap suwuna düşüner ýaly bolsun, ine, seniň etmeli işiň. Näçe jan edip seretdigiňçe, şonça-da sylagy köp alarsyň.

Gepiň gysgasy, tebip hanymyň buýrugyny tutup, elinden geleni aýaman seretmäge başlady, kyrk gün diýlende bolsa meni gülap suwuna düşürip, şa gyzynyň ýanyna alyp bardy.

– Ýeri, neneňsiň? – diýip, şa gyzy menden sorady.

– Siziň merhemetiňiziň saýasynda men bütinleý sagaldym – diýip, men oňa jogap berdim.

Şol wagt şa gyzy her hili zatlar sylag berdi-de, harytlaryma kesen bahasyna iki esse köp pul töläp, meni azat etdi.

Şeýlelik bilen, men şol ýurtdan gaýtdym. Ýöne welin men gaýtsamam, meniň ýüregim şol ýerde galdy. Gaýdyp, şu ýere ýetenimizde bolsa, men öz söwdagärlerime şeýle diýdim:

– Siz watana gidiň. Men bu dagda bir monastyr saldyryp, onuň içinde şol şa gyzynyň şekilini goýmagy hem hemişelik şu ýerde galmagy ýüregime düwdüm.

Hyzmatkärlerime hem gullaryma her haýsynyň öz edenlerine göräräk engam berip: «Ölýänçäm meni ölmezödi bilen üpjün edip durmak siziň boýnuňyza, başga zatlardan bolsa siz boş» diýen şerti öňlerinde goýdum-da, olary azat etdim. Indem olaryň edýän aladalarynyň arkasyndan men henize-bu güne çenli açlyk çekemok. Şonuň üçin hem men hiç bir zadyň aladasyny etmezden, öz kumirime tagat-ybadat edip ýörün. Galan ömrümde-de bar maksadym şol. Ine, seniň eşitmekçi bolan zatlaryň hemmesi – diýip, garry gürrüňini soňlady.

– Eý, derwüşler! Men şu gürrüňi eşiden badyma egnime kafnimi atdym-da, derwüş eşigine girip, Pereň ýurduny görmek umydy bilen ýola rowana boldum. Uzak wagtlap tokaýlarda, daglarda entäp, meniň sypatym Mejnundyr Perhadyňka meňzedi.

Ahyrysoňy, arzuwym meni şol şähere ýetirdi. Göýä telbe ýaly, köçelerde, öwrümlerde entäp, uzak wagtlap şa gyzynyň köşgüniň daşynda durdum, emma onuň içine girmäniň hiç bir usulyny tapmadym. Şunça jebir-jepalar çekip gelenimden soň hem şa gyzy bilen görşüp bilmezligim meniň lapymy keç etdi.

Bir gezek men bazarda durkam, adamlar çar tarapa gaçmaga başladylar, hatda dükançylar hem dükanlaryny ýapyp gizlendiler. Ýap-ýaňyja adamdan hyryn-dykyn doly bazar birdenkä boşap galdy. Şol wagt Rüstem sypatly bir ýaş ýigit peýda boldy. Ol gylyjyny asmana aýlap, ýolbars ýaly arlap gelýär. Onuň egninde sowut, başynda demir sopbajy bolup, guşagyna bolsa iki sany sapança gysdyrylgydy. Ol bir zatlar samraýardy hem serhoş ýaly iki ýana yranýardy, onuň yzyndan bolsa egni ýüň matadan geýimli iki sany gul daşyna kaşaň mahmal çekilen tabydy depesine göterip gelýärdi.

Men bu waka haýran galyp, olaryň yzyna düşüp gitmegi ýüregime düwdüm. Öňünden çykan adam bolsa meni saklap, olaryň yzyndan gidirmejek bolýardy. Ýöne men ol wagt adama gulak asjakmydym! Biraz gidenden soň ýaňky ýigit bir gowy jaýa baryp girdi, menem yzyndan galmadym. Ol yzyna öwrülip, gylyjy bilen bir zarbada meni iki bölüp taşlamakçy boldy. Men onuň öňünde dyza çöküp, ant içip, özümiň hut şeýle bolmaklygy gözläp ýörendigimi ynandyrmaga başladym:

– Men öz ganymy saňa bagyşlaýaryn. Meni bu dünýäniň azabyndan dyndar, meniň görenim görgi boldy. Men öldürsin diýip seniň ýanyna bilgeşleýin geldim. Haýal etmän parçala!

Meniň ölmekligi ýüregime berk düwenimi bilensoň, ýaş ýigidiň ýüregine Alla rehim saldy-da, gahary sowaşyp, sypaýy ýumşaklyk bilen:

– Sen kim bolarsyň, näme üçin öz durmuşyňdan nägile? – diýip sorady.

– Oturyň, baryny aýdyp bereýin – diýip, men haýyş etdim. – Meniň başymdan geçen wakalar uzyn hem gaty daşdan başlanýar. Men söýgi penjesiniň gurbany, ine, men näme üçin bikarar.

Bu sözleri eşidip, ol ýarag-lybaslaryny aýryşdyryp, el--ýüzüni ýuwdy, soňra meni hem çagyrdy-da, ertirlik edinmäge başlady.

– Başyňdan geçen zatlary gürrüň beriber – diýip, ol nahardan soň maňa ýüzlendi.

Men şol garry barasynda, şa gyzy barasynda hem özümiň näme üçin bularyň şäherine gelenim barasynda birin-birin gürrüň berdim. Beýle sözleri eşidip, ol ilkibada aglady, soňra sözlemäge başlady:

– Bagtygara şa gyzy, gör, kimleriň öýüni ýykmady. Aýby ýok, meniň güýjüm seni beýle azapdan gutarar. Dogrusy, sen meniň kömegim bilen arzuwyňa ýetersiň, onuň üçinem howsalalanma, ruhdanam düşme.

Ol dellege buýruk berip, meniň saç-sakgalymy syrdyrdy, suwa düşürtdi, soňra gullaryň göterip gelen geýimlerinden özüniň iki sany köýnegini maňa geýmäge berdi-de, ýene gürrüňe başlady:

– Şu seniň gören tabydyň içinde şol kapasada bendi saklanan şazadanyň jesedi ýatyr. Ahyrsoňy, ony aldaw bilen patyşanyň başga bir weziri öldürdi. Elbetde, onuň gany alyndy, sebäbi oňa azar beren öldürildi. Men onuň süýt emşen dogany. Men ony öldüren weziri çapyp taşladym, şanyň hem janyny almakçydym, ýöne patyşa men günäkär däl diýip ant içip, ýalbardy durdy; men ol bigaýratyň günäsini geçdim. Men şol wagtdan bäri her aý täze Aý görnende, ilkinji hepdäniň dördünji güni şu tabydy şäheriň içine aýlap, şazadanyň halyna aglaýaryn.

Onuň sözleri meni birneme köşeşdirdi. Men «Eger-de şu göwnese, onda meniň arzuwym berjaý bolar. Bu akylsyza sataşdyryp, Allatagala maňa uly garaşyk etdi. Hakykatdan-da, Allanyň özi garaşyk etjek bolsa, hemme zatda garaşyk edýär» diýip pikirlendim.

Gün ýaşyp, ýaňy iňrik garalyberende ýaş ýigit tabydy alyp çykmagy buýurdy. Ony göterip çykanlaryň biriniň ýerine meni goýdy-da, özi hem biziň bilen ugrady. Ýolda barýarkak:

– Men şa gyzyň ýanyna barýaryn. Eger şowuna düşse, onuň bilen seni tanyşdyraryn. Ýöne sen hiç agzyňy ýaraýmagyn, hemişe ümsüm gulak asgyn oturgyn – diýip, maňa tabşyrdy.

– Siz näme diýseňiz bolşy ýalyjak ederin – diýip, men oňa jogap berdim. – Meniň halyma duýgudaşlyk bildireniňiz üçin, Alla size uzak ömür bersin.

Ýaş ýigit patyşanyň bagyna tarap ugrady. Ol ýere girenimizde, men çemenlijegiň ortasynda mermerden edilen sekiz burçly sekini gördüm. Sekiniň üstünde almazdan diregli, etegine bolsa dürden seçek aýlanyp, ak parçadan saýawan edilipdir. Astyna zerli ýüpek matadan körpeçe ýazylypdyr. Şol körpençäniň üstünde bolsa parçadan tikilen tirseklik hem ýassyklar goýlupdyr. Ýaş ýigit sekide tabydy goýduryp, biziň ikimize-de:

– Hol agajyň aşagyna baryp oturyň – diýdi.

Biraz wagtdan soň çyralaryň yşygy görnüp, daş-töweregi kenizden doly şa gyzy geldi. Onuň ýüzi gaýgy-gamly görünýärdi. Ol gelip, körpeçäniň üstünde oturdy. Şazadanyň süýt emşen dogany ilki birsalym gol gowşuryp durdy, sypaýyçylykly hormat bilen halynyň bir çetinde oturdy. Ol merhum üçin doga okady-da, soňra şa gyzyna bir zatlar diýmäge başlady. Men dykgat bilen diňlemäge durdum. Iň soňunda şulara düşündim: – Älemiň gözeli, size tagzym edýärin – diýip, ol aýdýardy. – Ajam ýurdunyň şazadasy siziň at-owazaňyz hem görk-görmegiňiz barada eşidip, öz döwletini taşlapdyr-da, derwüş lybasyna giripdir; agyr muşakgatlary başyndan geçirip, Ybragym Edhem[1] kimin surnugyp, bu ýere gelipdir. Siz diýip, ol ata watany Balhy taşlapdyr-da, birnäçe günden bäri siziň şäheriňizde aljyraňňy hem perişan halda entäp ýör. Ahyrsoňy, ol dünýäniň azabyndan dynmakçy bolup, meniň yzyma düşüpdir. Men gylyjymy syryp, onuň üstüne topulanymda, ol başyny ýere goýup, özüniň hut şeýle ölümi isleýändigini aýdyp, ant içdi. Gepiň gysgasy, ol sizi jany-teni bilen söýýär. Men ony mazaly synap gördüm hem gaty oňat tanadym, ine, şonuň üçinem ol barada size aýtmaklykdan çekinmedim. Eger siz bir mysapyra mähribanlyk bildirseňiz, onda ol ýagşylyk hem adalatlylyk etdigiňiz bolar.

Onuň bu gürrüňlerini eşidip, şa gyzy:

---

[1] *Edhem* – halal durmuşda ýaşamak üçin patyşalygyndan ýüz dönderen legendar şazada.

– Ol nirede? Eger patyşa neslinden bolýan bolsa, azap çekmek nämä gerek? Goý, gaşyma gelip dursun – diýdi.

Şol wagt şazadanyň süýt emşen dogany ýerinden turup gaýtdy-da, meni şa gyzynyň ýanyna alyp bardy. Şa gyzyny ýakyndan görüp, şeýlebir begendim welin, men akyl-huşdan aýryldym-da, doňan ýaly bolup galdym, hatda ýekeje söz aýtmaga hem ragwatym bolmady. Göz açyp-ýumasy salymda şa gyzy daşlaşyp gitdi, ýaş ýigit bolsa meni yzyma alyp gaýtdy.

– Men hanyma sen barada başdan-aýak gürrüň berdim hem seni onuň gaşyna eltdim – diýip, ol öýe gelenimizden soň aýtdy. – Indi sen ol ýere her gije baryp bilersiň, göwnüň isledigiçe lezzet alarsyň, şatlanarsyň.

Men onuň aýagyna ýykyldym, ol bolsa meni gujaklady.

Şol ýere gider ýaly, Günüň ýaşaryna, garaňkynyň düşerine garaşyp, bütin güni sagada seredip geçirdim. Garaňky gatlyşan badyna, men hojaýynym bilen hoşlaşyp, patyşalyk baga bardym--da, şa gyzynyň sekisiniň üstünde ýassyga ýaplanyp oturdym.

Bir sagatdan soň hanym öz ýanyna diňe bir kenizini alyp, assa basyp geldi-de, körpeçäň üstüne geçip oturdy. Bagtlylykdan ýaňa şol demde, gör, nämeler bolup geçdi; men onuň aýagyny öpmäge başladym. Ol meniň başymy galdyryp, bagryna gysdy-da:

– Häzirki döwri özüňe sapaly hasap et hem maňa gulak as--da, meni nirä hem bolsa şu ýerden uzak bir ýere alyp git – diýdi.

– Ýör gideli! – diýip, men jogap berdim. Şu sözlerden soň biz bagdan çykdyk. Men şol wagt tolgunmakdan hem geň galmakdan ýaňa bütin dünýäni unutdym. Biz niräk barýanymyzy hem bilmän gitdik oturdyk, emma hiç bir ýerden özümize mesgen tapmadyk. Şa gyzy howsala düşüp:

– Men eýýäm ýadadym. Hany, öýüň nirede? Ýör, basymrak şol ýere gideli, bolmasa biz näme iş ederis? Meniň aýaklarymyň aşagy pakgardy, men nire bolsa çökmäge kaýyl – diýip ýalbarmaga başlady.

Meniň hyzmatkärimiň öýi golaýda, häzir biz ýeteris. Sen arkaýyn bol, ýene birazajyk ýöre – diýip, men ýalan sözledim, özüm bolsa bütinleý howsala düşüpdim. Ony nirä alyp barsam-



kam? Edil şol mahallaram ýoluň ugrunda bir ýapyk gapa gözüm düşdi. Men derrew onuň gulpuny döwdüm. Ol jaýyň içi edil gül pürkülen ýaly eken. Onuň hemme ýerine haly – düşelipdir, tekjelerinde içi şeraply gaplar hatara goýlupdyr, aşhanada bolsa külçe hem çekdirme taýýar edilipdir. Biz gaty ýadapdyrys; biz adama bir käse şerap içdik-de, süýji zatlardan garbanyp, uzak gije döwran sürdük.

Daň atan badyna, şäheriň içinde: «Şa gyzy ýitipdir!» diýen gykylyk turdy. Şa gyzynyň ýitenligi barada jarçylar jar çekişip, bütin şähere, çola köçelere aýlanmaga başladylar. Nirede-de bolsa şa gyzyny tutup getirmek üçin, jansyzlar hem şugulçylar iberildi. Şäheriň ähli derwezeleriniň agzynda patyşanyň nökerlerinden garawul goýuldy. Garawullar ýolda birugsat şäherden daşyna garynjany hem çykarmaly däl diýen buýrugy aldylar. Kimde-kim şa gyzy barada habar getirse, oňa müň tylla hem halat-serpaý beriljekdigi wada edildi. Şugulçylar şäheriň içine ylgadylar, her bir öýe kürsäp girmäge başladylar.

Betbagt janymyza men gapyny gulplamagy unudypdyryn. Gapynyň açykdygyny görüp, köne-küşüle çolanan, eli tesbili bir kempir, melgun aýal (Hudaýym onuň ýüzüni gara etsin!) jaýa kürsäp girdi. Şa gyzynyň garşysyna gelip durdy-da, ol iki elini galdyryp, ýalbarmaga başlady.

– Hernä Alla siziň bagtyňyzy açyk etsin! Hiç haçan seniň täjiň gyşarmasyn, gelin! Men bir garyp gedaý aýal, meniň gyzym bar, ol göwreli hem çagasy bolup bilmän azap çekýär. Meniň çyra ýakar ýaly bir damja ýaga-da ýagdaýym ýok, iýer-içer ýaly zat almaga-ha asla barara ýerim ýok. Eger-de ol öläýse, onda kepenlik matany näme berip alaýyn hem mazary nädip gazdyraryn? Eger çagasy bolaýsa, göbegenä näme bereýin, dogran aýala näme iýdireýin? Ynha, indi onuň agzyna bir dişlem zat salmanyma iki gün boldy. Eý, rehimdar hanym! Özüňiziň päk göwnüňiz bilen bize bir zatjyk emläň.

Şa gyzynyň rehimi inip, ony öz ýanyna çagyrdy-da, oňa dört sany külçe hem bir bölek gowrulan et berdi. Soňra külembikesindäki ýüzügini çykardy-da:

– Muny sat hem özüňe gerek zady satyn al, hem rahat ýaşa, ýene bir zat gerek bolaýsa, öz öýüň ýaly görüp geläý – diýdi.

Gizlin syryň üstüni açmak üçin gelen kempir özüniň doly maksadyna ýetip, sagbolsun aýtdy-da, jaýdan begenip çykyp gitdi. Ol alan çöreginem, etinem daş işikde taşlady, ýüzügi bolsa gysymyna berk gysyp, öz içinden «Indi hanym meniň elimde» diýip pikir etdi. Emma, belli zat, Allatagalanyň bizi bu beladan halas edesi geldi, çünki birdenkä arap atyň üstünde eli naýzaly, öňüne umgany kese basyp, öýüň hakyky eýesi – söweşiji ýaş ýigit geldi. Ol gulp döwlüp, jaýynyň gapysynyň açykdygyny görensoň, çykyp gelýän ara bozýan aýala gözi düşüp, gahar-gazap bilen onuň saçyndan towlap tutdy-da, yzyna, howlynyň içine süýräp getirdi. Ony aýagyna ýüp salyp, başaşaklygyna agajyň şahasyndan asyp goýdy. Ol aýal birsalym titredi-de, jan berdi. Ol adama gözüm düşen badyna şeýlebir gorkdum welin, dyzlarymyň ysgyny gaçdy. Öý eýesi biziň howsala düşenimizi aňyp, bizi köşeşdirjek bolup:

– Siz bijaý ýeňilkellelik edipsiňiz. Hatarly işe baş goşupsyňyz-da, gapyny açyk galdyrypsyňyz – diýdi.

Şa gyzy ýylgyryp:

– Bu meniň hyzmatkärimiň öýi diýip, şazada meni ýalňyşlyga eltdi – diýdi.

– Şazada ýalňyşmandyr – diýip, ol şa gyzynyň aýdan geplerine edeplilik bilen jogap berdi. – Allanyň ähli bendeleri patyşalaryň guludyr. Raýatlaryň ömri hem abadançylygy patyşalaryň rehim-şepagatyna, adalat-sahawatyna baglydyr. Men siziň sadyk guluňyz, emma häzir siziň asylzadalygyňyzy gizlinlikde saklamak örän paýhaslylykdyr. Eý, şazada! Siziň şa gyzy bilen mübärek gadamlaryňyzy meniň garyp çatmama basmagyňyz meni dygysyz bagtyýar etdi. Şeýlelik bilen meniň depämi göge ýetirdiňiz. Men siziň üçin ähli maly-mülkümi hem janymy gurban etmäge taýýardyryn. Öz öýüňiz hasap ediň-de, bu ýerde arkaýyn ýaşaberiň. Bu ýerde siziň üstüňize hiç bir howp abanmaz. Eger-de ýaňky aýal şu ýerden aman giden bolsa, onda ol sizi elhenç bagtsyzlygyň üstünden elterdi. Emma häzir öz päk göwnüňiz

rahatlanýança şu ýerde boluberiň. Dünýäde göwnüňiziň islän zadyny maňa aýdyň, men baryny tapyp bererin. Patyşa-ha beýle-de dursun, siziň bu ýerdedigiňizi perişde-de bilmez.

Ol uzak wagtlap şunuň ýaly köşeşdiriji sözleri aýtdy welin, biz birneme rahatlandyk.

– Örän gowy – diýip, men oňa minnetdar boldum. – Siz asylly adam. Ýagdaýy bolan pursadynda siziň rehimdarlygyňyz üçin, biz sizi sylaglarys. Siziň adyňyz näme?

– Siziň hyzmatkäriňiziň ady Bihzat han – diýip, ol jogap berdi.

Gepiň gysgasy, ol wada berşi ýaly hem alty aýlap ak ýürekden hyzmat etdi. Biz bu alty aýy bolelinlikde hem erkinlikde geçirdik. Emma günleriň birinde watan hem dogan-garyndaşlarym meniň ýadyma düşdi, men agyr oýa batyp otyrdym. Bihzat han meniň ýüzümdäki gaýgy alamatyny görüp, edep bilen gollaryny gowşurdy-da, meniň gaşyma gelip durdy.

Eger-de siziň wepaly hyzmatkäriňiziň hyzmatynda kemter ýeri bolsa, şony aýtmagyňyzy haýyş edýärin! – diýip, ol maňa ýüzlendi.

Allanyň hatyrasy üçin! – diýip, men gygyrdym. – Siziň edýän gürrüňiňiz nähili? Siz bize şeýlebir rahat ýaşaýarlar welin, özlerini edil eneleriniň göwresinde ýaly syzýarlar diýip düşüniň. Biz şeýlebir howply ýagdaýdadyk, çünki her agajyň şahasy gözümize duşman bolup görünýärdi. Heý bolmanda, birazajyk dynç alar ýaly, bize dostluk kömegini etjek adam barmydy? Hudaýym siziň döwletiňizi artyk etsin! Siz gaty artykmaç adam.

– Bu ýerde bolmagy göwnüňiz islemese, onda nirä äkitmegi buýursaňyz, men sizi aman-sag elterin.

– Men öz watanyma barmak, atam-enemi görmek isleýärin – diýip jogap berdim. – Meniň başymdan, gör, nähili zatlar geçdi! Şol döwrüň içinde bolsa, gör, olaryň başyna nähili günler düşendir, ony diňe Alla bilýär. Men nähili maksat üçin öz mähriban watanymy taşlap gaýdan bolsam, şol maksadyma hem ýetdim. Indi öz hossarlarymyň gadam tozuny gözlerime sürtmäge wagt boldy. Olara meniň ölüdigim-diridigim belli däl, olar men barada hiç zat

bilmeýärler ahyryn. Olar, gör, nähili gaýgy-gama batyp oturandyrlar!

– Örän gowy! Gideliň! – diýip, Bihzat han dillendi.

Ol şol halatda ýüz wýorst ýoly ýadaman çapyp geçjek bir arap aty bilen hanym üçin ýuwaş, emma ýel ýaly gidýän bir baýtaly alyp geldi. Bizi olara mündürip, özem boz sowut geýnip, birkemsiz ýaraglanyp atlandy-da:

– Men öňden gideýin. Siz bolsa atyňyzyň jylawyny ýazdyryň-da, meniň yzymdan galaýmaň – diýdi.

Ol şäher derwezesine ýetip, atynyň başyny çekdi; bir nagra dartyp, derwezäniň gulpuny ok bilen döwdi-de, derwezebanyň üstüne gygyrdy.

– Eý, muhannesler! Baryň-da öz hökümdaryňyza: «Bihzat han şazada Kamgarany aç-açan alyp barýar. Eger sizde çigit ýaly gaýrat bar bolsa, al meýdana çykyň-da, şa gyzyny elimden alyň, soňundan Bihzat han ol gyzy gizlin alyp gidipdir diýip gürrüň etmäň; ýok, ony etmeseňizem, onda galada oturyň-da, rahat dem alyň» diýip aýdyň.

Bu habar derrew patyşa baryp ýetýär.

Patyşa wezirine hem goşun serkerdesine:

– Haýyn topalaňçylaryň üçüsiniňem elini-aýagyny daňyp, meniň huzuryma alyp geliň ýa-da olaryň kellelerini kesip, maňa getiriň – diýip höküm edýär.

Sähel wagtdan soň asman-zemini dumana gapladyp, san--sajaksyz goşun peýda boldy. Bihzat han bizi belentligi Jaunpur köprüsi ýaly uly bir köpriniň arkasynyň astynda gizledi-de, özi bolsa atyny yzyna dolap, ýolbars dek arlap, duşmanlaryň ortarasyna urup girdi. Duşmanlaryň eslisini palaç ýatyran ýaly ýatyryp, Bihzat han at salyp bardy-da, goşun baştutanlarynyň ikisiniňem kellesini togalady. Baştutanlarynyň öldürilenini gören goşun şol bada basga düşdi. Baş bolmasa, göwre läş; «Alma ýaryldy, tohumy guma garyldy» diýen nakyl bar ahyryn. Şol wagt eginleri sowutly bütin bir lek goşun bilen patyşanyň özi kömege geldi. Arslan ýürek batyr ýigidiň tenha özi ýene söweşe girip, doly ýeňiş gazandy. Patyşa gaçmaga başlady. Elbetde, ýeňşi

Alla berdi, emma Bihzat han şeýlebir edermenlik görkezdi welin, ähtimal, beýle edermenligi diňe Zal ogly Rüstem görkezip biljekdi. Bihzat han söweş meýdanynda duşmanyň galmandygyny görenden hem olary yzarlap geläýjek bir adamynyň ýokdugyna gözüni ýetireninden soň, biziň ýanymyza gaýdyp geldi. Biz ýene ýola düşdük. Ýolda wagt tiz geçýärdi. Hä diýmän biz meniň watanymyň araçägine ýetdik. Biziň sag-aman gaýdyp gelýänligimiz barada hat ýazyp, atamyň – patyşanyň ýanyna çapar iberdim. Meniň hatymy alyp, göýä teşnelikden damagy guran adamyň suw görende begenişi ýaly, älem penakärleriniň ýüregi guwançdan dolupdyr. Ol Allatagala köp alkyşlar okap, ähli wezir-wekillerini ýanyna alyp, meni garşylamaga çykdy. Olar deryanyň gyrasyna gelip durdular. Deryadan geçer ýaly, gämi taýýarlamaly diýlip, flotuň hojaýynyna buýruk berildi. Meniň beýleki kenarda duran wezir-wekillere, şa nökerlerine gözüm düşen badyna, atamyň aýagyna ýykylmak üçin, mende sabyr-takat galman, atymy suwa salyp, deryanyň beýlesine ýüzüp geçdim-de, olaryň huzuryna baryp durdum. Atam meni mähir bilen bagryna basdy.

Şu ýerde garaşylmadyk bir betbagtlyk ýüze çykdy. Asyl meniň atym şa gyzynyň münüp oturan baýtalynyň taýy bolsa nätjek! Şonuň üçinmi ýa meniň atymyň hokranyp eden çagyryşy bilenmi, garaz, biz suwa uran badymyza, hanymyň münüp oturan baýtalam ony alyp suwa urdy-da, ýüzmäge başlady. Şa gyzy howsala düşüp, onuň jylawyny berk çekdi welin, baýtalyň erni näzik bolany sebäpli, ol muňa döz gelip bilmän agdaryldy. Onuň bilen bile şa gyzy hem deryanyň düýbüne gitdi. Bihzat han bu wakany görüp, şa gyzyny halas etmek maksady bilen atyň üstünden özüni derya oklady, emma ol hem girdaba düşüp, ondan çykyp bilmedi; elleri-aýaklary bilen her näçe urunsa-da, peýdasy bolman, gark boldy.

Bu betbagtçylygy gören älem penakäri ullakan tor getirip, ony suwa taşlamagy tabşyrdy. Gämiçilere hem guwwaslara deryanyň düýbüni barlamaly diýen buýruk berildi. Gözlegçiler deryanyň düýbüni ýokaryk çöwürdiler, emma olardan derek tapylmady.

Eý, derwüşler! Bu waka şeýlebir elhenç boldy welin, tas akyl-huşumdan jyda düşüpdim. Men derwüş lybasyna girip, edil däli-diwana ýaly bolup: «Meniň täleýim şeýle boldy, indi şatlygy gören gözler hesreti hem görsün» diýen sözleri öz ýanymdan, yzyny üzmän gaýtaladym aýlandym ýördüm. Eger-de şa gyzy ýitip giden ýa aradan çykan bolsa, onda ony gözlemek bilen Allanyň edenine şükür edip oturmak bilen ýürek aram tapardy. Emma ol hut meniň gözümiň öňünde derýanyň düýbüne gidip, soňra ondan derek bolmanyndan soň, maňa edere iş galmady. Ahyryn men, gel, menem suwa gark bolaýyn, belki, ölenimden soň, söýgülime gowşaryn diýen karara geldim.

Bir gije men şol derýanyň kenaryna bardym-da, niýetime ýetmek maksady bilen, suwa girip ugradym. Suw bokurdagyma çykyp, indi çümüp gidebermeli bolanymda, birdenkä, ine, şol size hoş habar getiren ýaşyl donly, bir atly peýda boldy. Ol meniň elimden tutdy-da, köşeşdiriji sözler aýtmaga başlap:

– Näumyt bolma. Hanym bilen Bihzat han diri. Nähak ýere öz janyňa kast etmek nämä gerek? Dünýäde her hili zatlar bolup biler, emma Allanyň rehimdarlygyna betgümançylyk ediji bolma. Diri gezip ýörseň, olaryň ikisi bilenem bu gün duşuşmasaň, erte duşuşarsyň. Sen indi Rum welaýatyna ugra. Iki sany seniň ýaly ýüregi ýaraly derwüş häzir şol tarapa barýar. Sen olar bilen duşuşanyňdan soň, öz maksat-myradyňa ýetersiň – diýdi.

Eý, derwüşler! Bize ýol salgy berip goýbereniň buýrugy bilen şu ýere düşüp, menem siziň asylly üýşmeleňiňize geldim. Indem biziň her birimiz öz gözleýän zadymyzy taparmykak diýip umyt edýärin.

Ine, meniň size başdan-aýak gürrüň edip berenlerim, bir döwüm çörek gözläp ýören şu gedaýyň başyndan geçen wakalardyr.

## Dördünji derwüşiň başyndan geçirenleri

Dördünji derwüş gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp, özüniň başyndan geçirenlerini şeýle sözler bilen başlady:

Keç ykbaldan gürrüň berjek,
Gulak goýuň, gulak goýuň.
Şum täleýden söhbet gurjak,
Gulak goýuň, gulak goýuň.

Päk göwnümiň synyşynyň
Sebäbini söýläýin men,
Syrly ýumak çözläýin men,
Gulak goýuň, gulak goýuň.

Eý, siz, taňrynyň bendeleri! Maňa biraz üns bermegiňizi haýyş edýärin, siziň öňüňizde oturan bu derwüş – Çin patyşasynyň ogly öz başyndan agyr muşakgatlary geçirdi. Men lälik saklanyp, gowy durmuşda terbiýelenip, betbagtlyk diýen zady bilmedim, hemişe şunuň ýaly ajaýyp durmuşda ýaşaryn öýdüp pikir etdim. Edil şunuň ýaly gaýgy-gamsyz gezip ýören günlerimiň birinde men betbagtçylyga uçradym, uly iliň hemaýatkäri – meniň howandarym, atam aradan çykdy. Ol ölüm ýassygyna baş goýanda, öz kiçi inisini – meniň agamy ýanyna çagyryp, oňa şeýle diýip tabşyrdy:

– Men maly-mülkümdir häkimiýeti taşlap, ýagty jahandan gitmekçi bolýaryn, indi sen meniň wesýetime gulak as-da, agaň ornuny tutup, işini dowam etdir. Entek şazada – tagtyň hem täjiň eýesi ösüp ýetişýänçä, akyly mazaly goýalyşýança hem öý--işigiň gadyryny bilýänçä, oňa hossarçylyk et, goşunyň pes

düşüp, raýatlaryň dargamagyna ýol berme. Ol birkemsiz ýigit çykansoň bolsa, mazalyja öwüt-nesihat berip, tagty oňa tabşyr--da, gyzyň Roşan Ahtara öýlendir; özüň bolsa häkimiýet başyndan aýryl. Şeýle edilse, patyşalyk biziň neslimizden gitmez hem hiç bir zyýan çekmez.

Şeýle sözleri aýdyp, ol amanadyny tabşyrdy. Agam patyşa bolup, häkimlik sürmäge başlady. Ol maňa haremhanada ýaşamagy hem tä ösüp ýetişýänçäm, şol ýerden çykmazlygy buýurdy. Men on dört ýaşyma barýançam patyşanyň aýallarynyň, hyzmatkär aýallaryň arasynda terbiýelendim, ol ýerde şady-horram bolup oýnap gezdim. Geljekde agamyň gyzyna öýlenjekligim baradaky habar meni begendirýärdi; şeýle umyt bilen men gaýgy-gamsyz ýaşap, öz ýanymdan «Indi meni basym patyşa ederler hem toýum bolar» diýip gezdim. Dünýäde umyt bilen gezilýär ahyryn.

Merhum atamyň bir Mübärek atly hyzmatkäri (hebeşi) bardy. Ol gaty ynamdar, akylly hem tüýs ýürekden berlen adamdy. Men onuň ýanyna köp barardym; ol hem meni gowy görýärdi, meniň jahyl çykyp barýanymy görüp, oňa meniň bilen deň begenýärdi.

– Alla seni öz penasynda saklasyn, şazada! – diýip, ol maňa aýtdy. – Siz indi jahyl çykdyňyz. Eger keremli Hudaý asan etse, basym siziň agaňyz Taňrynyň ýerdäki saýasynyň – merhum patyşanyň wesýetini tutup, size öz gyzyny hem ataňyzyň tagtyny berer.

Bir gezek kelte boýluja bir keniz biderek ýere ýaňagyma çalyp goýberdi welin, meniň ýaňagymda onuň bäş barmagynyň yzy galdy. Men aglamjyrap, Mübäregiň ýanyna ylgap bardym. Ol gujaklap, gözümiň ýaşyny süpürdi-de:

– Ýör, men bu gün sizi patyşanyň ýanyna alyp baraýyn. Belkem, sizi görüp hem-de sizi patyşalyga laýyk hasap edip, hukugyňyzy berer – diýdi.

Şeý diýip, ol meni agamyň ýanyna alyp bardy. Agam bizi köşk adamlarynyň ýanynda mylaýymlyk bilen garşy alyp:

– Siziň näme kemiňiz bar, bu gün näme bu ýerik gelipsiňiz-le? – diýip sorady.

– Biz bir zady habar bermek üçin geldik – diýip, Mübärek oňa jogap berdi.

Bu jogaby eşidip, birdenkä agamyň özi:

– Indi-hä şazadany öýeräýseňem boljak – diýdi.

– Ajap boljak zat! – diýip, Mübärek dillendi.

Agamyň buýrugy boýunça şo halatyň özünde müneçjimler hem gurrandazlar çagyryldy.

Agam gizlin bir pikir bilen:

– Bu ýylyň haýsy aýynda, haýsy gününde hem haýsy sagadynda toýuň sähedini bellemek boljak? – diýip, olardan sorady.

Patyşanyň häzir nähili isleginiň bardygyny aňyp, olar hasaplaşdyrdylar-da:

– Eý, älem hemaýatkäri! Şu ýyl asyl sähetli gün ýok. Biz gurra taşladyk, ýyldyzlary sanadyk, emma toý geçirmäge laýyk hiç bir gün, hiç bir aý görünmedi. Eger üstümizdäki ýyl sag--aman geçäýse, onda indiki ýyl haýyr işler üçin oňat ýyl bolar – diýişdiler.

Patyşa Mübärege ýüzlenip:

– Şazadany köşge alyp git. Alla ýol berse, şu ýyl geçensoň, men onuň hukugyna degişli zatlaryň baryny oňa tabşyraryn. Goý, ol arkaýyn bolsun hem okasyn – diýdi.

Mübärek tagzym etdi-de, meni özi bilen köşge alyp gaýtdy. Aradan iki-üç gün geçensoň, men onuň ýanyna bardym. Ol meni gören badyna, gözünden boýur-boýur ýaş döküp aglady.

– Näme boldy, atam? Sen näme üçin aglaýarsyň? – diýip, men bitakatlyk bilen ondan soradym.

– Meni jany-teni bilen söýýän meniň gadyrdanym:

– Men ol gün seni näme üçin birehim adamyň ýanyna äkitdim? Beýle boljakdygyny bilen bolsamdym, asyl onuň ýanyna hiç wagt äkitmezdim – diýip jogap berdi.

Men bijaý howsala düşüp:

– Biziň onuň ýanyna baranymyzyň nämesi erbet bolduka? Hakykaty maňa bolşy ýaly aýdyp berseňizläň! – diýdim.

– Entek ataňyz höküm sürýän döwründen bar bolan adamlar: emirler, wezir-wekiller hem döwlet işgärleriniň uludan-kiçä hemmesi sizi görüp diýseň begendiler, Hudaýa alkyş okamaga



başladylar. «Ahyrym biziň hökümdarymyzyň mirasdüşeri ýetişip, häkimiýet başyna geçmäge mynasyp boldy – diýşip, öz biri-birlerine aýdyşdylar. – Indi munuň öz hukugyna eýe bolup, işe girişjek güni uzak däldir. Şonda ol biziň hyzmatymyzyň gadyryny biler, biziň uzak wagtlap eden gullugymyza baha berer». Bu edilýän gürrüňler siziň ähtiýalan agaňyzyň gulagyna ýetdi welin, onuň gursagynda zäherli ýylan aýlanmaga başlady. Ol meni gizlinlikde öz otagyna çagyrdy-da: «Mübärek! Şazadadan dynmagyň bir çäresini agtaryp tap; ol tarapdan abanýan howpdan meni dyndyr, meniň janyma rahatlyk ber. Henize çenli men howsalaly ýagdaýda gezýärin» diýip tabşyrdy. Asyl agaňyz siziň süňk duşmanyňyz bolup çykdy.

Bu ajy habary eşiden badyma, janalgyç sowuk meniň ýüregimi doňdurdy. Men ölüm howpundan hopugyp, Mübäregiň aýagyna ýykyldym.

– Men patyşa bolmakdan el çekýärin, ýöne Allanyň hatyrasy üçin ölümden başymy gutar.

Wepaly hyzmatkär meniň kellämi bagryna basyp:

– Gorkma, howply zat ýok. Mende bir pikir bar, eger ol şowuna düşse, onda birahat bolmagyň hajaty ýok. Entek siziň janyňyz sag, hiç bir zat ýitiremzok. Biziň işimiz rowaç bolup, siziň janyňyzam ölüm howpundan halas bolar, ýetjek maksadyňyza-da ýetersiňiz öýdüp pikir edýärin – diýip jogap berdi.

Maňa şeýle göwünlik berip, ol meni dünýäden öten ata-enemiň ýatyp-turan, ýaşan jaýyna alyp gitdi. Ol ýerde patyşanyň tagty durdy. Mübärek onuň bir tarapyndan tutdy, beýleki tarapyndan tutmagy bolsa maňa tabşyrdy; iki bolup, biz ony zordan ýerinden süýşürdik. Soňra ol halyny aýyrdy-da, şonuň duran ýerini gazmaga başlady. Birdenkä agzy zynjyrly gulp bilen gulplangy bir ury peýda boldy. Mübärek meni ýanyna çagyrdy. Men öz ýanymdan «Ol meni öldürip, şu ýerde jaýlamakçy bolup, bu çukury gazýar-ow» diýen netijä gelip başladym. Ajal meniň alkymyma geldi; emma men, her niçik-de bolsa, ýuwaşlyk bilen doga okap, onuň ýanyna bardym. Bir görsem, gabsajygyň aňyrsynda dört otagdan ybarat jaý bar; otaglaryň her haýsynda içi altyndan doly on sany ullakan hum hatara goýlupdyr; olaryň altyndan gapagy bolup, hersiniň üstünde bir ýasama maýmynjyk oturdylypdyr-da,

zümerret bilen bezelipdir. Men dört jaýda goýlan gaplaryň baryny sanap gördüm welin, otuz dokuz sany birmeňzeş hum eken, olara meňzeş bolmadyk kyrkynjy humuň içi-de gyzyl grandan dolam bolsa, olara meňzeş däldi, onuň ne altyn gapagy bardy, ne-de maýmynjygy. Soňra içi gymmatbaha daşlardan dos-doly bir howza gözüm düşdi.

– Atam jan! – diýip, men Mübärege ýüzlendim. – Bu gudrat näme? Bu kimiň jaýy, bu zatlar näme üçin beýle edilen?

– Seniň bu görüp duran maýmynlaryň taryhy şeýle – diýip, ol gürrüň bermäge başlady. – Siziň ataňyz ýaşlygyndan jynlaryň patyşasy Mälik Sadyk bilen dost bolup başlady, soňra hemişe onuň bilen gatnaşyk etdi. Her ýylda biziň ýurdumyzda bar bolan ysy ýakymly zatlardan hem her dürli üýtgeşik, nepis harytlardan oňa sowgat äkitdi hem onuňkyda bir aýlap myhmançylykda boldy. Hoşlaşyk wagtynda Mälik Sadyk siziň ataňyza zümerretden ýasalan maýmynjyk berdi, patyşa bolsa ony şu ýerzeminde gizläp saklady. Bu syry menden başga bir adam bilmedi. Bir gezek men ýürek edip: «Dünýäniň diregi! Siz ýüz müňlerçe rupiýa zady sowgat äkidýärsiňiz-de, oňa derek bolsa daşdan ýasalan bir jansyz maýmyny alyp gelýärsiňiz, bulardan size nähili peýda bar?» diýip, siziň ataňyzdan soradym. Ol ýylgyrdy-da: «Bäriňi bak, hiç bir ýerde agzyňdan çykaýmasyn. Bu seniň görüp duran maýmynlaryň her birine müň döw tabyndyr, aýdanyňa gulak salýandyr. Ýöne mende şular ýaly maýmyndan kyrkysy ýygnanmasa, entek olardan peýdalanyp bolmaz, çünki olar hiç bir derde ýaramaýarlar» diýip jogap berdi. Emma diňe ýekeje maýmyn galanda, patyşa aradan çykdy oturyberdi-dä. Şunça çekilen zähmet biderek boldy! Olaryň hasylyny ýygnamak nesip etmedi! Siziň biçäreligiňizi görüp, bu zatlar meniň ýadyma düşdi-de, nähili ýol bilen hem bolsa, sizi Mälik Sadygyň ýanyna alyp barmagy, siziň agaňyzyň zalymlygy barada oňa gürrüň bermegi ýüregime düwdüm. Belkem, ol siziň ataňyz bilen bolan dostlugyny ýadyna salyp, ýetmeýän maýmyny size peşgeş berer. Ana, şondan soň siz bu kyrk maýmynyň kömegi bilen döwleti öz eliňize gaýtaryp alarsyňyz hem ýurdy arkaýyn dolandyryp bilersiňiz. Şeýle etsek, bardy-geldi bu işimizden netije çykmasa-da, siziň janyňyz-a ha-

las bolar. Men bu bizi gysyp çykaranyň zulumyndan sypar ýaly başga çykalga görmeýärin.

Şol wagt men oňa:

– Atam jan! Indi meniň ýaşaýşym hem, ölümim hem seniň ygtyýaryňda; nädeňde oňat bolar öýtseň, şony ediber – diýdim.

Mübärek maňa göwünlik berdi-de, soňra atyr, her hili hoşboý ysly zatlar, umuman, sowgat edip äkider ýaly zatlaryň baryny satyn almak üçin bazara ugrady. Ertesi bolsa meniň birehim agamyň – häzirki Ebu-Jöhüliň[1] ýanyna barýar-da:

– Älemiň penakäri! Men şazadany ýok etmegiň tärini tapdym. Eger rugsat etseňiz, men size aýdyp bereýin – diýýär.

– Nähili tär? – diýip, ol nejis begenýär.

– Eger ony köşkde öldürsem, ol sizi masgaraçylygyň üstünden elter. Gowusy, men ony haýsam bolsa bir tokaýa eltip, onuň janyny jähennem bazaryna ibereýin-de, şol ýerde duwlap gaýdaýyn. Şeýle etsek, muny hiç kim bilmez.

Agam Mübäregiň bu gürrüňini diňläp:

– Tüýs bolaýjak zat! – diýip seslenýär. – Men onuň sag-salamat gezip ýörmegini islemeýärin. Ol hakdaky pikir gije-gündiz maňa ynjalyk bermeýär. Eger sen meni şu wehimden halas etseň, görkezen hyzmatyň üçin men seniň sylagyňy mazalyja ýetirerin. Äkit ony, nire amatly bolsa, şol ýerde öldür, diňe basymrak maňa bu hakda hoş habar getir.

Şeýle ýol bilen patyşanyň şübhesini kemeldip, Mübärek meni öz ýanyna aldy, sowgat üçin alnan zatlaryň hem baryny göterdi. Gijäniň birwagty biz şäherden çykdyk-da, günbatarlygyna tarap ugradyk.

– Hudaýa şükür, indi biz barmaly ýerimize ýetdik.

– Atam jan! Aýdýanyň näme? – diýip, men geňirgendim.

– Eýsem siz jynlaryň goşunyny görmeýärsiňizmi näme?

– Senden başga maňa görünýän zat ýok – diýip jogap berdim.

Mübärek goltugyndan Süleýman pygamberiň içi sürmeli gutujygyny çykardy-da, inçejik çöp bilen meniň gözlerime sürme çaldy. Şol zaman meniň gözüm goşun çadyrlaryny, jaýlary hem

[1] *Ebu-Jöhül* – Muhammet pygamberiň döwürdeşi täze diniň (yslamyň) garşysyna örän erjel göreşipdir. Ol pygamberiň öz daýysymyş.



hut jynlary görmäge başlady. Olaryň bary owadan ýüzli, oňat geýnüwli eken. Jynlaryň hemmesi Mübäregi tanaýar eken. Köne dostlar gujaklaşdylar, bir-birleri bilen degişdiler.

Basym biz döwlet başlyklarynyň bolýan ýerine ýetdik-de, köşge girdik. Töweregime seretsem, hemme ýerde oduň şöhlesi görünýär; iki hatar edilip, her hili oturgyçlar goýlupdyr, olarda bolsa akylly alymlar, derwüşler, emirler, wezirler hem şanyň maslahatçylary oturdylar. Şanyň janyny goraýjylar, sakçylar hem her hili hyzmatkärler gollaryny gowşuryp, aýak üstünde durlar, ortarada bolsa zümerret bilen haşamlanan tagt dur. Tagtyň üstünde başy dürden täçli hem egni donly ýassyga tirsegini berip, Mälik Sadyk dabaraly gabarylyp otyr.

Men onuň huzuryna bardym-da, gol gowşuryp tagzym etdim. Ol mähremlik bilen maňa oturmagy buýurdy, soňra meni stoluň başyna çagyrdy. Iýip-içip bolup, saçak ýygnalandan soň, Mälik Sadyk Mübärege ýüzlendi-de, men hakda soraşyp başlady.

– Häzir bu oglanyň atasynyň deregine munuň ganym duşmany bolan, agasy höküm sürýär – diýip, Mübärek jogap berip ugrady. – Şoňa görä-de men bu oglan bilen ol ýerden gaçdym, ony siziň ýanyňyza alyp geldim. Ol ýetim, patyşalyk hukugy bolsa muňa degişli, emma arkasyny tutýan adam bolmasa, ol hiç bir zat edip biljek däl. Bu göwnüne deglen üçin men sizden hemaýat gözläp geldim. Onuň atasynyň hyzmatlaryny ýadyňyza salyň-da, ýetime kömek ediň: maýmynjyklaryň sany kyrka düzeler ýaly, iň soňky maýmynjygy hem berseňiz, olaryň kömegi bilen patyşalyk hukugyny eline alyp, ol size ömri ötýänçä alkyş okar. Siz goldamasaňyz, onuň başga hiç bir daýanjak adamsy ýok – diýdi.

Mälik Sadyk biraz oýlananyndan soň:

Dogrudanam, merhum patyşanyň gullukda-da, dostlukda-da eden hyzmaty az däl – diýip jogap berdi. Bu bagtygara ruhdan düşüp, özüniň miras düşýän patyşalygyny taşlap, diňe öz şirin janyny halas etmek üçin gaçyp, biziň kömegimize hem goldawymyza mätäç bolup gelensoň, öz höküm sürýän ýerimde, hiç bir kynçylykdan çekinmän, onuň üçin elimden gelen kömegi ederin. Ýöne meniň hem bir ýumşum bar. Eger ol ähtiýalan-

lyk etmän, bu ýumşumy ahyryna çenli ýerine ýetirip, synagdan doly geçip bilse, onda men oňa öz atasyndanam gowy garaşyk etjekdigime hem onuň göwnüniň islän zadyny bitirjekdigime söz berýärin.

– Men siziň sadyk guluňyz – diýip, men gol gowşuryp, hormat bilen aýtdym. – Patyşahyma janym-tenim bilen gulluk edip, onuň bar ýumşuny höwes bilen ýerine ýetirerin, hemme zady oňatlyk, dogruçyllyk, akýüreklilik bilen bitirerin hem patyşahymyň maňa bolan bu ynamyny iň bir bagtlylyk hasap edýärin.

– Sen entek oglan, şonuň üçinem ýene bir gezek saňa gaýtalap aýdýaryn. Gulak as, ähtiýalanlyk etmegin, betbagtçylyga uçraýmagyn!

– Siziň mertebäňiz belent bolsun! Allatagala meniň işimi asan eder. Men bar güýjümi goýup, siziň ýanyňyza maňa ynanan işiňizi bitirip gelerin.

Şol wagt Mälik Sadyk meni ýanyna çagyryp, ýadygärlik depderçesinden bir kagyzy ýyrtyp aldy-da, ony maňa görkezdi. Soňra ol:

– Şu ýerde kimiň ýüzüniň şekili çekilen bolsa, nirede-de bolsa şony gözläp tap; tap hem ol gyzy meniň ýanyma alyp gel. Sen onuň yzyna düşüp, ony gören badyňa, meniň ony çäksiz söýýändigimi ol gyza aýt. Eger sen meniň şu ýumşumy bitiräýseň, onuň üçin sen öz islegiňdenem artyk sylag alarsyň. Eger-de bitirip bilmeseň, onda näme ekseň, şony hem orarsyň – diýip, maňa tabşyrdy.

Men ol kagyza seredip, onda şeýlebir gyzyň ýüzüni gördüm welin, meniň huşum başymdan çaşyp gitdi, emma gorkujygymdan men zordan özümi sakladym.

– Ajap bolýar. Men gidýärin. Eger Alla ýar bolsa, hökümdaryň buýrugyny doly ýerine ýetirerin.

Şu sözleri aýdyp, men Mübärek bilen tokaýa tarap ugradym. Biz patyşanyň beren suratyny öňümizden çykan adama görkezip, ençeme wagtlap obama-oba, şäherme-şäher, welaýatma-welaýat, ýurtma-ýurt aýlandyk. Emma ol gyzdan gördüm-bildim bolmady.

Biz ýedi ýyllap ençeme muşakgatlary ençeme horluklary başymyzdan geçirip, ýurt gezip ýörşümize ýene bir şähere bardyk.

Bu şäheriň oňaýly gowy jaýlary bar eken, emma ol ýeriň halky her hili ýowuz güýçlerden özlerini gorap saklamak üçin, doga okap, keremli Hudaýyň adyny agyzlaryndan düşürmeýän ekenler. Hindistanly bir kör gedaý meniň gözüme ildi. Ol hudaýýoluna zat dileýär, emma hiç kim oňa ne çärýek köpük, ne bir döwüm çörek berýär. Men muňa geň galyp, oňa ýüregim awady. Men jübimden bir altyn gyrany çykaryp, ony ýaňky körüň eline berdim.

– Eý, jomart – diýip, ol meniň beren gyranymy alyp, alkyş okamaga durdy. – Alla seniň bagtyňy açyk etsin. Görýän welin, sen bir jahankeşde, bu ýeriniň adamy däl.

– Hak aýdýaň! Ýurt gezip ýörenime indi ýedi ýyldyr, öz ömrümi haýp geçirdim. Gözlegine çykan zadymdan bolsa henize çenli derek tapamok. Men bu şähere diňe şu gün düşdüm.

Garry maňa alkyş okady-da gidiberdi, men hem onuň yzyna düşüberdim. Ol bir jaýa girdi, menem girdim. Görsem ol jaýyň käbir ýerleri ýykylypdyr, emma bejerilmändir. Men öz ýanymdan: «Bu patyşa mynasyp köşk eken. Eger munuň kem-käs ýerleri bejerilse, gör, ne gözel jaý boljak eken! Ýöne häzir welin, gör, nähili bolup galypdyr! Harabalyga dönüpdir, ýöne körüň bu jaýda näme üçin ýaşaýandygyny kim bilýär!» diýip pikir etdim. Garry hasasyna söýenip, henizem şol gidip otyrdy. Birdenkä:

– Atam jan! Eýgilikmi beri? Näme, sen bu gün ir geldiň-le? – diýip, kimdir biriniň sesi eşidildi.

– Gyzym! – diýip, garry jogap berdi. – Allatagala maňa rehimi gelen akýürekli jahankeşde bir adamyny iberipdir. Ol maňa altyn berdi. Ençeme gün bäri biziň iýmäge zadymyz bolmady, şonuň üçinem men et, hoşboý ysly ot, saryýag hem bazar ýagy, un hem duz, ýene saňa geýimlik mata hem aldym. Sen ony alyp hasyr-husur egniňe geý-de, onsoň nahar taýýarlamak bilen bol. Biz nahar edineli, munuň üçin jomart adama alkyş okady. Biz onuň nähili maksat üçin gezip ýörenini bilmesek hem, ýöne Alla keremdir, ol hemme zady görýär, ol biz kemsidilenleriň alkyşlaryny kabul eder.

Men onuň öz garyplygyna şükür edişini eşidip, oňa ýene ýigrimi sany altyn gyrany bermegi ýüregime düwdüm. Emma men

şol halatda ses gelen tarapa gaňrylyp seretdimem welin, hut şu ýanymda göterip ýören suratymdaky jenanyň keşbi ýaly keşpli bir jenana gözüm düşdi. Ýanymdaky suraty çykaryp, ol ikisini ýene bir gezek deňeşdirip görüp, bu ikisiniň biri-birinden gyl ýalyjakda tapawutlarynyň ýokdugyna gözümi ýetirdim. Men şeýlebir uludan demimi aldym-da, huşumy ýitirip ýykyldym. Mübärek meni derrew gujaklap galdyragada oturtdy-da, ýelpewaç bilen ýüzümi ýelpemäge başlady. Men özüme gelip, ýaňky jenana ýene siňe-siňe seretmäge durdum welin, Mübäregem haýalçyrap maňa:

– Saňa näme bolaýdy? – diýiberdi.

Ýöne welin meniň bir söz aýtmaga-da mejalym bolmady.

– Ýaş ýigit! – diýip, şu ýerde ýaňky zenan dillendi. – Nätanyş aýalyň ýüzüne seretme, taňryňdan gork. Her bir adamda utanç bolmalydyr.

Ol şeýlebir sypaýyçylyk bilen gepledi welin, onuň şirin sözleýşem meni jemalyndan pes özüne çekmedi. Mübärek meniň daşymda perwana dek pyrlandy, ýöne ol meniň ýüregimdäki gozgalaňy nireden bilsin.

– Eý, taňrynyň bendeleri, şu öýüň adamlary! – diýip, men bihuş halda gygyrdym. – Men bir garyp ýolagçy. Eger siz meni myhman alyp, dynç alar ýaly bir parça ýer berseňiz, uly sogap gazanardyňyz.

Batyl meni ýanyna çagyrdy. Meniň sesimi tanap, ol gujaklady-da, meni gyzyň açylan bägül ýaly bolup oturan ýerine alyp bardy. Näzenin bolsa çüňkde gizlendi.

– Hany özüň hakda gürrüň ber? – diýip, batyl söze başlady. – Näme üçin sen öý-öwzaryňy taşlap, tenha özüň sergezdan bolup ýörsüň? Sen nämäniň gözleginde?

Men Mälik Sadygyň adyny agzamadym, ol barada ýekeje agyz dagam söz aýtmadym.

– Men bir öýsüz-öwzarsyz gezip ýören Çyn-Maçyn şazadasy – diýip, şeýle sözler bilen gürrüň bermäge başladym. – Meniň atam şol ýurtlaryň patyşasy. Men bir täjirden ýüz müň rupiýa berip, şu suraty satyn aldym. Suraty gören badyma, men akyl-huşdan aýryldym, soňra derwüş lybasyna girdim-de, ony

gözläp, bütin jahany aýlanmaga başladym. Gözleýän zadymy bolsa şu ýerden tapdym. Indi ygtyýar siziň eliňizde.

– Dostum! – diýip, kör uludan bir demini alyp, şeýle diýdi. – Meniň gyzymyň takdyry ýaman. Hiç bir garamaýak oňa öýlenip, perzendine guwanjak gümany ýok.

– O näme üçin beýle bolýar, belki, siz maňa ony aýdyp berersiňiz – diýip, men ondan haýyş etdim.

– Gulak as, şazada! – diýip, garry öz betbagtçylyga uçraýşy barada gürrüň bermäge başlady. – Bu betbagt şäherde men bir atly baýlaryň biridim. Meniň ata-babalarym abraýly hem tanymal adamlardy. Allatagala maňa şu gyzy bagyş etdi. Ol ýetişende onuň katdy-kamaty, edep-ekramy hem gözelligi barada gürrüň ýaýrady, gözellik babatynda hüýr gyzlardyr periler bilen bäsleşýän, adamzadyň keşbi bilen hiç bir jähtden deňäp bolmajak gyzyň şu jaýda ýaşaýandygy bütin äleme aýan boldy. Şeýle öwgüleri eşiden şazadamyz heniz görmän, zat etmän, bu gyza aşyk boldy. Ol hiç zat iýip-içmän, sargaryp-soldy.

Bu ýagdaýy patyşamyz eşitdi. Bir gün gije ol meni öz jaýyna çagyrdy, ýüzbe-ýüz oturyp, baryny gürrüň berdi hem tä men guda bolmaga razylyk berýänçäm, meni yrmaga çalyşdy. Öýüňde gyzyň bolsa, ahyrda ony kime-de bolsa birine durmuşa çykarmalydygyna men gowy düşünýärdim. Onsoň men «Men gyzymy şazadadan gowa bererinmi? Şeýle etsem, patyşanyň hem göwnüni tapdygym bolar» diýip pikir etdim. Men razyllyk berdim-de çykyp gaýtdym. Şol günden başlap, iki tarapda hem toýa taýýarlyk görülmäge başlandy. Ahyrda bir sähetli gün kazy-kelanlar, kätipler, alymlar hem ady belli adamlar ýygnanyp, ýaşlara nika gyýyldy, gelin paýy berildi, gelni dabara bilen äkitdiler. Toý däp-dessurlary sowlansoň, jaýda diňe gelin bilen öýlenen oglan galyp, bular ýatmakçy bolýarlar, emma şol wagt olaryň ýatan jaýynda şeýlebir aýylganç gopgun turýar welin, daşarda sakçy duran adamlar aljyraňňylyga düşüberýärler. Haýdan-haý jaýyň gapysyny açyp, näme bolandygyny görmekçi bolýarlar, emma ol gapy şeýle berk ýapylypdyr welin, ony hiç bir güýç bilen açyp bilmeýärler. Onýança jaýyň gopgun-zenzelesi ýatyşýar. Adamlar gapynyň petlesini sogrup, jaýa girseler, olaryň gözleri aýylganç

zada düşýär. Öýlenen ýigidiň kellesinden jyda edilen göwresi henizem titräp ýatyr, gelin bolsa agzyndan ak köpük saçyp, gana, tozana bulaşyp, bihuş ýatyr eken.

Bu elhenç wakany gören adamlaryň bary doňan ýaly bolup galýarlar; milletiň şatlygy gaýgy-hesrete öwrülýär. Bu ýagdaý barada patyşa habar berýärler. Köşkdäki adamlaryň bary ýygnanýar, emma bu bolan waka hiç kim düşünip bilmeýär. Gaýgy-hesretden ýaňa başy çaşan patyşa: «Bu betbagt gelniň hem kellesini kesiň!» diýip buýruk berýär. Şeýle sözler patyşanyň agzyndan çykan badyna, hälki aýylganç gopgun gaýtadan turýar. Patyşanyň zähresi ýarylan ýaly bolup gaçyp, zordan öz janyny gutarýar; ahyrsoňunda ol meniň gyzymy köşkden kowmaly edýär. Hyzmatkär aýal gyzymy getirip gitdi. Bu betbagtlygyň habary dünýä ýaýraýar, muny eşiden adamyňam endamy tikenekläberýär. Şazada şeýdip ölensoň, men patyşanyňam, bütin şäher ilatynyňam duşmany bolup galdym. Kyrk günläp ýas tutulandan soň, patyşa döwletiň atly adamlaryna ýüzlenip, indiden beýläk näme iş etmelidigi hakda maslahat soraýar. Olar: «Indi etjek alajyň ýok. Ýöne ýüregim bir sowasyn diýseňiz, onda gyz bilen atasyny ölüm jezasyna sezewar edip, ähli emläklerini almak gerek» diýşip, oňa maslahat berýärler. Şeýle höküm hem çykarylyp, şäher garawulbaşysyna ýerine ýetirmeli diýlip buýruk berilýär. Garawulbaşy öz adamlary bilen meniň öýümiň daşyny gabap, biziň üstümize eňmek üçin derwezäň agzynda surnaý çaldyryp ugranam şoldy welin, niredendigini Hudaý bilsin, birdenkä bir daş ýagyp başlady, bir daş ýagyp başlady, ýaňkynyň goşunynyň biri dagysy duraýsa nätjek. Kellelerini penalaşyp, bary dargaşyp gitdiler. Edil şol halatda bolsa, köşkde oturan patyşanyň gulagyna şeýle ýaňlanýan elhenç ses eşidildi: «Näme, seniň akylyň çaşdymy? Saňa haýsy arwah ýolukdy? Eger eýgilik hantama bolsaň, ol näzeniniň ykbaly bilen işiň bolmasyn! Ýogsam, ony beýdip ýanap ýörşüňe, şol toýunda ogluň başyna gelen gün seniňem başyňa geler. Eger sen ol gyzy öz gününe goýmasaň, onda jezaňy alarsyň!»

Patyşa gorkusyndan ýaňa sandyraýardy. Ol şo halat indiden beýlek bize zat degmeli däl, kemteresinden adymyzam tut-

maly däl diýip buýruk berýär. Şeýdip, şu jaýda ýaşamaga ygtyýar etdi-de, soň bize azar bermedi. Şol günden bäri jadygöýler namaz okamak, doga-jady etmek bilen bu gözbagçylygyň üstüni açjak bolup jan edýärler, şäher halky bolsa irmän-arman gudratly Allanyň adyny agyzlaryndan düşürmeýärler, keramatly Gurhany okaýarlar. Aýlar-günler geçýär, emma henize çenli bu syryň üsti açylman gelýär; menem hiç zada düşünip bilmeýärin. Her niçik-de bolsa, bir gezek men näme görendigini gyzymdan soradym. «Meniň bilýän zadym ýok – diýip, ol jogap berdi. – Adamym ýorgana giren halatynda meniň göwnüme bolmasa, jaýyň üsti ýaryldy-da, ýokardan jaýyň içine zümerret bilen bezelen bir tagt inen ýaly boldy. Tagtyň üstünde patyşa lybasynda bir görmegeý ýaş ýigit otyr, bir topar adam hem oňa hyzmat edýär. Olar meniň adamymy öldürmäge häzirlendiler, olaryň baştutanlary bolsa şeýle sözler bilen meniň ýanyma geldi: «Ýeri, meniň söýgülim! Indi sen nirä menden gaçyp gutularsyň?..» onuň sypaty adam, emma men aýaklarynyň geçiniňki ýalydygyny gördüm... Meniň ýüregim gürsüldäp urdy-da, gorkudan ýaňa men huşumdan aýryldym, şondan soňky bolan zatlardan meniň habarym ýok».

Şondan bäri biz şu ýykyk jaýda ýeke ýaşabermeli bolduk. Şahyň gazabyndan gorkup, ähli dostlaram bizi taşlap gitdiler, men sadaka dilemäge çykamda bolsa, hiç kim bir köpük berenok, hatda maňa dükanlarynyň ýanynda durmaga-da rugsat edenoklar. Görgüli gyzym egnine ildirmäge, başyny bogmaga köne esgi tapanok, indi köp wagtdan bäri biz doýa garnymyzy doýrup bilemzok. Men ölümimizi diläp, gije-gündiz Hydaýa ýalbarýaryn. Bizi gara ýer ýuwudyp, şu azaplardan dyndaraýsady. Şeýle ýaşandan ölüp giden ýagşy. Dogry, Allatagala seni biziň maňlaýymyzdan diremek üçin iberipdir. Seniň rehimiň gelip, maňa beren altyn gyranyň bilen men tagamly nahar edindim, gyzyma geýimlik aldym, Hudaýa ýüzde müň şükür etdim-de, seniň üçin alkyş okadym. Eger-de meniň gyzymy arwah-jynlaryň hem perileriň jadylary eýelemedik bolsady, men ony saňa gyrnak hatarynda bererdim hem muny özüme uly bagt hasap ederdim. Ine, meniň başymdan geçen wakalaryň bary şeýle. Onuň üçinem sen gyzym barada pikirem etme, beýle niýetiňden el çek.

Men bu gürrüňi diňlänimden soň, goý, takdyrymda näme bolsa, şony göreýin diýen maksat bilen meni özüne giýew edinmegi haýyş edip, oňa ýalbarmaga başladym. Garrynyň meň bilen hiç ylalaşasy gelmedi. Garaňky düşmegi bilen men hoşlaşdym-da, kerwensaraýa gitdim.

– Asyl bolaýdy, şazada! Gül ýaly! – diýip, Mübärek ol ýere baranymyzdan soň dillendi. – Allatagala işleri ugruna etdi. Çeken azaplarymyz ahyry ýerine düşdi.

– Men bu gün oňa şunça ýalbarsamam, naýynsap kör hiç razylyk bermedi. Ahyrsoňunda-da berermi, bermezmi, Hudaý bilsin.

Men şol gijäni zordan geçirdim: häli daň ataýar, şindi daň ataýar diýip halys boldum, daň atybiläýdigem, ýene şol gyzyň ýanyna gitjekdim. Şol wagt meniň kelläme, bardy-geldi, atasynyň gyzyna rehimi inip, razylyk beräýse-de, Mübärek ony Sadyga eltip berer diýen pikir geldi. Soňra meni elhenç gorky gaplap aldy, ýagny Mübäregem meniň bilen ylalaşaýsa, onda nätmeli bolar? Şazadanyň başyna gelen waka meniň başyma gelmezmi näme? Eger şeýle bolmaýanda-da, beýle ýagdaý bu ýeriniň patyşasyna ýararmyka: onuň oglu-ha öldürilip, gelnem başga biriniň gujagyna doljak ahbetin.

Uzak gije gözüme uky gelmedi, her hili oý-pikirler meniň kellämi garyşdyrdy. Daň atybildigi men bazara baryp, oňat matadan köýneklik hem ýaka tutar ýaly bejergiler, kişde hem täze miweler satyn aldym-da, garrynyň ýanyna ugradym. Ol meni güler ýüz bilen garşy aldy-da:

– Dünýede jandan eziz görünýän zat ýok. Eger öz janymyz seniň derdiňe derman boljagyny bilsem, onda men seniň üçin janymy gurban ederdim. Men häziriň özünde gyzymy saňa berip biljek, ýöne ölüm howpy seniň hem başyňdan inäýse, onsoň tä kyýamat-magşar gününe çenli meniň ýüregimde düwün bolup galar – diýdi.

– Men bu ýerde ýeke. Siz meniň üçin durmuş hem din ündewçisi, meniň atam – diýip, men jogap berdim. – Pikir edip görüň, men näçe wagtdan bäri arzuwyma ýetjek bolup ýanyp-köýýärin, men şu ýere ýetýänçäm, ençeme gaýgy-hesretleri, en-

çeme muşakgatlary başymdan geçirdim, ençeme betbagtçylyklara duçar geldim. Ahyrda öz arzuw edýän zadymy tapdym, Allatagala siziň ýüregiňize rehim salansoň, sizem gyzyňyzy durmuşa çykarman durjak däl. Diňe meniň janymyň howp astyndalygy sizi ikirjiňlendirýär. Özüňiz bir adalatly, hiç ýüz görmän aýdyň, heý, dünýäde adam söýgi hanjaryndan başyny gorap saklamaly, hyjuwyň howpundan janyny gutarmaly diýen däp-adat barmy? Başa gelenini görübiris! Bolmanda-da meniň boljagym boldy. Söýgülime sataşsam, meniň dünýäde başga armanym ýok, onsoň diri galsamam, ölsemem meniň üçin barybir. Hemmeden beterem, eger meniň islegim ýerine ýetmese, gam-gussa zerarly sanaglymdan öň ölerin, kyýamat-magşar güni bolsa jogap sorap, siziň ýakaňyzdan tutaryn.

Garry bilen jedelleşip hem harçaňlaşyp, men bir aýlap diýen ýaly umydygär bolup gezdim. Men taňrynyň beren güni körüň ýanyna baryp, süýji sözler bilen erjel garryny yrmaga çalyşdym. Ol birdenkä näsaglady. Men oňa oňat seretmäge başladym: ylgap gidip, peşewini tebibe görkezdim, tebibiň aýdyşy ýaly edip, her hili dermanlary garyşdyrdym-da, ony garra içirdim, hut elim bilen onuň üçin tüwiniň petini, ýeňiljek naharlary bişirip, öz elim bilen oňa iýdirdim.

Bir gün ol howsalaly ses bilen:

– Ýaş ýigit! Sen diýen-diýen, aýdan-aýdan ekeniň. Biz entek ýaşap ýörüs, biziň hemme zadymyz bar ahyryn, emma men saňa elhenç betbagtlyk barasynda gürrüň bersem-de, gyzym barasynda edýän pikiriňden el çekmekligi tabşyrsam-da, meniň islegimiň tersine gidýärsiň-de, öz-özüňi çukura itekleýärsiň. Ýagşy, men şu gün sen hakda gyzym bilen gürleşip göreýin; hany göreli, ol näme aýdarka – diýdi.

Eý, Taňrynyň bendeleri! Men bu şatlykly habary eşidip, şeýlebir begendim welin, aýaklarymyň ysgyny gaçdy.

– Teý ahyry, meniň durmuşym barasynda hem pikirlendiňiz – diýdim-de, edep bilen tagzym edip gitdim.

Men öýe gelip, bütin gijäni Mübärek bilen gürrüň edip geçirdim. Ne gözüme uky geldi, ne açlygy duýdum. Irden Günüň çeti görnen badyna, men ýene garrynyň gaşynda peýda boldum. Saglyk-esenlik soraşdyk.

– Näme diýsene, men gyzymy saňa berýärin. Allatagala sizi öz penasynda saklasyn. Siziň ikiňizem keremli Hudaýa tabşyrýaryn. Entek meniň ýyly demim gelip-gidip durka, meniň ýanymda bolarsyňyz; meniň gözüm ýumlan güni bolsa, isläniňizi edersiňiz, erkiňiz eliňizde – diýdi.

Birnäçe gün geçenden soň bu hormatly adam öz amanadyny Hudaýa tabşyrdy. Gynançdan ýaňa ýüz-gözümi ýyrtyşdyryp, garryny däp-dessur boýunça jaýladym. Ol jaýlanyp gaýdylandan soň, Mübärek näzenini kejebä salyp, kerwensaraýa getirdi.

– Mälik Sadyk bu gyzy gorap saklamaklygy bize ynandy – diýip, ol saraýda maňa ýüzlendi. – Bäriňi bak! Ýöne şeýtanyň-zadyň ugruna gidip, biziň eden tagallalarymyzy, çeken zähmetlerimizi ýeliň ugruna sowrup goýberibermegin.

– Dostum! Bu ýerde Mälik Sadyk barmy näme? – diýip, men oňa jogap berdim. – Ýüregime diýen etdirip bilmeýärin. Men nähili çydaýyn? Näme bolsa, şol bolsun, ölsem öleýin, galsam galaýyn, ýöne welin häzir men zowky-sapa süreýin.

– Oglanlyk etme! – diýip, Mübärek gaharly haýbat atdy. – Göz açyp-ýumasy salymda her bir zat bolup biler. Mälik Sadyk uzakda bolansoň oňa gulak asmasaňam bolýar öýdýärmiň? Biz ýola düşen wagtymyzda, ol şol bada iş netijesiniň oňat hem erbet bolup biljekligi barada aýtdy ahyryn. Eger onuň aýdanlaryny edip, el degirmän, bu gyzy eltip berseň, ol patyşa ahyryn, ähtimal, ol seniň jan-ten bilen eden hyzmatyňa duýgudaşlyk bildirer-de, bu gyzy saňa bagyşlar. Bu, hakykatdanam, gowy bolar, sen hem aşygyňy ele salarsyň hem-de dostlugy saklarsyň.

Men onuň gorkuzyp aýdan sözlerini hem öwüt-nesihatlaryny diňläp, howsala düşdüm-de dymdym. Biz iki sany ýelmaýa satyn aldyk-da, olara münüp, Mälik Sadygyň döwletine tarap ýola rowana bolduk. Biz uzak waglap ýol ýöredik. Ine, birdenkä öňümizdäki giň meýdandan alawagyrdy hem her hili sesler eşidildi.

– Allaha ýüzde müň şükür – diýip, Mübärek seslendi. – Biziň çeken jebri-jepalarymyzyň ahyry gowulyk bilen gutardy, bu gelenler jyn goşunlary. – Mübärek olaryň mähellesiniň arasyna girdi-de: – Siz nirä barýarsyzyň? – diýip sorady.

– Patyşa sizi garşylamak üçin iberdi. Indi biz size boýun egýäris; eger buýursaňyz, biz göz açyp-ýumasy salymyň içinde sizi patyşanyň köşgüne alyp baraly – diýip, olar jogap berdiler.

– Gulak asyň! – diýip, Mübärek jogap berdi. – Şeýle köp tagallalardan soň keremli Alla patyşanyň öňünde biziň ýüzümizi gara etmedi. Indi howlukmak nämä gerek? Hernä Hudaýyň özi dep etsin, eger bir bolmasyz iş bolaýsa, biziň bar çeken zähmetlerimiz puja çykar hem biz älem penakäriniň gahar-gazabyna sezewar bolarys.

– Halanyňyzy ediň – diýip, hemmesi biragyzdan ylalaşdylar. – Nähili gidesiňiz gelse gidiberiň.

Gyssanyp oturasy işimiz bolmasa-da, biz gije-gündiz diýen ýaly dynman ýol ýöredik. Barjak ýerimize ýetmäge sähelçe ýol galanda bolsa men Mübäregiň uklanyny görüp, näzeniniň aýagyna başymy goýdum-da, zar-zar aglap, öz ýüregimdäki gam-gussam hem Mälik Sadygyň öňünde özümiň biçäreligim barasynda gürrüň berdim.

– Siziň suratyňyzy gören günümden beýläk, gözüme uky gelmedi, iýgi-içgiden kesildim, rahatlyk tapmadym. Ahyrda Alla-tagala siziň bilen sataşmaklygy miýesser etdi, ýöne şonda-da, men size ýat bolup galýaryn.

– Meniňem ýüregim siziň üstüňizde – diýip, ol jogap berdi. – Biziň üçin siz nämeler etmediňiz, ençeme muşakgatlary başyňyzdan geçirdiňiz! Allany çagyr hem meni ýadyňdan çykarma; hany göreli, syrly perde bize öz aňyrsyndan näme görkezerkä.

Şondan soň ol ýarym-ýaş bolup aglady. Ine, biz ikimiz nähili ýagdaýda bolduk! Şol pursat Mübärek oýandy, bizi görüp, aýralyga düşen ýaly, gözlerinden boýur-boýur ýaş dökdi-de, olam aglamaga başlady. Az salymdan soň bolsa:

– Köşeşiň, mende bir ýag bar; men ony bu ajaýyp bägüliň bedenine çalaýyn welin, onuň ysy Mälik Sadyga ýakymsyz bolar. Has dogrusy, şol wagt ol bu jenany size bagyşlasa gerek – diýdi.

Mübäregiň bu tapan maslahaty meni diýseň ruhlandyrdy.

– Atam jan! – diýip, men garsa gujakladym-da, onuň ýüz-gözüni sypalamaga başladym.



– Sen meniň atamyň ornuny tutýarsyň. Siz eýýäm meni bir gezek ölümden halas etdiňiz; şu gezegem bir ýagdaýyny tap, bolmasa men hut gam-gussadan öljek.

Ol meni uzak wagtlap köşeşdirdi. Daňam atdy welin, ýene jynlaryň sesi gelip başlady. Bir görsem, Mälik Sadygyň nökerleri ýakynlaşýarlar hem bize iki sany gymmatbaha uzyn halat, ýany bilenem dür sapaklary bilen örtülen tagtrowany göterip gelýärler. Mübärek öz ýagyny näzeniniň bedenine çaldy, ony geýindirdi, soňra galan ýagyny ýygnap, gyzy Mälik Sadygyň ýanyna ugratdy. Ol bizi diýseň güler ýüz bilen garşylady-da, uly hormat goýup, kejebä mündürdi.

– Men saňa henize bu güne çenli etmedik ýagşylygymy ederin – diýip, Mälik Sadyk mylakatly dillendi. – Indi ataň patyşalygynyň gapysy seniň üçin açyk. Galyberse-de, sen şu günden şeýläk meniň oglum bolarsyň.

Ol maňa şunuň ýaly ýakymly sözler aýdyp durka, biziň näzeninimiz onuň garşysyna baryp durdy. Ýagyň ysyna Mälik Sadygyň beýnisi garyşyp, şol bada-da onuň keýpi bozuldy. Ol bu erbet ysa çydap bilmän, ýerinden turup, tagtrowandan çykdy-da, biziň ikimizem öz ýanyna alyp barmaklygy hyzmatkärlerine höküm etdi.

– Ýeri, hormatly adam! – diýip, ol Mübärege ýüzlendi. – Sen ýagşy-da bir şerti ýerine ýetirdiň! Aldamakçy bolýamyň, eger aldaýsaňyz, betbagtçylyga uçrarsyňyz diýip, men size ozal tabşyrypdym ahyryn. Bu murdar ys näme? Indi meniň sizi edişime bir tomaşa ediň!

Soňra ol gazap bilen maňa tarap öwrüldi.

– Bu zatlar seniň işiňdir! – diýip, ol gygyrdy-da, gahar-gazap bilen agzyndan gelenini sögmäge başlady. Onuň bu sözlerinden şu pursadyň özünde meniň janymy almakçy bolýandygyny aňmak bolýardy. Meniň ätiýaçlanmagymyň dogrudygy onuň ýüz keşbiniň üýtgemeginden aýdyň bolansoň, men aşa gaýduwsyz sypata girdim; men özüm hakda başga alada etmän, Mübäregiň bilindäki gylyjy sogrup aldym-da, Mälik Sadygyň garnyndan sokdum. Diňe polat onuň tenine galtaşan badyna, ol iki büküldi-de entirekledi. Men ol öläýdi öýdýän diýip haýran galdym hem

şol pursatda onuň şeýlebir ölüm howply ýaralanmagy mümkin däl diýen netijä geldim; eýsem nähili boldy? Men bu waka täsin galmak bilen seredip durun welin, ol ýerde togalanyp, bir şara öwrüldi-de, al-asmana göterildi. Ol şeýlebir ýokary galdy welin, bütinleý gözden ýitip gitdi; göz açyp-ýumasy salymda hem ol gök gürrüldisi ýaly zenzele gopduryp, asmandan indi hem gahar--gazap bilen düşnüksiz bir zatlary gygyryp, maňa şeýlebir zarba urdy welin, men ýüzinligine şarpyldap ýykyldym-da, dünýäni bilmän ýatdym. Meniň näçe wagtlar özümden gidip ýatanymy diňe Alla bilýär. Ahyrsoňy bir wagtlap meniň gözüm açylanda, men özümi belent hem tikenekli pessejik agaçlardan başga hiç zat bolmadyk bir gugaryp ýatan tokaýyň içinde gördüm. Meniň akyl-huşum çaşdy, men näme etjegimi, haýsy tarapa gitjegimi bilmedim. Men umytsyz, gamgynlyk bilen ýüzüm hanjak bolsa, şol tarapa gidiberdim. Men gabat gelen adamdan Mälik Sadyk barasynda soraşdym, emma meniň ýüzüme diwana seredýän ýaly seredip: «Henize çenli şol zeýilli ady eşitmedim» diýip jogap berdiler.

Bir gün men dagyň depesine çykdym-da, beýik gaýadan aşak böküp, bu dünýäniň azabyndan dynmakçy boldum. Men ýaňy bir özümi aşak goýbermekçi bolanymda, şol bili zülpükarly, ýaşyl donly, gara atly ýanymda peýda boldy.

– Sen näme üçin öz janyňa kast edýärsiň? Adamyň başyna her hili gowgalar gelip geçýär. Seniň başyňdaky gara günler ötdi, indi ýagty günler gelýär. Derrew Rum welaýatyna bar. Edil seniň ýaly üç sany adam eýýäm ol ýere gitdi. Olar bilen sataş-da, şol ýerde höküm sürýän patyşany tap. Siziň başiňizem bir ýerden öz bagtyňyzy taparsyňyz – diýip, pata berdi.

Ine, meniň başymdan geçiren wakalarymyň beýany şeýle. Ahyrynda men, biziň başymyzdaky agyr muşakgatlary dep ediji adamyň maslahat bermegine görä, siziň araňyza hem Allatagalanyň saýasy bilen patyşanyň huzuryna gelip gowuşdym. Indi biziň hemmämiziň göwnümiz karar tapmalydyr.

## Hekaýatyň gutaryşy

Patyşa bilen dört derwüşiň arasynda gürrüň şeýle gitdi, birdenkä şanyň haremhanasyndan agta aýagaldygyna ylgap gelägede, edep bilen gutlag sözleri aýdyp, patyşanyň aýagyna ýykyldy-da, ýaňyja şazadanyň dünýä inendigini, onuň owadanlygynyň aýdan-günden zyýadadygyny habar berdi.

Patyşa bu habara geň galdy-da:

– Meniň aýallarymyň içinde hamyladary ýokdy-la, bu nurana gün haýsy bir topbak ýyldyzdan peýda boldy? – diýip, özüne perzendi haýsy göwräniň bagyş edendigini bilmek maksady bilen sorady.

– Eýýäm köp günlerden bäri, näme üçindir, patyşa gaharlanyp ýören, aý ýaly bir gyrnak bardy – diýip, agta ýuwaşlyk bilen habar berdi. – Ol şu wagta çenli beýleki aýallaryň golaýyna barman, özüni bir gyrak-çetlerde saklady ýördi, şanyň gazabyndan gorkularyna bolsa hiç kim onuň ýanyna hem barmady, ondan hiç zat hem soramady. Keremli Allanyň garaşyk etmegi bilen onuň göwresinden görmegeý nurana oglan dünýä indi.

Patyşany şeýlebir şatlyk gurşap aldy welin, begenjinden ýaňa ol guş bolup uçaýyn diýdi.

Ajaýyp zat, eý, älemiň penakäri! – diýip, derwüşleriň dördüsem oňa alkyş okamaga başlady. – Hernä seniň öýüňde açylan güller hiç wagt solmasyn! Hernä seniň ogluň haýyr-sahawaty kem bolmasyn, goý, ulalsyn hem seniň atalyk aladaň saýasynda garrasyn!

– Aýagyňyz düşdi, siziň gelmegiňiz bilen bu şeýle boldy, men beýle bagta garaşmaýardym ahyryn. Eger rusgat etseňiz, men ony görüp geleýin.

– Allanyň hatyrasy üçin, gidip görüň – diýşip, derwüşler oňa jogap berdiler.

Patyşa haremhana baryp, şazadany eline aldy hem ýaradana alkyş okady. Onuň ýüregindäki gam-gussa syrylyp aýryldy. Patyşa çagany bagryna basyp getirdi-de, ony derwüşleriň etegine atdy. Olar çaga doga okadylar-da, ony al-arwahdan goradylar. Soňra patyşa toý-tomaşa taýýarlanmaklygy tabşyrdy: saz çalyndy; hazynanyň gapysy giň açyldy; gara köpük tapman ýören garyp-gasarlar müňlerçe köpüge eýe boldular; döwletiň ähli tanymal adamlary iki esse mülk hem gulluk wezipesine eýe boldular; goşunlara bäşýyllyk aýlyk berildi; ahunlara yzygiderli kömek berip durmaly edildi, ýer berildi; garyplaryň, gedaýlaryň tabakdyr käseleri aşdan, eşrepi hem kümüşden doldy; ilat bolsa üç ýyllap pul hem her hili salgytdan azat edildi, her kim halan zadyny ösdürip ýetişdirmäge ýa-da islän zadyny ekip, hasylynyň ýarysyny däl-de, barysyny öz duluna ýygnamana hakly edildi.

Bütin şäherde, patyşa goşunlarynyň hem söwdagärleriň öýlerinde şady-horramlyk başlandy; uludan-kiçi şatlykdan ýaňa özüni patyşa ýaly duýdy. Toý-tomaşanyň gyzgalaňly wagty birdenkä haremhanadan her hili sanawaçlar hem agyly sesler çykdy. Agta, enekeler hem hyzmatkär aýallar saçlaryny ýaýyp, ýüzlerini ýyrtyp, patyşanyň ýanyna ylgaşyp geldiler-de:

– Şazadany ýuwundyryp, emdirýän enekäniň eline berenimizde, bir bölejik bulut gelip, olary gurşap aldy. Yz ýanyndan bolsa biz enekäniň bihuş ýatanyny gördük, şazada bolsa zym-zyýat bolupdyr. Bu betbagtlyk näme boldugy? – diýip, habar berdiler.

Bu akyl ýetirip bolmajak habary eşidip, patyşanyň keýpi bütinleý bozuldy. Ýurduň hemme ýerine susluk aralaşdy. Iki günläp hiç ýerde, hiç bir zat bişirilmedi, çünki adamlar şazadanyň ahy-zaryny çekdiler, dişleriniň suwuny sorup gezdiler hem şazada üçin janlaryny gurban etmäge häzir boldular. Emma üçünji gün diýlende ýene şol öňki bölejik bulut gelip çökdi welin, onuň içinde dür bilen bezelen sallançak peýda boldy. Bulut ony köşkde galdyrdy, özi bolsa buga öwrüldi-de ýom-ýok boldy. Sallançak-

dan bolsa öz barmagyny sorup, arkaýyn ýatan şazada tapyldy. Ejesi – patyşa aýaly näme bolsa maňa bolsun edip, baryp ony eline aldy-da, bagryna basdy. Bir görse, onuň egninde ýeň-ýakasyna hem etegine dür aýlangy nepis muslindan tikilen köýnejik bar, köýnejegiň üstünde bolsa zer goşulyp dokalan kirlijek geýdirilipdir, aýagynda, elinde gymmatbaha ýylpyldawuk daşdan bilezik, boýnunda dokuz dürli gymmatbaha daşdan monjuk bolup, gapdalynda bolsa bezegli oýunjaklardyr emzik ýatyrdy. Töweregine üýşen adamlar muňa täsin galyşyp, şazadanyň sag-salamat bolmagy üçin alkyş etdiler.

Goý, ejeňiň ýüregi rahat bolsun, sen halka wepaly adam bolup ýetişersiň – diýişdiler.

Patyşa uly bir täze köşk saldyrdy-da, onuň içini haly bilen bezäp, oňa derwüşleri göçürdi. Döwlet işinden boşan wagty bolsa olaryň ýanyna gelip, aladalaryny edip durýardy. Emma her gezek täze Aý dogup, onuň ilkinji penşenbesinde bulut peýda bolýar--da, şazadany alyp gidip, iki günden soň bolsa sowgatlar, oýunjaklar, ýene başga-da bir görende adamynyň akylyny çaşyrýan, dürli ýurtlardan bolan her hili del zatlar bilen getirip gidýärdi. Bu ýagdaý tä şazada jan saglykda ýedi ýaşyna ýetýänçä şeýle dowam etdi. Bir gezek onuň doglan güni gelende, Azatbagt patyşa derwüşlere şeýle sözler bilen ýüzlendi:

– Hudaý halan bendeler! Şazadany kimiň äkidip, kimiň hem gaýtadan getirip gidýänligi akyla sygýan zat däl. Gaty geň galaýmaly iş. Bu näme boldugy?

– Bir iş ediň – diýip, derwüşler maslahat berdiler. – Merhemetli bir hat ýazyň-da, şazadanyň ýassygynyň aşagynda goýuň; ol hat şeýleräk äheňde bolsun: «Meniň ogluma bolan ajaýyp duýgyňyzy hem edýän garaşygyňyzy bilip, men Siziň bilen duşuşmaklygy tüýs ýürekden arzuw edip başladym. Siz dostluk hatyrasy üçin, özüňiziň kimdigiňizi aýan etseňiz, şonda meniň ýüregim ynjalar hem howsala düşmesini goýar».

Patyşa dostlarynyň maslahat berşi ýaly edip, altyn nagyşly kagyza hat ýazyp, ony şazadanyň ýassygynyň aşagynda goýdy. Şazada hemişekisi ýaly ýene-de gaýyp boldy. Agşam düşensoň,

patyşa derwüşleriň ýanyna gelip, olar bilen gürrüňleşip otyrka, birdenkä onuň ýanyna eplengi bir kagyz gaçdy. Patyşa kagyzy açyp, haty okap gördi, ol onuň ýazan hatynyň jogaby eken. Onda bary-ýogy birnäçe setir ýazylypdyr: «Näme diýseňizläň, bizem Sizi görmegiň arzuwynda. Sizi şu ýere alyp gelmek üçin, Siziň yzyňyzdan biziň tagtymyz iberildi. Eger haýal etmän gelseňiz, ajap bolardy, sebäbi biz duşuşyp bilerdik. Göwün açyp, wagty şady-horramlykda geçirmek üçin hemme zatlar häzir edildi, bir ýetmeýän zat – ol-da häzir siziň şu ýerde ýoklugyňyz».

Patyşa derwüşler bilen bile asmandan inen tagta mündi. Tagt bolsa edil Süleýman pygamberiň tagty ýaly asmana-da uçup bilýärdi. Tiz wagdan ýaňky tagt örän zynatlanyp salnan bir köşgüň öňünde gondy, ol ýerde dyngysyz gowy taýýarlyk görlenligi görnüp durdy, ýöne ol ýerde janly jemendäniň barlygy-ýoklugy belli däldi. Şol wagt kimdir biri çöpjagaz bilen Süleýmanyň sürmesini biziň bäşimiziň hem gözümize sürtdi welin, gözümizden iki damja ýaş döküldi-de, biz içi gülap suwly küýzeleri göterip, biziň öňümizden çykan, eginleri toý lybasly perileriň bir topbagyny gördük.

Azatbagt iki hatara duran, üýtgeşik jynsdan bolan müňlerçe perileriň arasy bilen ýöräp ugranda, belentlikde duran zümerretden ýasalan tagtyň üstünde tirsegini ýassyga berip, gabarylyp oturan Şahruhyň ogly Mälik Şahpala gözi düşdi. Onuň öňünde Azatbagtyň ogly şazada Bagtyýar bilen bir eýjejik gyzjagaz oýnap oturan eken. Ol tagtyň iki ýan gapdalynda oturgyçlar tertipli hatara goýlupdyr-da, olarda iň tanymal perizatlar oturypdyr. Mälik Şahpalyň patyşa gözi düşen badyna, ol ýerinden turup, tagtdan düşdi-de, patyşany garsa gujaklady; soňra onuň elinden tutup, ony öz ýanynda oturtdy-da, örän mylakatlylyk, hoşamaýlyk bilen gürrüň etdi. Olar ýeňiljek nahar edinip, saz diňläp, uzak güni gyzykly gürrüňler bilen geçirdiler. Iki hökümdar ertesi ýene täzeden duşuşanlarynda, Şahpal näme üçin dört sany derwüşi öz ýany bilen alyp gelenligini Azatbagtdan sorady.

Patyşa özüniň eşiden – dört sany bagtsyz adamyň başyndan geçiren wakalaryny birin-birin gürrüň berensoň, olary Şahpala görkezdi-de:

– Bular ençeme horluklary, ençeme kynçylyklary başlaryndan geçirdiler. Eger siz indi öz rehim-şepagatyňyz bilen olary bagtly etseňiz, her biriniň öz mukaddes maksadyna ýetmekligine kömek berdigiňiz bolar, onuň üçin keremli Alla sizi sylar, men hem tä ömrüm ötýänçä sizden minnetdar bolaryn. Siziň sahawatly nazaryňyz olaryň işleriniň düzelmegine kömek eder – diýip, olara kömek bermegini ondan towakga etdi.

– Janym bilen! – diýip, Mälik Şahpal jogap berdi. – Siziň näme haýyşyňyz bolsa, men baryny bitirerin.

Şeýle sözleri aýdyp, töweregini gurşap alan döwlere, perilere gazaply nazar saldy-da: «Şu buýrugy alan batlaryna, meniň huzuryma gelmeli; eger-de kimde-kim boýun towlajak bolaýsa, barybir, ol güýç bilen getiriler hem oňa jeza berler. Her kim özünde saklaýan bendilerini – aýal hem erkek baryny öz ýany bilen alyp gelmeli, eger kimde-kim gizläp saklamaga synanyşsa, soňra hem onuň üsti açylaýsa, onda şol boýun egmedik adamyň bütin maşgalasy juwaz sokusyna salnyp mynjyradylar, onsoň özüniň hem bu dünýäde ady-sory galmaz» diýip, aýry-aýry ýerlerde hökümdarlyk edýän jynlaryň iň ulularyna perman ýazdy.

Döwler şeýle tabşyryk bilen dünýäniň ähli künjüne uçuşyp gitdiler, iki şanyň arasynda bolsa mähirli dostluk gürrüňi dowam etdi.

Mälik Şahpal derwüşlere hem patyşa ýüzlenip, şeýle diýdi:

– Menem perzentsizlikden köp gamgyn bolup ýörkäm, bir gün, eger-de Allatagala maňa ogul ýa gyz beräýse, adamzat patyşadan dörän nesil bilen nikalaşdyraryn diýip, men äht etdim. Şeýle karara gelenimden soň, basym meniň aýalymyň hamyladarlygy aýan boldy. Dokuz aý, dokuz gün, dokuz sagat geçenden soň, şujagaz gyz dünýä indi. Men öz eden ähtimi ýadyma salyp, jynlar jynsynyň baryna älem-jahany agtarmaly, niredenem bolsa patyşadan ýa-da şahynşahdan täze dünýä inen şazadany tapmaly hem örän aýawly saklap, tiz meniň ýanyma alyp gelmeli diýen buýrugy berdim-de, olary gözlege iberdim. Meniň beren permanyma boýun synyp, bütin perizat nesli hem şol sagadyň özünde çar tarapa uçdy. Aradan biraz wagt geçensoň, maňa siziň ogluňyzy



getirip berdiler. Allatagala ýüzde müň şükür edip, çagany elime aldym welin, ýüregimde oňa gyzyma bolan söýgimden has güýçli söýgi joşdy. Ony sähelçe wagt hem gözümiň öňünden aýrasym gelmedi, şeýle-de bolsa, men ony yzyna iberdim, sebäbi ata--enesi öz balasyny görmese, däli-porhan bolar diýip pikir etdim. Şonuň üçinem men her täze Aý doganda ony alyp gelmeklerini talap edýärin-de, birnäçe gün öz ýanymda saklap, soňra yzyna iberýärin. Biz indi siziň bilen duşuşdyk, eger Hudaý halasa, gel, guda bolaly. Ölüm hemmäniň başynda bar, iň gowusy, häzir sag--aman gezip ýörkäk, olaryň toý-tomaşasyny göreli.

Mälik Şahpalyň akgöwünliligine, hoşamaýlygyna kaýyllar galan Azatbagt şeýle diýip jogap berýär:

– Oglumyň syrly halda gaýyp bolmagy, biziň ýüregimize salgyny berip bolmajak howsalany salýardy, emma siziň mukaddes sözleriňiz meni büs-bütin ynjaltdy. Goý, ol şu günden şeýläk siziň ogluňyz bolsun; oňa guwanyň, söýüň, umuman göwnüňize geleniňizi ediň.

Iki patyşanyň arasynda şunuň ýaly baldan süýji gürrüňler gitdi hem olar wagtlaryny diýseň hoş geçirdiler. Bäş-on günüň içinde yzlaryndan çapar gönderilen ajaýyp sapaly düzlüklerdäki, daglardaky hem adalardaky beýik häkimleriň bary Şahpalyň huzuryna gelip durdular. Ol ilki bilen Mälik Sadyga ýüzlenip:

– Sen özüňden Adamatanyň neslinden kimi saklaýan bolsaň, şu ýere getir – diýdi.

Ol özüniň närazylygyny hem gam-gussasyny basyryp, bialaç bolup, göz açyp-ýumasy salymda gülgün ýaňak näzenini – körüň gyzyny getirip goýdy.

Mälik Şahpal şol gyz sebäpli däliräp, öküze palan atyp münen Nimroz şazadasy üçin Oman welaýatynyň hökümdaryndan jynlar patyşasynyň gyzyny talap etdi. Olam ullakan ötünç soramak bilen gyzy berdi.

Haçan Pereň patyşasynyň gyzy bilen Bihzat hana gezek gelende, hiç birimiz olary ogurlamaga gatnaşmadyk diýip, Süleýman pygamberiň heýkelinden ant içdiler. Şahpal Gulzam deňziniň hökümdaryndan soraşdyrmaga başlady. Ol başyny aşak

salyp, sesini çykarman durdy. Mälik Şahpal ony yrmaga çalyşdy, ony beýgeltmegi wada berdi, hatda ony gorkuzdam. Şol wagt ol edep bilen gol gowşuryp, şeýle düşündirdi:

– Şanyň döwleti berkarar bolsun! Waka şunuň ýaly boldy, Ajam ýurdunyň şasy ogluny garşylamak üçin deryanyň kenaryna sürüp gelen pursadynda, şazada hem sabyrsyzlyk bilen atyny derýa salan mahalynda, men hut şol ýere tötänden gezim etmäge hem aw awlamaga çykypdym. Olaryň golaýyndan meniň ýolum düşdi, men bolsa öz ýanymdaky adamlarymy sakladym-da, olaryň yzyndan seretmäge durdum. Şol wagt şa gyzynyň münüp oturan baýtaly ony derýanyň içine alyp girdi. Oňa meniň gözüm düşen badyna, ýüregim diýen etmedi-de, men perilerimiň birine ony baýtaly bilen bile tut diýip buýurdym. Atyň üstünde oturan Bihzat han onuň yzyndan özüni suwa oklady. Ol ýüzmäge başlanda, men onuň gujur-gaýratyna hem edermenligine täsin galyp, ony hem öz ýanyma almagy ýüregime düwdüm. Men olar bilen bile jaýyma gaýdyp geldim. Olar häzir sag-salamat meniň ýanymda.

Ol şeýle sözler aýtdy-da, olaryň ikisinem alyp geldi.

Şam soltanynyň gyzyny gözlemäge başladylar. Sypaýyçylyk bilenem, erjellik bilenem hemmelerden sorap çykdylar, emma ony gizledim diýip boýun alan bolmady, hatda onuň yzyny-tozunam hiç kim görmändir.

– Hökümdar hem häkimleriň bary şu ýerdemi ýa-da gelmekden boýun gaçyranam barmy? – diýip, şol wagt Mälik Şahpal sorady.

– Jadynyň güýji bilen Kap dagynyň kölegesinde özüne gala saldyran Musalsala Jaddan – jadygöýden başga hemmesi geldi. Ol tekepbirlik edip, bu ýere gelmek islemeýär, biziň – siziň hyzmatkärleriňiziň bolsa ony mejbury suratda getirmäge güýçleri ýetmeýär; tilsim zerarly ol ýere aýak basar ýaly däl, onuň özi hem uly şeýtan – diýip habar berdiler.

Bu sözleri eşidip, Mälik Şahpal gazaba mündi. Şol zaman ol jyn-arwahlardan, laýhorlardan, döw-perilerden bütin bir lek goşuny urşa häzirledi hem olara şeýle tabşyryk berdi:

– Eger ol razy bolup, şa gyzy bilen bile bu ýere gelsehä gelsin, ýok, onam etmese, onuň ýurduny derbi-dagyn ediň,

özüniňem el-aýagyny baglap, meniň ýanyma alyp geliň, onuň täji-tagtydyr galasyny bolsa düýp-teýkary bilen ýumruň-da, ýumurtga togalabermeli ediň.

Şol halatyň özünde şeýlebir goşun süýşüp gitdi welin, bir gün geçip-geçmänkä tekepbir pitneçi eýýäm ele düşdi; onuň boýnuna ýüp salyp getirdiler-de, şanyň öňünde dyza çökerdiler. Mälik Şahpal şu jeza hem oňa ýeterlik hasap edip, derrew şa gyzy barasynda sorady, emma buýsanjaň diňe «ýok» diýdi durdy. Gahar-gazaba münen Şahpal öňi bilen hamyny soýup ýençmegi, soňra bolsa etini dograşdyrmagy höküm etdi. Ol nireden-de bolsa şa gyzyny agtaryp tapmaly hem ony alyp gelmeli diýip buýruk berdi-de, gaýtadan bir topar perini Kap dagyna iberdi. Ahyrsoňy ony tapyp getirdiler.

Ähli bendiler hem dört derwüş şady-horram bolup, Mälik Şahpala alkyş okamaga durdular. Azatbagt patyşanyň hem göwni hoş boldy. Şol wagt Mälik Şahpal erkek adamlary öz ýanyma, kabul edýän jaýyma, aýal-gyzlary şa köşgüniň içindäki haremhana eltmeli, şäheri bolsa baýramçylyk görküne salmaly, toýa taýýarlyk görülmeli, hemmeler diňe buýruga garaşyp durmaly diýip tabşyryk berdi.

Mälik Şahpalyň garaşýan sähetli güni geldi, şol gün ol öz gyzy bilen şazada Bagtyýaryň arasyndaky nika tanapyny berkitdi. Ol Ýemenden bolan söwdagäriň ogluny dimaşkly şa gyzyna öýlendirdi; pars ýurdunyň şazadasyny Basradan bolan şa gyzyna; Pereň adasyndan bolan şa gyzy Ajamdan gelen şazada nikalap berdi; Nimroz patyşanyň gyzyny Bihzat hana; Nimroz şazadasyna jynlar patyşasynyň gyzyny bagyşlady, Çyn-Maçyn welaýatynyň şazadasyny bolsa Mälik Sadygyň ýesir alany – garrynyň gyzy bilen nikalady. Şeýlelik bilen, Mälik Şahpalyň döwleti berkarar bolsun, ähli kemsidilenler öz maksat-myratlaryna ýetdiler. Şondan soň kyrk gün toý guraldy, toý-tomaşa gije-gündizläp dowam etdi, keýpi-sapa sürüldi.

Ahyrda Mälik Şahpal şazadalara geň-enaýy, gymmatbaha zatlardan sylag-serpaý edip, olary öz ata watanlaryna gitmek üçin azat etdi. Olaryň hemmesi sag-aman ýola düşüp ugradylar, her

kim öz ýurduna bagtly bolup bardy hem döwlete häkimlik etmäge girişdi. Diňe Bihzat han bilen Ýemen ýurdundan bolan söwdagäriň ogly öz islegleri boýunça Azatbagt patyşanyň ýanynda galdylar. Ahyrda ýemenli söwdagär köşk işlerini dolandyryp başlady, Bihzat han bolsa bagtyň eýesi – şazada Bagtyýaryň goşunlarynyň serkerdesi edilip bellenildi. Şeýlelik bilen, olar tä ömürleri ötýänçä sapaly döwran sürdüler.

Eý, Alla! Dört derwüşiň hem bäşinji – Azatbagt patyşanyň öz maksat-myratlaryna ýetişleri ýaly, bäş sany süňňi päk adamynyň, on iki ymamyň hem on dört sany bigünä çagalaryň[1] kömeginiň üsti bilen ähli betbagtlara hem öz göwün-islegine ýetmek üçin (olara dünýäde parahatlyk hem rahatlyk bolaram-la!) öz haýyr-sahawatyňyzy, rehim-şepagatyňyzy bagyş ediň. Omyn, eý, iki dünýäniň hökümdary Alla!

---

[1] *Bäş sany süňňi päk adam* – Muhammet pygamber, gyzy Patma, giýewsi Aly, onuň çagalary Hasan hem Hüseýin. On dört sany bigünä çagalar – Hasanyň hem Hüseýiniň çagalary.

## Mazmuny


5 . . . . . . . . . . Hekaýatyň başlanyşy
17 . . . . . . . . . . Birinji derwüşiň başyndan geçirenleri
63 . . . . . . . . . . Ikinji derwüşiň başyndan geçirenleri
105 . . . . . . . . . . Azatbagt patyşanyň gürrüňi
184 . . . . . . . . . . Üçünji derwüşiň başyndan geçirenleri
207 . . . . . . . . . . Dördünji derwüşiň başyndan geçirenleri
229 . . . . . . . . . . Hekaýatyň gutaryşy

Mir AMMAN

# DÖRT DERWÜŞ

Redaktor *B. Orazdurdyýewa*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*
Suratçy *A. Esenow*
Kompýuter işleri *I. Zasarinnaýa, A. Öwezow*

A – 63041.
Çap etmäge rugsat edildi 01.08.2012.
Ölçegi 60x90 $^1/_{16}$. Edebi garniturasy.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 15,0.
Şertli reňkli ottiski 60,25. Hasap-neşir listi 14,19.
Çap listi 15,0. Sargyt № 457. Sany 8 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

